TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

**MAHMYT ZAMAHŞARY**

# ÝAGŞYZADALARYŇ BAHARY

**أبو القاسم محمود بن عمر جارالله الزمخشرى**

**ر بيع لأبرا ر**

**I**

**Arap dilinden terjime eden
we çapa taýýarlan
Rahman Ilmämmedow**

AŞGABAT «MIRAS» 2004

**UOK 820/89(100-87)**
**Z23**

**Z 23 Zamahşary M.**
Ýagşyzadalaryň bahary, I jilt, A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004, 344 s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Bekiýew A.R., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**Ş. Geldiýewa,** *dil-edebiýat ylymlarynyň doktory*

*Türkmenistanyň Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda we gönüden-göni tabşyrygy esasynda türkmen dilinde ilkinji gezek neşir edilýän bu kitap XI-XII asyrlarda ýaşap geçen beýik türkmen alymy Mahmyt Zamahşarynyň «Ýagşyzadalaryň bahary» atly köp jiltli eseri. Dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna giren bu eser milli mirasymyzyň ruhy gymmatlyklarynyň naýbaşy nusgalarynyň biridir.*

*Pähim-paýhaslardan, öwüt-nesihatlardan, nakyllardyr atalar sözlerinden ybarat bolan bu eser biziň ruhy dünýämiziň has hem gözelleşmegine hyzmat eder. Kitap eseriň Stambulda saklanýan golýazma nusgasy esasynda türkmen diline terjime edildi.*

**TMMMM №011**

**TDKP №77** **2004** **KBK84.35(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 ý.
Zamahşary M., I jilt, 2004 ý.
Ilmämmedow R., terjime, çapa taýýarlama, sözsoňy, 2004 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň
Ilkinji we Ömürlik Prezidenti
Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň
howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, ***«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# GIRIŞ

## BISMILLÄHI-R-RAHMANY-R-RAHYM
## Ol (Alla) meniň daýanjymdyr we ol diýseň gowy dostdur

Özüni bendelerine mynasyp öwgüler bilen öwdüren, özüniň aýdyň we egsilmeýän nygmatlaryny aşa köp bagyş eden Allatagala – bütin asmanlaryň we ähli ýeriň tutuşlygy[1] ýaly, tä ol razy bolynça, oňa öwgüler bolsun! Allatagalanyň ýazgydy we hakykaty hökman amala aşýandyr!

Onuň älemlere rehmet üçin iberen pygamberine salawat bolsun. Ol älemlere yzyna eýerilsin diýlip iberildi. Ol kapyrlara hakykaty äşgär edip görkezen aýatlary – mugjyzalary[2] bilen batyllaryň delillerini çüýretdi. Onuň ýakynlaryna, neslinden päklere we ýagşylara, muhabbeti we dostlugy jähtden oňa kömek berip, onuň bilen hijret edenlere[3], araplardan we ajamlardan[4] oňa ýardam edenlere, hatda onuň ýüzünden gaýgyny giderenlere Allatagalanyň razyçylygy bolsun. Elmydama olardan yhsan edýänlere we hanapy mezhebiniň alymlaryna[5] Allatagalanyň rehmeti ýetsin!

---

[1] Gurhanyň «Taryk» süresiniň 11-nji aýaty.

[2] Mugjyza – adatdan daşary waka, hadysa. Mugjyza pygamberleriň subutnamalarydyr. Her bir pygamberiň Alla tarapyn berlen mugjyzasy bolupdyr.

[3] Hijret edenler – Muhammet alaýhyssalam bilen Mekgeden Medinä göçenler.

[4] Ajamlar – araplardan özge milletler.

[5] Mahmyt Zamahşary ygtykatda sünnilige ters bolan mugtezile mezhebinden bolsa-da, amalda sünni mezhep bolan hanapy mezhebinden bolupdyr.



**Uzak ýoldan.** *Kämil Weliahmedowyň çeken suraty.*

Men bu kitaby ýazmak bilen «El-keşşäf an hakaýyky't-tenzil»[1] atly tefsirimi okanlaryň kelleleriniň dynç almaklaryny, pikirlenmek, onuň syrlaryny we ylmy hakykatlaryny çykarmak bilen ýadan kalplarynyň rahatlanmaklaryny, onuň çylşyrymly we syrly meselelerini anyklajak bolup tapdan düşen pikirleriniň nepeslerini dürsemeklerine ýardam edip, onuň ýetmeýän ýerlerini dolduryýanlara gaýtalama bolmagyny, ondan asgyn gelenleriň özlerini dürsemekleri üçin bu kitaby gülälekli meýdan we miweli baglar bilen gözelleşdirip, bezäp, onuň şahalarynda oýnaşyp, gülleriniň ysyndan doýup, bişen miwelerinden hoşlanmaklary üçin, gözleriň onuň seýrek aýnalaryna seredip karar tapmaklary üçin, burunlaryň onuň ösen ýakymly ýelleriniň ysyny almagy üçin, agyzlaryň onuň bişen miweleriniň terligi bilen lezzet tapmagy üçin, gulaklaryň onuň ylham beren şaggyldyly suwlaryny diňlemegi üçin, bedenleri onuň kölegesinde salkynlamaga çagyrmak üçin, beden guşlarynyň täze şahalara gonup, guşlaryň saýraýyşlarynyň ýakymly bolmagyny niýet edindim. Bu bir dostlukly gezelenç we amatly pursatdyr. Kim bular bilen bile bolsa, ol hiç zada mätäç bolmaz. Kim bular bilen dost bolsa, oňa özge dost gerek bolmaz.

Mälik bilen Ukaýlyň[2] dostluklary bularyň ýanynda hiç zatdyr. Kesir Yzzat[3] bilen Jemiliň[1] söýgi gazallary-da bularyň

---

[1] «El-Keşşäfu an hakaýyky gawamizi't-tenzil we uýuni'l-ekawiýl fi wujuhi't-te'wil» (Düşündiriş esasynda inderileniň (Gurhanyň) maksatlarynyň hakykatlaryny we aýdylýanlaryň çeşmelerini düýpli açyp görkeziji). Mahmyt Zamahşarynyň meşhur tefsiri. Oňa gysgaça «Keşşaf» diýilýär.

[2] Mälik we Ukaýl – iki dost. Bularyň ikisi aýdylyşyna görä, kyrk ýyllap, bile iýip-içip, günlerini şady-horramlykda geçiripdirler. Şonuň üçinem olaryň dostlugy gürrüňdeşlikde atalar sözüne öwrülip galypdyr.

[3] Kesir - medineli şahyr. Yzzat atly bir gyzy söýüpdir we oňa bagyşlap gazal ýazar eken. Şonuň üçinem Kesir Yzzat diýilen ady gazanypdyr.

ýanynda hiç zatdyr. Eger sen özüňe bütin gijäni söhbet edip geçirer ýaly ýagşy dosty gözleýän bolsaň, ine, saňa şeýle ýaran! Eger sen özüňe dürli habarlaryň ýetirilmegini isleýän bolsaň, ine sen, şeýle habarlaryň ummanyna düşdüň. Eger sen ýarym – ýaş edýän ybraty hadysalar gözleýän bolsaň, bular seniň göz okaraňy gözýaşlar bilen püre-pürlär. Ýa-da sen şorta sözler isleýän bolsaň, onda ýylgyrmakdan ýaňa dişleriň dür bolup görner.

* * *

Dawut alaýhyssalamyň[2] hikmetlerinde şeýle ýazylypdyr: «Akylly kişi şu dört pursatdan gapyl bolmaly däldir:

1. Rebbine mynajat etmekden;
2. Özüniň nebsini hasaba çekmekden;
3. Aýyplaryny ýüzüne göni aýdýan dostlarynyň ýanynda bolmakdan;
4. Nebsi bilen nebsiniň lezzetleriniň arasynda öz-özi bilen ýalňyz galyp, özüne gelmek we jemlenmek üçin ony öz peýwagtyna goýmakdan.

Soňky pursat beýleki pursatlara garanyňda kalba dynç bermek meselesinde iňňän möhümdir».

---

[1] Jemil ibn Abdylla ibn Muammar Azeri Kazagy Abu Amr — şahyr. Besine atly bir gyza aşyk bolupdyr. Şygyrlarynyň köpüsini nesib (yşk şygyrlary we gazal (söýgi şygyrlary) görnüşinde ýazypdyr. Emewi halypasy Abdyleziz ibn Merwanyň ýanyna, Müsüre gidipdir. Halypa hormat edip, oňa ol ýerde ýaşamaga öý beripdir. Şol ýerde az wagt ýaşansoň, 82-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Onuň «Jemil Besine» atly kitaby bar.

[2] Yslam dinine göre, eger haýsydyr bir pygamberiň ady tutulsa, onda hökman onuň yzyndan «alaýhyssalam» (Oňa salam bolsun) diýilýär.

* * *

Hezreti Aly (Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn)[1] şeýle diýipdir: «Kalbyňyza dynç beriň we oňa peýdaly pursatlary gözläň. Sebäbi bedeniň ýadaýşy ýaly ol hem ýadaýandyr».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) başga bir rowaýatda şeýle diýipdir: «Bedeniň ýadaýşy ýaly kalp hem ýadaýandyr. Dana pähim-paýhaslary okamak bilen oňa dynç beriň».

* * *

Ibn Apbas[2] kelam ylmyny[3] okap ýadan wagty: «Men okap ýadadym» diýende, oňa okamak üçin şygyrdyr rowaýatlary getirip berer ekenler.

* * *

Kusama ibn Zuheýr[4] şeýle diýipdir: «Allany zikir etmek bilen kalbyňyza rahatlyk beriň».

---

[1] Yslam dininiň sünni ynanjyna görä Hezreti Alynyň ady agzalanda «Kerremallahu wejhuh» (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) diýilýär. Sebäbi hem Hezreti Alynyň çagalykdan yslamy kabul edip, butlara ynanmandygy üçindir.

[2] Abul Apbas Abdylla ibn Apbas ibn Abdylmuttalyp – Muhammet alaýhyssalamyň doganoglany. Hijretden 3 ýyl öň Mekgede dünýä inipdir. Elmydama pygamberiň ýanynda gezipdir we 68-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Ylmynyň çuňlugy üçin oňa «ymmatyň syýasy» diýip at beripdirler. Onuň Gurhany tefsir edýän bir kitaby bar.

[3] Kelam ylmy – Allanyň sypatlary, ýaradylyş we ahyret barada yslam düşünjelerine görä söz açýan ylym.

[4] Kusama ibn Zuheýr Abul Minhal Mazyny - ynamdar hadys rowaýatçysy. Ibn Hajar we Ibn Şahyn dagylar oňa sahaba diýipdirler. Emma Yjly, Ibn Hybban we Heýsem dagylar oňa tabygyn diýipdirler. 130-njy hijri ýylynda Utbe bilen Ible söweşine serkerde hökmünde gatnaşypdyr. Abu Musa Eşgarydan hadys rowaýat edipdir. Ondan Katada, Jeriri we basralylar hadys rowaýat edipdirler.

* * *

Selman Parsy[1] şeýle diýipdir: «Men oýalygymy hasaplaýşym ýaly, ukudaky wagtymy hem hasaply tutýaryn».

* * *

Erdeşir ibn Bäbek[2] şeýle diýipdir: «Hakykatdan hem gulagyň we kalbyň ýadawlygy bardyr. Bu iki hikmetiň arasyny, olara dynç bermek üçin, başga zatlara güýmenmek bilen açyň».

---

[1] Selman Parsy – oňa Selman Yslam we Selman Haýr hem diýipdirler. Asly Ramehurmuz şäherinden bolupdyr. Oňa Yspyhandan diýenler hem bolupdyr. Şeýle hem onuň musulman bolmazdan öňki ady (Mabih Bud, Bähbut) barada köp garaýyşlar bar. Aýdylşyna görä, ol Şiýan obasynda dünýä inip ulalypdyr. Hakyky diniň gözlegi üçin Şama, Mosula, Nusaýbine, Ammuryýa gidipdir. Mejusylygy (otparazlygy) we oda ybadat etmegi inkär edipdir. Soň arap ýurtlaryna gidipdir. Ýolda ony kelb ogullary taýpasyndan bolan garakçylar tutup, gul edip satypdyrlar. Medineden kureýza ogullary taýpasyndan bir adam ony satyn alyp, Medinä getiripdir. Selman yslam baradaky habarlary eşidip, pygamberiň ýanyna gidipdir we oňa Kubada (Medinäniň bir obasy) duş gelipdir. Onuň sözlerini eşidip, birnäçe gün ýanynda galypdyr. Ol gulçulykdan azat bolup, yslama girmek isläpdir. Musulmanlar oňa eýesinden janyny satyn almaga kömek edipdirler we ol yslama giryändigini yglan edipdir. Muhammet alaýhyssalam onuň bilen Abu Derdany dogan edipdir. Hendek (garym) söweşinde Medinäniň daşyna garym gazmagy maslahat beripdir. Hatda muhajyrlar (mekgeliler) bilen ensarylaryň (medineliler) ikisi hem «Selman bizdendir» diýip ony özlerinden hasaplapdylar. Muhammet alaýhyssalam hem: «Selman ähli beýtdendir (pygamber neslindendir)» diýipdir. Yragyň eýelenmegi üçin söweşlere gatnaşypdyr. Medaýyn şäherine häkim bellenipdir we tä wepat bolýança şol ýerde ýaşapdyr. 62-63-nji hijri ýyllarynda wepat bolupdyr. Onuň gubury Selmanpäk atly obadadyr. Bu oba Bagdadyň günorta-gündogarynda ýerleşýär.

[2] Erdeşir ibn Bäbek ibn Sasan – sasanlylar döwletini esaslandyryjy. 226-njy milady ýylyndan tä 241-nji milady ýylyna çenli hökümdar bolupdyr. Adalatly, haýyrhon bolupdyr. «Kitabul-kernamaç» «Kitabul-amal» atly kitaplar oňa degişlidir. Bu kitaplarda onuň söweşleri, eden ýörişleri, ömri we döredijiligi beýan edilýär. Araplaryň edebiýat kitaplarynda onuň ady bilen baglanyşykly hekaýatlar kändir.

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Bedenleriňize dynç berşiňiz ýaly, kelleleriňize hem rahatlyk beriň».

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Nebsiň – seniň ýoldaşyňdyr. Eger oňa rahatlyk berseň, ol güýçlener, eger ony ýadatsaň, ol tapdan düşer».

* * *

Men Allatagaladan biziň bedenlerimizde pikirlerimizi janlandyrýan zatlary ýaratmagyny, ellerimiziň olary sahypalara ýazmagyny, onuň hoşnutlygyny gazanmagy, razyçylygyny niýet edinmek we gahar-gazabyndan aman bolmak üçin bizi bagyşlamagyny isläp, ondan haýyş edýärin. Hakykatdan hem ol jomartdyr, sahydyr we onuň ýazgydy belentdir. Ol ähli haýyr işleriň tutaşdyryjy çakmak daşydyr.

## BIRINJI BAP

## WAGT, DÜNÝÄ WE AHYRET HAKYNDA

Hasan Basry[1] şeýle diýipdir: «Eý, Adam ogly! Seniň bu arkaýynçylygyň nirä çenli? Sen ertirki gün üçin däl, şu gün üçin ýaşaýarsyň. Eger sen ertirki güne ýeteniňde şu günki aklyňy ulanyşyň ýaly aklyňy ulanarsyň. Eger sen ertirki güne ýetmeseň onda bu günki eden az işleriňe ökünme. Men dirhemlerinden we dinarlaryndan[2] hem beter, öz ömürlerinden geçen günlerine gynanan ençeme kişileri gördüm».

---

[1] Hasan ibn Ýesar Basry - onuň kakasy Ýesar medinelileriň guly bolupdyr. Hasan 21-nji hijri ýylynda Medinede dünýä inipdir. Ýaşlygyny Hezreti Alynyň ýanynda geçiripdir we Basrada ýaşapdyr. Şonuň üçinem oňa Basry diýlipdir. Öz döwründe «ymmatyň syýasy» lakamyna eýe bolupdyr we basralylaryň ymamy hasaplanypdyr. Tabygyndan (sahabalary gören nesil) hasaplanypdyr. Takwa, zahyt bolupdyr we hakykaty aýtmakdan çekinmändir. Ol bilen Ýusup ibn Hajjajyň arasynda birnäçe ýagdaý bolup geçipdir. Gazaly şeýle diýipdir: «Hasan Basrynyň sözleri ynsanlaryň arasynda pygamberleriň sözlerine meňzeşdir». Fesahatda (çeper sözleýiş) ussat bolupdyr. Onuň agzyndan hikmetli we parasatly sözler çykypdyr. 110-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Dirhem kümüşden, dinar altyndan ýasalýar.

* * *

Şygyr:

Goýma haýyr işi ertire çenli,
Ertä çenli galjagyňam näbelli.[*]

* * *

Pyrgun Temimi şeýle diýipdir: «Zamananyň yzyndan ýetip bilen ýokdur. Zamana olary özüniň iki hadysasy[1] bilen dependir».

* * *

Bir gezek Nugman ibn Munzyr[2] bir agajyň aşagynda dynç almak üçin düşläpdir. Onuň ýanynda Adyý[3] hem bar eken. Adyý ondan:

— Eý, hökümdar! Sen bu agajyň näme diýýändigini bilýärsiňmi? — diýip sorapdyr, soň bolsa şu şygry okapdyr:

Bu saýada düşlän ençe ötegçi,
Oturyp, keýp çekip, al şerap içdi.

Möwriti geçensoň boldy ýolagçy,
Döwür hem üýtgedi, bu hala geçdi.

---

[*] Kitapdaky şygyr böleklerini taraşlan we çeperleşdiren Seýitmämmet Hydyrow.

[1] Ýagny gije-gündiz.

[2] Nugman ibn Munzyr Abu Kabus ibn Ymraul Kaýs ibn Nugman ibn Adyý ibn Nasr Lahmy - jahylyýet döwründe Hiranyň hökümdarlarynyň biri.

[3] Adyý ibn Zeýt ibn Hammat ibn Zeýt Abbady Temimi - jahylyýet döwründe ýaşap geçen şahyr. Arap we pars dillerini gowy bilipdir we parslar bilen araplaryň arasynda terjimeçi bolupdyr. Eýran hökümdarlarynyň diwanynda arapça ýazan adam. Nugman ibn Munzyryň gyzyna öýlenipdir. Ýöne duşmanlary ony Nugmana ýamanlapdyrlar. Ol hem ony zyndana salypdyr we 590-njy milady ýylynda öldüripdir.

Nugman ibn Munzyryň şol güni mazasy bolmandyr.

* * *

Bir adamdan:

— Güýz gowumy, ýa-da bahar? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Bahar gözler üçin, güýz agyz üçin gowy — diýip jogap beripdir.

* * *

Ibn Agraby[1] şeýle diýipdir:

Eşidiň ýediler, baryňyz dogan,
Ölmez-ýitmez hem juwan siz elmydam,
Ýokdur sizi ynsan ornunda goýan (hepdäniň günleri).

* * *

Halyl[2] şeýle diýipdir: «Günler üç görnüşdir, geçilen, görlen we wada berlen. Olar düýn, şu gün we ertirdir».

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Zaman kime peýda beren bolsa, ondan peýdalandygydyr».

---

[1] Ibn Agraby Abu Abdylla Muhammet ibn Zyýat - kufaly dilçi alym. 150-nji hijri ýylynda dünýä inipdir we 231-nji hijri ýylynda Samarrada wepat bolupdyr.

[2] Halyl ibn Muhammet ibn Amr ibn Temim Farahydy - dilçi we edebiýatçy alym. 100-nji hijri ýylynda Basrada dünýä inipdir. Aruz ylmynyň esasyny goýupdyr we Sibeweýhin ussadydyr. Nadr ibn Şemil ol barada: «Men öz tanaýanlarymyň içinde Halyl ýalysyny görmedim. Halyl hem özi ýalyny görmedi, ol garyp, sabyrly bolup ýaşady» diýipdir. 170-nji hijri ýylynda Basrada wepat bolupdyr. Onuň dile degişli «Kitabul-aýn», «Meganil-huruf» atly kitaplary bar.

* * *

Ibn Semmak[1] şeýle diýipdir: «Dünýä gowşan şondan hem öler. Oňa gowuşmadyk şonuň üstünde hem öler».

* * *

Musa ibn Abdylla ibn Hasan ibn Aly[2] şeýle diýipdir:

Ýaşan ömrümde durmasam ýanyp,
Dergazap bolýaryn bagrymy ýakyp.

* * *

Ibn Jureýjden[3]:

— Mekgede siziň tomsuňyz näçe aý dowam edýär? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— On iki aý — diýip jogap beripdir.

* * *

Şygyr:

Dostlaşalym bäri, zamana bilen,

---

[1] Muhammet ibn Subeýh ibn Semmak - yjyl taýpasyndan bolan hadys alymy. Örän takwa bolupdyr we hadys rowaýat eder eken. Hyşam ibn Arwatdan we onuň döwürdeşlerinden hadys rowaýat edipdir. Ondan Ahmet, Ibn Nemir we beýlekiler rowaýat edipdirler. Onuň uly hadys mejlisi bolupdyr. Bir gezek Harun Reşide wagyz edende, ol özünden gidipdir. 183-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Abul Musa Hasan ibn Abdylla ibn Hasan ibn Aly ibn Abu Talyp - apbasly halypasy Harun Reşidiň döwründe ýaşap geçen şahyr we ynamdar hadys rowaýatçysy.

[3] Abdylmälik ibn Abdyleziz ibn Jüreýj - mekgeli fykh alymy we hyjazlylaryň ymamy. 80-nji hijri ýylynda Mekgede dünýä inipdir. Mekgede ilkinji bolup ylym barada eser ýazan adam. Onuň asly rumly bolup, kuraýyş taýpasyna gul bolup düşüpdir. 150-nji hijri ýylynda Mekgede wepat bolupdyr.

Asandan soň müşgil baryn gördüm men.
Bir zat begendirse, ulaşyp gama,
Kynçylyga taýýar bolup durdum men.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Kim dünýäde arkaýyn ýaşap, özüniň onuň mekirliklerine sezewar bolandygyny duýmasa, ol aldanandyr».

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Dünýäniň diňe üç zady bardyr: baýlygy, yzzaty we rahatlygy. Kim-de kim dünýäde kanagatly ýaşasa - baýlygyna gowşandyr. Kim-de kim takwa ýaşasa - yzzatyna gowşandyr. Kimiň gaýgy-gamy az bolsa - rahatlygyna gowşandyr».

* * *

Hasan kakasy Hezret Alydan:

— Ynsanlaryň dünýä bolan söýgüleri barada näme diýýärsiň? — diýip sorapdyr.

Onda Hezret Aly:

— Olar dünýäniň perzentleridir. Heý-de ynsan öz ene-atasyny söýmezmi? — diýip jogap beripdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Dünýä we ahyret göýä maşryk we magryp ýalydyr. Eger birine ýakynlaşsaň, beýlekisinden uzaklaşarsyň».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Dünýä kime giň bolup, özüniň dünýäden aldanýandygyndan bihabar bolsa, akly ony aldandyr».

* * *

Bekr ibn Abdylla Muzeni[1] şeýle diýipdir: «Dünýäden dünýä bilen ýüz öwürýän adam, ody saman bilen söndürjek bolýan mysalydyr» .

* * *

Ybraýym ibn Ysmaýyl[2] şeýle diýipdir: «Soňunyň puşmanlykdygyny bilip, dünýä meýil edýän adamyň haly örän geňdir».

* * *

Asmagy şeýle diýipdir:[3] «Abu Amr ibn Agla[4] maňa şu wakany gürrüň berip: «Obamyzda aýlanyp ýörkäm biriniň şeýle diýýändigini eşitdim:

Adamzadyň dünýäde,
Iň uly gaýgy-gamy,

---

[1] Bekr ibn Abdylla Muzeni – tabygyn neslinden bolan hadys alymy. Örän baý bolupdyr. Elmydama garyp-gasarlar bilen oturar eken. Enes ibn Mälikden, Ibn Amrdan, Jabyr ibn Abdylladan, Abdylla ibn Magkamdan we Magkal ibn Ýesardan hadys rowaýat edipdir.
[2] Abu Yshak Ybraýym ibn Ysmaýyl Tusy Anbary - hadys alymy.
[3] Abdylmälik ibn Karyp ibn Aly ibn Asmag Bahyly Abu Sagyt Asmagy - şahyr. Harun Reşidiň dosty. 122-niy hijri ýylynda Basrada dünýä inip, 216-niy hijri ýylynda hem wepat bolupdyr.
[4] Abu Amr ibn Agla ibn Ammar Temimi Mazyny Basry – ýedi karynyň (Gurhanyň ýedi okalyş düzgüni bar) biri. 70-nji hijri ýylynda Mekgede dünýä inipdir. 154-nji hijri ýylynda Kufada wepat bolupdyr. Onuň «Yhtybar Abu Amr ibn Agla» atly eseri bar.

Ulumsylyk ýüp bilen,
Ony tutjak bolmagy.

Men hem bu sözleri ýüzügimiň gaşyna ýazdym» diýdi.

* * *

Terkidünýä şeýle diýipdir: «Dünýäparaz garypdyr. Ol ony zeýrenip ýygnaýar we nägile bolup iýýär».

* * *

Hasan Basry bir adamdan:

— Seniň dünýä bolan islegiň nähili? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Örän güýçli — diýip jogap beripdir.

Onda Hasan Basry:

— Ondan isleýän zadyňa ýetdiňmi? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Ýok — diýipdir.

Onda Hasan Basry:

— Sen ondan isleýän zadyňa ýetmedik bolsaň, ondan islemeýän zadyň nähili bolar? — diýipdir.

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Zamananyň iň gowusy köňlümiň hoşnutlyk tapanydyr».

* * *

Wehb ibn Munebbih[1] şeýle diýipdir: — Atly aýlanyp ýörkäm, şeýle bir ses eşidildi:

---

[1] Wehb ibn Munebbeh Anbary Sangany Zymary Abu Abdylla – taryhçy alym. Gadymy kitaplary, köne rowaýatlary, aýratyn hem ysraýyllylara degişli rowaýatlary gowy bilipdir. Tabygyn neslinden hasaplanypdyr. Onuň kakasy eýran

Eý, ynsanlar! Ägä boluň, bir düşelge bu dünýä,
Islegini bitirip, göçüp, kepenläp münýär.

* * *

Akyldardan:

— Dünýäniň mysaly nämä meňzeýär? — diýip sorapdyrlar.

Onda akyldar:

— Dünýä özüniň mysaly bolmakdan has pesdir — diýip jogap beripdir.

* * *

Bir şahyr şeýle diýipdir:

Gije uzyn, ýöremeýär ýyldyzlar,
Ýa-da azaşdymy, ýitirip ýoly.
Olar bu gijede syr bolup galdy,
Meniň üçin olar azaşan ýaly.

Başga biri oňa şeýle jogaby beripdir:

Gije-hä uzalmady, ýyldyzlaň şol bir ýoly.
Aşyga gije uzyn, olar öňküsi ýaly.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Uzyndyr ýar bilen geçirlen gije,

---

hökümdarynyň Ýemene iberen pars ogullaryndan, ejesi bolsa araplaryň humeýr taýpasyndan bolupdyr. 34-niy hijri ýylynda Sanada dünýä inipdir we 114-nji hijri ýylynda hem wepat bolupdyr.

Pynhan posa bolsa, süýji hem gysga.

* * *

Aly ibn Ubeýde[1] şeýle diýipdir: «Zamananyň gözi erbetlikler bilen gyrpyldady, halaýyk hem onuň gözleriniň gabaklarynyň arasynda galdy».

* * *

Rahypdan[2]:

— Siziň baýramyňyz haçan? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Haýsy gün Allatagallanyň öňünde günä iş etmesem, şol gün hem maňa baýramdyr — diýip jogap beripdir.

* * *

Zahytdan[3]:

— Allatagalla nämäni iň pes edip ýaratdy? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Eger çybynyň ganaty ýalyjak hem adalatsyzlyk bar bolsa, pany dünýäni — diýipdir.

Soragçy bolsa:

— Eger bu ganatdan köp bolsa, ondan hem has pesdir — diýipdir.

---

[1] Aly ibn Ubeýde Reýhany - meşhur çeper sözli ýazarlaryň biri. Halypa Mamun bilen gatnaşyk saklapdyr. Onuň dinsizleri tankytlaýan we hikmetli sözler bilen ýazylan kitaby bar. 217-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Rahyp – monah, terkidünýä hristian.

[3] Zahyt – terkidünýä musulman.

* * *

Bir çarwa arap ýylyň başynda sapara çykarman bolupdyr. Ol öz-özüne: «Eger men muharram[1] aýynda sapara çyksam, haramlyga mynasyp iş etdigim bolar. Eger sapar[2] aýynda ýola çyksam, saralaryn öýdüp gorkýaryn» diýip, saparyny rabyg[3] aýyna goýupdyr. Haçanda rabyg aýy gelip sapara çykanda bolsa, syrkawlapdyr we uzak wagtlap keselinden açylmandyr. Ol öz-özüne: «Men rabyg aýy saglyk aýydyr diýip pikir edýärdim, emma ol syrkawçylygyň dörtden biri eken» diýipdir.

* * *

Şygyr:

Göterenler zamananyň ýükünden,
Akmaklara geçmeginden çekinmez.

* * *

Şygyr:

Bu gün terbiýeledi meni zamana,
Durmuşy ýeňene peşgeş hamana.

* * *

Şygyr:

Diýdiler: «Bu ýyl-a sörtükli boldy»,
Bolmaz-a, ähli ýyl ýagyş-ygally.

[1] Muharram - aşyr aýy.
[2] Sapar — bu ýerde «sary» diýmek.
[3] Rabyg — dört tirkeşik aýlary. Bu ýerde onuň birinji aýy göz öňünde tutulýar.

* * *

Şygyr:

Ýüzi reňkli zaman dilli degirmen,
Aýlanar ol bir pursatam dek durman.

* * *

Abu Zeýt Ensary[1] şeýle diýipdir: «Abu Dukeýşiň[2] ýanyna bardym. Ol syrkaw ýatan eken.

Ondan:

— Dünýäni nähili görýärsiň? — diýip soradym.

Ol:

— Göwün isleýşim ýaly görmeýärin. Erbet zamanda ýaşaýarys. Tapan jomart däl. Jomart hem tapmaýar — diýdi».

* * *

Hasan Basrydan:

— Eý, Abu Sagyt, sen Muhammet sallallahy alaýhy we sellemden: «Zamana diňe erbetlige gider. Kyýamat diňe erbetleriň üstüne gopar» diýen hadysy rowaýat etmediňmi? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Hawa, rowaýat etdim — diýip jogap beripdir.

Oňa:

— Omar ibn Abdyleziziň zamany barada näme diýersiň? — diýipdirler.

Ol:

[1] Abu Zeýt Ensary Sagyt ibn Ews ibn Sabyt - basraly dilçi we edebiýatçy alym. 119-nji hijri ýylynda dünýä inipdir we 215-nji hijri ýylynda hem wepat bolupdyr. Sibeweýh: «Men ynamdardan eşitdim» diýende, ony göz öňünde tutar eken. Onuň dil barada birnäçe çapdan çykan kitaplary bar.

[2] Abu Dukeýş – basraly çarwa arap. Dilçi alymlar ondan köp zatlary sorar ekenler.

— Ynsanlara dynç almak hem gerek ahyry![1] — diýipdir.

* * *

Jahyz[2] şeýle diýipdir: «Nowruz[3] güni mihrijandan[4] has öňdedir. Sebäbi, nowruz Nuh pygamberiň döwründäki tupandan öň Jem (Jemşit) şanyň döwründe hem bolupdyr. Nowruz güni Yspyhanyň Kis diýen ýerinde uly baýramçylyk edilip başlanypdyr. Kim ol baýramçylyga girse, adamlaryň köplüginden ýaňa ondan çykyp bilmez eken. Mihrijan bolsa Peridun şanyň döwründe ýüze çykypdyr. Ol Zahhakyň[5]

---

[1] Omar ibn Abdyleziz örän adalatly bolupdyr. Şonuň üçinem araplar onuň döwrüni atalar sözüne öwrüpdirler.

[2] Amr ibn Bahr ibn Mahbup Kenany – edebiýatçy alym. Jahyz diýip lakam bermekleriniň sebäbi gözüniň möle bolanlygy üçindir. (Jahyz – gözi möle diýmek). 163-nji hijri ýylynda Basrada dünýä inip, 225-nji hijri ýylynda hem şol ýerde wepat bolupdyr. Uly edebiýatçy alym we mugtezile mezhebiniň Jahyzyýe ugruny esaslandyryjy. Ömrüniň ahyrynda ysmaz keseline ýolugypdyr. Onuň birnäçe ugurlara degişli kitaplary bar.

[3] Nowruz – türkmenleriň we käbir musulman halklaryň uly baýramçylyklarynyň biri. Aýdylyşyna görä, ilkinji bolup bu baýramçylygy gadymy hökümdar Jemşit belläp başlapdyr. Newiri şeýle diýipdir: «Bu güni baýramçylyk etmekleriniň sebäbi, Jemşit şa saýlanan güni, şol güne «Nowruz», ýagny täze gün diýipdir. Käbirleriniň aýtmaklaryna görä bolsa, nowruz pelegiň aýlanmaga başlan ilkinji günümiş. Olar nowruzy alty günläp belläpdirler. Onuň ilkinji güni ýyl başy bolan ferwerdin aýynyň biridir. Şol aýyň altynjy gününe hem uly nowruz diýýärler. Şeýle hem bu günde parslaryň gije ot ýakmak we ertesi irden hem oduň üstüne suw serpmek däpleri bar. Patyşalaryň hem özlerine degişli däpleri bar. Jemşit sözi - jem - aý, şit - ýagty, yşyk diýmekdir.

[4] Mihrijan – parslaryň baýramçylyklarynyň biri. Surýany aýlaryndan teşrin-owwal (Ruhnama) aýynyň 26-syna, hijri-şemsi aýlarynyň hem mihr aýynyň 16-syna bellenilýär. Bu hem güýz paslynyň ortalaryna bolup, alty gündir. Onuň altynjy gününe hem uly mihrijan diýýärler. Olar bu ada hem birnäçe düşündiriş beripdirler.

[5] Zahhak - ilkinji pars şalaryndan bolan Burasef. Ol Jemşidi öldürip, ýerine hökümdar bolýar. Mejusy dinini üýtgedipdir. Ol barada parslarda geň rowaýatlar bar. Soň Jemşidiň agtygy Afridon ony öldürip, atasynyň aryny alypdyr.

Dünýänet (Demawent) dagynda ýüze çykan we baýramçylyk edilip başlan günüdir».

* * *

Abussamt[1] halypa Japar Mütewekkil[2] barada şeýle diýipdir:

Zamananyň gowusy zamanasy Japaryň,
Biziň üçin mihrijan ol zamanaň her güni.
Her bir kişä aýandyr, kimlerdigi kimleriň,
Ähli zatdan ajaýyp, dilleriň wasp edeni.

* * *

Jahza Barmaky[3] şeýle diýipdir:

Ketjal dek bolsa-da ýyldyzlar gije,
Onuň uzaklygy baky däl hijem.
Zym-zyýatdyr olar daň atan mahal,
Jomart hem wepala meňzeýär säher.

---

[1] Abussamt Merwan ibn Ýahýa Abul Junup ibn Merwan ibn Süleýman ibn Abu Hafsa - halypa Mütewekkiliň şahyry. Oňa Kiçi Merwan hem diýýärler. 240-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Mütewekkil Alallah Japar ibn Muhammet Mugtasym Billä ibn Harun Reşit - apbasy halypasy. 206-njy hijri ýylynda Bagdatda dünýä inipdir. 232-nji hijri ýylynda dogany Wasyk wepat bolansoň onuň halypalygyna ykrar edilýär. Diýseň jomart bolupdyr. Halypalygyň merkezini Samarradan Damaska göçüripdir. Ýöne ol ýeri halamandyr we ýene Samarra gaýdyp gelipdir. Şol ýerde hem 247-nji hijri ýylynda ogly Muntasyryň gatnaşmagy bilen gurnalan dildüwşik netijesinde öldürilýär.

[3] Jahza Barmaky Ahmet ibn Japar ibn Musa ibn Halyt ibn Barmak - bagdatly edebiýatçy. Onuň gözi möleräk bolany üçin Ibn Mugtez oňa «Jahza» (möle) diýipdir we şol hem oňa lakam bolup galypdyr. 224-nji hijri ýylynla Bagdatda dünýä inipdir we 324-nji hijri ýylynda Wasytda wepat bolupdyr.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kimiň aladasy we gaýgysy dünýä bolsa, Allatagalla onuň kalbyndan baýlygy alar. Ony garyp eder. Oňa ýazgytdan özge zat bermez. Kimiň aladasy we gaýgysy ahyret bolsa, Allatagala ony baý eder. Ol islemese-de, dünýäni oňa berer».

* * *

Dünýäniň we ahyretiň mysaly iki aýally adam ýalydyr. Eger biri razy bolsa, beýlekisi öýkeleýändir.

* * *

Mesih Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Men dünýäni bütinleý taşladym. Şonuň üçin meniň öler ýaly maşgalam ýok, ýykylar ýaly öýüm ýok».

* * *

Wehb ibn Munebbih şeýle diýipdir: «Dünýä akylly üçin oljadyr, akmak üçin gaýgy-hasratdyr».

* * *

Ýahýa ibn Mugaz[1] şeýle diýipdir: «Dünýä şeýtanyň dükanydyr, onuň dükanyndan hiç zat ogurlama, soň ony gelip senden alyp gider. Dünýä weýrançylyk öýüdir, kim ony timarlajak bolsa, onuň kalby weýran bolar. Ahyret abatlyk öýüdir. Kim ony islese, kalby abat bolar».

---

[1] Abu Zekeriýa Ýahýa ibn Mugaz ibn Japar Razy – wagyzçy alym. Balhda ýaşapdyr we 258-nji hijri ýylynda Nyşapurda wepat bolupdyr. Ol takwa we wagyzçy bolupdyr. Ibn Jöwzi şeýle diýipdir: «Ýahýa ibn Mugaz atly üç kişi bar. 1. Nyşapury. 2. Razy. 3.Tusteri.»

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Siziň dünýä üçin ahyreti terk etmegiňizde ýa-da ahyret üçin dünýäni terk etmegiňizde haýyr ýokdur. Siziň üçin haýyrlysy ikisinden hem peýdalanmakdyr».

* * *

Aly ibn Hüseýin Sejjady[1] şeýle diýipdir: «Dünýä ukudadyr, ahyret bolsa oýadyr. Biz bolsa olaryň ikisiniň arasyny birleşdirijidiris».

* * *

Hasan Basry köplenç Nehşel ibn Harysyň[2] sözlerinden mysal getirer eken. Bu beýt hem şolaryň biridir:

Dünýä baky diri däldir ýaşaýan üçin,
Dünýä baky däldir hem zaman üçin.

* * *

Muhammet ibn Wasygdan[1]:

---

[1] Ymam Zeýnelabydyn Aly ibn Hüseýin ibn Aly - şaýylygyň ymamyýe mezhebiniň on iki ymamynyň dördünjisi. 38-nji hijri ýylynda Medinede dünýä inipdir. Aýdylşyna görä onuň ejesi Kesranyň gyzy bolupdyr. Kerbelada kakasy bilen şehit edilen dogany uly Alydan tapawutlandyrmak üçin oňa kiçi Aly diýipdirler. Zeýnelabydynyň syrkaw bolandygy üçin Kerbela wakasyna gitmändir. Hüseýiniň mundan başga nesli ýokdur, hemme neberesi mundan gaýdandyr. Ýumşaklykda we takwalykda atalar sözüne öwrülipdir. 94-nji hijri ýylynda wepat bolup, şol ýerde hem jaýlanypdyr.

[2] Nehşel ibn Harys - şahyr. Darym ogullary taýpasynyň ýolbaşçysy. Jahylyýet döwrüni görüpdir we soň yslamy kabul edipdir, ýöne pygamberimizi görmändir. Hezreti Aly bilen söweşlere gatnaşypdyr we Syffyn söweşinde onuň ýanynda bolupdyr. Şol söweşde onuň dogany Mälik öldürilýär. Mugawyýanyň halypalyk döwrüne çenli ýaşap, takmynan 45-nji hijri ýylynda Medinede wepat bolupdyr.

— Sen hiç zatsyz ýaşamaga razy bolarsyňmy? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Hiç zatsyz ýaşamaga razy bolan adam, dünýäden razy bolan adamdyr — diýipdir.

* * *

Farkat[2] şeýle diýipdir: «Dünýäni eneke hökmünde, ahyreti bolsa ene hökmünde görüň. Siz çaganyň ulalyp, akly goýalyp başlanda enekesini taşlap, hakyky enesine ýönelýändigini görmeýärsiňizmi?».

* * *

Herem ibn Hybban[3] şeýle diýipdir: «Akylly adam dünýäni ahyretden öňe tutmaz, jomart adam Allanyň öňünde günä iş etmez».

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Ganhor hem dindara galkandyr gije,
Maksatlary üçin, güýç goşýan güýje.

---

[1] Muhammet ibn Wasyg ibn Jabyr Ezdi Abubekr Abu Abdylla Fakyh - basraly zahyt. Oňa Basra kazylygy hödürlenipdir, emma ol kabul etmändir. Hadys ylmynda ynamdar hasaplanypdyr. Kuteýba ibn Müslimiň goşunynda türkmenler bilen söweşe goşulypdyr. Hasan Basrydan 10 ýyl soňra, ýagny 120-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Farkat Abu Ýakup Subhy - basraly zahyt we hadys rowaýatçysy. Hasan Basrynyň döwürdeşi. Töwraty okar eken. 131-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[3] Herem ibn Hybban Abdy – abdylkaýs taýpasyndan bolan zahyt. Ibn Abdylber ony kiçi sahabalardan hasaplapdyr. Ibn Abu Hatam bolsa ony tabygynyň ulularyndan we sekiz zahydyň biri hasaplapdyr.

* * *

Ýezit Rakkaşy[1] şeýle diýipdir: «Siziň günleriňiz üçdür. Doglan günüňiz, gubura giren günüňiz, Rebbiňiziň huzuryna çykan günüňiz. Munuň iň gysga gününden, ýagny eneden bolup tä gubura girýänçäňiz bolan aralykdan, habardar boluň. Iki uzyn gün onuň şol wagt aralygynda edilen işlere görä kesgitlener».

* * *

Rabyganyň[2] ýanyna zahytlardan[3] we fakyhlardan[4] birnäçe kişi ýygnanypdyr. Olar dünýäniň panydygy barada gürrüň edipdirler. Rabyga bolsa sesini çykarman, olary diňläp oturypdyr. Olar gürrüňlerini tamamlanlaryndan soň, olara garap: «Kim-de kim bir zady halasa, şonuň gürrüňüni köp edýändir. Ony ýa öwer, ýa-da ýamanlar. Eger siziň kalbyňyzda dünýäden zerreçe zat ýok bolsady, ol barada hiç zat agzamazdyňyz!» diýipdir.

---

[1] Ýezit ibn Rakkaşy Basry Abu Amr Zahyt Abyt - basraly zahyt bolup, tabygynlardan hasaplanypdyr. Enes ibn Mälik, Ganym ibn Kaýs, Hasan Basry dagydan hadys rowaýat edipdir. Ondan Hammat ibn Seleme, Mugtemir ibn Süleýman we başgalarr hadys rowaýat edipdirler. Örän gaharjaň adam bolandygy üçin hadysçylaryň köpüsi ony hadysda gowşak hasaplapdyrlar. 161-nji hijri ýylynda Basrada wepat bolupdyr.

[2] Ümmül-haýr Rabyga binti Ysmaýyl Adawyýa – basraly aýal zahyt we sopy. Basrada dünýä inipdir we meşhur salyha takwalardan hasaplanypdyr. Ol barada ybadat we terkidünýälik meselesinde köp maglumatlar bar. Onuň bu meselede aýdan sözleri we şygyrlary bar. Kudusda wepat bolupdyr. Ibn Hallikan şeýle diýipdir: «Onuň gubury zyýarat ýeridir we Kudusyň gündogarynda Tur dagynyň üstündedir». Ibn Jöwzi: «Ol 135-nji hijri ýylynda wepat boldy» diýipdir. Emma beýlekiler 185-nji hijri ýylynda wepat bolandygyny aýdypdyrlar.

[3] Zahyt – terkidünýä, derwüş.

[4] Fakyh – yslam hukugy alymy.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Dünýä bolsa eger kimleriň dini,
Gorkmaz ondan, ýokdur oňa zyýany.

* * *

Zubeýt Ýamy[1], Alkama[2] we başga-da birnäçe zahytlar Nowruz we Mihrijan günleri gelende metjide girip, ygtykafda[3] oturar ekenler. Olar: «Eý, Allam! Eger kapyrlar bu günlerde küpür we jahyllyk içinde ygtykafda oturýan bolsalar, biz imanymyz üçin ygtykafda oturýarys. Biziň günälerimizi bagyşla!» diýip, dileg eder ekenler.

* * *

Abu Hanypanyň[4] atasy Nugman Merzuban[5] nowruz güni Hezreti Ala faluzeç[6] getirip beripdir. Hezreti Aly hem oňa: «Biziň nowruzymyz her gün» diýipdir.

---

[1] Abu Abdyrahman Zubeýt ibn Harys Ýamy – ynamdar hadys rowaýatçysy we Agmeşyň döwürdeşi. Ýemende bolan ýam taýpasyndan bolupdyr. Ynamdar tabygynlardan we Kufadaky hadysçylaryň ýolbaşçysy bolupdyr. 126-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Alkama ibn Kaýs ibn Abdylla ibn Mälik Nahgy Hemedany - tabygyn. Yraklylaryň fakyhy, usulda Ibn Mesgudyň usulyna meňzäpdir. Elmydama Gurhan okap gezipdir. Pygamber dirikä dünýä inipdir. Sahabalardan hadys rowaýat edipdir. Syffyn söweşine we Horasan söweşlerine gatnaşypdyr. Iki ýyl Horezmde, biraz wagt Merwde we Kufada ýaşapdyr. Kufada wepat bolupdyr. Wepat bolan senesi näbellidir.

[3] Ygtykaf – remezan aýynyň soňky on gününi metjitden çykman, diňe ybadat bilen geçirmek.

[4] Abu Hanypa Ymam Agzam. Sünnileriň dört mezhebiniň biri bolan hanapy mezhebini esaslandyryjy.

[5] Nugman ibn Merzuban – Ymam Agzam Abu Hanypanyň atasy.

[6] Faluzeç — süýji tagam.

Başga bir rowaýatda bolsa, mihrijan güni faluzeç getirdi diýilýär. Ol hem: «Biziň mihrijanymyz her gün» diýipdir.

* * *

Dawut Taýy[1] şeýle diýipdir: «Gije bilen gündiz ynsanlaryň bir düşelgeden başga bir düşelgä düşleýän düşelgesidir. Bu düşelge tä, olaryň saparlary gutarýança dowam edýär. Eger sen her düşelgä azykly we özüň üçin bähbitli gelmek isleýän bolsaň, onda seniň etmeli işiň, munuň üçin howlukmalysyň. Sebäbi sapar ýakyn wagtda kesiler. Sen bu işi başararsyň».

* * *

Dawut Taýy şeýle diýipdir: «Diniň üçin dünýä galyň töleme. Kim dini üçin dünýä galyň tölese, onuň dini puşman edip, oňa öýlener».

* * *

Bir adam Dawut Taýydan atyjylygy öwrenmekçi bolýandygyny aýdypdyr. Dawut hem oňa: «Atyjylyk gowudyr, ýöne sen öz döwrüňe seret, näme bilen meşgullanýarlar, ana, şony öwren» diýipdir.

* * *

Sufýan Söwri[2] şeýle diýipdir: «Eger dünýäni tanamakçy bolsaň, dünýä kimiň elinde bolsa şoňa seret».

---

[1] Abu Süleýman Dawut ibn Kuseýr Taýy Kufy – fykh alymy we zahyt. Ömrüni ylym bilen meşgullanyp, fykh okapdyr. Soň bolsa terkidünýä bolupdyr. Onuň 300 dirhemi bar eken, şonuň bilen 20 ýyl ýaşapdyr. 160-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Abu Abdylla Sufýan ibn Sagyt ibn Mesruk Söwri – hadys alymy. Hadysda «möminleriň emiri» lakamyny gazanypdyr. Öz döwründe din meselelerinde,

* * *

Omar ibn Zer Hemedany[1] şeýle diýipdir: «Düýn bilen şu gün ikisi dogandyr, olaryň biri seniň ýanyňa geler. Sen ol günde erbetlik edersiň we ol gün erbet ýagdaýda seniň ýanyňdan gider. Soň beýleki dogany seniň ýanyňa geler we saňa: «Doganyma eden erbetlikleriňi maňa etjek ýagşylyklaryň bilen süpürip aýyr. Ýogsam biz saňa erbet şaýat bolarys» diýer».

* * *

Muhammet ibn Sewka[2] şeýle diýipdir: «Dünýä bilen ahyretiň mysaly tereziniň iki tarapy ýalydyr, ýagny bir tarapy agralsa, beýlekisi ýeňlär».

* * *

Beni Ysraýylly bir hökümdar bir şäher gurdurypdyr. Onuň gurluşygyna uly üns beripdir. Soň şäheriň gapysynda çadyr gurup, nahar taýýarlap, uly hudaýýoly beripdir. Onuň bu şäherinden hiç kim aýp tapmanyr. Diňe üç sany donly kişi gelip:

---

Gurhan ylmynda we takwalykda ussatlardan bolupdyr. Apbasly halypasy Mansur ony kazy bellemekçi bolupdyr, emma ol kabul etmändir. 144-nji hijri ýylynda Kufadan çykyp, Mekgä we Medinä gelipdir. Soň halypa Mäti ony çagyrypdyr, emma ol gitmändir. Soň Basra göçüpdir we 161-nji hijri ýylynda şol ýerde hem wepat bolupdyr. Onuň birnäçe kitaplary bar.

[1] Omar ibn Zer ibn Abdylla ibn Zerara Hemedany - kufaly hadys alymy. Ynamdar, zahyt, wagyzçy, çeper sözli kişi bolupdyr. 153-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Abu Abdylla Abubekr Muhammet ibn Sewka - tabygyn neslinden bolan Kufaly alym. Ibn Sagt ony Abdylla ibn Omardan, Abdylla ibn Apbasdan, Abdylla ibn Amrdan, Jabyr ibn Abdylladan, Nugman ibn Beşirden we beýlekilerden hadys rowaýat eden dördünji gatlakdan hasaplapdyr. Şeýle hem ol ýüpek söwdasyny eder eken we gaty halalhon bolupdyr.

— Biz seniň bu işiňde iki sany aýyp görýäris — diýipdirler.

Onda ol:

— O nähili aýyp ? — diýip sorapdyr.

Olar:

— Bu şäher weýran bolar we eýesi hem öler — diýipdirler.

Hökümdar olara:

— Bu iki aýby bolmadyk başga öýi siz bilýärsiňizmi? — diýip sorapdyr.

Olar hem:

— Hawa bilýäris, ahyret öýi — diýip jogap beripdirler.

Hökümdar hem olaryň bu sözünden soň tagat-ybadat bilen meşgullanmaga başlapdyr. Birnäçe gün olar bilen bolup, ybadat edipdir. Soň olar bilen hoşlaşypdyr we olar ondan:

— Sen bizde göwnüňe ýaramadyk zat gördüňmi? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Ýok siz maňa öwretdiňiz, maňa hormat goýduňyz. Men özümi tanamaýanlar bilen dostlaşdym, siz maňa dost bolduňyz, maňa dogry ýoly öwretdiňiz we ahyreti tanatdyňyz — diýipdir.

* * *

Ibn Semmak şeýle diýipdir: «Dünýä kimi özüne meýil etdirmek üçin lezzetinden dadyrsa, ahyret hem dünýäniň ajylygyny ondan uzaklaşdyrmak üçin dadyrar».

* * *

Mujahyt[1] şeýle diýipdir: «Dünýäniň ähli günleri: «Elhamdulillä (Alla öwgi bolsun), ol meni dünýäden we dünýädäkilerden rahat etdi» diýmän gidýän däldir. Soň Allatagala ol güni ýygnar we ol gün hiç haçan yzyna gelmez».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Eger ymmatym dünýä meýil etmäge niýetlense, onuň kalbyndan yslama hormat gider».

* * *

Fuzeýl[2] şeýle diýipdir: «Eger dünýä tutuşlygyna maňa halal diýip berilse we kyýamatda ondan sorag ýok diýilse hem, siziň biriňiziň maslygyň ýanyndan geçeniňizde, «ysy üstüme siňäýmesin» diýip, gaçyşyžyz ýaly men hem ony ýigrenip, gaçaryn».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Dünýä kyýamat gününde bezenip, bütin gözelligi bilen ýöräp geler. Ol:

---

[1] Mujahyt ibn Jebr Abul Hujjaç Mekki - mekgeli tabygyn we tefsir alymy. Ymam Zehebi oňa: «Karylaryň we tefsirçileriň şyhy» diýipdir. Tefsir ylmyny Ibn Apbasdan öwrenipdir. Birnäçe ýerlere syýahat edip, soň Kufada ýaşapdyr. 103-niy hijri ýylynda Mekgede wepat bolupdyr. Tefsirçiler onuň tefsir kitabyna esaslanýarlar. Agmeşden bu barada soralanda, ol: «Onuň ähli kitapdan (hristianlar we ýehudylar) sorag soraýandygyny görüpdirler» diýipdir.

[2]Fuzaýl ibn Yýaz ibn Mesgut Temimi Ýerbugy Abu Aly – ynamdar hadys rowaýatçysy. Ondan köpler hadys öwrenipdirler, olaryň içinde Ymam Şafygy hem bar. 105-nji hijri ýylynda Samarkantda doglup, Abywertde ýaşapdyr. Soň ýaşy ulalanda öňürti Kufa şäherine, soň Mekgä gidipdir. Şol ýerde hem 197-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Onuň takwaçylyga degişli we hikmetli sözleri bar.

— Eý, Rebbim! Meni öz bendeleriň içinden iň ýagşylaryna öý et! — diýer.

Allatagala bolsa oňa:

— Seniň olara öý bolmagyňa razy däldirin. Sebäbi sen hiç zatsyň. Ýok bol! Dyr-pytrak bol! — diýer».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Eger dünýä seniň eliňde bolsa we saňa: «Ony taşla, seniň guburyň giňär» diýilse, sen etmezmiň? Ýa-da saňa: «Ony taşlasaň kyýamat gününde suwsuzlygyňy gandyrarsyň» diýilse, sen etmezmiň?»

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Ähli haýyr işler bir öýdedir. Onuň açary takwalykdyr. Hemme şerler hem bir öýdedir, onuň açary dünýäni söýmekdedir».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Dünýäni saz-söhbet we surnaý bilen islemek, dünýäni din bilen islemekden has gowudyr».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Ynsanyň dünýäni dünýädäki iň erbet zatlar bilen islemegi, ahyreti islenilýän zatlaryň iň gowusy bilen islemeginden has gowudyr».

* * *

Hadysda şeýle diýlipdir: «Allatagala dünýä şeýle diýipdir: «Eý, dünýä meniň mömin bendäm üçin ajy bol. Oňa süýji bolma».

* * *

Abyt (ybadathon) şeýle diýipdir: «Men gaýgy-gamlara, hata we günä işlere gynanmaýaryn. Men uklap geçiren gijelerime, oraza tutmadyk günlerime we Allanyň zikrini etmän geçiren wagtlaryma gynanýaryn».

* * *

Ybraýym Edhem[1] şeýle diýipdir: «Kalbyňy dünýäni agzamakdan boşatsaň, kalbyň hem saňa öz razylygyny bütinleý berer».

* * *

Çarwa arap aýal kowmuna şeýle diýipdir: «Allatagala gowuşjakdygyňyza şatlanyň. Sebäbi bu günler bizi ýuwaş-ýuwaşdan oňa golaýlaşdyrýar (ýagny gün geçdikçe ölüm ýakynlaşýar)».

* * *

Mustewrit[2] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Dünýä ahyretiň ýanynda, siziň biriňiziň barmagyňyzy umman deňze batyranda galýan zat ýalydyr».

* * *

Abul Atahyýa[3] şeýle diýipdir:

---

[1] Ybraýym ibn Edhem ibn Mansur Balhy - meşhur sopy. Balh şäheriniň soltany mahaly, soltanlygy terk edip derwüşlik ýoluna giripdir. Bagdada, Şama, Hyjaza we başga ýerlere syýahat edipdir. 162-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Mustewrit ibn Şeddat - sahaba. Müsür ýeňşine gatnaşypdyr we 45-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[3] Abul Atahyýa Ysmaýyl ibn Kasym ibn Suweýt Anzy - şahyr. Onuň birnäçe kitaplary bolupdyr. 130-njy hijri ýylynda Kufada dünýä inipdir.

Irden turdum, meniň sussum örän pes,
Bu ýollara çäre barmy, eý näkes?

Dünýä meni oýunjak dek oýnaýar,
Deňiz gark bolany şeýtmän goýmaýar.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Dünýäni dost tutan göýä suwy goşawuçlap tutan ýalydyr. Barmaklary hem oňa hyýanat edip, suwy syzdyryp çykararlar».

* * *

Enes[1] şeýle diýipdir: «Allatagala dünýäni synag öýi edip ýaratdy. Ahyreti bolsa synagyň netije öýi edip ýaratdy. Dünýäni ahyretiň sogabyny gazanmak üçin sebäp etdi. Ahyretiň sogabyny hem dünýäniň synagyna garşylyk etdi. Ol bermek üçin alýandyr, sogap üçin synag edýändir».

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Dünýä uly ähmiýet bermäň, sebäbi ol size peýdasyz zatlary has owadan görkezer. Size peýdaly bolan zatlary bolsa erbet görkezer».

---

[1] Enes ibn Mälik ibn Nadr ibn Damdam Ensary - medineli sahaba. Muhammet alaýhyssalamyň hyzmatkäri. Hazreç taýpasyndan bolupdyr. 93-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Basrada ýogalan iň soňky sahaba.

* * *

Ibn Uýeýne[1] şeýle diýipdir: «Allatagala dünýä şeýle diýipdir: «Eý, dünýä! Özüňe hyzmat edeni özüňe bendi et. Maňa hyzmat edene bolsa, sen hem hyzmat et!».

* * *

Bir adam Hasan Basra:

— Eý, Abu Sagyt, men eger ajyksam tapdan düşýärin, doýsam demimi zordan alýaryn — diýipdir.

Onda Hasan oňa:

— Bu diýar seniň bilen ylalaşmaz. Sen başga diýary gözle — diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Dünýä asyl mekana tarap geçelge ýoludyr. Ynsanlar hem iki topardyr. Biri öz janyny satar, dünýä olary heläk eder. Beýlekileri bolsa janlaryny satyn alarlar, dünýä bolsa olary erkinlige goýberer».

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Hakykatdan Allatagala dünýäni ahyretiň niýetine berýär, emma ahyreti dünýäniň niýetine bermez».

---

[1] Sufýan ibn Uýeýne ibn Meýmun Hilaly Kufy – mekgeli ynamdar hadys rowaýatçysy. 107-nji hijri ýylynda Kufada dünýä inipdir we Mekgede ýaşapdyr, şol ýerde hem 198-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Ymam Şapygy: «Eger Mälik we Sufýan bolmasady, Hyjazyň ylmy giderdi» diýipdir. Onuň hadys ylmyna degişli «el-Jamyg», tefsir ylymyna degişli hem «et-Tefsir» atly kitaby bar.

* * *

Zahytdan dünýä barada soralanda ol: «Dünýä dert-muşakgatlaryň üýşen we şerbeti bulançak bolan ýerdir. Munda dost dosta, dogan-dogana peýda bermez» diýipdir.

* * *

Sabyt ibn Magbat[1] şeýle diýipdir: «Dünýäniň dostlugy içýanyň dostlugy ýalydyr. Soňunda zäheri we iňňesi bilen çakar».

* * *

Halypa Mamun şeýle diýipdir: «Eger sen menden dünýä barada sorasaň, men ony diňe Abu Nuwwasyň[2] aýdyşy ýaly wasp ederin:

Dünýäni synaga salsaň eger sen,
Dost lybasly duşmanlygyn görersiň.

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kim derýanyň tolkunlarynyň üstünde öý gurar? Dünýäden habardar boluň. Dünýäni özüňize mesgen görmäň».

* * *

Muhammet ibn Ýahýa Wasyty[3] şeýle diýipdir: «Allanyň tagatyndan şeýtanyň tagatyna köp üns berýän Allany doly

---

[1] Sabyt ibn Magbat Mihraby - hadys alymy.
[2] Abu Nuwwas Hasan ibn Hany ibn Abdylowwal ibn Sabah Hakemi - yrakly şahyr. 146-njy hijri ýylynda Şirazda dünýä inipdir we 198-nji hijri ýylynda hem wepat bolupdyr
[3] Muhammet ibn Ýahýa Wasyty - hadys alymy.

manyda tanamaz, dünýä köp üns berýän hem ahyreti doly manyda tanamaz».

* * *

Bişr ibn Harys[1] şeýle diýipdir: «Ahyreti mal-mülküň başy kyl. Heý, dünýäni utan kişini görüpmidiň?».

* * *

Ibn Mesgut[2] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Dünýä sögmäň. Ol mömini haýra ýetirýän nähili oňat ulagydyr. Onuň bilen şerden halas bolýarlar».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Eger bir adam saňa: «Allatagalla dünýä lagnat etsin diýse» onda dünýä hem: «Öz Rebbine iň uly günäkär bolan guluna Allatagala lagnat etsin» diýer.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Käbirleri diýýär: «Zamana, bozuk»,
Ýok, bozuk özüňiz, däl ahyr siz hak.

---

[1] Abu Nasr Bişr ibn Harys Aly ibn Abdyrahman Merwezi (Eýmen baba) - meşhur sopularyň biri. Gysgaça Bişr Hafy diýlip tanalýar. Merwde dünýä inipdir. Soň Bagdada gidip ol ýerde hadys ylmy bilen meşgullanypdyr. 227-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Abu Abdyrahman Abdylla ibn Mesgut ibn Gapyl ibn Habyp Hezeli - Mekgede yslama ilkinji giren sahabalaryň biri. Mekgede Gurhany ilkinji bolup açyk ýerde köpçüligiň öňünde okan sahaba. 32-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Ibn Rumy[1] şeýle diýipdir: «Sen näme döwri günäkärleýärsiň, ol näme saňa öz maksatlaryny, seniň üçin gizlin ýa-da görünmeýän ýer bolan, dag başyndaky bürgüdiň höwürtgesinde ýa-da balygyň ýaşaýan ýeri bolan deňiziň düýbünde getirdimi?»

* * *

Hasan Basry bir gezek:

— Hajjaçdan eşiden sözüm meni keselletdi — diýipdir.

Ondan:

— Seni şu Hajjajyň sözi keselletdimi? — diýip geňirgenip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Hawa. Men onuň şu agaja çykyp aýdan şeýle sözlerini eşitdim. Ol: «Eger bir kişiniň ömrüniň sagady öz ýaradylyşyna mynasyp bolmadyk ýagdaýda geçse, onda onuň muňa gynanmasy dogrudyr» diýdi — diýipdir.

* * *

Abdyrahman Ensary[2] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kyýamat ýakynlaşanda ýagyş köp ýagyp, ösümlik az bolar, ylym okan köp bolup, din alymy az bolar, soltanlar köp bolar, emma ynamdarlary az bolar».

Enes hem bir hadysda şeýle rowaýat edipdir: «Metjitler geçelge ýoluna öwrüler».

---

[1] Aly ibn Apbas ibn Jirjis Rumy - asly rumly bolan şahyr. 221-nji hijri ýylynda Bagdatda dünýä inipdir. Onuň üç bölümden ybarat diwany bar. 283-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Abdyrahman ibn Amr Ensary - nejjar ogullary taýpasyndan bolan sahaba we hadys alymy.

* * *

Abu Hureýra[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Fyrat[2] derýasy gyzyl bir dagdan açylyp çykýança kyýamat gopmaz. Ynsanlar onuň üstünde urşarlar. Her ýüz kişiden togsan dokuz kişi öldüriler. Olaryň her biri: «Belki, şol halas bolan mendirin» diýer».

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Sen Allanyň 50 000 ýyllap aýakda goýjak kowumlary barada pikirlen. Olar iýmezler, içmezler hatda olar suwsap boýunlary kesilip gider. Garynlary açlykdan ýaňa ýansa, ony ot bilen doldurarlar, gaýnap duran suw guýarlar. Onuň tagamy hem örän ajydyr we ol mundan ýaňa çişer».

* * *

Bir gezek Abu Sagyt Hudry[3] Muhammet alaýhyssalamdan:

— Ýa, Resulalla! Kyýamat gününiň dowamlylygy näçedir? — diýip sorapdyr.

Pygamberimiz hem:

---

[1] Abu Hureýra Abdyrahman ibn Sahr Dusy - sahaba. Abu Hureýra – pişijekleriň atasy diýmek. Ol bu künýäni (lakamy) kiçijik pişijekleri gowy görensöň alypdyr. Ol elmydama ýanyna pişijek göterip gezer eken. Jahylyýet döwründe dünýä inipdir. Soň Medinä gelipdir we sekiz ýaşynda musulman bolupdyr. Pygamberimizden 5374 hadys rowaýat edipdir. 59-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Fyrat – Müsürde bir derýanyň ady, Ýewfrat.

[3] Abu Sagyt Hudry ibn Mälik ibn Sinan Ensary Hazreji - sahaba. Pygamberimizden 1170 hadys rowaýat edipdir. 10 gazawada gatnaşypdyr. 74-nji hijri ýylynda Medinede wepat bolupdyr.

— Nebsim (janym) gudrat elinde bolan Alladan ant içýärin, ol mömine gysga bolar. Eger mömin namazly bende bolan bolsa has hem gysga bolar — diýipdir.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Bu mömine şeýle bir gysga bolar welin, göýä günüň batýarka sallanyşy ýaly gysga bolar».

* * *

Dawut ibn Abu Hint[1] şeýle diýipdir: «Bendäniň kyýamat güni elli duralgasy bardyr. Her duralganyň arasy müň ýyldyr».

* * *

Gije bilen gündiz iki sany hazynadyr. Olary taşlama. Olar seniň peýdaňa işleýändir. Olaryň ikisini hem ulan.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Zamanany baş egdirip bilmersiň, şonuň üçinem oňa mylaýym bol».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Dünýä saňa özüniň sypatlaryny görkezdi, saňa öz erbetliklerini açdy. Sen dünýä ýaşaýjylaryndan düşýän zatlara aldanmaly dälsiň. Olar oňa topulýarlar. Sebäbi olar uwlaýan itlerdir, açgöz ýyrtyjy haýwanlardyr, biri-birine hyrryldaşýarlar, güýçli ejizi gemirýär,

[1] Dawut ibn Abu Hint – meşhur sopy. Gurhany ýat tutupdyr. Şonuň üçin oňa Dawut Kary hem diýlipdir. Soň Basranyň müftüsi bolup işläpdir. Hadysda ynamdar hasaplanypdyr.

uly kiçini dalaýar, biri rahatdyr, beýlekisi misgindir. Olar akyllaryndan azaşanlar we nadanlyklaryna atlananlardyr».

* * *

Abdylmälik[1] Hajjaja hat ýazyp, maňa zamanany beýan et diýipdir. Ol hem: «Düýn göýä bolmadyk ýalydyr. Ertir hem göýä bolmadyk ýaly bolup geçer. Bu günüň bolsa boş wagty uzyndyr. Emma ony hem aýdym-saz bilen gysgaldýarlar, akylly kişi geljegi üçin munda azyk taýýarlamalydyr» diýipdir.

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Ýazyklar bolsun. Men dünýäni alyn dişleri bolmadyk garry aýal görnüşinde gördüm. Onuň ähli zynatlary bardy.

Ondan:

— Näçe gezek durmuşa çykdyň? — diýip soradylar.

Ol:

— Sanamadym. Örän köp — diýdi.

Ondan ýene:

— Olar öldülermi ýa-da saňa talak berdiler? — diýip soradylar.

Ol:

— Ýok, men olaryň hemmesini öldürdim — diýdi.

Onda oňa:

— Seniň galan ýanýoldaşlaryň hem nähili betbagt eken! Olar nädip öňküleriň saňa öýlenip düşen ýagdaýlaryndan nusga almaýarlar. Olar senden heder etmeýärmikäler! — diýdiler».

[1] Abdylmälik ibn Merwan - emewi halypasy. 65-nji hijri ýylynda halypalygy geçipdir we 86-njy hijri ýylynda hem wepat bolupdyr.

* * *

Ibn Abu Uýeýne[1] şeýle diýipdir:

Hiç kim dünýä öýünde dynç alyp gören däldir,
Emma dünýä akylla ybratdyr-göreldedir.

* * *

Hasan ibn Aly köplenç şuny aýdar eken:

Eý, bu pany dünýäden lezzet alanlar, biliň,
Saýasyna daýansaň birisiň biakylyň.

* * *

Hadysda şeýle diýlipdir: «Dünýä öýsüze öýdür. Malsyza maldyr. Ony akylsyzlar ýygnar. Pähimsiz onuň lezzetleriniň ugrunda bolar. Ylmy ýok oňa duşmançylyk eder. Düşünjesi bolmadyk oňa bahylçylyk eder. Ony tanamaýan onuň ugrunda ylgar».

* * *

Mälik ibn Dinar[2] şeýle diýipdir: «Jadygöý dünýäden gorkuň. Sebäbi ol alymlaryň hem kalbyny jadylaýandyr. Kimiň kalbynda imandan bir zerre bar bolsa dünýäniň soňuna daýanmasyn».

---

[1] Muhammet ibn Abu Uýeýne ibn Muhellep ibn Abu Safra - şahyr. Apbasylar halypalygy döwründe ýaşapdyr we şygyrlarynda apbasylary tankytlapdyr. Onuň şygyrlary Mamuna ýetipdir we ol hem ony öldürmekçi bolanda Basradan gaçypdyr. Soň Ammanyň töwereginde Ezd obasynda tä Mamunyň ölüm habary gelýänçä ýaşapdyr.

[2] Mälik ibn Dinar Basry Abu Ýahýa - hadys rowaýatçylarynyň ymamlaryndan bolan hadys alymy. Örän takwa bolup diňe özi gazanyp iýýär eken we hakyna hat ýazar eken. 131-nji hijri ýylynda Basrada wepat bolupdyr.

* * *

Kim dünýä uly ähmiýet berse, dünýäde we ahyretde gaýgysy köp bolar.

* * *

Ol gün (kyýamat gününde) kyýamatyň gorkunçlygyndan ýaňa garrylar bükülip, çagalar garrar.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Günler içinde sagat çalt geçýär. Aý içinde gün çalt geçýär. Ýyl içinde aý çalt geçýär. Ömür içinde ýyllar çalt geçýändir».

* * *

Enes şeýle diýipdir: «Pygamberden günler barada soraldy. Ol: «Ruh gün mekirlik we aldawçylyk günüdir. Sebäbi kuraýşy taýpasy bu günde Darun-Nedwede[1] hilegärlik edendir. Dynç gün agaç oturtmak we gurluşyk günüdir. Sebäbi ol günde Allatagala dünýäni ýaradyp başlapdyr. Baş gün sapara çykmak we söwda günüdir. Sebäbi Şugaýyp alaýhyssalam bu günde sapara çykdy we söwda edip, peýda gazandy. Ýaş gün gan günüdir. Sebäbi How ene bu günde aýbaşy gördi we Adam Atanyň ogly öz doganynyň ganyny dökdi. Hoş gün dowamly bela günüdir. Sebäbi Alla ol günde Pyrguny gark etdi we ad bilen semut kowmuny heläk etdi. Sogap gün hajatlaryň islenilýän we soltanlaryň kabulhanasyna barylýan gündür. Sebäbi Ybraýym alaýhyssalam ol günde hökümdaryň ýanyna bardy, öz hajatlaryny isledi, ol hem oňa hormat goýdy we oňa

[1] Darun-Nedwe - Käbäniň golaýynda ýer ady. Jahylyýet döwründe kuraýşylaryň mejlis geçiren ýerleri.

aýaly Hajar sowgat berildi. Anna gün sawçylyk we nika günüdir. Sebäbi nikalar bu günde gyýylýar».

* * *

Muhammet alaýhyssalam bir gezek sahabalara ýüzlenip: «Size jennetiň sagatlaryndan bir sagady habar bermegimi isleýärsiňizmi? Ol sagatda kölegeler uzalýar, rysgallar paýlanýar, rehmet giňelýär, dogalar kabul bolýar» diýipdir.

Oňa:

— Hawa, ýa, Resulalla — diýip jogap beripdirler.

Ol:

— Ol wagt daň atandan tä gün dogýança bolan aralykdyr — diýipdir».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Bir gün Muhammet alaýhyssalam gün dogmazdan ozal uklap ýatan Äşäni yralap, oňa: «Rebbiň rysgalyny gazanmak üçin we gapyllardan bolmazlygyň üçin tur, çünki Alla öz bendeleriniň rysgallaryny daň atandan, tä gün dogýança paýlaýandyr» diýdi».

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Ertir namazyňdan soň, tä gün dogýança özüniň tutuş maşgalasy bilen Allanyň zikrine meşgul bolan kişi, meniň ýanymda Ysmaýyl[1] ogullaryndan bir kişini azat edenden hem has gowudyr».

---

[1] Ysmaýyl pygamber.

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Nebsim gudrat elinde bolandan ant içýärin, men şeýle bir kişileri bilýärin, olar dünýä üstünde ýöreýän topraklaryndan hem has az üns berýärler. Olaryň gün dogdumy ýa-da batdymy, hiç hili habarlary hem ýok».

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Eý, oguljygym! Dünýä özi üçin çalyşýana, çalyşýandyr. Onda heläk bolmazdan, ondan gaç. Walla, men saňa bulary duýdurýaryn we heläkçiligi habardar edýärin».

* * *

Ibn Apbasdan:

— Nuh alaýhyssalam gämide namazyň wagtlaryny nädip bilipdir? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Alla oňa iki sany dür beripdir, biri ak, göýä gündiziň aklygy ýaly, beýlekisi gara, göýä gije garaňkysy ýaly. Eger agşam düşse, bu gara dür ak dürden üstün çykmaga başlaýar eken. Eger gündiz bolsa ak dür gara dürden üstün çykmaga başlaýan eken, göýä on iki sagadyň ölçegi ýaly — diýip jogap beripdir.

* * *

Kubeýsa ibn Jabyr[1] şeýle diýipdir: «Dünýä ahyretde towşanyň awçydan gaçyşy ýaly gorkup gaçar».

---

[1] Kubeýse ibn Jabyr Wehb Esedi Kufy – tabygyn neslinden bolan hadys, fykh we edebiýat alymy. Kufadaky sahabalardan soň fykh alymlarynyň birinji gatlagyndan bolupdyr. Mugawyýa ibn Abu Sufýanyň süýtdeş dogany. 69-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Ýahýa ibn Mugaz Razy şeýle diýipdir: «Dünýä şeýtanyň şerabydyr. Kim ondan içse, diňe ölüm esgeri gelende gynanyp, puşman edip açylar (ondan bärde açylmaz)».

* * *

Lukman Hekim [1] şeýle diýipdir: «Dünýäňi ahyretiňe sat. Şeýtseň, hemme taraplaýyn utarsyň».

* * *

«Mütewekkiliň gijesi» atlandyrylan söz — kimdir biriniň maksadyna ýeten gijesi hökmünde «şatlykly gijä» mysal bolup nakyla öwrülip galypdyr. Ol gije 232-nji hijri ýylynyň şowwal[2] aýynyň dolmagyna üç gün galanda, sogap güne gabat gelýär. Ony Bagyr Türk(men)i bilen öz ogly Muntasyr dildüwşip, bir şerap mejlisinde öldüripdirler.

* * *

Abul Kasym Zagpyrany[3] bir şygyrda şeýle diýipdir:

---

[1] Lukman ibn Bagura ibn Uhti Eýýup - Dawut alaýhyssalamyň döwründe ýaşap geçen meşhur hekim. Ykryma we Şagby şeýle diýipdirler: «Lukman pygamberdir». Alymlaryň köpüsiniň aýtmagyna görä ol alym we hekim bolupdyr. Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Lukman pygamber däldi, patyşa hem däldi, ýöne ol garaýagyz çopandy. Allatagala oňa azatlyk berdi». Gurhanda Lukman barada şeýle diýilýär: «We biz Lukmana Alla şükür et» diýip hikmet berdik. Şükür eden diňe özi üçin şükür edýändir» (Gurhanyň «Lukman» süresiniň 12-nji aýaty).

[2] Şowwal – baýram aýy.

[3] Abul Kasym Omar ibn Ybraýym Zagpyrany – şahyr. Sagalyby ol barada: «Öz döwrüniň şahyrlarynyň şyhy» diýipdir. Sahyp ibn Abbadyň dosty. Adududdöwle we onuň dogany Fahreddöwle bilen dost eken we sadranç oýnamany gowy görýär eken. Onuň sadranç barada ýazan kasydasy bar.

Mütewekkil gözlerin baky ýuman gijesi,
Halas boldy galada, ynsanlaryň nijesi.

* * *

Barmakylaryň döwrüniň parahatçylygy, haýryň we bereketiň köpdügi barada Jemmaz[1]: «Bize barmakylaryň zamany ýaly saçak getiriň, hyzmat ediň» diýipdir.

* * *

Salyh ibn Taryf[2] şeýle diýipdir:

Siziň döwür gowudy, eý, Barmak ogullary!
Ol döwürler üýtgedi, zamana yrga boldy.

Siziň ötgür döwrüňiz, dünýä göýä gelindi,
Bu gün göýä dul aýalyň, ýagdaýyna gelindi.

* * *

Abu Mansur Sagalyby[3] Horezm Şa Abul Apbas barada şeýle diýipdir:

---

[1] Jemmaz Abu Abdylla Muhammet ibn Amr ibn Hammat - basraly edebiýatçy we şahyr. Reşidiň we Mütewekkiliň döwürlerinde Bagdada gelipdir. Mütewekkil onuň goşgularyna haýran galypdyr we oňa 10 000 dirhem peşgeş beripdir. Egany atly eserde onuň ady «Jemmaz» diýlip atlandyrylýar.

[2] Abu Saýda Salyh ibn Taryf – yslam wagyzçysy. Örän takwa bolupdyr. 110-njy hijri ýylynda Horasan häkimi Aşras ony Mawerannahrda yslamy ýaýratmaga çagyrypdyr. Ol hem bir şert bilen, ýagny musulman bolanlardan jizýe (salgyt) almazlyk şerti bilen razylaşypdyr. Soň ol Samarkanda gidip, ol ýeriň halkyny yslama çagyrypdyr. Olardan musulman bolanlardan jizýe almandyr. Netijede hazyna girdeji girmändir we ýene jizýe alnyp başlapdyr. Salyh ibn Taryfy bolsa zyndana salypdyrlar. Soň ony Merwe alyp gidipdirler. Bu wakadan soň Salyhdan habar-hatyr bolmandyr.

[3] Abu Mansur Abdylmälik ibn Muhammet ibn Ysmaýyl Sagalyby Nyşapury - edebiýatçy alym. 350-nji hijri ýylynda dünýä inipdir we 429-njy hijri ýylynda hem

«Eý, Perwerdigär! Sen Mamun ogly Mamunyň raýatlaryny Barmak ogullaryny goraýşyň deýin, gorawer!

Onuň halky üçin eden işleri, nygmatlary, halk üçin şatlyk boldy we hemme ýere ýaýrady».

* * *

Abdylmälik ibn Merwan «Biz «Ümmi Hynewwerden» üstün çykdyk» diýeninden soň bir hepde ýaşapdyr. «Ümmi Hynewwer» dünýäniň lakamydyr. Aslyýetinde «Ümmi Hynewwer» syrtlan diýmekdir. Syrtlanyň adam iýýändigi üçin dünýä oňa meňzedilipdir. Hatda dişe hem syrtlan diýlipdir.

* * *

Hezreti Hatyja[1] we Abu Talyp[2] bir ýylda, ýagny Muhammet alaýhyssalamyň pygamberliginiň altynjy ýylynda wepat bolupdyrlar. Muhammet alaýhyssalam bu ýyly «gynanç ýyly» diýip atlandyrypdyr.

* * *

Hijri ýylynyň 80-nji ýylynda Mekgä uly sil gelipdir. Hatda ol sil üsti ýükli düýeleri hem alyp gidipdir. Mekgeliler bu ýyla: «Zyýan ýyly» diýipdirler.

* * *

Ibn Rumy şeýle diýipdir:

Döwrüň iki oglunyň[3] gapyl işleri bardyr,

---

wepat bolupdyr.

[1] Muhammet alaýhyssalamyň maşgalasy Hatyja binti Huweýlit.

[2] Muhammet alaýhyssalamyň kakasynyň dogany Abu Talyp ibn Abdylmuttalyp.

[3] Gije we gündiz.

Günüň geçirmek bilen ýagşyja oýnaýandyr.

* * *

«Kösäniň ata münmegi» sözi – azer[1] aýynyň gelmeginden ybaratdyr. Munuň sebäbi hem köseler bu aýyň başynda gyzgyn dermanlary içýärler we endamlaryna gyzgyn, çig zatlary sürtýärler. Soň diňe ýeke donly gezýärler. Bu bagdatlylaryň we parslaryň däbidir.

* * *

Şahyr Myrady şeýle diýipdir:

Eý, jarçy, ulaga atlandy köse,
Düş atdan, pyýada ýöre, sen eýse.

Azerden nygmaty – paýyňy al sen,
Hem durmuşda sapaň açaryn al sen.

* * *

Erdeşir ibn Bäbek şeýle diýipdir: «Dünýä aldanma, sebäbi seniň ýeke özüň dälsiň. Dünýäni terk hem etmäň, sebäbi ahyrete diňe onuň üsti bilen ýetip bolýandyr».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Dünýäniň ýaşaýjylary göýä ulagly seýr edip ýören ýalydyr. Ol ulagyň üstündedir, ulag bolsa uklap ýatandyr».

---

[1] Azer – hijri şemsi aýlarynyň biri.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Size dünýäden el çekmegiňizi maslahat berýärin. Sebäbi ol ýer çadyryň sökülmeli ýeridir. Suwuna-otuna aldanyp, oturylmaly ýer däldir. Ol aldawçylyk sebäpleri bilen bezenendir, zynaty bilen aldaýandyr. Ol öý Rebbiniň gatynda ähmiýetsiz öýdür. Halaly haramyna, haramy halalyna garyşandyr. Ýaşaýşy ölüm bilendir, lezzeti ajylyk bilendir. Allatagala ony dostlaryna hem beren däldir, duşmanlaryndan hem ony saklan däldir».

* * *

Ibn Hanapyýa[1] şeýle diýipdir: «Kime nebsi hormat-sylagly bolan bolsa, dünýäsi oňa haýyn bolandyr».

* * *

Bir adam Hezreti Alynyň ýanynda dünýäni ýamanlapdyr. Hezreti Aly oňa şeýle jogap beripdir: «Dünýä hakykatdan hem sözüni dogry bilene hakykat ýurdudyr. Düşünýäne halasgärlik ýurdudyr, ondan azygyny edinýäne baýlyk öýüdir. Öwüdini tutana öwüt-nesihat öýüdir. Allanyň dostlarynyň sežde edýän ýeridir. Allanyň perişdeleriniň namaz okaýan ýeridir. Allanyň wahysynyň[2] inen ýeridir. Allanyň dostlarynyň dükanydyr. Ondan rehmet gazanýarlar, ondan jenneti gazanýarlar. Kim

---

[1] Ibn Hanapyýa (Muhammet Hanapyýa) Muhammet ibn Aly ibn Abu Talyp - Hezreti Alynyň ogly. Hasanyň we Hüseýniň enebaşga dogany. Onuň ejesi Hawla hanypa ogullary tiresinden bolupdyr, şonuň üçinem oňa Ibn Hanapyýa diýipdirler. 21-nji hijri ýylynda Medinede dünýä inipdyr. Ol garaýagyz, edermen, ylymly we takwa bolupdyr. Keýsanylar (şaýy mezhebiniň bir ugry) ony ahyrzamanyň Mätisi hasaplapdyrlar, onuň ölmändigine we Rydwa dagynda ýaşaýandygyna ynanýarlar. Ibn Zubeýrden gaçyp Taýyfa gidipdir we 81-nji hijri ýylynda hem şol ýerde wepat bolupdyr.

[2] Wahy – Gurhanyň sözleri.

dünýäni ýamanlap biler. Ol onuň özünden aýrylyp gitjekdigini belent ses bilen bildirendir. Özüniň we maşgalasynyň soňuny habar berendir. Belasy bilen bela mysal berer. Şatlygy bilen şatlyga mysal berer. Ynsan aman-sag ýatyp, derde, mähnete sezewar bolup turar.

Eý, dünýäni ýamanlaýan, soňra bolsa onuň aldawyna düşen. Dünýä seni haçan aldady? Haçan seniň ýoluňy azdyrdy? Bedenleri çüýräp, dargap giden atalaryň bilen aldadymy, ýa-da topragyň aşagynda ýatan eneleriň mazarlary bilen aldadymy?»

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Gowy günlere duşsaň, peýdalangyn sen ony,
Sebäbi, mydam duşar bu durmuşyň kyn güni.

* * *

Ubeýdylla ibn Abdylla ibn Tahyr[1] şeýle diýipdir:

Saňa bu pany dünýäniň pesligi hökmünde, haramzadalaryň belent bolup, abraýlylaryň pes bolmagy ýeter.

Sebäbi yzzatly adamlar aýak astyndadyr, emma pes adamlar bolsa, başlaryň üstündedir.

* * *

Araplar taryhdaky her 100 ýyla eşek ýyly diýip at goýupdurlar. Ol 100 ýyl hem Uzeýriň[2] eşeginiň başyndan geçen hadysa üçindir.

---

[1] Ubeýdylla ibn Abdylla ibn Tahyr – şahyr. Gysgaça Ibn Tahyr diýlip tanalýar. 223-nji hijri ýylynda dünýä inipdir we 300-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Uzeýr – Beni Ysraýyl pygamberleriniň biri. Aýdylyşyna görä, onuň bir eşegi ölüpdir. Ol eşegiň ölümine 100 ýyl geçensoň, Allatagala ony täzeden direldipdir.

* * *

Merwan ibn Muhammede[1] «eşek» Merwan diýip at goýupdurlar. Sebäbi merwan ogullary halypalygyň başynda 100 ýyl hökümdar bolupdurlar.

* * *

Bir adam bazardan eşek satyn alypdyr. Görse ol garry eken. Ol oňa seredip: «Görýän welin bu eşek «eşek ýylyndan» hem öň doglupdyr öýdýän» diýipdir.

* * *

Dünýä talak bermek, ahyrete galyň bermekdir, ahyrete talak bermek, dünýä galyň bermekdir.

* * *

Mugawyýa[2] şeýle diýipdir: «Biz erbet zamanda we ýaramaz döwürde ýaşaýarys. Bu dünýäde gowy ýaman hasaplanýar, ýaman bolsa gowy hasaplanýar».

---

[1] Merwan ibn Muhammet ibn Merwan ibn Hakem Emewi - emewi halypalarynyň Şamdaky iň soňky halypasy. Onuň «gysganç» we «eşek» lakamy bolupdyr. 72-nji hijri ýylynda Eljezirede dünýä inipdir. Şol wagt kakasy Eljezirede häkim eken. 105-nji hijri ýylynda Karnyýa şäherine ýörüş edip, ol ýeri eýeläpdir. Emewi halypasy Hyşam ibn Abdylmälik 114-nji hijri ýylynda ony Azerbaýjana, Ermeniýa we Eljezirä häkim belläpdir. 127-nji hijri ýylynda Emewi halypasy bolupdyr. 132-nji hijri ýylynda apbaslylar onuň kellesini kesip, apbasly halypasy Seffaha iberipdirler.

[2] Mugawyýa ibn Abu Sufýan Sahr ibn Harp ibn Umeýýe ibn Abdyşşems ibn Abdymennaf – emewiler döwletini esaslandyryjy sahaba. Hijretden 20 ýyl öňürti dünýä inipdir we Mekgäniň ýeňşi güni hem musulman bolupdyr. Ol ýazmagy we hasaby bilýän eken. Muhammet alaýhyssalam ony özüne kätip belläpdir. Dogany Ýezit ibn Abu Sufýanyň serkerdiliginde Şam ýeňşine gatnaşypdyr. Hezreti Omar ony öňürti Iýordaniýa, soň Damaska häkim belläpdir. Hezreti Osman oňa Şamyň beýleki welaýatlaryny hem beripdir. Hezreti Aly halypa saýlanylanda Mugawyýa ony ykrar etmändir we Hezreti Osmanyň ganhorlaryny bermegini isläpdir.

* * *

Şygyr:

Ýolagça iň gowy wagt eger yza dolansa,
Onuň salkyn howasy, gije ýöräne bolsa.

* * *

Bahar paslynyň waspy barada şeýle diýipdirler: «Bahar pasly ýürekleriň rahatlygy we jennetiň ysy bilen geldi».

* * *

Semut kowumyna azap dynç gün irden berlipdir.

* * *

Hadysda şeýle diýlipdir: «Dynç günüň şerinden Alla sygynýarys. Siz we siziň her biriňiz dynç günüň şerinden habardar boluň. Göýä gylyjyň kesgir tarapynyň bolşy ýaly onuň hem ýiti tarapy bardyr».

* * *

Araplarda hoş gün şum gün hasaplanýar.

---

Netijede ikisiniň arasynda Syffyn diýen ýerde söweş bolup geçipdir. Söweşden soň Hezreti Aly Yragyň, Mugawyýa bolsa Şamyň halypasy bolup galýarlar. Hezreti Aly öldürilensoň ýerine halypa saýlanan ogly Hasan, halypalygy Mugawyýa beripdir we onuň halypalygyny ykrar edipdir. Mugawyýa 60-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr. Ölmezinden öňürti ogly Ýezidi halypa yglan edip, mirasdüşer hökmünde ykrar etdiripdir.

* * *

Ibn Apbas Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Her aýyň iň soňky hoş güni dowamly bela günüdir».

* * *

Milady gijesi uzynlyga mysaldyr. Bu barada Abu Nuwwas şeýle diýipdir:

Ol gije uzyndy – atmajak ýalydy daňam,
Iki ujy-da birleşipdi onuň tasdanam.

Ol gije milady gijesidir (milady gijesi örän uzyn bolupdyr).

* * *

Bu gije Isa ibn Merýemiň doglan güni hem diýipdirler.

* * *

«Gadyýry hum» gijesi — şaýylara görä mukaddes gijedir. Olar ol gijäni ybadat bilen geçirýärler. Bu gije Resulalla Gadyýry hum diýen ýerde düýäniň üstünde hutba aýdypdyr. Şol hutbada hem: «Men kimiň möwlasy (hojaýyny) bolsam, Aly hem şonuň möwlasydyr (hojaýynydyr)» diýipdir.

* * *

Herir gijesi — Syffyn söweşiniň[1] gijelerinden bir gijedir. Ol gijede köp adam öldürilipdir. Hezreti Aly her bir adam ölende «tekbir» [2] aýdar eken. Onuň tekbirleri ýedi ýüze ýetipdir. Bu gije elhençligiň nusgasy bolup galypdyr.

---

[1] Syffyn söweşi – Hezret Aly bilen Mugawyýanyň arasynda bolan söweş.
[2] Tekbir aýtmak – «Allahu ekber» (Alla iň beýikdir) diýmek.

* * *

Ibn Apbasdan:

— Nowruz näme üçin baýramçylyk edilip bellenýär — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Sebäbi ol täze ýylyň baş güni, köne ýylyň hem iň soňky günüdir. Bu güni baýram edýänler hökümdarlaryna geň-enaýy zatlary we sowgatlary hödürlemegi gowy görýärler. Ajamlar ony ýyl başy hökmünde kabul edýärler. Hökümdar daşardan gelýänlerden şeker kabul edýär. Bu gün ferwerdin[1] aýynyň ilkinji günüdir — diýipdir.

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Pylan kişi meniň gözümde kiçeldi, sebäbi, görsem dünýä onuň gözünde ulalypdyr».

* * *

Çarwa arap dünýä barada şeýle diýipdir: «Dünýä örküçleri ýerde, dabanlary asmanda bolan düýe ýalydyr. Dünýäde haýyr nämynasypdan islenilýär. Garyplyk bolsa nädogry ýerlerde. Onuň bu kemçilikleri saňa ýeter».

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Mömin dünýäde kesekidir. Şonuň üçin ol onuň pesligine gynanmaz, lezzeti üçin jan çekmez».

[1] Eýranda ulanylýan hijri şemsi (gün) hasabynyň ilkinji aýy.

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Eý, Adam ogly! Sen şu wagt köpsüň. Wagt geçer, olaryň köpüsi gider».

* * *

Salam ibn Misgin[1] şeýle diýipdir: «Hasan Basry bize şeýle diýdi: «Eý, ýaşlar! Siz ahyreti isläň. Biz ahyreti islän käbir kişileri gördük. Olara dünýäni-de, ahyreti-de gazandylar. Emma biz dünýäni isläp, ahyreti gazanany görmedik».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Her dogan täze gün şeýle diýip gidýär: «Eý, ynsanlar, men täze gün. Edilen işleri görýärin. Meniň günüm batandan soň, size tä kyýamata çenli gaýdyp gelmerin».

* * *

«Farazdagyň gijesi» — «talanmak gijesine» mysaldyr. Farazdak bir gezek bir aýal monahyň ýanynda gijeläpdir. Onuň ýanynda doňuz etinden bişen nahary iýipdir, aragyny içipdir. Onuň bilen bile ýatypdyr we eşiklerini ogurladypdyr[2]. Jerir bu barada Farazdagy ýaňsylap şeýle diýipdir:

Kimdir biri gonak alaýsa meni,
Tiz ýitirýän ar-namysy, haýany.

---

[1] Salam ibn Misgin – hadys alymy. Ymam Zehebi ol barada «Mizanyl-ygtydal» atly eserinde şeýle diýipdir: «Ol Basranyň ynamdar hadysçylaryndandyr».

[2] Bu rowaýat jahylyýyet döwründe ýaşap geçen şahyr Abu Tamhan Kaýny barada hem aýdylýar. Ol örän ýaramaz adam eken. Ýöne Zamahşary bu ýerde ony Farazdagyň adyndan getiripdir.

* * *

Abu Ferej Babga[1] şeýle diýipdir:

Zamananyň gowsy zikir mahaly,
Pasyllaryň iň gowusy – bahary.

* * *

«Ubeýt[2] güni» — «bagtsyzlyk gününiň» mysalydyr. Ubeýt ibn Ebras hökümdar Nugman ibn Munzyryň erbet we gynançly gününde onuň garşysyna gidipdir. Sebäbi kim erbet gününde onuň garşysyna çyksa, halas bolmaz eken, şeýle hem onuň bagtly gününde kim onuň bilen duşuşsa, ol oňa sylag-serpaý berer eken. Şol güne hem «Ubeýt güni» diýlipdir. Abu Temam bu barada şeýle diýipdir:

Pikir etseler dönmez diýip yzyma,
Düşer Ubeýt güni ol gün ýadyma.

* * *

Garrylaryň günleri — aýdylyşyna görä, araplardan bir bilgiç garry aýal bar eken. Ol bir gün öz taýpasyna gyşyň ahyrynda güýçli we gazaply sowugyň boljakdygyny we uly şahly mallara erbet zyýan ýetirjekdigini aýdypdyr. Emma onuň

---

[1] Abul Ferej Babga Abdylwahyt ibn Nasr ibn Muhammet Mahzumy Abu Nasr - nusaýbinli kätip we şahyr. Babga lakamy bilen meşhur bolupdyr. 398-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Ubeýt ibn Ebras ibn Awf ibn Jeşm Esedi Abu Zyýat - jahylyýet döwründe ýaşap geçen mudar taýpasyndan bolan şahyr. «Muallakaty aşyryň» (10 sany ýazaryň) biri. Ymraul Kaýsyň döwürdeşi. Ol hijriden 35 ýyl öň hökümdar Nugman ibn Munzyryň ýanyna baran onuň erbet gününde, ol tarapyndan öldürilipdir.

aýdanlaryna gulak asmandyrlar we ýazyň gelmegine garaşyp, diňe kiçi mallaryna üns beripdirler. Birdenkä, gyşyň ahyry diýseň gazaply gelipdir we uly şahly mallara zyýan ýetiripdir, şonuň üçin hem oňa garrylar günleri ýa-da garrylar sowugy diýipdirler.

* * *

Rowaýat etmeklerine görä, ol garry aýalyň ýedi ogly bar eken. Ol bir gün ogullaryndan özüni durmuşa çykarmaklaryny sorapdyr. Ogullary hem oňa käýäpdirler. Soň olar oňa: «Sowuk howada ýedi gün dursaň seni durmuşa çykaraly» diýipdirler.

Ol garry aýal hem olaryň aýdyşlary ýaly edip, sowuk howada galypdyr. Ýyl hem it ýyly eken. Ol ýedinji gün diýlende wepat bolupdyr. Şol günler hem garrylar gününe degişli edilipdir.

* * *

Şeýle-de: «Ol günler ad kowumynyň heläk bolan günleridir» hem diýlipdir. Ýöne dogrusy «garrylar güni» gyşyň ahyrydyr.

* * *

Eger oglan ýigit çykanda oňa: «Çaganyň sakaly çykdy, murty derledi» diýipdirler.

* * *

Abul Atahyýa şeýle diýipdir:

Aldanma dünýäniň ýüzüne bakyp siňe sen,
Ömür puşman edersiň görseň eger ýeňsesin.

* * *

Ibn Ammaryň ýyly mekgeliler üçin haýry köp bolan ýyldyr. Ibn Ammar — Ahmet ibn Omar ibn Şady Basrydyr. Ol halypa Mugtasymyň weziri bolupdyr. Ol wezirligini taşlap: «Men Mekgede Allanyň goňşuçylygynda ýaşamak isleýärin» diýipdir. Mugtasym oňa on müň dinar beripdir. Şeýle hem oňa Mekgede paýlamak üçin ýigrimi müň dinar iberip, olary diňe haşymylara, kuraýşylara we ensarylara bermegini sargapdyr.

Ibn Ammar ondan:

— Olardan galanlara paýlamaýynmy? — diýip sorapdyr.

Mugtasym hem oňa ýene-de bäş müň dinar berip:

— Al bulary hem olara paýla — diýipdir.

Mekgeliler hem bu ýagdaý sebäpli: «Ibn Ammaryň ýyly ýaly ýyl görmedik» diýipdirler.

* * *

Bir akyldar şeýle diýipdir: «Ynsanlaryň içinde zamananyň iň alymy, onuň hadysalaryna az geň galýandyr».

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Gündizden soň gijäň gelşine kybap,
Wagt hemmä terbiýe berer döwrebap.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Bu dünýä meniň gözüme jüzzamly[1] kişiniň elinde gemirlen doňuz süňklerinden hem has pesdir».

---

[1] Jüzzam - ýokanç kesel.

* * *

Abu Hafs Şatranjy[1] şeýle diýipdir:

Ynsan geçen her gün üçin dynç almagy arzuw edýär,
Täze günüň her habaram düýn üçin seni agladýar.

* * *

Mugawyýa şeýle diýipdir: «Hezreti Abubekr Syddyk (Alla ondan razy bolsun)[2] dünýäden gaçdy, dünýä bolsa ondan gaçdy. Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) onuň bilen gyzyklandy, ol hem onuň bilen gyzyklandy. Hezreti Osman (goý, Alla ondan razy bolsun!) oňa gowuşdy, ol hem oňa gowuşdy. Emma men dünýä bilen arkan-ýüzin ýatdym».

* * *

«En-nesaýyh es-sygarda»[3] şeýle diýlipdir: «Eý, dünýä! Sen niçe batyrlary ýaraladyň. Niçe göz gabaklaryny gabartdyň. Özüňden aýra düşendikleri sebäpli, aşyklaryň kellelerini erbet akybete ugratdyň. Olaryň senden edýän arz-şikaýatlary bolsa daşlaryň sany ýalydyr».

---

[1] Abu Hafs Omar ibn Abdyleziz Şatranjy – apbasly halypasy Mätiniň gyzy Alyýänyň şahyry. Sadranç oýnamany gowy görer eken. Şonuň üçin hem oňa Şatranjy diýipdirler. Onuň kakasy Mansuryň hyzmatkärlerinden bolupdyr. Ulalyp kemala gelensoň we ony başga biri terbiýelänsoň, oňa Abdyleziz diýip at goýupdyrlar. 210-njy hijri ýyllar töwereginde wepat bolupdyr.
[2] Yslam dininiň sünni ynanjyna görä, eger çaryýarlaryň, sahabalaryň atlary gelende olara «Razyýallahu anh» (goý, Alla ondan razy bolsun!) diýilýär.
[3] «En-nesaýyh es-sygar» - Mahmyt Zamahşarynyň «Kiçi nesihatlar» atly kitaby.

* * *

Enes şeýle diýipdir: «Her gijäniň, gündiziň, aýyň we ýylyň owwalynda haýyr bardyr. Men muny siziň pygamberiňizden eşitdim».

* * *

Ýunus ibn Meýsere[1] şeýle diýipdir: «Bize näme bolýarka? Üstümize gelýän ähli zaman üçin aglaýarys we üstümizden geçen ähli günler üçin hem aglaýarys».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Başy jebir-jepa (mähnet) bolan we soňy panylyga elten ýurdy men size nädip beýan edeýin. Halalynda hasap bar, haramynda azap. Kim-de kim bu ýurtda baý bolan bolsa, onuň synaglaryna sezewar bolandyr. Kim-de kim garyp bolsa, gaýgy-gam içindedir. Kim ony gazanjak bolsa, ondan ýiter-gider. Kim oturyp ony islemese oňa geler. Kim oňa ybrat-görelde bilen seretse, ony dogry garaýyşly eder. Kim oňa isleg-hesret bilen seretse, ol onuň kalbyny kör eder».

* * *

Halyt ibn Abdylmälik ýedi ýaşynda Medine häkimligine bellenilipdir. Şol ýyl gurak bolupdyr, hatda çöldäkiler Şama göçüp başlapdyrlar. Şonuň üçinem: «Halydyň ýyllary ýaly ýyllary indi yzyna getirmäwersin» diýipdirler. Hatda ol

---

[1] Ýunus ibn Meýsere ibn Halys - damaskly zahyt tabygynlaryň biri. Onuň gözleri kör bolupdyr. Mugawyýa ibn Abu Sufýandan, Abdylla ibn Amr ibn Asdan, Wasyla ibn Eskagdan, Abdylla ibn Besrden, Abu Idris Huwlanydan, Ümmi Derdadan we beýlekilerden hadys rowaýat edipdir. Ol: «Eý, Allam, maňa şehitligi nesip et» diýip köp gaýtalar eken. 132-nji hijri ýylynda Damaskda wepat bolupdyr.

«Ýusubyň[1] ýyllarynyň bolşy» ýaly diýen atalar sözüne öwrülip galypdyr.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Hakykatdan-da Alla meret aýynyň ortasynda öz ýaradan bendeleriniň ählisiniň günäsini geçer. Diňe özüne şirk goşan müşrigi[2] we öz musulman dogany bilen öýke-kineli ýagdaýda bolanyň günäsini geçmez».

* * *

Hasan Basry oraza baýramy günlerinde birnäçe adamlaryň gülüşip-oýnaşyp ýörendiklerini görüpdir. Ol şeýle diýipdir: «Oraza ynsanlaryň Allanyň tagat-ybadatynda ýaryşmak üçin aýlaw edilip goýuldy. Ömrümden ant içýärin eger, aradaky gaýyp perde açylyp, hemme zat äşgär bolsa-dy, bularyň arasyndaky ýagşy kişiler haýyr işleri bilen, zalymlar bolsa donlaryny täzeläp, çekýän arpalaryndaky kem çekmekden seresap bolmak bilen meşgul bolardylar».

* * *

Sagyt ibn Jubeýr[3] Ibn Apbasdan şeýle gürrüň beripdir: «Dünýä jemi ýedi müň ýyldyr. Şu wagt alty müň bir ýüz ýyl

---

[1] Ýusup pygamberiň döwründäki ýedi ýyllap bolan guraklyk göz öňünde tutulýar.
[2] Müşrik – butparaz, köphudaýly.
[3] Sagyt ibn Jubeýr Esedi Abu Abdylla - kufaly uly alymlaryň biri. Onuň asly hebeşli we eset ogullary taýpasyndan Walibe ibn Harysyň guly bolup, soň azat edilipdir. Ylymyny Ibn Apbasdan we Ibn Omardan öwrenipdir. Ibn Apbas Kufa şäherine gelen wagty ondan pitwa sorar ekenler. Ol hem: «Siz menden pitwa soraýarsyňyz, siziň araňyzda Ibn Ümmi Dehma (ýagny Sagyt) bar ahyry» diýipdir. Tä Abdyrahman ibn Muhammet ibn Eşgas Abdylmälik ibn Merwan tarapyndan öldürilýänçä onuň ýanynda birnäçe ýyl ýaşapdyr. Soň ony Mekgäniň häkimi Halyt

geçdi. Ýöne ýyllardan ýene-de asyrlar geler, olar muňa birleşen däldir (bulardan başgadyr)».

* * *

Kagbul Ahbar[1] şeýle diýipdir: «Dünýäniň uzynlygy 6000 ýyldyr».

* * *

Şu wagt ajal ýakaňdan tutmanka, onuň bu pursatyny amal etmäge mümkinçilik we olja hasapla. Sebäp we bahana görkezmegi taşla. Sen çäkli wagtyň içindesiň we ömrüň hem uzak däldir.

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Eý, dünýäni talap ediji, dünýäni ýyk. Seniň ony terk etmegiň oňa iňňe sokan ýalydyr».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Kim möwç urýan deňizde öý gurnar. Bu size dünýädir. Ony ýaşaýyş ýeri hökmünde tutmaň».

---

ibn Abdylla Kusry tutup, Hajjaja iberipdir. Ol hem 90-njy hijri ýylynda ony Wasytda öldüripdir.

[1] Kagb ibn Manyg ibn Hyjnyl Hamyry Abu Yshak - tabygyn. Kagbul Ahbar ady bilen meşhur. Jahylyýet döwründe Ýemendäki ýehudy alymlaryndan bolupdyr. Soň Abubekriň döwründe yslamy kabul edipdir we Hezreti Omaryň döwründe Medinä gelipdir. Sahabalaryň we beýlekileriň köpüsi ondan öňki geçen milletleriň habarlaryny öwrenipdirler. Gurhany we hadyslary sahabalardan öwrenipdir. Soň Şamda we Humsda ýaşapdyr. Şol ýerde hem 32-nji hijri ýylynda 104 ýaşynda wepat bolupdyr.

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Kim dünýäde özüni erbet alyp barsa, Alla oňa garşy çykar. Ahyrete diňe dünýäni terk etmek bilen ýetip bolar».

* * *

Rahypdan:

— Nädip dünýäni özüňe gadagan edýärsiň? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Men özümiň ondan islegsiz çykjakdygyma göz ýetirdim, şonuň üçinem ondan öz islegim boýunça çykdym — diýipdir.

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) bir gün Resulallanyň ýanyna barypdyr. Resulalla şol wagt boýranyň üstünde ýatan eken. Hezreti Omar ony görüp, aglap:

— Eý, Allanyň pygamberi, bir düşek ýazyp ýumşak ýerde ýatsadyňyz — diýipdir.

Onda pygamber oňa :

— Meniň dünýä bilen işim ýok. Men bilen dünýäniň mysaly göýä bir syýahatçynyň yssy günde seýr edip barýarka, bir agajyň aşagynda dynç almak üçin düşläp, dynç alyp, soň bolsa terk edip gidişi ýalydyr — diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim-de kim juma güni sabyr edip we sogap isläp agzyny beklese, oňa on sany üýtgeşik gün berler, ol günler dünýä günlerine meňzemez».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Biliň, Alla size rehim etsin. Hakykatdan hem siz hakykatyň az aýdylýan wagtynda, dilleriň dogruçyllykdan kütek, hakykatyň basgylanýan döwründe ýaşaýarsyňyz. Siziň döwrüňiziň ýaşaýjylary günälere özüni beren, aldanylmaga öwrenişen, ýaşlaryňyz azan, garrylaryňyz günäkär, alymlaryňyz mynapyk, karylaryňyz ryýakär. Kiçileriňiz ululary̆ňyza hormat goýmaýar, baýlaryňyz garyplaryňyza seretmeýär».

* * *

Kimiň juma güni metjitden çykmanka gözünden ýaş aksa, Allatagala çepdäki perişdä bakyp: «Bendämiň amal depderini düýrle. Indiki juma çenli onuň günä işlerini ýazma!» diýer.

* * *

Abu Zer şeýle diýipdir: «Dünýä göýä ýumşak başly düýe ýalydyr. Eger onuň kellesinden tutsaň, guýrugyny hem getirer, ýagny eger günüň başyny haýyr bilen başlasaň, tä soňuna çenli şol gün haýyrly bolarsyň».

* * *

Lukman Hekim ogluna şeýle diýipdir: «Dünýäniň içine girme, aralaşma, ol seniň ahyretiňe zyýan ýetirer. Ony terk hem etme, ynsanlara ýük bolarsyň».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) her gezek münbere çykyp dik durup, hutbasyny şeýle sözler bilen başlar eken: «Eý, ynsanlar, Alladan gorkuň! Ol ynsany ýöne

ýere oýun üçin ýaradan däldir. Ol ynsany ýöne ýere öz peýwagtyna goýberen däldir. Ahyretiň tersine erbetlikleri gözüňize gowy şekilde görkezilýän dünýäňizi hem ýöne ýere ýaradan däldir. Siziň dünýäde rüstem hasaplap, uly ähmiýet berýän ulumsylygyňyz näme? Ahyretden hem rüstem görýän pes gynançlaryňyz ýaly bular näme?».

* * *

Huzeýfe[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Siziň iň haýyrly bolanyňyz ahyreti dünýä üçin terk edeniňiz ýa-da dünýäni ahyret üçin terk edenleriňiz däldir. Gaýtam, tersine, ikisinden hem peýdalanandyr».

* * *

Halypa Mugawyýa Dyrar ibn Damra Şeýbanydan Hezret Aly barada sorapdyr. Onda ol: «Şaýat bolýaryn, men ony köp ýerlerde gördüm. Bir gezek ol mährapda durup, bir eli bilen sakgalyndan tutup, närahat ýagdaýda enesini ýitiren köşek ýaly aglap şeýle diýýärdi:

— Eý, dünýä, dünýä! Sen menden daş dur. Sen maňa hüjüm edýärsiňmi ýa-da maňa hasrat çekdirýärsiňmi? Seniňki ýaly hyýanatym ýok. Haýhat, haýhat! Sen menden başgasyny gözle! Meniň saňa mätäçligim ýok. Men seni gaýdyp yza almaz ýaly üç gezek talak diýdim. Seniň ýaşaýşyň gysga. Seniň hataryň aňsat. Seniň maksadyň pes. Ah, azyk az, ýol bolsa uzak. Sapardan soň baryljak ýer uludyr».

---

[1] Huzeýfe ibn Hasel ibn Jabyr Abesi Abu Abdylla - sahaba. Ýeman Hasemi onuň lakamydyr. Hezreti Omar ony Medaýyn şäherine häkim belläpdir. Köp ýeňişlere gatnaşypdyr. 36-njy hijri ýylynda Medaýynda wepat bolupdyr. Hadys kitaplarynda onuň adyndan 225 hadys aýdylýar.

* * *

Muhammet ibn Wasyg bir gezek dünýäniň gürrüňini edip oturan bir jemagatyň ýanyndan geçip barýarka:

— Bular kim? — diýip sorapdyr.

Oňa:

— Bular zahytlar — diýipdirler.

Onda ol:

— Dünýä nähili hatarly zatdyr, hatda zahytlar hem onuň gürrüňini edýärler — diýipdir.

* * *

Lukman Hekim şeýle diýipdir: «Eý, oguljygym! Sen uklaýşyň ýaly ölersiň, oýanyşyň ýaly hem direlersiň».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Dünýäden habardar boluň. Ondan hiç zat galan däldir, gapda galyndynyň galyşy ýaly diňe galyndy galandyr. Şeýle-de ahyret sizi hem garşy alar. Olaryň ikisiniň hem ogullary bardyr. Siz ahyretiň ogullaryndan boluň. Dünýäniň ogullaryndan bolmaň. Her bir dogan çaga kyýamat güni ejesine garaşjakdyr. Şeýle-de bu günler amal günüdir, hasap güni däldir. Ertir bolsa hasap günüdir, amal güni däldir».

* * *

Abytdan:

— Dünýäni näme üçin terk etdiň? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Sebäbi men onuň lezzetini özüme gadagan etdim, şonuň üçinem onuň gaýgysyndan daş durýaryn — diýipdir.

* * *

Başga bir abyda bolsa:

— Sen hem dünýäden öz paýyňy al, sebäbi sen ondan gitmeli bolarsyň –diýipdirler.

Ol:

— Seniň şu sözüňden soň meniň ondan lezzet almazlygym wajyp boldy — diýipdir.

* * *

Abdylmälik ibn Merwan şeýle diýipdir: «Men remezan aýynda doguldym. Rejep aýynda Gurhany hatym etdim. Halypalyk hem remezan aýynda berildi. Remezan aýynda ölerin öýdüp hem gorkýaryn.

Emma şowwal (baýram) aýy gelende, ol arkaýynlaşypdyr we şol aýda hem wepat bolupdyr».

* * *

Men şol bir günde haýsydyr bir halypanyň hem ölen, hem halypa bolan, hem doglan gününi bilmeýärin. Ýöne bir gijede halypa Hady doguldy, Harun Reşit halypa boldy we halypa Mansur dünýä indi, ine, men şol güni bilýärin.

## IKINJI BAP

## ARŞ, KÜRS, ÝYLDYZLAR WE ASMAN HAKYNDA

Hezreti Alynyň aýtmagyna görä, Resulalla bir gezek asmana garap şeýle diýipdir: «Ony ýaradan, galdyran, tertipli-düzgünli, gat-gat edip goýan, gör nähili beýik».

Soň bolsa ýere garap şeýle diýipdir: «Ony ýaradan, tertip-düzgüne salan we ýazyp goýan, gör nähili beýik!»

* * *

Ibn Mesgut şeýle diýipdir: «Asman bilen ýeriň aralygy bäş ýüz ýyldyr. Her bir asman bilen beýleki asmanyň arasy hem bäş ýüz ýyldyr. Ýedinji gat asman bilen kürsüň arasy bäş ýüz ýyllyk ýoldur. Kürs bilen suwuň arasy bäş ýüz ýyldyr. Arş hem suwuň üstündedir».

* * *

Şeýle hem Ibn Apbasyň, Mujahydyň, Dahhagyň[1] sözlerine salgylanyp aýdylyşyna görä, arş kürsden başgadyr.

---

[1] Dahhak ibn Muzahym Balhy Horasany - tefsir alymy. Çaga terbiýeçisi bolupdyr. 105-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Arş bilen kürs ikisi bir zatdyr».

* * *

Aýdypdyrlar: «Arş bilen kürsüň ýaradylmagyndan maksat, olaryň ikisi bilen Allanyň güýjüniň we belentliginiň görkezilmegidir. Perişdeler olary götermek bilen ol ýerlerde ybadat edýärler. Olary togap edýärler. Şeýle hem dünýäde bir öýüň kybla hökmünde togap etmek üçin goýluşy we oňa namaz okanlarynda ýüzlenişleri ýaly ol ýerler hem perişdeleriň kyblasydyr. Ol Alla mekandan münezzehdir.[1] Ol ähli ýerleriň ýaradyjysydyr. Ol bardyr we onuň mekany ýokdur».

* * *

Arşy göterýän perişdeleriň artykmaçlyklary barada şeýle diýlipdir: «Ol perişdeler gezekli-gezegine çalşyp durýarlar, bular beýleki perişdelerden artykdyr. Allatagala arşy göterýän bu perişdelere Muhammet ymmaty üçin ystygfar[2] aýtmagy buýrupdyr».

* * *

Çarwa arap remezan aýynyň 27-sine inçelen aýa seredip şeýle diýipdir: «Meniň garnymy ajykdyryşyň ýaly, seniň hem jismiňi inçelden Alla taryp bolsun!».

* * *

Käbir münejjimler şeýle diýipdirler: «Beýleki pygamberler Sünbülde we Mizanda doglandyrlar. Pygamberimiz hem

[1] Münezzeh – hemme kemçilikden päkdir, kemçiligi ýokdur.
[2] Ystygfar – günä geçmek üçin dileg etmek, estagpyralla diýmek.

Mizanda doglupdyr. Onuň özi bolsa men Balykda doguldym diýipdir. Münejjimleriň hasabyna görä, ol Semmak Ramyh[1] ýyldyzlar toparynda doglupdyr».

* * *

Ibn Dukeýnden[2]:

— Müşteri ýyldyzynyň[3] haýyrlydygyna seniň deliliň näme? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Onuň owadanlygy — diýip jogap beripdir.

* * *

Allatagala Isa pygambere wahy edip şeýle diýipdir: «Ynsanlara ýumşaklykda edil aýagyň aşagyndaky ýer ýaly bol. Jomartlykda bolsa akar suw ýaly bol. Rehim-merhemetde Gün we Aý ýaly bol. Sebäbi olar gowy bolsaňam, erbet bolsaňam, üstüňize dogýandyr».

* * *

Dogup gelýän güne şeýle diýlipdir: «Saňa surat beren, dolandyran, nurlandyran, eger ol halasa, seni tegelek eden, gör nähili päkdir».

---

[1] Arktur ýyldyzlar topary.

[2] Fuzaýl ibn Dukeýn ibn Hammat Teými Meläýi Abu Nagym - kufaly hadys alymy. Buharynyň we Müslimiň ussady. 130-nji hijri ýylynda dünýä inipdir. Onuň döwründe halypa Mamun ynsanlara Gurhanyň mahlukdygy (ýaradylandygy) baradaky pikiri kabul etdirmäge çalyşypdyr. Mamun ony Kufa çagyrypdyr we ondan hem bu meselede pikirini sorapdyr. Ol: «Siz Kufada ýetmişden köpräk şyhyň bardygyny bilýärsiňiz. Olardan Agmeş we onuň tarapdarlary: «Gurhan Allanyň kelamydyr» diýýärler. Muny kabul edenimden, kellämiň kesilmegi has gowudyr» diýipdir.

[3] Ýupiter ýyldyzy.

* * *

Hyjazyň ýaşaýjylaryndan bolan Abu Kusaýsa remezan aýynda hilala[1] seredipdir we şeýle diýipdir: «Sen bize iki şahyň bilen geldiň, eger men seni sapara çykmak bilen kesmesem[2] «Alla meniň janymy alsyn».

* * *

Bir adamyň iki barmagyna gaýçynyň halkalaryny geýdirip, münejjimiň ýanyna iberipdirler. Ol münejjimden:

— Meniň elimde näme bar? — diýip sorapdyr.

Ol hem:

— Demir ýüzük — diýip jogap beripdir.

* * *

Ýolbaşçylaryň biri öýünde kümüş käsesini ýitiripdir. Ol Ibn Mahanyň[3] ýanyna barypdyr. Onda Ibn Mahan oňa:

— Käsäni onuň özi ogurlapdyr — diýipdir. Onuň bu sözüne gülşüpdirler. Onda Ibn Mahan gaharlanyp:

— Siziň öýüňizde Kümüş atly gyrnak barmy? — diýip sorapdyr.

Oňa :

— Hawa — diýip jogap beripdirler.

Ol hem:

---

[1] Hilal – täze dogan aý.

[2] Remezan aýynda sapara çyksaň, agzyňy açmaga rugsat berilýär.

[3] Aly Isa ibn Mahan – Harun Reşit bilen Eminiň döwründäki uly serkerdeleriň biri. Halypa Emine dogany Mamuny mirasdüşer şazadalykdan düşürmegi maslahat beren adam. Emin ony uly goşuna serkerde edip, Mamuna garşy iberipdir. Mamunyň goşun serkerdebaşysy Tahyr ibn Hüseýin eken. Olar Reýde çaknyşypdyrlar. 195-njy hijri ýylynda bolan bu söweşde Ibn Mahan ýeňilipdir, özi hem wepat bolupdyr. Ol bilgiç hem bolupdyr.

— Kümüşi Kümüş aldy — diýipdir. Bu onuň aýdyşy ýaly hem bolup çykypdyr.

* * *

Münejjimi haça çüýläpdirler we ondan:

— Sen muny öz ýyldyzlaryňda görüpmidiň? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Men beýgeljegimi görüpdim. Ýöne onuň agajyň üstünde boljagyny bilmändirin — diýipdir.

* * *

Halypa Mamun şeýle diýipdir: «Men iki ylyma seredýärin we olaryň dogry däldiklerini görýärin. Olar ýyldyz we pal ylmydyr».

* * *

Çarwa arapdan:

— Ýyldyzlar barada näme bilýärsiň? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Öz günde görüp ýören zadyny kim bilmeýär?! — diýipdir.

* * *

Çarwa arap aýallardan:

— Siz ýyldyz barada näme bilýärsiňiz? — diýip sorapdyrlar.

Olar:

— Alla päkdir. Biz her gije öz üstümize ýalkym saçýan ýaranlarymyzy bilmän näme? — diýipdirler.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Biziň aramyzda asmana we ýyldyzlara seredip, uzyn süýnüp ýatan adam bardy. Ol şeýle diýdi: «Walla, men bilýärin seniň Rebbiň we Halygyň bar. Eý, Allam, meni bagyşla!».

Alla hem oňa nazar etdi we onuň günälerini bagyşlady».

* * *

Zeýt ibn Ýahýa[1] şeýle diýipdir: «Biz Mälik ibn Dinaryň ýanyndadyk. Şol wagt biziň ýanymyza Behrany geldi. Ol Mälige salam berdi we oňa:

— Eý, Abu Abdylla, bize wagyz et! — diýdi.

Onda ol:

— Eý, Abu Ýahýa ! Walla, eger sen Allany doly tanasadyň, her bir sözden we wagyzdan bu aýan bolardy. Eý, Abu Ýahýa! Hakykatdan-da, möminler Hudaýlaryny görüp ybadat etmeýärler. Olar oňa delile görä ybadat edýärler. Eger olar gijäniň we gündiziň çalşyp durmagyna, bu çarhypelegiň aýlanyşyna, bu duran asmanyň diregsizdigine, deňizleriň we derýalaryň akyşyna seretseler, onda bularyň ýaradyjysynyň, dolandyryjysynyň bardygyny bilerdiler. Olara ýeriň we asmanyň ýaradylyşy zerre ýaly hem geň bolmazdy. Onuň delil edýän zatlary bilen ybadat ediň, reňkiňizi üýtgedip, göýä ony görýän ýaly bolup ybadat ediň!»

---

[1] Abu Abdylla Zeýt ibn Ýahýa ibn Ubeýt Hazagy - ynamdar hadys rowaýatçysy. Mälikden, Awzagydan, Leýsden we beýlekilerden hadys rowaýat edipdir. Ondan Ahmet ibn Hanbel we Abu Haýseme rowaýat edipdir. 207-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Abu Berze[1] şeýle diýipdir: «Pygamberimiz bir gün sahabalary bilen çykdy. Olar ýaradan barada pikirlenýärdiler. Pygamberimiz olara şeýle diýdi: «Ýaradylan barada pikir ediň, ýaradan barada pikir etmäň. Sebäbi pikir ony doly düşündirmekden ejiz geler. Allanyň asmany ýedi gat edip ýaradandygy barada, her bir ýeriň ýygylygynyň bäş ýüz ýyldygy we her asmanyň ýygylygynyň bäş ýüz ýyldygy we her bir asmanyň bäş ýüz ýyllyk ýoldugy barada, ýedinji asmanda derýanyň bardygy barada, onuň çuňlugynyň bolsa bularyň hemmesiniň uzynlygy ýalydygy barada, ol ýerde bir perişdäniň bardygy we suwuň onuň topugyndan hem geçmeýändigi barada pikir ediň».

* * *

Zunnun Müsri[2] şeýle diýipdir: «Men bir kişiniň derýanyň ortasyndaky dagyň üstünde durup, şeýle gygyrýandygyny eşitdim. Ol şeýle diýýärdi: «Rebbim, Rebbim! Men deňizleriň we adalaryň aňyrsynda goragsyz we ýalňyz. Sen ýeke-täk hökümdarsyň! Sen biri bilen dostlukdan hoşal bolsaň, ony ýalňyz galdyrarsyň. Kim seniň gudratlaryňa seretse, aňkasy aşmaz, Sen asmany mäkäm berkitdiň. Seniň pelegi düzgün-nyzamly goýmagyň halkyň akyllaryndan has ýokardadyr. Sen umman arşy diregsiz galdyrdyň, suwy sürüjisiz dolandyrdyň,

---

[1] Fazla ibn Ubeýt ibn Harys Eslemi Abu Berze – medineli sahaba. Soň Basra göçüpdir. Hezreti Aly bilen Nehrewan söweşine gatnaşypdyr. Soň Ezaryka söweşine Muhellep ibn Abu Safra bilen gatnaşypdyr. 65-nji hijri ýylynda Horasanda wepat bolupdyr.

[2] Sowban ibn Ybraýym Ahmymy Müsri Abul Feýýaz - Müsüriň meşhur abytlarynyň biri. Asly Nubaly. Halypa Mütewekkil ony zyndyklyk bilen günäkärläpdir. Ony öz ýanyna getirdip, onuň sözlerini diňlän soň, ony goýberipdir. Müsüre gaýdyp gelip, 245-nji hijri ýylynda Eljezirede wepat bolupdyr.

ýelleri böwetsiz iberdiň. Bular seniň ýeke-täkligiňe delillik edýär.

Asmanlar seniň güýjüňe delillik edýär, pelekler seniň ajaýyp döredişiňe delildir. Ýeller seniň mylaýym bereketiňe delildir. Ýyldyrymlar seniň aýatlaryň belent sesine delildir, ýer seniň ähli hikmetleriňe delildir, derýalar seniň kelamlaryň süýjüliginiň açylmagyna delildir, agaçlar seniň ýaradan zatlaryň gözelligine delildir, Gün hem seniň kämil ajaýyplyklaryňa delildir».

* * *

Eger Beni Ysraýyldan kim otuz ýyllap Alla ybadat etse, sellesi oňa saýa bolar eken. Emma bir adam otuz ýyllap ybadat edipdir, emma sellesi oňa saýa salmandyr. Onsoň ol bu ýagdaýy ejesinden sorapdyr. Ejesi hem oňa:

— Mümkin, sen bu ýyllaryň içinde bir günä iş edensiň — diýipdir.

Ol:

— Ýok, edemok — diýip jogap beripdir.

Ejesi:

— Sen pikir etmezden, ýekeje gezek hem bolsa, gözleriňi asmana dikip, seretdiňmi? — diýipdir.

Ol:

— Hawa — diýipdir.

Onda ejesi:

— Ine, saňa zyýan hem şundan ýetipdir — diýipdir.

* * *

Ýokary wezipelileriň biriniň aýaly ýüzügini ýitiripdir we ol Abu Magşaryň[1] ýanyna gidipdir. Abu Magşar hem oňa: «Ýüzügi Allanyň hatymy[2] aldy» diýipdir. Ol aýal onuň bu sözüne geň galypdyr. Soň ýüzügi gözläpdir we ony Gurhanyň sahypalarynyň arasyndan tapypdyr.

* * *

«Newabygyl-kelimde»[3] şeýle diýlipdir:

Ýaýrady ähli ýere ýagşy, haýyrly jeza[4],
Şugradan[5] soň ýyldyzyň gowusy bolar Jöwza.

* * *

Rumlular şeýle diýipdirler: «Eger rumlularyň gohgalmagallary we sesleri bolmasa-dy, ynsanlar batyp barýarka Günüň sesini eşiderdiler».

* * *

«En-Nesaýyh es-sygarda» şeýle diýilýär: «Gözleriňi bu ýyldyzlaryň zynaty bilen doldur. Olara bu geň-ajaýyplyklary görkez. Ykbalyň seni sapara alyp gitmezinden we seniň bilen ýazgydyň arasy üýtgedilmezden öňürti ony ýaradanyň gudratlary barada pikirlendir, ýöredeniň hikmeti barada pikir ýöret».

---

[1] Meşhur münejjim.
[2] Hatym – 1. Ýüzük. 2. Soňladyjy. 3. Gurhan hem Allatagalanyň iň soňky kitaby bolansoň hatym diýýärler.
[3] Newabygyl-kelim – Mahmyt Zamahşarynyň edebiýata degişli eseriniň ady.
[4] Jeza – bu ýerde sylag manysynda.
[5] Sirius ýyldyzy.

* * *

Ýedigen dört bölümden ybaratdyr. Olaryň ýyldyz toplumlary üçdür: öňde duran, ortada duran, yzda duran. Ortadaky duran ýyldyzjyk örän kiçi bolup, ol göýä asmana ýabşyrylan ýalydyr. Oňa: Sehä, Saýdak we Nugeýş (ýedigenjik) diýýärler. Ynsanlar onuň bilen gözleriniň ýitiligini barlaýarlar. Kimiň göreji pes bolsa, ony görmeýär.

* * *

Rowaýata görä, sahabalar hem ýedigenlere garap: «Ýedigeniň gyzlary, ýedigeniň ogullary, ýedigeniň maşgalasy» diýip sanapdyrlar.

* * *

Şygyr :

Iki sany dogan hakda heý, eşidip gördüňmi?
Şemamyň[1] iki ogly, ýaly olar duýduňmy?
Demirgazyk ýyldyzy hem-de Ýedigen olar,
Duşmarsyň ýitenine, olar elmydam bolar.

* * *

Aýdypdyrlar: «Arş üç ýagdaýda titrär: uly günä edilende, diller yhlas sözüni aýdanlarynda[2] we takwa mömin kişiniň ölüminde».

---

[1] Şemam – bir dag ady. Onuň iki sany beýik gerşi bolupdyr.Oňa hem «Şemamyň iki ogly» diýipdirler.

[2] «Lä ilähe illalla» (Alladan başga hudaý ýokdur) sözi aýdylanda ýa-da «Yhlas» süresi okalanda.

* * *

Resulalla şeýle diýipdir: «Arş Sagt ibn Mugazyň[1] ölümine hem titredi».

* * *

Beýtil-magmuryň[2] ýerleşýän ýeri barada çapraz pikirler bolupdyr. Bir topar: «Ol Adam alaýhyssalamyň ýere indirilenden soňra guran ilkinji öýüdir, ol Nuh tupany wagtynda asmana göterildi. Her gün oňa ýetmiş müň perişde girýär. Perişdeler oňa göterilen öý diýýärler, sebäbi ol ýerden asmana göterildi» diýipdir.

* * *

Ibn Tufeýl[3] şeýle diýipdir: «Hezreti Alydan eşidişime görä, ondan beýtil - magmur barada soranlarynda, ol: «Asmanda Käbäniň deňesinde duran bir binadyr. Oňa günde ýetmiş müň perişde ybadat etmek üçin girýär we şonda beýleki perişdelerden ýaňa oňa tä kyýamata çenli nobat ýetmeýär» diýip jogap gaýtarypdyr».

* * *

Şeýle-de oňa «ol bir guburdyr» hem diýlipdir. Eger kim onuň ýeri barada belli bir zat aýtsa, ol ýalňyşar.

---

[1] Sagt ibn Mugaz ibn Nugman ibn Ymraul Kaýs Ewsi Ensary - abdyleşhel taýpasyndan bolan ensary sahaba. Ews tiresiniň ýolbaşçysy bolupdyr we Bedr jeňinde ewsleriň baýdagyny göteripdir. Şeýle hem ol Uhutda mertlerçe söweşipdir. Hendek hadysasynda ok degmegi zerarly, bir aýdan soňra 5-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Gurhanda ady agzalýan bir öý. Onuň nirede ýerleşýändigi barada dürli garaýyşlar bar.

[3] Abdylla ibn Tufeýl Bekaly – Hezret Alynyň tarapdary. Hezreti Aly bilen Syffyn söweşine gatnaşypdyr.

* * *

Hasan Basry we Ibn Apbas şeýle diýipdirler: «Ol Mekgede bolan öýdür, Käbedir. Ony togap edýänler bolsa magmurlardyr, ýagny hajylardyr».

* * *

Muhammet ibn Abbat ibn Japar[1] Käbä seredýän wagty şeýle diýipdir eken: «Rebbimiň öýi gör, nähili ajaýyp! Nähili oňat hem owadan. Walla, bu beýtil-magmurdyr!».

* * *

Aýdypdyrlar: «Ol dünýäde-de, asmanda-da bardyr».

* * *

Aýdypdyrlar: «Ol dördünji asmanda bir öýdür».

* * *

Aýdypdyrlar: «Ol altynjy asmandadyr».

* * *

Aýdypdyrlar: «Ol ýedinji asmandadyr».

* * *

Japar ibn Muhammet şeýle diýipdir: «Ol arşyň aşagyndadyr».

---

[1] Muhammet ibn Abbat ibn Japar ibn Rafaga ibn Umeýe ibn Amyt ibn Abdylla ibn Omar ibn Mahzum - ynamdar hadys rowaýatçysy. Ibn Sagt «Tabakat» atly kitabynda ony mekgeli rowaýatçylardan hasaplapdyr.

* * *

«Newabygyl-kelimde» şeýle diýilýär: «Gämini suwda ýüzdüren, pelegi asmanda ýöreden Alladyr».

* * *

Ibn Apbas aýalyna asmandaky ýyldyzlaryň sany ýaly talak beren kişä: «Saňa diňe Jöwzanyň hekgasy hem ýeterdi» diýipdir. Hekga — Jöwzanyň başydyr.

* * *

Kiçi Üçýyldyz üç aýaklydyr. Oňa «tagan» diýlipdir.

* * *

Rowaýata görä, Muhammet alaýhyssalamyň aýaly Merýemden bolan ogly Ybraýym wepat bolanda gün tutulypdyr. Şonda «Gün onuň wepat bolmagy sebäpli tutuldy» diýipdirler. Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Hakykatdan Gün we Aý Allanyň alamatlaryndan iki alamatdyr. Olar kimdir biriniň ölümine ýa-da dogulmagyna tutulmazlar. Eger Günüň tutulandygyny görseňiz, tä açylýança namaz okaň we doga ediň».

* * *

Welit ibn Jemig[1] şeýle diýipdir: «Men Ykrymany[2] gördüm, ol bir adamdan ýyldyz hasaby barada sorady. Ol adam

---

[1] Welit ibn Jemig ibn Abdylla ibn Jemig Zuhry – kufaly hadys rowaýatçysy. Abu Tufeýlden we Abu Seleme ibn Abdyrahmandan hadys rowaýat edipdir. Ondan bolsa Ýahýa ibn Sagyt Kytan, Abu Ahmet Zebiri we beýlekiler rowaýat edipdirler. Ibn Mugyn bilen Yjly ony ynamdar adam hasaplapdyrlar. Müslim «Sahyh» atly kitabynda onuň adyndan hadys getiripdir.

[2] Ykryma ibn Abdylla Berberi Medeni Abu Abdylla - tabygyn neslinden bolan tefsir we taryh alymy. Birnäçe ýurtlara syýahat edipdir. Ondan 300 töweregi adam hadys rowaýat edipdir. Olaryň 70-den köprägi tabygyndyr.

hem oňa bir zatlary gürrüň berdi. Ykryma şeýle diýdi: «Men Ibn Apbasyň: «Ynsanlar ol ylmy bilmekden ejizdir. Eger sen ony öwrenmek isleýän bolsaň, men ony saňa öwredeýin» diýendigini eşitdim.

* * *

Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Ol pygamberlik ylmydyr. Käşgä men hem ony gowy bilsemdim».

* * *

Hezreti Aly (Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn): «Kim-de kim Gurhandan ugur alyp, ýyldyz ylmyndan bir ylym öwrense, onuň imany we ylmy artar» diýipdir, soň bolsa: »Gijäniň we gündiziň çalyşmagynda» diýen aýatyny[1] okapdyr».

* * *

Meýmun ibn Mihran[2] şeýle diýipdir: «Siz habardar boluň, ýyldyzlara aldanmaň. Sebäbi ol pygamberlik ylmyndan bir ylymdyr».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Aýyň ýiten wagtlary we Aý akrap ýyldyzlar toparyna girende, ýola çykmaklyk we toý tutmaklyk gowy däldir».

---

[1] Gurhanyň «Ýunus» süresiniň 10-njy aýaty.

[2] Meýmun ibn Mihran Rukky Abu Eýýup - kazy we fykh alymy. 37-nji hijri ýylynda dünýä inipdir. Kufada ösüp ulalypdyr. Soňra Eljezire şäherlerinden bolan Rukka gidipdir. Eljeziräniň alymlarynyň ymamy bolupdyr. Omar ibn Abdyleziz ony salgyt we kazylyk işlerine belläpdir. 108-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Rowaýata görä, bir adam Hezreti Alydan bu mesele barada sorap:

— Men Aýyň ýiten wagty söwda gitjek bolýan? — diýipdir.

Ol hem:

— Sen näme Allanyň seniň söwdaňy bereketsiz etmegini isleýärmiň? Aýyň çykaryna garaş! — diýipdir.

* * *

Mugawyýa Allama Dagfal ibn Hanzalany[1] ogly Ýezide terbiýeçi bellände şeýle diýipdir: «Oňa arap dilini, nesebi[2] we ýyldyz ylmyny öwret».

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) ýagyş namazy wagtynda Apbasa şeýle diýipdir: «Eý, Resulallanyň agasy! Sureýýanyň ýagyşyna näçe gün galdy? Çünki münejjim alymlar onuň ýedinji gat asmana çykandygyny aýdýarlar».

* * *

Eýran şalary bolan Kesralar[3] çaga isläp üçin aýalynyň ýanyna barmakçy bolanlarynda, bir münejjim çagyrar ekenler.

---

[1] Dagfal ibn Hanzala ibn Zeýt ibn Abdyzzehm Şeýbany – dilçi alym. Arap nesebini (tire-taýpa ylymyny) gowy bilýän eken. Nesep ylymynda ol atalar sözüne öwrülipdir. Jahyz ol barada: «Ynsanlar dilde, ylymda we ýat tutmakda onuň meňzeşini görmediler» diýipdir. Mugawyýanyň halypalyk döwründe onuň ýanyna baranda Mugawyýa ondan ynsanlaryň terjimehaly, araplaryň geçmiş taryhy we münejjimlik barada sorapdyr we onuň ylymyna haýran galypdyr. Soň ony ogly Ýezide terbiýeçi belläpdir. 65-nji hijri ýylynda ezarikalar bilen bolan söweşde gark bolupdyr.

[2] Nesep – tire-taýpa ylymy.

[3] Kesra – hysrow, eýran hökümdarlary.

Kesra aýaly bilen bile galyp, ene rehmine nesil suwuny guýmakçy bolanda, gapynyň agzyndaky hyzmatkäre eli bilen bir tasa urmagyny tabşyrar eken. Bu sesi eşiden münejjim hem usturlapdan[1] onuň ykbalyna sereder eken.

* * *

Beni Ysraýyl alymlary iki ylmy: ýyldyz ylmyny we tebipçilik ylmyny gizlin saklapdyrlar. Patyşalaryň olara hajatlary bolanlygy üçin we patyşalaryň ýoldan çykmagyna sebäp bolmazlyklary üçin, olary çagalaryna öwretmändirler. Olar dinleri ýitip gider öýdüp gorkupdyrlar.

* * *

Münejjim şeýle diýipdir: «Eger Sureýýa[2] ýyldyzy agşam dogsa, çopan eşiklerini gözläp başlar, ýagny howa sowap başlar».

* * *

Katada[3] şeýle diýipdir: «Men Resulallanyň haçanda hilaly görende şeýle diýendigini eşitdim: «Hilal haýyrlydyr we dogry ýoly görkezýändir. Seni ýaradana iman etdim. Aýy eýläk-beýläk ýöredýän Allatagala öwgi bolsun!». Ol muny üç gezek gaýtalady».

---

[1] Wagty, ýyldyzlaryň hereketini we daşlaşýandygyny görüp bolýan gural.
[2] Sureýýa – birnäçe ownuk ýyldyzlardan ybarat ýyldyz.
[3] Katada ibn Dagama ibn Katada ibn Uzeýz Abul Hattap Sudusy Basry - tefsir we hadys alymy. Aýdylyşyna görä, ol Basranyň iň uly hadys alymy bolupdyr. Hadys, dil, araplaryň geçmiş taryhy we nesep ylmy boýunça uly alym bolupdyr. 61-nji hijri ýylynda dünýä inip, 119-njy hijri ýylynda hem Wasytda wepat bolupdyr.

* * *

Umeýýe ibn Abu Salt[1] şeýle diýipdir:

Ýyldyzlar nähili üýtgeýär, seret gözleriň bilen,
Rebbiň ýaradan zatlary barada özüň şeksiz pikirlen.

* * *

Tawus[2] uzyn gije aglapdyr. Ol Abu Kubeýsiň[3] üstünden dogýan Aýy görüp: «Şu dünýäniň Rebbiniň ady bilen kasam edýän. Şu aý hiç hili günäsi bolmasa-da, Alladan gorkusyna aglaýar» diýipdir we: «Siz ýerde we asmanda bolan ähli zatlaryn sejde edýän Allasyny görmeýärsiňizmi»[4] diýen aýaty okapdyr. Soň bolsa: «Bularyň hiç haýsy munuň daşynda däldir. Bularyň daşynda diňe adam ogullary bardyr» diýipdir we «Olar azap berilmäge laýyklary iň köp bolanlardyr»[5] aýatyny okap: «Olaryň içinde şükür etmäge laýyk bolany ynsandyr» diýipdir.

---

[1] Umeýýe ibn Abdylla Abu Salt ibn Abu Rabyga ibn Urf Sakafy - jahylyýet döwründe ýaşan taýyfly şahyr. Yslamdan öň Damaska syýahat edipdir. Gadymy kitaplary köp okar eken. Baryp jahylyýet döwründe aragy özüne haram eden we butlara ybadat etmegi terk edenleriň biri. Ol hristiançylygy kabul edip Bahreýne gidipdir we ol ýerde tä yslam dini ýüze çykýança sekiz ýyl ýaşapdyr. Soň bolsa Taýyfa gaýdyp gelip, Mekgede pygamberiň ýanyna gelipdir we Gurhanyň aýatlaryny eşidip, soň ol ýerden Şama gidipdir. Soň yslamy kabul etmek üçin ýene gelipdir. Ýöne şol wagt Bedr söweşiniň bolup geçendigini we söweşde daýysynyň iki oglunyň öldürilendigini eşidip, yslama girmändir we tä 5-nji hijri ýylynda wepat bolýança Taýyfda ýaşapdyr.

[2] Tawus ibn Keýsan Huwlany Hemedany Abu Abdyrahman – tabygyn neslinden bolan alym. Onuň asly Parsdan bolup, 106-njy hijri ýylynda Ýemende dünýä inipdir. Şalardan we emirlerden daş durupdyr. Ibn Uýeýne şeýle diýipdir: «Üç kişi, ýagny Abu Zer, Tawus we Söwri soltanlardan daş durdy».

[3] Mekgedäki bir dag.

[4] Gurhanyň «Haj» süresiniň 18-nji aýaty.

[5] Gurhanyň «Haj» süresiniň 18-nji aýaty.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) haryjylara[1] garşy söweşe çykmakçy bolanda hutba aýdypdyr we münejjimlik barada şeýle diýipdir: «Eý, ynsanlar, ýyldyz ylmyny öwrenmekden gaça duruň! Siz diňe gury ýerde we deňizde ýyldyzlar bilen ýol tapar ýaly maglumat-ylym öwrenip bilersiňiz. Sebäbi ýyldyz ylmy ynsany gaýypdan habar bermäge alyp gelýändir. Münejjim gaýypdan habar berýäne meňzär. Gaýypdan habar berýän bolsa jadygöý ýalydyr. Jadygöý bolsa jähennemidir. Ýör, Allanyň ady bilen».

Soň hem ýeňiji bolup gaýdyp gelipdir.

* * *

Aly ibn Hüseýin Zeýnelabydyn bir gezek täret kylmak üçin elini suw gabyna salypdyr. Soň bolsa kellesini ýokary galdyryp, asmana, aýa we ýyldyzlara seredip, olaryň ýaradylyşy barada pikire batypdyr. Şol oturyşyna hem tä daň atyp azançy azan aýdýança oturypdyr. Elini bolsa suw gabynyň içinden çykarmandyr.

[1] Haryjylar – yslamyň ilkinji ýyllarynda Hezreti Ala garşy çykan syýasy akym.

# ÜÇÜNJI BAP

## BULUT, ÝAGYŞ, ÝYLDYRYM WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Enes şeýle diýipdir: «Resulallanyň döwründe Medinäniň başyna guraklyk geldi. Pygamberimiz juma namazy üçin hutba aýdyp durdy. Bir adam turup:

— Eý, Resulalla! Gylýallar we goýunlar heläk boldy. Alladan bize ýagyş ýagdyrmagyny dileg et! — diýdi.

Ol hem elini uzadyp, doga etdi. Asman aýna ýaly boldy. Ýel turup, bulut emele geldi we soň birleşdi. Soň asman ähli suwlaryny ýere indirdi. Biz suwuň içinde ýöräp öýlerimize geldik. Bu ýagyş indiki juma çenli dowam etdi. Soň ýaňky adam baryp:

— Ýa, Resulalla, öýlerimiz gark boldy. Alladan ýagşy diňdirmegini dileg et — diýdi.

Resulalla ýylgyrdy we soň:

— Biziň üstümize däl, töweregimize ýag — diýdi.

Men ýagyşyň Medinäniň daş-töweregine ýagýandygyny gördüm, bulutlar asmanda göýä täç ýalydylar».

* * *

Äşe şeýle diýipdir: «Muhammet alaýhyssalam bir gezek gün gyzaryp başlan wagtlary münbere çykdy. Ol münberiň üstüne çykyp, tekbir we Alla öwgi aýdyp şeýle diýdi: «Siz öz diýaryňyzyň gurakdygyny we ýagyşyň wagtyndan gijä galýandygyny şikaýat edýärsiňiz. Alla sizden özüne doga-dileg etmegi buýurýar. Dileg-doga etseňiz kabul etjekdigini size wada berýär». Soň şeýle diýdi: «Eý, Allam! Sen baýsyň, biz bolsa garyp. Bize bol ýagyş iber. Inderjek ýagşyňy bize şu wagt ýetir».

Allatagala şol wagt bulut emele getirdi. Gök gürrüldäp, ýyldyrym çakdy. Soň Allanyň buýrugy bilen ýagyş ýagdy.

Ol metjide gelmänkä sil geldi. Olaryň öýlerine ylgaşyp barandyklaryny görende, gülümjiräp, şeýle diýdi: «Allanyň hemme zada güýjüniň ýetýändigine şaýatlyk edýärin. Men bolsa Allanyň guly we ilçisidirin».

* * *

Resulalla bir gezek ýagyş isläp doga etmek üçin çykanda şeýle diýipdir: «Eý, Allam! Ýeri suwa gandyrýan we bizi kynçylyklardan halas etjek, içilmegine päsgel bolunmajak görnüşde arassa, soňy gowy, köpelme güýjüne eýe, haýry köp, ähli topraklary gurşap alýan, ýere güýç bilen düşýän we ýeterlik möçberde peýdaly, zyýanly bolmadyk, möhletli däl, howlukmaç bir ýagyş iber. Eý, Allam! Bize ýagyş iber we bizi ýagyş umydyny kesenlerden eýleme! Eý, Allam! Bendelerde, ülkelerde, halkda güýçli açlyk we örän erbet bir ýagdaý bar, kynçylyk bar. Biz bulary diňe size şikaýat edýäris. Eý, Allam! Biziň ekinimizi bitir, mallarymyzyň süýdüni bol et, asmanlaryň bereketlerinden bize ýagdyr, ýeriň bereketlerinden bize ösümlikler bitir. Allam! Bu erbet ýagdaýy, ýalaňaçlygy we açlygy dep et, belalary bizden uzaklaşdyr. Bulary senden başga

uzaklaşdyrjak hiç kim ýokdur. Eý, Allam! Senden bagyşlamagyňy dileýäris. Sebäbi sen köp mähribansyň. Asmandan bize bol ýagyş iber. Eý, Allam! Sen bize doga-dileg etmegimizi emr etdiň, kabul etjekdigiňi wada berdiň. Biz hem seniň emr edişiň ýaly saňa dileg-doga etdik. Wada berşiň ýaly doga-dileglerimizi kabul et. Sebäbi sen wadaňdan dänmeýärsiň».

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) ýagyş dogasy üçin Muhammet alaýhyssalamyň agasy Apbasy araçy edip: «Eý, Allam! Biz seniň pygamberiň agasyny araçy edip, ýakynlaşmak isleýäris. Sen kitabyňda: «Diwara geler bolsak, bu ol şäherdäki iki ýetim oglanjygyňkydy. Aşagynda hem olara degişli bir gömülgi hazyna bardy. Olaryň kakalary salyh adamdy»[1] diýdiň. Seniň sözüň hakdyr, dogrudyr. Habar beren bu iki ýetimi kakalarynyň salyh adamdygy üçin goradyň. Pygamberiň hatyrasyny hem agasy sebäpli hoş et. Sebäbi biz ony şepagata araçy edinip, günälerimizden hem toba edip saňa ýakynlaşýarys» diýip dileg edenden soň, jemagata ýüzlenip: «Rebbiňizden magfyret[2] soraň. Sebäbi ol magfyret edijidir. (Şonuň saýasynda) asman, üstümize bol ýagyş iberer. Siziň mallaryňyzy, ogullaryňyzy köpelder, size bag-bossanlar berer. Size derýalar akydar»[3] aýatyny okady» .

Rawy Enes şeýle diýipdir: «Bu dogadan soň bize ýagyş ýagdy».

---

[1] Gurhanyň «Kehf» süresiniň 82-nji aýaty.
[2] Ýalkamagyny haýyş etmek.
[3] Gurhanyň «Nuh» süresiniň 10-12-nji aýaty.

* * *

Jumugadan[1]:

— Nähili bulut iň gowy? — diýip sorapdyrlar.

Ol :

— Gurşalan, gara, titreýän we örän pessejikdäki bulut, käşgä her bir ýokary galan kişi ony tutup bilsedi — diýipdir.

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir:

Çyn, hakyky tüweleýli buludyň,
Gujagyndan çöle ýagýandyr ýagyn,
Ol ot bilen başlap, öwrüldi suwa,
Ýel hem onuň bilen asmany öwdi.
Birleşdirýär gülki-agyň arasyn.

* * *

Tanuhy[2] şeýle diýipdir:

Gök gürleýär, göýä ol, bir ajaýyp okyjy,
Ýa-da bir peltek hatyp hutba okana meňzeýär.
Ýa arlaýan peleň ol, ýa-da şaglawuk güýji,
Ýa deňziň möwji bolup, güwlän goma meňzeýär.

* * *

Daýhanlar şeýle diýipdirler: «Ýaz ýagyşynyň hemmesi suwdur, ýagny hemmesi peýdalydyr diýmek isleýärler. Bu hem suwuň hemme zadyň durmuşydygyny aňladýar. Ýaz ýagşy ýeri

---

[1] Jumuga – araplaryň çarwa aýal şahyry.

[2] Sahyp ibn Abbat – edebiýatçy alym we wezir. Onuň «Wezirler» atly kitaby bar. 385-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

direldýär. Ýaz ýagşy beýleki pasyllardaky ýagyşlar ýaly ýeri zaýalamaýar».

* * *

Isgenderiň tabydyny gören akyldarlar şeýle diýipdirler: «Seret bu uklap ýatanyň düýşi nähili gutardy we tomus buludynyň netijesi nähili aýan boldy!».

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Eger ýüz sany ýyldyrymy sanasaň, ynamdar bolarsyň».

* * *

Eger ýagyş ýeri doldursa, hatda ýekeje çukurjyk hem goýmasa, onda oňa: «Suwarylan ýer» diýipdirler.

* * *

Asmagy şeýle diýipdir: «Eger peýdaly doly gelse we onuň haýry görülse, oňa: «Pylan oglunyň ýeriniň ýagyş bilen gowy wadalaşyp, ony horkuldadyp içýändigini gördük» diýipdirler».

* * *

Aýdypdyrlar: «Ýurtlar aladyr. Käbir ýerlerden öt-ösümlik çykýar, käbirlerinden bolsa hiç zat çykmaýar. Ol zaýa ýerler diňe uly kynçylyk bilen ideg edilensoň hasyl berýär».

* * *

Rabyga Kaýsyýe[1] şeýle diýipdir: «Kyýamat magşar gününde gulaklaryň munadynyň[2] sözlerinden başga zat eşitmez, sen ol günde howada gar görmersiň, diňe sahypalaryň uçuşyp ýörendigini görersiň, seniň ýadyňa ynsanlaryň ýalaňaç ýagdaýda aýlanyşyp ýörmekleri düşmez, seniň ýadyňa diňe kyýamat magşar düşer».

* * *

Jahylyýet döwründe käbir samsyk adamlar bolupdyr. Eger olaryň üstüne ýyl gurak gelip, bela köpelse, hasylsyzlyk artsa we ýagyşa mätäç bolsalar, üýşüp gurplarynyň ýetdigiçe sygyr ýygnar ekenler. Soň olaryň guýruklaryny we aýaklaryny daňyp, dagyň üstüne çykar ekenler. Soň ol ýerde ot ýakyp, doga-dileg edip, ýalbaryşar ekenler. Olar muny ýagyşyň ýagmaynga sebäp hasaplapdyrlar.

* * *

Ibn Apbas Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Ýagyş jennetdendir. Eger gar köp bolup, ýagyş her näçe az bolsa-da, bereket artar. Eger gar az bolup, ýagyş hernäçe köp bolsa-da bereket artmaz».

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Eýýup alaýhyssalamyň üstüne altyndan çekirtge ýagypdyr. Ol hem olary tutup başlapdyr. Allatagala oňa wahy edip:

— Eý, Eýýup! Men seni baý etmedimmi? — diýip

[1] Rabyga Kaýsyýýe binti Ysmaýyl – takwa aýal. Ol Rabyga Adawyýa däldir. Takwahon aýallardan bolupdyr.

[2] Munady – kyýamat gopandygyny habar berýän perişde.

sorapdyr.

Onda Eýýup:

— Hawa, eý, Rebbim! Seniň keremiňdem başga maňa baýlyk gerek däl — diýipdir.

* * *

Ammar[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Ymmatym ýagyş ýalydyr. Allatagala onuň başyna-da, ahyryna-da haýyr berýär».

* * *

Bir kişi ýanlarynda bir topar çaga bolan bir kowuma seredip:

— Bular näme? — diýip sorapdyr.

Olar hem:

— Bular bilen dileg edýäris — diýipdirler.

Ol hem:

— Eger olaryň dilegleri kabul bolsa, ýerde alym galmady diýmekdir — diýipdir.

* * *

Mälik ibn Dinardan:

— Eý, Abu Ýahýa, Alladan doga et, bize ýagyş bersin — diýip haýyş edipdirler .

Ol hem:

— Siz ýagyşa garaşýarsyňyzmy? — diýip sorapdyr.

Olar :

— Hawa — diýipdirler.

---

[1] Ammar ibn Ýasir Abesi - Resulallanyň sahabalarynyň we ilkinji bolup yslama girenleriň biri. Syffyn söweşinde öldürilipdir. Onuň ejesi Sumeýýe yslamda ilkinji şehitdir.

Onda ol:
— Men-ä daşa garaşýaryn — diýipdir.

# DÖRDÜNJI BAP

## HOWA, ÝEL, ŞEMAL, YSSY, SOWUK, KÖLEGE WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Muhammet ibn Aly şeýle diýipdir: «Gije ýa gündiz tapawudy ýok, her haçan ýel turanda Muhammet alaýhyssalam ýerinden turup oturardy we şeýle diýerdi: «Eý, Allam! Eý, Allam, sen bu ýeli gazap edenleriňi heläk etmek üçin iberen bolsaň, bizi olaryň hatarynda heläk etme. Eger sen ony rehmet üçin iberýän bolsaň, biziň üçin bereketli et».

Eger damja damyp başlasa pygamberimiz: «Eý, Allam, Saňa öwgi bolsun, gazabyňy aýyr we bereketiňi inder» diýer eken».

* * *

Bagdada güýçli ýel gelipdir. Öň beýle ýel Bagdatda bolmandyr. Halypa Mäti hem sejdä baryp: «Eý, Allam! Bizi öz pygamberiň hormatyna beýleki milletlerden bolan duşmanlarymyzyň diline düşürme. Eý, Rebbim, sen hemmelere meniň günäm sebäpli bela berme, bu işler seniň gudrat eliňdedir, eý, rehmet edijileriň iň rehmetlisi» diýipdir.

Ertire çykanda Mäti 100 000 dirhem sadaka beripdir, 100 gul azat edipdir, 100 adamy bolsa haja iberipdir.

Onuň aýaly Haziran hem gorkupdyr, Mätiniň edişi ýaly ol hem sadaka berip, gul azat edipdir.

Mundan soň ynsanlar bereket barada agzanlarynda: «Zulmat işleriniň ertiri iň bereketli wagtlardyr» diýer ekenler.

* * *

Mutarraf[1] şeýle diýipdir: «Eger ýeller ynsanlaryň üstünden aýrylsa, siz asmanyň we ýeriň arasynda ýoksuňyz (ýagny ýeller ýok bolsa, kyýamat gopar)».

* * *

Saba ýeli gowulyk we janlylyk bilen taryplanypdyr. Ol demirgazygyň sowuk ýelinden has ýumşakdyr we günortanyň yssy ýelinden has mylaýymdyr.

* * *

Gassan ibn Abbat Rukka şäherine häkim bellenilende syrkawlapdyr we oňa hiç hili derman peýda bermändir. Lukmany oňa: «Abu Abbadyň keseliniň sebäbi howadyr» diýipdir. Ol hem yzyna Bagdada öwrülip gelipdir. Howasyny üýtgedipdir. Her gün onuň ýüzündäki solgun reňk açylyp başlapdyr we gutulypdyr.

* * *

Abu Hanypa Dinaweri[2] şeýle diýipdir: «Käbir ýeller gowşak öwüsýär. Günbatar ýeli pes öwüsýändir. Şeýle hem demirgazyk ýeli gije öwüsende günorta ýelinden has gow’akdyr. Demirgazyk ýeli gije öwüsende pes we gowşak ösýär. Şonuň üçin araplaryň arasyndaky bir gürrüňde şeýle diýilýär:

---

[1] Mutarraf ibn Abdylla ibn Şehir Jereşi Amyry Abu Abdylla – ynamdar hadys rowaýatçysy. Onuň hikmetli sözleri bar. Muhammet alaýhyssalamyň döwründe Basrada ýaşapdyr. Şol ýerde hem 87-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2]Ahmet ibn Dawut Dinaweri Abu Hanypa - taryhçy alym. Onuň ylmyň hemme ugruna degişli kitaby bar. Taryhçylar hem onuň kitaplaryna uly baha beripdirler.

Günorta şemaly demirgazyk şemalyna: «Men senden has belentdirin, men seýr edýärin, sen bolsa seýr etmeýärsiň» diýipdir. Demirgazyk ýeli hem oňa: «Erkin bolanlar aýlanyp ýörmezler» diýipdir.

* * *

Şygyr :

Demirgazyk şemaly dek sen ýanymda bolsaň-da,
Menden talak isleýärsiň, şeýledigin bilseň-de.

Ýagny sen demirgazyk şemaly ýaly gowy ýaşaýyşda bolsaňda menden närazy bolýarsyň, sebäbi demirgazyk şemaly ruhubelentlik berýär.

* * *

Güýçli ýel turupdyr. «Kyýamat gopdy» diýipdirler. «Zubdetul-Muhannes» atly kitapda şeýle diýlipdir: «Bu kyýamat Dejjal, debbetil-arz[1] çykmadan, Mäti inmeden bahar paslynda bolan kyýamatdyr. Biz onuň bereketli bolmagyny isleýäris».

* * *

Mütewekkiliň demirgazyk gaznasy atly döwlet gaznasy bardy. Her haçan demirgazykdan şemal ösende 1000 dirhemi sadaka berer eken.

* * *

Çarwa arapdan:

— Sen sowuk üçin näme taýýarladyň? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

[1] Debbetil-arz – kyýamat bolanda ýüze çykjak äpet mahluk.

— Uzyn-uzyn titremeler — diýipdir.

* * *

Ibn Sekra Haşymy şeýle diýipdir:

— Sowuk örän güýçli geldi, sen näme etdiň taýar?
— Ýalaňaç don, aşagynda titreýän bir beden bar.

* * *

Başga bir şahyr şeýle diýipdir:

Ýeke gün oturyp dynç alar ýaly,
Wah, bir ýel tursady, ynjalar ýaly.

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Suw diňe sowukda doňmaýar. Käwagt gijelerine diýseň sowuk bolýar. Emma suw doňmaýar. Emma käwagt gijelerine sowuk bolmasa-da, suw doňýar. Käwagtlar bolsa örän adaty gijede hem suw üýtgeýär. Bu bolsa ýeldendir».

* * *

Araplar: «Gyş erkekdir, tomus aýal» diýipdirler. Bu gyşyň ýowuzlygy we galagopludygy, tomsuň bolsa ýumşaklygy we näzikdigi üçindir. Bu olaryň häsiýetlerindendir, sebäbi olar kynçylygy erkek diýip atlandyrýarlar.

* * *

Halypa Mustagyny tagtdan agdaranlarynda oňa:
— Özüňe ýaşar ýaly ýer saýla — diýipdirler. Ol hem Basrany saýlapdyr.
Oňa:

— Ol ýeri yssydyr — diýipdirler.

Ol:

— Sen näme ol ýeri halypanyň ýitireninden hem has yssydyr öýdýärmiň? — diýip jogap beripdir.

* * *

Hezreti Äşe şeýle diýipdir: «Men Allanyň resulynyň hiç haçan kiçi dilini görkezip, gülendigini görmedim. Ol diňe ýylgyrýardy. Ol hem haçan-da bulut we ýel bolanda ýüzünde görünýärdi. Men oňa:

— Ýa, Resulalla, adamlar bulut gören wagtlary ondan ýagyş umyt edip begenişýärler. Emma sen ony göreniňde welin, seniň ýüzüňde tukatlyk görýärin —diýdim.

Onda ol:

— Eý, Äşe, men onda azabyň ýokdugyna kepil geçmeýärin. Sebäbi bir kowuma ýel bilen azap berlipdi. Men azap kowumyny gördüm. Olar: «Bu biziň ýagşymyz kimin» diýdiler — diýipdir.

* * *

Abu Hureýra şeýle diýipdir: «Men Allanyň resulynyň: «Ýel Allanyň ruhundadyr» diýendigini eşitdim.

* * *

Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Perişdeler gyşyň çykmagyny ýaşaýjylara rehmet hasaplap, begenýärler».

* * *

Enes şeýle diýipdir: «Gijäniň kyýamy[1] üçin gündiz öýlän biraz ýatyp dynç almak bilen ýardam tapyň, gündiziň orazasyna gijäniň säheri bilen kömek isläň, tomsuň yssysyna

[1] Kyýam – gijäni uklaman ybadat bilen geçirmek.

hajamat[1] bilen ýardam isläň, gyşyň sowugyna injir we kişmiş iýmek bilen kömek isläň».

* * *

Abu Sagyt Hudry[2] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Yssy günleriň birinde bir adam:

— Alladan başga Hudaý ýok. Bu gün beter yssy däl. Eý, Allam, bizi jähennemiň yssysyndan gora — diýse, onda Allatagala jähenneme aýdar:

— Gullarymdan bir bende menden seniň gyzgynlygyňdan penalamagymy isleýär. Sen meniň ony goraýandygyma şaýat bol.

Eger sowuk gün bolanda bir bende aýtsa:

— Alladan başga hudaý ýok. Bu gün nähili sowuk. Eý, Allam meni jähennemiň zemheririnden[3] gora. Alla jähenneme aýdar:

— Meniň bendäm meniň özüni seniň zemheririňden penalamagymy isleýär. Meniň ony goraýandygyma şaýat bol».

* * *

Resulalladan:

— Jähennemiň zemheriri näme? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Içine kapyrlaryň salynýan öýi. Ol ýer iň sowuk ýer — diýipdir.

---

[1] Hajamat – ýeňseden çüýşe bilen gan aldyrmak.

[2] Abu Sagyt Hudry ibn Mälik ibn Sinan Ensary – sahaba. 12 sany söweşe gatnaşypdyr. 1170 sany hadys rowaýat edipdir. 74-nji hijri ýylynda Medinede wepat bolupdyr.

[3] Zemherir – dowzahda kapyrlaryň salynjak erbet sowuk ýeri.

* * *

Abu Safwan ibn Awana şeýle diýipdir: «Möminiň sowukda täret almagy, rahybyň ähli eden ybadatyna deňdir».

* * *

Muhammet ibn Abdyleziz şeýle diýipdir: «Sowuk diniň duşmanydyr».

* * *

Isa alaýhyssalam bir gojanyň çadyrynyň kölegesinde oturypdyr. Ýaňky goja:

— Kim biziň çadyrymyzyň kölegesinde oturan. Tur, eý, Allanyň bendesi — diýipdir.

Ol hem turup, Günüň aşagynda oturypdyr-da:

— Meni sen oturtmaýarsyň. Meni bu ýere oturdýan bu pany dünýäde meniň üçin hiç bir zadyň peýdaly bolmagyny islemeýän Alladyr — diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) sowuk gyş günlerinde ýeňiljek köýnekli we ýektaýly çykýar eken. Tomusda bolsa donly we agyr çäkmenli gezýär eken.

Ondan:

— Sen sowukdan gorkmaýarsyňmy? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Haýbar gününde Muhammet alaýhyssalam maňa baýdagy berende men gyzgyndan ýaňa çişipdim. Ol meniň gözlerime tüýkürip: «Eý, Allam oňa gyzgyn we sowuk täsir etmesin» diýdi. Şondan soň maňa gyzgyn we sowuk ötenok — diýip jogap beripdir.

# BÄŞINJI BAP

## OT, ONUŇ GÖRNÜŞLERI, JÄHENNEM ODUNYŇ EÝMENÇLIGI, ÝAGTYLYK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Eger şu metjitde ýüz müň ýa-da ondan hem köp adam bar bolsa we olaryň arasynda jähennem ählinden ýekeje adam bolsa we ol kişi hem dem alsa, onuň demi zerarly metjit we onuň içindäkiler ýanar».

* * *

Bir gezek Allanyň pygamberi Muhammet alaýhyssalam Jebraýyl perişdeden:

— Näme üçin men Mikaýyl perişdäniň gülenini görmeýärin? — diýip sorapdyr

Ol hem:

— Mikaýyl ot ýaradylany bäri gülenok — diýipdir.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Dowzahylaryň iň pes azaby aýagyna otdan köwüş geýdirilip, beýnisiniň gaýnamagydyr».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Magraç gijesinde bir gykylyk eşitdim we Jebraýyldan:

— Bu ses näme? — diýip soradym.

Ol hem:

— Bu bir daşdyr. Allatagala ol daşy jähennemiň içine zyňdy. Onuň zyňylany bäri ýetmiş güýz geçdi. Daş diňe şu wagt onuň düýbüne ýetdi — diýip jogap berdi».

* * *

Abu Sagyt Hudry Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Muhammet alaýhyssalam «Ot olaryň ýüzlerini ýalar, dişlerini çarhladar»[1] aýaty barada şeýle diýdi: «Ol ot ýüzi gyzardar, üstki dodak büzüler, ýagny ol kellesiniň ortasyna çenli süýner, aşaky dodak hem aşak sallanar we göbege çenli ýeter».

* * *

Ubeýt ibn Umeýr Leýsi[2] şeýle hadys rowaýat edipdir: «Ol günde jähennem geler we ýakynlaşar. Ol şeýle bir kükrär welin, ony eşiden ne perişde, ne pygamber galar. Hatda Ybraýym alaýhyssalam ogullary Ysmaýyly we Yshaky unudyp, dyzyna çöküp:

— Eý, Allam! Senden diňe öz nebsimiň halas bolmagyny isleýärin! — diýer».

---

[1] Gurhanyň «Mu'minun» süresiniň 104-nji aýaty.

[2] Ubeýt ibn Umeýr ibn Katada ibn Sagyt ibn Amyr ibn Jendeg ibn Leýs Leýsi Abu Asym Mekki - Mekgäniň kazysy. Kakasyndan, Omardan, Alydan, Abu Hureýradan we beýlekilerden hadys rowaýat edipdir. 68-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Eger zakgundan ýekeje damja ýere damsa, ýerdäkileri gün-güzeranyndan çykarar. Nahary we şerbeti zakgun bolanyň haly nähili bolar. Onuň şondan başga tagamy ýokdur».

* * *

Tawus şeýle diýipdir: «Ot ýaradylanda perişdeleriň ýürekleri uçupdyr. Haçanda ynsan ýaradylanda rahatlaşyp, ýerine gelipdir».

* * *

Mutarraf şeýle diýipdir: «Siz jennetiň gürrüňini edýärsiňiz. Jähennemiň agzalmagy maňa Alladan jenneti ýatlamagyma böwet bolýar».

* * *

Ata Selmadan[1] sorapdyrlar:

— Eger saňa: «Jähenneme gir we ýan. Git we yzyňa öwrülme» diýilse, begenermiň?»

Ol hem:

— Özünden başga Hudaý bolmadyk Alladan ant içýärin, eger men şeýle diýilmäge laýyk bolsam, onda beýle diýilmezden öňürti begenjimden ýaňa ölerin öýdüp pikir edýärin — diýip jogap beripdir.

---

[1] Ata Selma — basraly sopy. Onuň sopuçylyga degişli birnäçe sözleri bar. Enes ibn Mäligi görüpdir we Hasan Basry bilen duşuşypdyr. 83-nji hijri ýylynda ibn Eşgas bilen bile öldürilipdir.

* * *

Rabyga Kaýsyýe şeýle diýipdir: «Men Mälik ibn Dinaryň ýanyna gelenimde ondan şu sözleri eşitdim: «Lezzeti gidip, yzy galan niçe keýpi-sapalar bardyr. Ýa, Reb! Seniň otdan başga jezalandyrmaga jezaň ýokmy?»

* * *

Hamda ibn Horasany Gün tutulan gije nalyş edip, aglap şeýle diýipdir: «Ýa, Reb, bizi näme bilen jezalandyrsaň jezalandyr, ýöne ot bilen jezalandyrma. Bizi ysmaz keseli bilen ur, öldüriji zarbany iber, näme bilen azap berseň ber, ýöne ot bilen azap berme».

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Walla, ynsanlar jähennemiň gyzgynlygyna çydap bilmezler. Aýdylyşyna görä, eger ynsan maşrykda, jähennem magrypda bolsa, soňra aradaky perde aýrylsa, ynsan erbet suwsar. Eger jähennemden bir bedre suw ýere dökülse, ýeriň ýüzünde ölüleriň ruhundan başga zat galmaz».

* * *

Ahnaf gijeler köplenç doga-dileg eder eken. Ol elini ýanyndaky çyranyň üstünde goýup, şeýle diýer eken: «Duýýarmyň, eý, Ahnaf! Bu seniň şu günki eden işleriň jezasy?»

* * *

Hyşam ibn Hasan Dostuýy[1] Hasan Basrynyň dostlaryndan bolupdyr. Ol çyrasyny gije öçürmeýän eken. Maşgalasy oňa:

— Biz gije bilen gündiziň tapawudyny hem bilmeýäris, sen bu çyraňy öçür — diýipdir.

Ol bolsa:

— Eger çyrany öçürsem, onda meniň ýadyma kyýamat garaňkylygy düşýär we ukym tutmaýar — diýipdir.

* * *

Fuzaýl ibn Yýaz ertir namazyndan soň ogly Alydan:

— Sen ymamyň Gurhandan: «Ol ýerlerde gözlerini ýoldaşlaryna öwüren gözeller (hüýrler) bardyr»[2] diýip, okan aýaty barada näme pikir edýärsiň? — diýip sorapdyr.

Ol hem:

— Ymamyň namazda «Ine, bu günäkärleriň ynanmadyk jähennemleridir»[3] aýatyny okamagy meniň ähli ünsümi sowdy — diýip jogap beripdir.

* * *

Hezreti Omaryň ýanynda: «Olaryň köýnekleri katrandandyr»[4] aýaty[5] okalypdyr. Onuň ýanynda duran çarwa

---

[1] Hyşam ibn Hasan Dostuýy – ynamdar hadys rowaýatçysy. Abu Nugaým özüniň «Hilýetil-öwlüýä» atly kitabynda oňa Hyşam ibn Abu Abdylla Destuýy diýipdir. Sopy we takwa adam bolupdyr. Katadadan, Ýahýa ibn Ubeýt Kesirden, Ammat ibn Abu Süleýmandan, Abu Zubeýrden hadys rowaýat edipdir. Ammat ibn Seleme we ol ikisi Basranyň iň uly hadys alymlaryndan bolupdyr. 152-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Gurhanyň «Rahman» süresiniň 56-njy aýaty.

[3] Gurhanyň «Rahman» süresiniň 43-nji aýaty.

[4] Katran – garaýag, gudron.

[5] Gurhanyň «Ybraýym» süresiniň 50-nji aýaty.

arap ses edip aglamaga başlapdyr. Ol: «Eý, mömünleriň emiri, men düýelere katran çalnanda, olaryň bögürişini görýärin. Ynsan ogly muňa nädip çydar?» diýipdir.

* * *

Ýagla ibn Münebbeh[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Jähennem günäkär mömine şeýle diýer: «Çek jezaňy. Meniň odum seniň nuruňy öçürdi».

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim-de kim metjitde çyra ýakyp, ony ýagtylandyrsa, perişdeler bu çyranyň ýagtysy dowam etdigiçe oňa ystygfar aýdarlar».

* * *

Adam alaýhyssalam jübüt ogullaryny, jübüt gyzlarynyň beýleki ekiz taýy bilen birleşdirip, nesilleri köpelip sanlary ýüze ýeten wagty olara: «Siziň hojalygyňyzyň sany ýüze ýetdi. Indi bir ýere ýygnanyşyň we ot ýakyň» diýipdir.

Şol güni hem baýram edip başlapdyrlar. Parslar muňa «sezek»[2] diýýärler.

* * *

Aýtmaklaryna görä, Sakalyýa we Lukaniýa ýurtlaryndaky daglaryň çeşmelerinden ot çykýarmyş. Ol ot uzakdaky ýerleri hem ýagtylandyrýarmyş. Hiç wagt sönmeýärmiş. Eger adamlar

---

[1] Ýagla ibn Munebbeh ibn Ubeýde ibn Hyşam Temimi Hanzaly – sahaba. Mekge basylyp alnandan soňra musulman bolupdyr. Taýyf, Huneýn we Tebuk söweşlerine gatnaşypdyr we 37-nji hijri ýylynda Syffyn söweşinde wepat bolupdyr.

[2] Parslar öňler bu güni Behmen aýynyň 1-ine baýram eder ekenler.

ol ýerden bir şugla alyp başga ýerde goýsalar welin, ol ýanmaýarmyş.

* * *

Merwa Balgadyry[1] bir gezek Abu Mugyt[2] ogullaryndan biriniň guburynyň ýanynda oturan eken. Ondan:

— Sen ol ýerde näme edýärsiň? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Onuň ody bilen ýylynýaryn — diýipdir.

* * *

Abul Yýzaryň aýtmagyna görä, Muhammet alaýhyssalam Bedr söweşinden[3] gelýärkä, Safra ýetenlerinde Ukbe ibn Abu Mugydyň kellesiniň kesilmegini buýruk beripdir. Oňa:

— Ýa, Resulalla, sen kuraýşylary öldürjek bolýarmyň? — diýipdirler.

Şol wagt Hezreti Omar:

— Bu abraýyny ýitiren kuraýşylardan däldir. Sebäbi Abu Mugyt Iýordaniýadandyr — diýipdir.

Soň Abu Amr ibn Umeýe ibn Abdy Şems ony öldüripdir. Ukbe öldüriljek bolanda:

— Ýa, Muhammet, meniň çagalaryma näme garaşýar? — diýip sorapdyr.

Ol hem:

---

[1] Merwa Balgadyry – halypa Mansur döwründe ýaşap geçen meşhur ýomakçy.

[2] Abu Mugyt Eban ibn Zekwan Abu Amr ibn Umeýýe ibn Abdyşems ibn Abdymennaf ibn Kusaý - jahylyýet döwründe kuraýşylaryň ýolbaşçylarynyň biri. Ukba ibn Abu Mugyt hem onuň ogludyr. Muhammet alaýhyssalam pygamberligini yglan edende ol pygambere we musulmanlara köp ezýet beripdir. Musulmanlar ony Bedr söweşinde ýesir alypdyrlar. Ony Abdylla ibn Seleme ýesir alýar. Resulalla hem ony öldürmegi buýurýar.

[3] Bedr söweşi – ikinji hijri ýylynda musulmanlar bilen müşrikleriň arasynda bolup geçen söweş.

— Jähennem — diýip jogap beripdir.

* * *

Soltanlaryň biri Ümmi Harman[1] dagynyň üstünde ot ýakmagy buýrar eken. Ol Basra bilen Kufanyň çatrygynda ýerleşip, onuň ýagtylygy bilen ýol tapar ekenler.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Ümmi Harman! Ölçer ýene alawyň,
Ynsanlar has aýdyň görsünler seni.
Hiç sönmeýär, gaýta alawlap oduň,
Ýa sen ýoldan azaşana enemi?

* * *

Başga şahyr hem şeýle diýipdir:

Ümmi Harman! Gitdi bizden ýolbelet,
Ýola nur saç, oduň galdyr-da belent.

* * *

Abdylla Mamun şeýle diýipdir: «Eger gyrtyç oty ýygylyp kölegede guradylsa, soň hem oda oklanylsa, ol ýanmaz».

* * *

Abu Yshak Nazzam[1] şeýle diýipdir: «Gor günde has gowy ýanar, onuň reňki öýleden soňky kölegede üýtgeşik öwüsýär, gije bolsa gyzyldyr».

---

[1] Ümmi Harman – Yrakda bir dag.

* * *

Araplar şertnama baglaşanlarynda ot ýakar ekenler. Kimde-kim ähdini bozsa, peýdadan mahrum bolmagyny we onuň zyýanynyň hem şoňa degmegini Alladan dilär ekenler. Olar şertnama wagty: «Gana – gan, haraba – harap. Onuň üstüne gün dogmasyn, diňe kynçylyk bilen ýaşasyn, oňa gije has-da uzasyn, hiç bir mekan onuň ýaşamagyna razy bolmasyn» diýer ekenler.

* * *

Şeýle hem birine kasam içirenlerinde ot ýakar ekenler. Onuň içine duz we kükürt oklar ekenler. Onuň reňki üýtgäp, güýjäp başlanda bolsa: «Bu ot saňa duýduryşdyr. Eger ol ýalan aýdýan bolsa ony jezalandyr, eger ýalandan uzak bolsa zat degme» diýer ekenler.

Bu oda «howla» (gorkunç) diýer ekenler. Ol örän gorkunç ýerde ýakylar eken.

* * *

Şahyr Ews «howla» ody barada şeýle diýipdir:

Ýüzbe-ýüz bolaýsa onuň bilen Gün,
Asgyn geler ondan alawlan ýalyn.

---

[1] Ybraýym ibn Seýýar ibn Hany Basry Abu Yshak Nazzam - mugtezile mehebiniň «Nazzamyýe» goluny esaslandyryjy. Onuň pelsepä we mugtezililige degişli birnäçe kitaplary bar. 231-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Araplar halamadyk we gaýdyp gelmegini islemeýän myhmanlarynyň yzyndan hem ot ýakyp: «Alla ony bizden uzak etsin we güm etsin» diýer ekenler. Soň ýene ot ýakar ekenler.

* * *

Eger üstüne goşun gelýän bolsa, araplar muny öz adamlaryna habar bermek üçin ot ýakar ekenler, käwagt hem iki ot ýakar ekenler. Olar ýolbarslary gorkuzmak üçin hem ot ýakar ekenler. Eger ýolbars olara seretse, onyň ýolunda ot ýakar ekenler.

* * * *

«Arfaj» atly oda araplar iki esse lowlap ýanýan ot diýýär ekenler. Sebäbi ol örän çalt ýanýar we çalt sönýär eken.

* * *

Otlar üç hilidir:

1. Hem iýýän, hem içýän ot. Ol gyzzyrmadyr. Eti iýýär we gany içýär.
2. Iýýän, ýöne içmeýän ot. Ol dünýäniň odudyr.
3. Iýmeýän we içmeýän otdur. Ol jähennem odudyr.

* * *

Enes şeýle diýipdir: «Kim-de kim metjitde bir çyra ýaksa, şol çyra metjide ýagtylyk berip durdugyça, perişdeler we arşy göterijiler oňa ystygfar aýdarlar, ýagny onuň günäleriniň bagyşlanmagyny Hudaýdan towakga ederler».

* * *

Jebraýyl perişde bir gezek pygamberiň ýanyna gelende, gaýgy eken. Muhammet alaýhyssalam munuň sebäbini soranda ol:

— Eý, Muhammet, haçan-da men jähenneme körükleri goýanymda, kalbyma gaýgy-gam ornaşdy — diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Men Akyýly[1] gördüm, ýoksul ýagdaýa düşüpdir. Menden siziň bugdaýyňyzdan bir batman isleýärdi we ýalbaryp haýyş edýärdi. Görsem, çaga-çugalary perişan bolupdyrlar. Tozanlara bulaşyp, topraga garyşypdyrlar. Açlykdan meňizleri garalypdyr. Ýüzleri göýä sürme bilen boýalan ýaly bolupdyr. Ol özelenip, sözüni gaýtalap durdy. Men onuň sözlerini diňledim. Ol men dinimi sataryn öýdüp pikir etdi we ýolumdan dänip, onuň yzyna düşerin öýtdi.

Men bir demiri gyzdyrdym. Ybrat alsyn diýip bedenine golaýlaşdyrdym. Ol agyrysyndan hassalar ýaly gygyryp, iňlemäge başlady. Demiri golaýlaşdyran ýerim tas ýanyp, daglanypdy.

Men oňa şeýle diýdim: «Eý, Akyýl, eneler ýasyňda aglasynlar. Bu oýun edilip bir ynsanyň bedenine ýakynlaşdyrylan demir. Sen onuň agyrysyndan, derdinden ýaňa şeýle gygyrdyň, soňra meni hem tutup Allanyň gazap bilen tutaşdyran oduna çekjek bolýarsyň. Sen şu demiriň gyzgynlygyndan peýat edýän bolsaň, men jähennem odundan peýat etmerinmi?»

---

[1] Akyýl ibn Abu Talyp Abu Ýezit - Hezreti Alynyň dogany. Hudeýbiýe ýaraşygyndan soňra musulman bolupdyr we Mugta söweşine gatnaşypdyr. Hezreti Alynyň halypa wagty onuň ýanyndan aýrylyp, Mugawyýanyň ýanyna gidipdir. Ömrüniň soňlarynda gözleri kör bolupdyr we 60-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Allatagala Musa pygambere şeýle wahy inderipdir: «Tä asmandan saňa ot inýänçä, Beýtil-mukaddesde ot ýakma».

Şeýtan gelip Musanyň dogany Harundan ot ýakmagyny soraýar, Harun hem iki ogly bilen bile ot ýakýar. Soň asmandan bir ot inip ikisini hem alýar. Harun olary halas etmek üçin Musanyň ýanyna gelýär.

Musa hem oňa: «Beren jezasyny aýyrmagy Alladan doga-dileg et» diýipdir. Onda Allatagala Musa pygambere wahy edip: «Men öz dostlaryma günä iş etseler şeýle edýärin, duşmanlaryma näme ederin, pikirlenip gör?!» diýipdir.

* * *

Muhammet ibn Zeýt ibn Abdylla ibn Omar ibn Hattap şeýle diýipdir: «Hajjaç içinde Ibn Zubeýr bolan öýe tarap manjanyk[1] guranda, hemme tarapdan ýyldyrym çakmaga başlady. Hajjaç olara: «Gorkmaň, bular ýönekeý ýyldyrymlar» diýdi.

Muhammet soň şeýle diýipdir: «Men olara seretdim. Olar Abu Kubeýsiň[2] üstündediler. Asmandan inýän ýyldyrymlar, göýä ýakyp-ýandyryp barýan ot ýalydylar».

* * *

Awn ibn Abdylla şeýle diýipdir: «Ynsanlar mysaly agaç ýalydyr. Agajy diňe peýdalanmak üçin ulanýarlar. Ony hem diňe ýakmak arkaly ulanyp bolýar. Ynsanlardan hem diňe durmuş jebrinde ýananlar peýda görýärler».

---

[1] Manjanyk — daş we ş.m.-leri uzaga atýan harby gural.

[2] Abu Kubeýs – Mekgede bir dagyň ady.

# ALTYNJY BAP

## ÝERLER, DAGLAR, DAŞLAR, GYMMATBAHA DAŞLAR, ÇÖLLER WE ÝER TITREME HAKYNDA

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Ýere mesh (tagzym) ediň. Sebäbi ol size hyzmat edýär».

* * *

Şygyr:

Ýer düşekdir, ol mähriban enemiz,
Eklenç - ondan, ýapynýanam ony biz.

* * *

Ibn Apbasyň aýtmagyna görä, ikinji ýeriň gatlagynda şeýle mahluklar bar. Olaryň ýüzleri we bedenleri, göýä adamzadyň ýüzleri we bedenleri ýaly. Agyzlary itleriňki ýaly. Aýaklary we gulaklary sygyryň aýaklary we gulaklary ýaly. Saçlary hem goýnyň ýüňleri ýaly. Olar Alla hiç günäkär bolmaýarlar. Biziň gijämiz olaryň gündizi, biziň gündizimiz olaryň gijesidir.

* * *

Ibn Mesgudyň Muhammet alaýhyssalamdan eşidip, gürrüň bermegine görä, Resulalla Gurhanyň: «Ýer ýerden başga bir hala getirilende»[1] aýaty barada şeýle diýipdir: «Ol ýer göýä ap-ak kümüş ýaly bolar. Onuň üstüne hiç haram gan dökülen däldir, onuň üstünde hem günä iş edilen däldir».

* * *

Hajjaç bir hutbasynda şeýle diýipdir: «Allatagala Adamy we onuň zürýadyny toprakdan ýaratdy. Ynsanlar topragyň üstünde ýöreýärler. Topragyň miwesinden iýýärler. Onuň derýalarynyň suwundan ganýarlar. Onuň gatlaklaryny aýyrýarlar. Alla olary yzyna ýere berende, ýer onuň etlerini edil öz miwelerini iýişi ýaly iýer we ganyny edil öz suwuny içişi ýaly içer, onuň bogazlaryny, edil özüniň gatlaklaryny goparyşy ýaly aýrar».

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Fazyl Rakkaşy[2] köp kyssa gürrüň bererdi. Amr ibn Ubeýt we Hyşam ibn Hysan[3] onuň ýanyna gelýärdiler. Şu tymsal hem onuň aýdan sözlerindendir. Ol bir gezek olara garap: «Soraň ýerden: «Derýalaryňy kim döretdi, agaçlaryňy kim ekdi, miweleriňi kim ýetişdirdi diýip». Eger ol saňa dili bilen jogap bermeýän bolsa, onda ol öz haly-ýagdaýy bilen jogap berýändir» diýipdir.

---

[1] Gurhanyň «Ybraýym» süresiniň 47-nji aýaty.
[2] Fazyl ibn Isa ibn Eban Rakkaşy — hadys alymy. Ýöne hadysçylar ony ynamdar hasaplamaýarlar.
[3] Abu Abdylla Hyşam ibn Hysan Ezdi — Basrada ýaşap geçen hadys alymy.

* * *

Ýagla ibn Munebbih Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim-de kim bir ýeri nähak alsa, kyýamat-magşarda onuň topragyny arkasyna alyp gezmeli bolar».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Rysgalyňyzy toprakdan gözläň».

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) basralylaryň ýerleri zaýalap başlandyklaryny eşidende, olara: «Ýeriň ýüzüni zaýalamaň, sebäbi onuň domalany ýüzündedir» diýipdir.

Domalan diýip hasyl alynýan ýere aýdylýar.

* * *

Ekerançylyk diňe iki zadyň bereketi bilen hasyl berer:

Asman bereketi — ol ony öz suwy bilen suwarýar.

Ýer bereketi — ol ony öz topragy bilen ýetişdirýär.

* * *

Zyýat ibn Ebiýh şeýle diýipdir: «Daýhanlara ýagşylyk ediň. Sebäbi, eger olar baýamasa, siz baýamarsyňyz».

* * *

Kimiň ýeri bar bolsa, ol utulan däldir.

* * *

Ybraýym ibn Yshak Mesbagy[1] şeýle diýipdir: «Patyşalaryň işi il-güni abadan etmek bilen meşgul bolmakdyr. Olara söwda kän haýyrly däldir».

* * *

Hadysda şeýle diýlipdir: «Gaty gürlemek we gödek sözlülik ynsana jebir-jepadyr. Olar meýdanda adamlaryň ünsüni özüne çekmek üçin ýa-da mal bazarynda gygyrylýan seslerdir».

* * *

Muhannes ybadat etmek üçin Lukam dagyna tarap ýola düşüpdir. Ol dagyň çür depesine çykanda: «Kyýamat güni seni ýüň ýaly tüýdüm-tüýdüm halda görenimde maňa nähili erbet bolar» diýipdir.

Hums bilen Damask aralygynda uzalyp gidýän daga Lubnan ýa Kiçi Lukam diýýärler. Tä Antakyýa we Mesysa daglaryna birleşip gidýänçä bolsa Uly Lukam diýýärler.

* * *

Bu dagda abdallar[2] ýaşaýarlar. Aýdylyşyna görä, olar togsan şahs bolmaly. Olaryň biri wepat bolsa, ýerine başga biri bellenilýär. Allatagala öz bendelerine bularyň dogasy bilen rehim edýär we seredýär .

* * *

Beýt:

---

[1] Emir Ybraýym ibn Yshak ibn Ybraýym ibn Musgap Hazagy — Apbasy döwletiniň emirleriniň biri.

[2] Abdallar – weliler, gaýyp erenler.

Lubnan mazarystanlygy ýerleşen ýer — ol Şamdyr,
Ondan Urj daglaryna çenli abdallara mekandyr.

* * *

Abu Dulef Hazreji şeýle diýipdir:

Şalaryň tagtyny çalşyşy ýaly,
Çalyşýar ornuny Lukam abdaly.

* * *

Suleým taýpasynyň hyrasy[1] täsinlikleriň biridir. Ol ýeri gap-garadyr. Ol ýerde ýaşaýan suleým taýpasy hem şol ýer ýaly garadyr. Ol ýere suleým taýpasyndan başga kim gelse reňki gara bolýar. Käbir Slawýan-Rum döwletleri ol ýerleri özlerine mekan edinipdirler. Olar we olardan doganlary suleým taýpasyndan hasaplap başlapdyrlar. Ol ýerde ýaşaýan mallar: goýun, at we ýyrtyjy jandarlar hem garadyr.

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Bu ýer türkleriň ýurdy ýalydyr. Ol ýerdäki hemme zat türk tebigaty ýaly görünýär. Onuň gara daşa öwrülen külüni we aşgaryny ulanyp, ondan degirmen ýasaýarlar».

* * *

Tus şäheriniň ýaşaýjylary özleriniň gap-çanak, küýze ýasaýan daşlary barada: «Alla Dawut alaýhyssalama demiri ýumşadyşy ýaly bize daşlary ýumşatdy» diýýärler.

---

[1] Hyra – wulkanly, gara daşly ýer.

* * *

Taganyň üç aýagynyň biri dagyň gaýasynyň daşyndan ýasalypdyr, gazanyň tagany bolar ýaly oňa iki sany ýönekeý daş hem goşupdyrlar. Ol üçünji aýak berkligi üçin nakyla öwrülipdir. Şonuň üçinem onuň berkligi barada: «Ony üçünji aýagy bilen oýdy» diýýärler.

* * *

Jerire[1], Farazdaga[2] we Ahtala[3] olaryň kyrk ýyllap tankyt bilen iş salyşandyklary, ýagny ýamanlap gezendikleri üçin «şer tagany» diýlipdir.

* * *

Bedig[4] şeýle diýipdir:

Göýä mesan aýatynyň[5] biri ýaly jesedim,
Bagry bolsa taganyň bir aýagy, esediň.

* * *

Abu Ahmet Merweruzy[6] kelam alymlarynyň uzak jedelleri, çekişmeleri, meseleleri we öz ýollaryny subut etmekleri barada şeýle şygyr aýdypdyr:

---

[1] Jerir ibn Utbe ibn Huzeýf Hatfy ibn Bedr Kelbi Ýerbugy - temim ogullary taýpasyndan bolan şahyr. 28-nji hijri ýylynda Ýemamada dünýä inipdir we 110-nji hijri ýylynda hem wepat bolupdyr.

[2] Human ibn Galyp ibn Sagsaga Temimi Darymy Abu Farys – basraly şahyr. Farazdak lakamy bilen meşhur bolupdyr. Yslam şahyrlarynyň birinji gatlagyndan hasaplanypdyr. 110-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[3] Ahtal Gyýas ibn Gaws ibn Sagt ibn Taryka ibn Amr Abu Mälik – taglap ogullary taýpasyndan bolan şahyr. 19-njy hijri ýylynda Hyra töwereginde dünýä inipdir. Hristian dinine uýupdyr.

[4] Bediguzzaman Ahmet ibn Hüseýin ibn Ýahýa Hemedany — hemedanly şahyr.

[5] Mesany aýatlary – «Alham» süresiniň aýatlary.

[6] Abu Hamyt Merweruzy Ahmet ibn Amyr ibn Bişr ibn Halyt - şafygy fykh alymy. Subky oňa Kazy Abu Hamyt diýipdir. Merweruzda dünýä inipdir, şonuň

Öz işlerin gyzyp-gyzyp görkezýän dek hyýallar,
Betniýete münýänçäler taraplar has kejeňek.
Soňam hiç zat bolmadyk dek şo-ol öňküsi bolýarlar.
Agşam ýatyp, säher bilen turýan ýaly jedele.

* * *

Çarwa arapdan:

— Siz çölde howa gyzanda näme edýärsiňiz? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Ondan başga hezil ýaşaýyş barmy. Biz çadyrlarymyzy dikýäris we ony boýdan-başa gömýäris. Soň onuň üstünde ýel çaldyrmak üçin oturýarys. Göýä patyşanyň köşgünde oturan ýaly bolýarsyň — diýipdir.

* * *

Ýene-de çarwa arapdan:

— Siz çölde nädip çydaýarsyňyz? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Iýmiti gün, suwy ýel bolan nädip çydamasyn — diýip jogap beripdir.

* * *

Asyllylyk, akmaklyk, bereketlilik, gyrgyn keseli, baýlyk, soltanlyk, sagdynlyk, mätäçlik çölde ýygnanyşypdyrlar.

Olar:

---

üçinem oňa Merweruzy diýlipdir. Biraz wagt Basrada ýaşapdyr. 362-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Onuň fykha degişli, «Jamyg», «Şerhi muhteseril-mezki», «Usulul-fykh» atly kitaplary bar.

— Çöl bize çydamaz. Geliň biz çar tarapa dargalyň — diýişipdirler.

Asyllylyk:

— Men Ýemene gidýärin — diýipdir.

Akmaklyk hem oňa:

— Men hem seniň bilen — diýipdir.

Bereketlilik:

— Men Şama gidýärin — diýipdir.

Gyrgyn keseli oňa :

— Men hem seniň bilen — diýipdir.

Baýlyk:

— Men Yraga gidýärin — diýipdir.

Soltanlyk oňa:

— Men hem seniň bilen gidýärin — diýipdir.

Mätäçlik:

— Men hereket etmeli — diýipdir.

Sagdynlyk hem oňa:

— Men seniň bilen — diýipdir.

Şeýdip mätäçlik bilen sagdynlyk çölde galypdyrlar.

* * *

Keşiniň duzy Samarkandyň Sogt diýen ýeriniň aýratynlygydyr. Onuň reňki gyzyl, ýöne ol owradylanda ap-ak bolýar.

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Häkim adalatdan uzaklaşsa, ýagyş az bolar, öz peýdasyna çapsa duşman ýeňer, jelepçilik ýüze çyksa ýer titrär».

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Siz ýaş düýäniň patanaklamasy ýaly patanaklamadan, ýagny ýeriň titremesinden habardar boluň».

* * *

Omar ibn Abdyleziz öz esgerlerine hat ýazyp, şeýle diýipdir: «Salamdan soň. Hakykatdan hem biziň eşitmegimize görä, ýer titreme Allanyň ýaradanlaryna berýän jezasydyr. Men öz günälerinden we ýalňyşlyklaryndan toba etmeklerini isläp, goşunyma hat ýazdym. Kimiň güýji ýetse sadaka bersin».

* * *

Ýer titräp başlanda Hezreti Aly şeýle diýer eken: «Gör, nähili çalt, gör, nähili utanç!»

* * *

Kagbul Ahbar bir gezek ýer titrände, özüniň ýalňyş bir eden işi üçin Allanyň gahar-gazaby gelendir öýdüp pikir edipdir.

* * *

Ibn Mesgudyň döwründe ýer titräpdir. Ol: «Biz aramyzda pygamber barka bereket gördük. Siz eger ýer titreýändigini görseňiz gorkuň» diýipdir.

* * *

Resulallanyň bir dileg-dogasynda şeýle diýilýär: «Eý, Allam, meni öňümden, yzymdan, sagymdan, solumdan, üstümden gelýänlerden gora. Men seniň ýerden çykaýjak heläkçiliginden pena isleýärin».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) Mälik Eşteriň[1] ölüm habary gelende, şeýle diýipdir: «Alla rehmet etsin, eý, Mälik! Ol nähili gowy dostdy. Eger Mälik bir belent dag bolsady, ne üstüne biri aýak basyp bilerdi, ne-de üstüne uçýan guş gonup bilerdi».

* * *

Ähli kitapdan[2] käbiri: «Kim kakasyndan miras galan ýeri ýa-da öýi satsa, ony gijäniň iki tarapy çagyrar (ol mätäçlik çeker)» diýipdirler.

---

[1] Mälik ibn Eşter — Syffyn söweşinde Hezret Alynyň tarapynda bolan sahaba.
[2] Ähli kitap – hristianlar we ýehudylar.

## ÝEDINJI BAP

## SUWLAR, DEŇIZLER, JÜLGELER, DERÝALAR, ÇEŞMELER, GÄMILER WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Hezreti Alydan:

— Siziň Resulalla bolan söýgiňiz nähili? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Biz ony öz atalarymyzdan, enelerimizden, ogullarymyzdan, mallarymyzdan we suwsan kişiniň sowuk suw içeninde alýan lezzetinden hem has beter söýýäris — diýipdir.

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir:

Bilseň, seniň ol sözleriň, agzyň kepände eger,
Içen sowuk suwuňdan hem hoş ýakar — şirin deger.

* * *

Şagby Abu Amr[1] Kuteýba ibn Müslimiň[1] oturluşygynda suw diläpdir. Kuteýba ondan:

[1] Amyr ibn Şerahyl - tabygyn neslinden bolan fykh alymy we şahyr. 19-njy hijri

— Eý, Abu Amr, sen nähili şerbeti gowy görýärsiň? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Lezzeti görünmeýän, sada şerbeti — diýipdir.

Kuteýba hem:

— Oňa ýönekeý suw beriň — diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Dünýä we ahyret tagamlarynyň serweri etdir. Dünýä we ahyret şerbetleriniň serweri suwdur. Men hem ynsan ogullarynyň serweridirin, men muny öwünmek üçin aýtmaýaryn».

* * *

Hyjazla Bagdatda küýzeden suw guýup beripdirler. Ol: «Bu hormat edilýän suw ahyry» diýip geňirgenipdir.

---

ýylynda Kufada dünýä inipdir. Ynamdar hadys rowaýatçysy. Soň Hajjajdan gaçyp Abdylmälik ibn Merwanyň ýanyna barypdyr. Ol ony rum hökümdaryna ilçi edip iberipdir. 103-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[1] Kuteýba ibn Müslim ibn Amr ibn Hasyn Bahyly Abu Hafs – emewi serkerdesi. 49-njy hijri ýylynda dünýä inipdir. Onuň kakasy Ýezit ibn Mugawyýanyň ýakyn adamlaryndan bolupdyr. Merwanylaryň döwründe ösüp ulalypdyr. Abdylmälik ibn Merwan ony Reý şäherine häkim belläpdir. Soň Abdylmäligiň ogly Welit ony Horasana häkim belläpdir we ol Mawerannahryň Horezm, Sistan, Samarkant ýaly şäherlerini eýeläpdir. Hytaýyň serhetlerine çenli söweş edip, ol ýerleri jizýe (salgyt) tölemäge boýun edipdir. Onuň häkimligi 13 ýyl dowam edipdir. Welit wepat bolansoň, onuň ýerine Süleýman ibn Abdylmälik geçipdirr. Kuteýbanyň onuň bilen arasy bolmansoň, Kuteýba hem özüniň garaşsyzlygyny yglan edipdir. Süleýman hem onuň üstüne Katadanyň serkerdeliginde goşun iberipdir. 96-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Ibn Semmak şeýle diýipdir: «Niçe kişiler bardyr Alla çagyrsa-da, ondan gaçýarlar, Allanyň kitabyny okaýan niçeme kişiler bardyr, olar Allanyň aýatlaryndan daşdyrlar, niçeme kişiler bardyr, olara jähennemde gaýnag suw berler».

* * *

Aýal maşgalanyň owadanlygyny, arassaçylygyny, akylyny we bereketini beýan edenlerinde, şeýle diýer ekenler: «Ol göýä asman suwy ýaly» (ýagyş suwy ýaly päkize).

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Suwdan gözýaş, sowuklyk we gar emele gelýär. Gözellik gözde jemlenýär. Kerem ak zatda jemlenýär. Sapa we ýagşy niýet ýürekde jemlenýär».

* * *

Halypa Mamun şeýle diýer eken: — Sowuk suwuň üç häsiýeti bar:

1) Lezzet berýär;
2) Nahary gowy siňdirýär;
3) Alla öwgi aýtdyrýar.

Buzly suwy içmek yhlas bilen öwgi aýtmaga çagyrýar.

* * *

Sahyp Abbat buzly suw içende şeýle diýer eken:

Buz süýji suwa garylyp, enaýy ses çykarar —
Kalbyň iň çuň ýerinden Hudaýa wasp çykarar.

* * *

Agşa şeýle diýipdir:

Almaýan zemzem suwundan[1] lezzetini-şypany,
Bu dünýäde hiç haçan bilýän däldir sapany.

* * *

Wehb ibn Munebbih şeýle diýipdir: «Meşhur deňizler ýedidir: Hind, Sind, Şam, Afrika, Andulus, Rum we Çyn».

* * *

Iki deňziň arasyny bölüp aýran, öz ýaradanlaryny oňa akyl ýetirmekden ejiz edip goýan Alla öwgi bolsun.[2]

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Guýa sallaýan ýüpi diňe uzyn bolan guýudan suw çekip biler».

* * *

Mezbet bir gün suw içmek üçin guýynyň başyna gelipdir. Görse, ýüp düwüm-düwüm eken. Ol: «Bu ýüpe däl, bu könelişen tesbä meňzeýär» diýipdir.

* * *

Asmagy şeýle diýipdir: «Fyrat we Dijle derýalary yraklylaryň iki garawulydyr. Olar asla aldamaz».

Asmagy olar iki garawul we iki dost, ýagny peýdalary uludyr diýmek isleýär.

---

[1] Zemzem suwy – Käbedäki mukaddes suw.

[2] Gurhanyň «Rahman» süresinde bir deňziň içinde biri süýji, biri ajy bolan iki hili suwuň biri-birine garyşdyrylmazdan goýulandygy aýdylýar.

* * *

Zyýat[1] Basrada bir akaba gazdyrypdyr. Muny oňa pygamberiň sahabasy Magkal ibn Ýesar maslahat beripdir. Ýöne soň bu akaba Magkala degişli edilip, Zyýat akabasy ady terk edilipdir.

* * *

Aýdylypdyr: «Eger Allanyň akabasy gelse, Magkalyň akabasy gurar».

* * *

Tawus[2] hiç mahal atyny merwanlylaryň[3] gazan akabasyndan suwa ýakmaz eken.

* * *

Abu Haşym Sufydan:

— Näme bilen meşgullanýarsyň? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Hiç ýatdan çykmajak zady öwrenýärin — diýipdir.

Ondan:

— Ol näme zat ? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Ýüzmek — diýipdir.

---

[1] Zyýat ibn Ebih - jahylyýet we yslam döwürlerini gören şahsyýet. Muhammet alaýhyssalamyň döwründe ýaşapdyr, ýöne ony görüp bilmändir. Soň Abubekriň döwründe yslamy kabul edipdir. Hezreti Aly ony Pars diýaryna häkim belläpdir. Ol 53-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Tawus Ýemany — Ibn Apbasyň talyby.

[3] Merwanylar – emewi halypasy Merwanyň nesil-neberesinden bolanlar.

* * *

Aristotelden:

— Ynsan üçin iň zerur öwrenmeli zatlar näme? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Ýüzüş öwrenmek — diýipdir.

* * *

Yshak Mosulynyň Feth atly suw daşaýan bir hyzmatkäri bar eken. Bir gün oňa:

— Eý, Feth, näme habaryň bar? — diýipdir.

Onda ol:

— Habarym şeýle, men öýde kimdir biriniň senden we menden närazydygyny görmeýärin — diýipdir.

Onda Yshak:

— Ol nähili? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Sebäbi sen olary çörek bilen naharlaýarsyň. Men bolsa suw bilen — diýipdir.

Yshak onuň bu sözüne gülüpdir we ony azat edip, oňa iki gatyry sowgat beripdir.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim-de kim bir guýy gazsa we şol guýudan ynsan, haýwan, jyn ýa-da guş suw içse, oňa tä kyýamata çenli sogap geler. Kim-de kim bir guşuň ganaty ýalyjak hem metjit gursa, ýa-da ondan hem kiçi bolsa (ýagny şeýle az mukdarda kömek etse), Alla oňa jennetde öý gurar».

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Ýedi zat ynsan ýogalandan soň hem yzyndan dowam eder: Okadan ylmy, gazan guýusy, çeken akabasy, guran metjidi, miras goýan Gurhany, özüne dileg eder ýaly goýup giden salyh perzendi we sadakaýy jaryýe[1]«.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Men jennete girdim. Akyp duran bir derýanyň ýanyna bardym. Onuň kenarlarynda hünjüden çadyrlar bardy. Elimi akyp duran derýanyň suwuna sokdum we güýçli, ýakymly müşk ysyny aldym.

Men:

— Eý, Jebraýyl, bu näme? — diýip soradym.

Onda ol:

— Bu Allanyň saňa beren köwser howzy — diýdi».

* * *

Bekr ibn Abdylla Muzeni şeýle diýipdir: «Hasan Basry göýä uly deňiz gämisi we onda saklanýan gaýyk ýalydyr. Eger gämi gark bolsa, gaýyk hem heläk bolýandyr. Haçanda Hasan Basry biziň aramyzdan gitse, ylym hem onuň bilen gider».

* * *

Hezreti Aly (Alla onuň ýüzüni keremli etsin): «Soň ol günde sizden (size berlen) nygmatlar barada soraljakdyr» aýaty[2] barada: «Ol nygmatlar hurma we sowuk suwdur» diýipdir».

---

[1] Ölenden soň hem ýöräp duran haýyr-sahawat işleri.

[2] Gurhanyň «Tekäsur» süresiniň 8-nji aýaty.

* * *

Abdylla ibn Amr[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Diňe haja we umra gideniňizden ýa-da Alla ýolunda gazawata gideniňizden başga suw bilen hereket etmäň. Sebäbi derýanyň üstünde ot bardyr. Oduň aşagynda derýa bardyr».

* * *

Muhammet alaýhyssalam Binti Ümmi Selimiň öýünde bir gezek ukudan oýanyp gülüpdir. Ümmi Selimiň gyzy Ümmi Haram ondan:

— Ýa, Resulalla, nämä güldüňiz? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Men düýşümde şu deňziň üstünde göýä telärleriň üstünde ýatan patyşalar ýaly gezip ýören kişileri gördüm — diýipdir.

* * *

Başga bir rowaýata görä bolsa ol şeýle diýipdir: «Meniň ymmatymdan birnäçe adam Alla ýolunda gazawata barýarka görkezildi. Olar şu deňziň üstünde göýä patyşalaryň telärlerinde ýatyşy ýaly münüp ýörler.

Onda Ümmi Haram:

— Ýa, Resulalla, meniň hem olardan bolmagymy dileg-doga et — diýipdir.

Onda ol:

---

[1] Abdylla ibn Amr ibn As - sahaba. Kakasyndan öňürti musulman bolupdyr. Hatsowat we surýany dilini bilipdir. Resulalla oňa özüniň aýdýan zatlaryny ýazmaga rugsat beripdir. Ol köp söweşlere gatnaşypdyr. Ol iki gylyç bilen söweşer eken. 65-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Muhammet alaýhyssalamdan 700 sany hadys rowaýat edipdir.

— Sen olardansyň — diýipdir.

* * *

Ýermuk jeňinde Harys ibn Hyşam Mahzumy[1] ýaralanyp, tapdan düşüp ýykylypdyr. Oňa suw getiripdirler. Ol kellesini galdyranda, gapdalynda ýatan Ykryma ibn Abu Jehle[2] gözi düşýär we suw getirene:

— Git, suwy ilki Ykryma ber, sebäbi ol menden hem has mätäç — diýipdir.

Ol hem öňürti Ykryma suw bermek üçin gidýär. Ykryma hem ilki Harysa suw ber diýip, ony yzyna iberýär. Ol Harysyň ýanyna gelende, onuň şehit bolandygyny görýär. Soň Ykrymanyň ýanyna gelýär, görse, ol hem şehit bolan eken.

* * *

Kagbul Ahbar şeýle diýipdir: «Bir gezek Hydyr alaýhyssalam bir topar bilen Hokant[3] derýasyna barypdyr. Hydyr alaýhyssalam ýanyndakylara:

— Meni suwa sallaň — diýipdir. Ony suwa sallaýarlar. Ol bir gije-gündizden soň çykýar.

Ondan:

— Näme gördüň? — diýip sorapdyrlar.

---

[1] Harys ibn Hyşam ibn Mugyra Mahzumy Abu Abdyrahman - sahaba. Onuň jahylyýet döwründe we yslam döwründe abraýy bolupdyr. Bedr söweşinde müşrikleriň tarapynda bolup, Mekgäniň ýeňşi güni musulman bolupdyr. 18-nji hijri ýylynda Hezreti Omaryň halypalyk döwründe wepat bolupdyr. Abu Jehl ibn Hyşamyň dogany.

[2] Ykryma ibn Abu Jehl Amr ibn Hyşam Mahzumy Kuraýşy – sahaba. Kakasy Abu Jehl Muhammet alaýhyssalamyň iň ganym duşmany bolupdyr. Abu Jehl Bedr söweşinde öldürilipdir. Ykryma Mekgäniň ýeňşi güni gaçyp, Ýemene gidipdir. Ýöne onuň aýaly musulman bolup, ony Resulallanyň ýanyna getiripdir we ol musulman bolupdyr. Resulalla ony Hawazyna häkim belläpdir. 13-nji hijri ýylynda 62 ýaşynda wepat bolupdyr.

[3] Nusgada «Hytaýda bolan Hokant derýasy» diýilýär .

Ol:

— Meni perişde garşy aldy. Ol maňa: «Eý, Adamzat nirä barýaň?» — diýdi.

Men oňa:

— Men bu deňziň düýbüni görmäge geldim — diýdim.

Ol:

— Dawut alaýhyssalamyň döwründen şu wagta çenli hiç kim munuň çuňlugynyň üçden birine hem ýetip bilmändi. Ondan bäri 300 ýyl geçdi — diýdi.

* * *

Jebraýyl perişde gömülen Zemzem suwuny iki gezek gazypdyr. Birinji gezek Adam pygamber üçin, ol tä Nuhuň tupanynda gömülýänçä dowam edipdir. Ikinji gezek hem Ysmaýyl alaýhyssalam üçin gazypdyr.

* * *

Abdylla ibn Omar şeýle diýipdir: «Men bilýärin, şeýle wagt geler, şol mahal müsürliler Müsürden çykarylar».

Ondan:

— Olary duşman çykararmy? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Ýok. Olaryň Nil derýasy gurar. Ol ýerde ýekeje damja hem galmaz. Ol ýerde çägeden gum depeleri dörär. Ýyrtyjy haýwanlar onuň balyklaryny iýerler — diýidir.

* * *

Omar ibn Abdyleziz Zehra ibn Magbetden:

— Sen nirede ýaşaýarsyň? — diýip sorapdyr.

Ol hem:

— Müsüriň Fustatynda[1] ýaşaýaryn — diýipdir.

Omar:

— Sen nirede ýaşamak isleýärsiň? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Men hiç şäheri islämok. Men diňe Iskenderiýany isleýärin. Eger ol ýerde ýaşamasam hem, men ol ýerde öýümiň bolmagyny isleýärin — diýipdir.

* * *

Halypa Mansur Abul Jehm ibn Atyýa[2] badam köküniň şerbetini içirip öldüripdir. Ol Abu Müslim bilen gatnaşykda günäkärlenýär eken. Mansur şeýle diýipdir:

Daş dur badam kökünden, şonda has gowy bolar,
Badam kökünden şerbet alyp geldi nämeler?!

---

[1] Kair şäheri.

[2] Abul Jehm Atyýýa - Apbasy wagyzçysy. Abu Müslim Horasany 129-njy hijri ýylynda ony Merwden Horezme wagyz etmek üçin iberipdir. Mansur Abu Müslim Horasanyny öldürensoň, ony hem öldüripdir.

# SEKIZINJI BAP

## AGAÇLAR, ÖSÜMLIKLER, MIWELER, BOSSANLAR, GÜLÜSTANLYKLAR, JENNET WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Usama ibn Zeýt[1] şeýle diýipdir: «Men Resulallanyň jennet barada şeýle diýendigini eşitdim: «Içiňizde jennet üçin tagalla edýän ýokmy? Käbäniň Rebbine kasam bolsun, ol ýer ýakymly yslary saçýan reýhanlary, ýalkym saçýan nurlary, elmydam akyp duran derýalary we güler ýüzleri bilen nygmatlary bolan ebedi mekandyr».

* * *

Hudry Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Ady beýik Allatagala jennetiň diwaryny aýlanda onuň bir kerpijini gyzyldan, birini kümüşden ýaradyp, agaçlaryny ekip, oňa:

— Gürle — diýipdir.

---

[1] Usama ibn Zeýt ibn Harysa Abu Muhammet - sahaba. Hijretden 8-ýyl öňürti dünýä inipdir. Onuň kakasy musulman bolansoň ol hem musulman bolup ulalypdyr. Resulalla ony gowy görýär eken we ol hem Medinä göçüpdir. Resulalla ony 20 ýaşynda goşuna serkerde belläpdir. Ýogsam goşunda Hezreti Abubekr Syddyk we Omar dagylar hem bar eken. Resulalla wepat bolanda Usama obalaryň birine gidip ol ýerde ýaşapdyr. Soň Mugawyýa döwründe Damaska gelipdir. Soň ýene Medinä gaýdyp gelipdir we 54-nji hijri ýylynda şol ýerde wepat bolupdyr.

Onda Jennet:

— Möminler halas boldular — diýipdir.

Allatagala hem:

— Eý, patyşalaryň öýi, aperin saňa — diýipdir.

* * *

Jabyr[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Jennetiler jennete girensoň Allatagala olara: «Başga näme isleýän bolsaňyz aýdyň, ony hem size bereýin?» diýer.

Jennetiler:

— Eý, Rebbimiz. Seniň bereniňden başga bize näme haýyrly bolup biler — diýerler.

Onda Allatagala:

— «Size meniň iň uly razyçylygym bolsun» diýer.

* * *

Zeýt ibn Arkam[2] şeýle diýipdir: «Ähli kitapdan bir adam Resulallanyň ýanyna gelip:

— Eý, Abulkasym, jennetdäkiler iýip-içýärlermikä, nähili pikir edýärsiň? — diýip sorapdyr.

Onda Resulalla:

— Hawa, iýip-içýärler. Iýmekde, içmekde we jynsy gatnaşykda olaryň her birine ýüz erkegiň güýji berler — diýdi.

---

[1] Jabyr ibn Abdylla ibn Amr ibn Haran Hazrajy Ensary - sahaba. Resulalladan köp hadys rowaýat eden sahabalaryň biri. Ondan sahabalaryň köpüsi hadys rowaýat edipdirler. Onuň kakasy hem sahaba bolupdyr. Jabyr 19 söweşe gatnaşypdyr. Ömrüniň ahyrynda pygamberiň metjidinde ylym mejlisini geçirer eken. 78-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Buhary, Müslim we beýleki hadysçylar ondan 1540 hadys rowaýat edipdirler.

[2] Zeýt ibn Arkam Hazreji Ensary - sahaba. Muhammet alaýhyssalam bilen 17 söweşe gatnaşypdyr. Syffyn söweşinde Hezreti Alynyň tarapynda bolupdyr. Muhammet alaýhyssalamdan 70 hadys rowaýat edipdir. 68-nji hijri ýylynda Kufada wepat bolupdyr.

Onda ol:

— Bir kişi iýse-içse onuň käbir hajatlary bolar. Jennet bolsa arassadyr. Ol ýerde bolsa beýle zat ýokdur — diýdi.

Resulalla oňa:

— Olaryň munuň ýaly hajaty deri bilen çykýar. Ol deriň ysy hem müşk ýaly ýakymlydyr — diýip jogap berdi.

* * *

Dawut alaýhyssalam Beýtil-Mukaddesdäki gowaklaryň birine giripdir we Hyzkyl pygamberi[1] görüpdir. Ol Rebbine ybadat edýän eken. Onuň endamy gurap, süňklerine ýelmeşip galypdyr. Dawut alaýhyssalam oňa salam beripdir.

Hyzkyl pygamber:

— Men dok nygmatly kişiniň sesini eşidýärin. Sen kim? — diýipdir.

Dawut pygamber:

— Men Dawut — diýipdir.

Hyzkyl pygamber:

— Pylan we pylan aýallary bolan, pylan we pylan ymmaty bolan Dawutmy? — diýipdir.

Dawut pygamber:

— Hawa. Sen, näme kynçylyk çekýärsiňmi? — diýipdir.

Hyzkyl pygamber:

— Tä, jennete girýänçäk, men-ä kynçylyk içinde däl, sen hem nygmat içinde dälsiň — diýipdir.

* * *

Dünýäniň jenneti dörtdür:

1. Damaskyň töweregindäki Guwta jülgesi;
2. Ubulle derýasy;

---

[1] Hyzkyl pygamber – Beni Ysraýyl pygamberleriniň biri.

3. Wanda bir ýer;
4. Samarkant Sogdy.

* * *

Abubekr Horezmi şeýle diýipdir: «Men olaryň hemmesini gördüm. Ol dördüsiniň beýlekilerden gözel bolşy ýaly, bularyň iň üstüni Guwtadyr. Ol göýä jennetiň ýer ýüzündäki suraty ýalydyr».

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Üç zat göreje nur berýär: Ýaşyl çemenzarlyga, akar suwa we owadan ýüze seretmek».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Ýerde ilkinji bolup gögeren agaç hurma agajydyr» diýipdir.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Ujwe[1] jennetdendir. Ol zähere garşy şypadyr».

* * *

Abu Hureýra şeýle diýipdir: «Muhammet alaýhyssalam meniň ýanymdan geçip barýardy, meniň elimde nahallar bardy. Ol maňa: «Saňa bu nahallardan hem has bähbitli bolan nahaly görkezeýinmi? Subhanallahi welhamdu lillähi welä ilähe illallahu wallahu ekber (Alla päkdir, Alla taryp bolsun, Alladan başga Hudaý ýokdur, Alla beýikdir) diý. Seniň şu sözlerden

[1] Ujwe - Medine hurmasy.

aýdan her bir sözüňe Allatagala seniň üçin jennetde bir agaç eker»diýdi.

* * *

Abu Eýýup Ensary[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Isra gijesinde[2] meniň ýanymdan Ybraýym alaýhyssalam geçdi.

Ol:

— Sen ymmatyňa jennetiň nahalyny köpräk ekmegini buýur. Sebäbi onuň ýeri giňdir. Topragy gowudyr — diýdi.

Men oňa:

— Jennetiň nahaly näme? — diýdim.

Ol:

— Welä hawle welä kuwwete illä billähil-aliýýil-azym (Alladan başga hiç hili güýç-kuwwat ýokdur) dogasyny okamak— diýdi.

* * *

Mugawyýa halypalygynyň ahyrynda Mekgede hurma agajyny ekip, şeýle diýipdir: «Men seniň miwäňi görmek üçin ekemok, meniň ýadyma Esediniň şu sözleri düşdi: «Ýigit, eger ondan haýyr görmeseler, ýa-da onuň ýerde yzy galmadyk bolsa, onda ol hakyky ýigit däldir».

---

[1] Abu Eýýup Ensary Halyt ibn Zeýt ibn Kelip ibn Saglaba - nejjar ogullary taýpasyndan bolan sahaba. Akaba hadysasyna, Bedr, Uhut we Hendek söweşlerine gatnaşypdyr. Edermen, sabyrly, takwa bolupdyr. Emewileriň döwrüne çenli ýaşapdyr. Ýezit bilen Konstantynyýe (Stambul) şäherine söweşe gidipdir. Şol ýerde syrkawlapdyr we 52-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Stambulyň diwarlarynyň düýbünde jaýlanypdyr. Onuň gubury şu wagt Stambulyň Soltan Eýýup metjidiniň ýanynda ýerleşýär. 155 hadys rowaýat edipdir.

[2] Isra gijesi – Muhammet alaýhyssalamyň asmana çykarylyp seýr etdirilen gijesi.

* * *

Parslar şeýle diýipdirler: «Eger derýalar joşsa, şol ýyl injir köp bolar. Eger-de ýeller güýçli bolsa, şol ýyl muhabbet köp bolar».

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Möminleriň iň gowy seläligi injirdir».

* * *

Hysan[1] syrkawlapdyr. Onuň ýanyna Jelbe ibn Eýhem Gassany[2] gelip ondan:

— Göwnüň näme isleýär? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Güýjümiň ýetmeýän zadyny — diýipdir.

Onda Jelbe:

— Ol näme? — diýipdir.

Onda Hysan:

— Halkananyň[3] miwelerini — diýip jogap beripdir.

* * *

Nazzamyň ýanynda hurmany öwüpdirler. Onda ol: «Ösüp ýetişmegi kyn, miwesi daş, örän çyrmaşyk, kölegesi az bolan ösümlik» diýip üstüni ýetiripdir.

---

[1] Hysan ibn Sabyt ibn Munzyr Hazreji Ensary — Resulallanyň şahyry. Jahylyýeti we yslamy görenleriň biri. Yslamdan öň ol Gassanylary taryplap şygyr ýazar eken. 54-nji hijri ýylynda Medinede wepat bolupdyr.

[2] Jebele ibn Eýhem ibn Jebele Gassany - gassany hökümdarlarynyň iň soňkusy. Jahylyýet döwründe ýaşap geçipdir. Musulmanlar 12-nji hijri ýylynda onuň bilen Dumetul Jendel diýen ýerde söweşipdirler. Musulman bolupdyr, ýöne soň ýene yslamdan çykyp, Konstantiniýe şäherine gaçyp gidipdir. Şol ýerde hem 20-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[3] Injiriň bir görnüşi.

* * *

Medineliler sykylyp suwy alynýan hurma nahalyny oturtmagy goýbolsun edipdirler. Sebäbi ol kyrk ýyldan soň miwe berer eken.

* * *

Egyraç Hasgamy:

Kändir bananlary hem hurmalary,
Her dürli şerbetden bolarsyň hoşal.
Hoşsuň ýygnanyňda ol miweleri,
Saňa indi uzak hasyllar daş däl.

* * *

Nadr ibn Şemil[1] Hyşam ibn Abdylmälige «Kitabul-Wahyde» atly kitabyny hödürlände, ony ýokardaky beýde meňzedipdir.

* * *

Isa alaýhyssalam Damaskyň ýanyndaky Guwta diýen ýere gelende: «Bu ýer hazyna toplamakdan we bereketli çörekden gerk-gäbe doýmakdan hiç haçan mahrum bolmaz» diýipdir.

---

[1] Nadr ibn Şemil ibn Harşa ibn Ýezit Mazyny Temimi Abul Hasan – dilçi we hadys alymy. Arap taryhyny, araplaryň söweşlerini gowy bilipdir. 122-nji hijri ýylynda Merwde dünýä inipdir we soňra kakasy bilen 128-nji hijri ýylynda Basra gelipdir. Ol ýerde biraz wagt ýaşap, soň ýene Merwe gaýdypdyr. Nadr bu ýere kazy bellenipdir. Halypa Mamun bilen duşuşypdyr. Mamun oňa hormat-sylag goýupdyr. 203-nji hijri ýylynda Merwde wepat bolupdyr. Onuň birnäçe kitaplary bar.

* * *

Almada dürüň sarylygynyň görki, altynyň gyzyllygynyň ysy, kümüşiň aklygynyň tagamy birleşendir. Ony üç zat bilen duýup bolýar. Göz owadanlygyny görýär. Burun ýakymly ysyny alýar. Agyz lezzetli tagamyny alýar.

* * *

Galen[1] şeýle diýipdir: «Gyzgyn tebigatda iň peýdaly we nahardan soňra haýal siňdiriji zat almadyr».

* * *

Biri öz gyrnagyna alma iberipdir we oňa: «Alma özüniň gyzyllygy bilen seniň ýaňagyňy, tagamy bilen seniň lebleriňi, ysy bilen seniň ysyňy, näzikligi bilen seniň keşbiňi ýada salýar» diýipdir.

* * *

Aly ibn Jahm şeýle diýipdir: «Men bir gün halypa Mütewekkiliň ýanyna bardym. Onuň ýanynda gyrnaklarynyň biriniň dişläp beren almasy bardy.

Ol maňa garap:

— Oturmankaň alma barada bir zatlar aýt. Seniň her beýdiňe müň dinar bereýin — diýdi.

Men şeýle diýdim:

Alyn dişde dişlän almasyn ýaryň,
Dünýäde bar zatdan tagamly bildim.
Ony ýar ýanyndan getirdi jeren,

[1] Galen – Grek lukmany. 59-nji milady ýylynda Fergamus şäherinde dünýä inipdir. Fergamus Kiçi Aziýanyň şäherleriniň biridir. Geometriýa, matematika, hasap, logika, pelsepe, tebipçilik ýaly ylymlary okap, 17 ýaşynda ökde tebipleriň biri bolup ýetişipdir. 89 ýaşynda wepat bolupdyr.

Apat, erbetlikden men heläk boldum.
Öli bolsam, nama bilen çagyrsa,
Görden çykyp «lepbeý» diýip ylgaryn.
Gyzyl-agyň içindäki müşk kimin,
Men onda görýärin ýaňagyn ýaryň.

Halypa maňa dört müň dinar berdi we dört halat ýapdy.

* * *

Abu Musa Eşgary şeýle diýipdir: «Gurhan okaýan mömininiň mysaly limon ýalydyr. Tagamy hem, ysy hem gowudyr. Gurhan okamaýan mömininiň mysaly hurma ýalydyr. Tagamy gowudyr, ýöne ysy ýokdur. Gurhan okaýan pasygyň mysaly reýhan ýalydyr. Ysy gowudyr, ýöne tagamy ajydyr. Gurhan okamaýan pasygyň mysaly ýabany alma ýalydyr. Tagamy ajydyr, ysy hem ýokdur».

* * *

Ibn Rumy şeýle diýipdir:

Narynjy dek sende ýakymam, ysam,
Şahaň ajap, ýapragyň hem nur – diýsem.

* * *

Talha ibn Ubeýdylla[1] şeýle diýipdir: «Men bir gezek Muhammet alaýhyssalamyň ýanyna bardym. Onuň elinde beýi

[1] Talha ibn Ubeýdylla ibn Osman Teými Kuraýşy Abu Muhammet - sahaba. Jennet bilen buşlanan 10 kişiniň biri we yslama ilkinji giren 8 kişiniň biri. Şeýle hem 6 sany maslahat agzasynyň biri bolupdyr. Uhut, Hendek we beýleki söweşlere gatnaşypdyr. 36-njy hijri ýylynda Jemel söweşinde öldürilipdir we Basrada ýerlenipdir. 38 hadys rowaýat edipdir.

bardy. Ol maňa: «Eý, Talha, şuny iý? Sebäbi ol özünde birnäçe peýdaly zatlary jemleýär» diýdi.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Zenan göwüsleri ýalydyr beýi,
Pasyga, zahyda ysy hoşboýy.

* * *

Muhammet alaýhyssalam bir gezek beýi ýygyp ýörkä, onuň ýanyna Japar ibn Abu Talyp gelipdir. Muhammet alaýhyssalam oňa: «Beýi iý. Ol reňki täzeleýär hem ýigdeldýär» diýipdir.

* * *

Japar Sadyk ibn Muhammet şeýle diýipdir: «Perişdeleriň ysy gülüň ysydyr. Pygamberleriň ysy armydyň ysydyr. Hüýrleriň ysy mirtiň[1] ysydyr».

* * *

Juha[2] ýeňine şetdaly salyp, adamlaryň arasyndan geçip barýan eken.

Ol:

— Kim meniň ýeňimde näme bardygyny bilse, şoňa olaryň arasyndaky iň uly şetdalyny berjek — diýipdir.

Onda adamlar:

---

[1] Mirt — ýakymly gülli ösümlik.

[2] Juha — meşhur ýomakçy Abul Gasn Dujeýn ibn Sabyt ibn Dujeýniň lakamy. «Täjil-arus» atly sözlükde şeýle diýilipdir: «Abul Gasnyň lakamy Juhadyr». Ibn Salah: «Ol meşhur şorta sözli Juhadyr» diýipdir. Araplar Hoja Nasreddin Ependä «Juha», «Huja» diýýärler.

— Şetdaly — diýişipdirler.

Onda Juha:

— Men siziň haýsyňyzyň ilki aýdanyňyzy nädip bileýin — diýip, ýoluny dowam etdiripdir.

* * *

Kesra bir gezek ýykylan bir gülüň ýanyndan geçip barýan eken. Ol: «Kim seni ýykan bolsa, Alla hem ony ýyksyn» diýip, ýere düşüp ony alypdyr we öpüpdir. Soň şol ýerde onuň hatyrasyna ýedi günläp şerap içipdir.

* * *

Mesleme ibn Selim Kätip bägüller barada şeýle diýipdir:

Ýüzi nurly, ysy ýakymly myhman,
Menzil söküp ýylda gelýär ýadaman.

* * *

Abu Amr Gürgenli şeýle diýipdir:

Bägül magşuk wepasynda gurban bolýar – duýdum men,
«Ýuwaş, onuň magşugy eşidäýmesin!» diýdim men.

* * *

Mutewekkil şeýle diýipdir: «Men ynsanlaryň şasy, bägül gülleriň şasy. Biziň ikimizem eýämiz aýratyn edip ýaratdy».

* * *

Anuşirwan Adyl bägüli örän gowy görýär eken. Ony beýleki güllerden ýokary tutýar eken. Ol güllerden bir gümmez gurup, oňa «Gülşen» diýip at beripdir. Onuň daşyna gyzyl çaýypdyr. Göwher bilen jähekläpdir. Suratlar bilen

zynatlapdyr. Daşyny suratly ýazgylar bilen bezäpdir. Onuň çür depesinde özüniň ýeňişlerini bägül görnüşinde ýazyp goýupdyr.

* * *

Rastak welaýatynyň Kaşmir obasynda serwi agajyndan bir baglyk bar. Bu ýerde Azat diýilýän bir serwi bar. Ony Ýustasef[1] ekipdir. Owadanlykda, uzynlykda, ýogynlykda onuň ýaly agaç görülen däldir. Onuň kölegesi bir parsaha ýetipdir. Bu agaç Horasanyň buýsanjynyň biridir we onuň waspy Mütewekkile baryp ýetipdir. Ol ony görmegi arzuw edipdir. Emma ol ýere gitmäge mümkinçilik tapmansoň, Horasanyň häkimi Tahyr ibn Abdylla hat ýazypdyr. Hatynda oňa ol agajy kesmegi, onuň pürsüni we şahalaryny keçä dolap düýä ýükläp, öz ýanyna ibermegini we özüniň ony öz gözleri bilen görmekçidigini aýdypdyr. Ol muňa garşy çykypdyr, ýöne onuň gazabyndan gorkupdyr. Serwi agajyna ol ýerde ýaşaýan şepagatçylaryň şepagaty hem peýda etmändir. Aýdylyşyna görä, obanyň halky oňa degilmezligi üçin onuň ýerine uly möçberde pul hödürläpdirler. Ýöne hiç hili peýda bermändir. Netijede, agaç kesilipdir we halkyň başyna uly bela gelipdir. Halkyň agysy dady-perýady asmanlara galypdyr. Şahyrlar ol barada mersiýe[2] ýazypdyrlar:

* * *

Aly ibn Jehm şeýle diýipdir:

Mütewekkil ýöreýärdi onuň ýoluna tarap,
Serwi-de öňe barýar, ajal yzyndan garap.

---

[1] Ýustasef – pars hökümdarlarynyň biri.
[2] Mersiýe – gynançly wakalara bagyşlanyp ýazylan şygyr, elegiýa.

Uly-kiçi barynyň göznüň alnynda boldy,
Özüniň perzendiniň gylyjynda çapyldy.

Hökümdaryň aýdyşy ýaly edip, işi ýerine ýetiripdirler. Ýöne serwi onuň ýanyna ýetmänkä, Mütewekkil öldürilipdir.

* * *

Buzurgmehrden[1]:

— Otlar näme üçin ýerde ösüp otyrkalar göm-gök, soň bolsa guraýarlar? —diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Sebäbi ýer enekedir, eneke bolsa wagtlaýyndyr — diýipdir.

* * *

Buzurgmehr: «Garpyzda on häsiýet bardyr: Ol reýhandyr, jan-saglykdyr, miwedir, kanagatdyr, taýýar iýmitdir, peşew halta üçin dermandyr, ajan we yslanan zatlary tämizleýändir, hammamda erbet yslary aýyrýan zatdyr, suw guýar ýaly küýzedir, agyr nahary siňdirijidir» diýipdir.

* * *

Bagdatda on sany ýaş ýigit güýmenje üçin ýygnanyşypdyrlar. Olar aralaryndan birini zat almak üçin bazara iberipdirler. Ol ýigit eline bir garpyz alyp ony hem ysgap we ogşap gaýdypdyr.

Ol dostlarynyň ýanyna gelip:

[1] Buzurgmehr ibn Bahtekan - pars akyldary. «Kalila we Dimna» eserini hindi dilinden pars diline terjime edipdir. Onuň hikmetli we parasatly sözleri kändir.

— Men size uly peýda bilen geldim. Bişr Hafy[1] Hezretleri bu garpyza elini degirdi. Men hem onuň eliniň hormatyna bereket  üçin muny ýigrimi dinara satyn aldym. Sebäbi onuň eliniň degen zadynda bereket bar — diýipdir.

Olaryň her biri bu garpyzy eline alyp ogşapdyr we gözüniň üstünde goýupdyr. Onda olaryň biri sorapdyr:

— Bişr bu mertebä nädip ýetdi?

Onda oňa:

— Alladan gorkmak we salyh amaly bilen — diýipdirler.

Onda ýaňky garpyz getiren ýigit:

— Siz maňa şaýat boluň, men Allanyň öňünde toba etdim we Bişriň ýoluna girdim — diýipdir.

Beýlekiler hem onuň bu sözüne goşulypdyrlar. Soň bolsa Tarsus[2] şäherine jyhat etmäge söweşe gidip, ol ýerde şehit bolupdyrlar.

* * *

Muhammet ibn Mukatyl bir gün ýoldan geçip barýarka, garpyz paçagyny basypdyr we şeýle diýipdir: «Kim biziň ýollarymyzy garpyz paçagy bilen hapalasa, Allatagala onuň gaýgy-gamyny uzaltsyn!».

* * *

Kirdus ibn Mezine şeýle diýipdir:

Size Kirdus pyçagy sawçy gelipdir bu gün,
Garpyz bile nikalap, beriň oň kanagatyn.

---

[1] Abu Nasr Bişr ibn Harys Aly ibn Abdyrahman Merwezi – meşhur sopy. Merwde dünýä inipdir. Bişr Hafy we Eýmen baba diýip tanalypdyr. Onuň zuhda, takwa degişli habarlary bar. Ynamdar hadys alymlaryndan bolup, Bagdatda ýaşapdyr we 227-nji hijri ýylynda şol ýerde wepat bolupdyr.

[2] Tarsus – Antakyýa bilen Halap şäheriniň aralygynda ýerleşen şäher.

Men hem oňa jogap berdim:

Geldiler ondan gymmat bahaly demir bilen,
Emma kabul etmedi, bolmady emin bilen.

* * *

Köneürgençden bazanç (bal ýaran) diýen garpyzy Merw şäherindäki halypa Mamuna iberipdirler. Ol ony örän gowy görüpdir. Ol garpyzy ekip, bişenden soň, ýygyp görmek isläpdir. Onuň tohumyny Merwe getirip ekmek isläpdir. Ýöne garpyz gowy hasyl bermändir. Soň bolsa Köneürgençden düýelere ýükläp toprak getirmegi emr edipdir. Emma onda-da garpyz gowy hasyl bermändir. Soň Jeýhundan suw getirdipdir. Ýöne garpyz ýene gowy hasyl bermändir we onuň tagamy Köneürgençden gelen garpyzyňky ýaly bolmandyr. Şonda munuň sebäbiniň tebigatdandygyny we howadandygyny bilip galypdyr.

* * *

Muhammet alaýhyssalam kädini gowy görer eken. Enes şeýle diýipdir: «Men Resulallanyň kädini gowy görýändigini bilendigim üçin, kädini elmydama gowy görýärin».

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Ýylanlar ýüzärligi halamaýar. Olar onuň biten ýerinde ýaşamaýarlar».

* * *

Muammar[1] şeýle diýipdir: «Men üç mejlisi kesmeli boldum. Munuň sebäbini hem diňe badamjany köp iýýändigimden gördüm».

* * *

Enes şeýle diýipdir: «Muhammet alaýhyssalam hyna gülüni diýseň gowy görýärdi. Onuň iň gowy görýän tagamy bolsa kädidi».

* * *

Araplar Nusra[2] ýyldyzy süýnende: «Ýer oňa gözüniň biri bilen seretdi» diýýärler. Jebhe[3] ýyldyzy süýnende: «Ýer oňa iki gözi bilen seretdi» diýýärler.

Gözüniň biri bilen seretdi diýilmeginiň manysy: «Ýere jan girip ösümlikleri ösdürip başlady» diýmekdir.

Iki gözi bilen seretdi diýmekligiň manysy: «Ýer gaty gyzdy we ýumşady. Onuň ösümliklere yzasy-jepasy köpeldi» diýmekdir.

* * *

Senuberden garaýag alýarlar. Erzen diýen ösümlikden ergin alýarlar. Ýagny onuň ýanynda ot ýakýarlar. Oňa gyzgyn ýetip başlanda, ol eräp akýar. Ony öz görnüşlerine görä ulanýarlar.

---

[1] Abul Aşgas Muammar ibn Abbat Sulemi - mugtezile mezhebiniň «Muammeriýe» diýen ugruny esaslandyryjy. Bagdatda ýaşap geçipdir. 215-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Aralary bir garyş bolan iki ýyldyz.

[3] Aýyň menzilinde duran dört ýyldyz.

* * *

Araplar: «Hurma — Abu Awn (kömekçiniň atasy), hurma kakyna — Abu Semh (sahynyň atasy), injire — Abu Lukman (Lukmanyň atasy), reýhana — Abu Nadr (gök önümleriň atasy), nergize — Abu Yna (zähmet atasy), hoza — Abu Kagkag (garganyň atasy)» diýýärler.

* * *

Aýdylyşyna görä, iň uly hurma agajy Merýem agajydyr. Ol köp miwe berýän agaçdyr. «Mesälik» kitabynyň[1] ýazary şeýle diýipdir: «Ol Beýtil-mukaddesdedir. Ol müň ýyldan hem öň ekilipdir. Ol egrelip gidipdir».

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Jennetde bir agaç bar. Jennetdäkiler onuň kölegesinde ýüz ýyl gezerler, emma onuň kölegesi hiç tükenmez. Eger isleseňiz «Uzalyp ýatan kölegeler» aýatyny[2] okaň».

* * *

Hint binti Jewn aşakdaky wakany gürrüň beripdir: «Bir gezek Resulalla daýzam Ümmi Magbadyň[3] çadyryna geldi. Biraz ýatyp, ukusyndan turup, soň suw getirdip elini ýuwdy. Soň agzyny çaýkady we çadyryň gapdalynda ösüp oturan

---

[1] «Mesälik» kitabynyň ýazary Abu Muhammet ibn Hüseýin ibn Ahmet ibn Ýakup Hemedany. Ibn Haýyk ady bilen tanalypdyr. 334-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Gurhanyň «Wakyga» süresiniň 30-njy aýaty.

[3] Atyka binti Halit ibn Halyf ibn Munkyz ibn Rabyga Hazagyýa – medineli sahaba. Ümmi Magbat onuň lakamydyr. Muhammet alaýhyssalam Medinä göçüp barýarka, onuň öýüne muhman bolupdyr. Mundan soň Ümmi Magbat Medinä gelipdir we musulman bolupdyr.

pessejik agajyň düýbüne agzyny çaýkan suwuny dökdi. Biz ertir irden turup görsek ýaňky agaç äpet daragt bolaýypdyr. Onuň miwesi hem şeýle uludy welin, heý, goýaý. Reňki sarydy. Ysy anbaryňky ýalydy. Tagamy bal ýalydy. Hemmämiz ondan, tä doýýançak iýdik. Suwsuzlygymyz gandy. Syrkawlarymyz sagaldy. Onuň ýapragyndan iýen düýedir-goýunlaryň süýdi şeýle bol boldy. Biz oňa mübärek diýip at goýduk. Ol biziň jülgämizi suw we azyk bilen üpjün edýärdi.

Emma bir gün biz irden turup görsek onuň miweleri gaçypdyr, ýapraklary kiçelipdir. Biz gorkduk. Şol gün hem Resulallanyň ölüm habaryny eşidip haýran galdyk.

Soň ýene otuz ýyldan ýaňky agajyň boýdan-başa hemme ýeri durşuna tiken bolupdyr. Miweleri hem gaçypdyr. Görki gidipdir. Şol gün hem Hezret Alynyň öldürilendigini eşitdik. Bu agaç mundan soňra hiç haçan miwe bermedi. Biz onuň diňe ýapragyndan peýdalanyp başladyk.

Soň ýene bir gün turup görsek, onuň şahalaryndan erbet gan akýar we ýapraklary gurapdyr. Biz gynanyp otyrkak, Hezreti Hüseýiniň öldürilendiginiň habary geldi. Agaç hem gurady we yzyndan hem ýok bolup gitdi.

Bu ýerde haýran galmaly zat, näme üçin bu agajyň rowaýaty meşhur bolmady. Ýogsa, goýun bilen baglanyşykly rowaýat, kyssalaryň arasynda meşhur bolup galdy ahyry?

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Men asmana seýr etdirilenimde, Jebraýyl perişde meniň elimden tutup, jennetiň eýwanlarynyň üstünde oturtdy. Soň maňa beýi getirip berdi. Men ondan tä doýýançam iýdim. Soň bir hüýr gyz çykdy. Men ondan owadan gyz görmändim.

Ol maňa:

— Esselamu aleýküm, ýa, Muhammet — diýdi.

Men oňa:

— Sen kim? — diýdim.

Ol:

— Jennetdäki razy bolan hüýr gyzlar. Jepbar meni üç zatdan ýaratdy. Aşaky bölegim müşkden, orta bölegim kafurdan (ýakymly ysly atyr), ýokarky bölegim anbardan. Meni durmuş suwundan ýugurdy. Jepbar maňa: «Bol!» diýdi. Men hem boldum. Ol meni seniň doganyň we agaň ogly Hezret Aly üçin ýaratdy — diýdi .

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Nar iýiň. Onuň aşgazana baran her bir dänesi kalby nurlandyrýar we şeýtany 40 günläp özünden uzaklaşdyrýar».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Üzümi däne-däneden iýiň. Sebäbi ol jan-saglyk getirer».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Eger nahar bişirseňiz, kädini köpräk bişiriň. Sebäbi ol gussaly kalby rahatlandyrar».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Hendebanyň[1] her ýapragynda dänäniň agramyça jennet suwy bardyr. Kim

[1] Hendeba – syçratgy.

jirjir[1] iýip ýatsa, jüzzam[2] hem onuň garnynda ikirjiňlenip ýatar».

* * *

Hyjazly bir garry adam uzakly gije: »Uzynlygy asmanlar we ýer ýaly bolan jennet» [3] aýatyny okap aglap çykypdyr.

Oňa:

— Eger onuň misli şeýle bolýan bolsa, bu ýerde aglar ýaly näme bar? — diýipdirler.

Ol hem:

— Eger maňa ol ýerde orun ýok bolsa maňa onuň giňişliginden peýda näme — diýipdir.

* * *

Ýusup ibn Asbata[4] ilkinji gazanç hakyny getirip beripdirler. Ol ony alyp, öňünde goýup şeýle diýipdir: «Dünýä özüne seretmek üçin ýaradylmady. Ol onuň üsti bilen ahyrete seretmegimiz üçin ýaradyldy».

* * *

Harun Reşit Ibn Semmaga:

— Maňa wagyz et — diýipdir.

Onda ol:

— Eý, möminleriň emiri, giňişligi ýer we asmanlar ýaly bolan jennetde ornuň bolmazlygyndan heder et — diýipdir.

---

[1] Jirjir – noýba.
[2] Jüzzam – heýwere keseli.
[3] Gurhanyň «Ali Ymran» süresiniň 198-nji aýaty.
[4] Ýusup ibn Asbat ibn Wasyl Şeýbany Kufy - hadys alymy, sopy we zahyt. Diňe halal zatdan iýipdir, eger tapmasa welin toprak iýer eken. 195-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Mälik ibn Dinar:

— Nagym jenneti Firdöws jennetiniň biridir. Ol ýerde jennetiň bägülinden ýaradylan hüýrler bardyr — diýipdir.

Ondan sorapdyrlar:

— Ol ýerde kimler ýaşaýar?

Onda ol:

— Günä işlerden gaça durup, Allanyň belentligini ýada salyp, takwa bolanlar — diýipdir.

* * *

Fuzaýl şeýle diýipdir: «Eger hüýrler ýedi deňze tüýkürseler, olaryň hemmesiniň suwy süýjär».

* * *

Ybraýym Edhem şeýle diýipdir: «Iblis bizi ýalňyşdyryp jennetden kowdurdy. Heý-de, kowulan adam öz ýerine dolanyp barýança dynç alarmy?».

* * *

Sagyt ibn Zeýt ibn Amr ibn Nefil[1] şeýle diýipdir: «Men Resulallanyň şeýle diýendigini eşitdim: «Kömelek peýdalydyr. Onuň suwy göze şypa berýändir».

---

[1] Sagyt ibn Zeýt ibn Amr ibn Nefil Adewi Kuraýşy Abu Agwar - sahaba. Dirikäler jennet bilen buşlanan 10 sany sahabanyň biri. Hijriden 22 ýyl öň Mekgede dünýä inipdir. Soň musulman bolupdyr we Medinä gelipdir. Bedrden galan ähli söweşlere gatnaşypdyr. Soň Abu Ubeýde ony Damaska häkim belläpdir. 51-nji hijri ýylynda Medinede wepat bolupdyr. Pygamberimizden 48 sany hadys rowaýat edipdir.

* * *

Jabyr ibn Abdylla şeýle diýipidr: «Biz Resulalla bilen Merril-Zahran[1] jülgesinde gezip ýördük we miswak agajynyň iýmişini ýygýardyk.

Muhammet alaýhyssalam:

— Siz olaryň has garasyny ýygyň — diýdi.

Biz:

— Ýa, Resulalla, seniň özüň goýun bakypmydyň, muny nireden bilýärsiň? — diýip soradyk.

Onda ol:

— Çopan bolmadyk hiç bir pygamber ýokdur — diýdi.

* * *

Allanyň bu bendesi hem şeýle diýdi:

Eger bolsa aklyňda assyrynlyk alamat,
Onuň görkezýän ýoly bilen işiň amal et.

* * *

Hyşam ibn Abdylmälik öz bossanlygynda zeýtun agajynyň silkelenýändigininiň sesini eşidip, şeýle diýipdir: «Onuň miwesini ýerden alyň. Silkeýäp, şahalaryny döwüşdirmäň».

* * *

Hurma bişip ýetişende, Urwa ibn Zubeýr mellegini açyp, adamlara ondan iýmäge we öýlerine-de alyp gitmäge rugsat berer eken. Özi hem: «Maşalla, lä hawle welä kuwwete illä

---

[1] Merril-Zahran – Mekgäniň golaýynda bir ýer ady. Merri – obanyň, Zahran – çölüň ady.

billä (Allanyň islegi bolar. Alladan başga hiç güýç we kuwwat ýokdur)» diýip gaýtalar eken.

* * *

Ybraýym ibn Hemze Zebiri[1] şeýle diýipdir: «Biz köp bolup bir gün jülgede gezip ýördük. Biziň ýanymyzdan eli üzümli we injirli iki sany sebet alyp bir adam geçip gitdi.

Biz:

— Aýak çek, eý, oglan! — diýip, ony sakladyk. Ondan özümize gerek zatlary aldyk. Soň oňa:

— Sen bizi tanaýarsyňmy? — diýdik.

Ol:

— Ýok — diýdi.

Biz:

— Onda näme üçin biz çagyranymyzda, gaçmadyň? — diýdik.

Ol:

— Hojaýynym maňa: «Eger ýolda köp adam görseň, olardan gaçma» diýip aýtdy — diýdi».

* * *

Bureýda[2] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Suw dünýäde we ahyretde tagamlaryň serweridir. Dünýäniň we ahyretiň şerbetleriniň hojaýynydyr.

---

[1] Ybraýym ibn Hemze ibn Hamza ibn Musgap ibn Zubeýr ibn Awwam Medeni Abu Yshak - ynamdar hadys rowaýatçysy. 230-njy hijri ýylynda Medinede wepat bolupdyr.

[2] Bureýde ibn Hasyp ibn Abdylla ibn Harys Eslemi Abu Abdylla - sahaba. Muhammet alaýhyssalam Medinä hijret edip barýarka musulman bolupdyr. Soň Medinä göçüpdir. Musulmanlar bilen köp gazawatlara gatnaşypdyr. Hezreti Osmanyň döwründe Horasana gazawada gaýdypdyr. 63-nji hijri ýylynda hem Merwde wepat bolupdyr. Gubury şu wagt Baýramaly şäherinin golaýyndadyr.

Dünýä we ahyret reýhanlarynyň hojaýyny bolsa fagyýedir (hyna güli)».

* * *

Hasan ibn Aly şeýle diýipdir: «Resulalla maňa iki eli bilen tutup bägül gülüni berdi we şeýle diýdi: «Bu gül jennetdäki mirtden[1] galan reýhanlaryň hojaýynydyr».

* * *

Abdylla ibn Ymran[2] şeýle diýipdir: «Müsür toprak babatda dünýäniň iň gowy ýeridir we harap bolmak babatda iň uzak bolan ýerdir».

* * *

Abul Amys[3] Kasymdan[4] şeýle gürrüň beripdir: «Fyrat derýasyndan gatyr ýaly ululykda bolan bir nar çykypdyr. Ähli kitapdan bolanlar ol naryň jennetden çykandygyny aýdýarlar».

---

[1] Mirt - ýakymly ysly we gülli, hemişe gök öwsüp durýan gyrymsy ösümlik.

[2] Abdylla ibn Ymran ibn Rezin ibn Wehbulla Mahzumy Abydy Abul Kasym Mekki - hadys alymy. 245-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[3] Abul Amys Utba ibn Abdylla ibn Mesgut Hezeli - ynamdar hadys rowaýatçysy.

[4] Kasym ibn Muhammet ibn Abubekr Syddyk - medineli ýedi fykh alymynyň biri. 37-nji hijri ýylynda Medinede dünýä inipdir. Tabygyn nesliniň ynamdar hadys rowaýatçysy. Ibn Uýeýne ol barada: «Ol zamanasynyň iň güýçlüsidi» diýipdir. 107-nji hijri ýylynda Mekge bilen Medinäniň arasyndaky Kadyt diýen ýerde wepat bolupdyr.



**Mähriban ýurdum.** *Kämil Weliahmedowyň çeken suraty.*

# DOKUZYNJY BAP

## ŞÄHERLER, DIÝARLAR, BINALAR, YMARATLAR, HARABAÇYLYKLAR WE WATANY SÖÝMEK HAKYNDA

Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Men ýer ýüzünde edilen bir haýyr işe Mekgeden başga ýüz sogap berilýän haýsydyr bir şäheri bilmeýärin. Men ýer ýüzünde Mekgeden başga okalan bir rekat namaz üçin ýüz rekat namaz ýazylýan haýsydyr bir şäheri bilmeýärin. Men ýer ýüzünde Mekgeden başga sadaka edilen bir dirheme müň dirhem sogap ýazylýan haýsydyr bir şäheri bilmeýärin. Men ýer ýüzünde Mekgeden başga ýagşyzadalaryň ýaşaýan we ýagşyzadalaryň namaz okaýan ýeri bolan haýsydyr bir şäheri bilmeýärin. Men ýer ýüzünde Mekgeden başga haýsydyr bir ýere hormat goýmasaň, ýalňyşanlara küpür howpy bolan başga bir şäher bilmeýärin. Men Mekgeden başga pygamberleriň ýygnaljak ýeri bolan haýsydyr başga bir şäheri bilmeýärin. Men ýer ýüzünde perişdeleriň her gün jennetiň ruhundan Mekgeden köp inýän ýerini bilmeýärin».

* * *

Abdylla ibn Amr şeýle diýipdir: «Mekge şäheri ýerden we howadan tä arşa çenli bolan ýedi asmanda hormatlanylýan mukaddes ýerdir».

* * *

Wehb ibn Wert şeýle diýipdir: «Men bir gün Käbäniň içinde daşyň üstünde namaz okaýardym. Birdenkä Käbe bilen örtgüsiniň arasyndan: «Eý, Jebraýyl, Käbäniň daşyndan togap edýänlerden ynsanlary söz bilen güldürýänleri, ýaňralary, boş söz sözleýänleri men ilki Alla, soňra saňa arz-şikaýat edýärin.

Eger olar şu edýän işlerini taşlamasalar, onda hökman men titräp başlaryn we meniň her bir daşym öz goparylan dagyna gaýdyp barar» diýen sesi eşitdim».

* * *

Ibn Mesgut şeýle diýipdir: «Amala başlamazdan öňürti Mekgeden başga bendäniň niýeti üçin jezalandyrylýan haýsydyr bir şäher ýokdur. Soň şu aýaty okady: «Kim ol ýerde (Mekgede) zulum bilen hakdan uzaklaşmak islese, oňa ajy azapdan dadyrarys»[1].

* * *

Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Meniň Rukbede[2] 70 günä iş etmegim, maňa Mekgede bir günä iş etmegimden has bähbitlidir» diýipdir.

* * *

Sufýan Söwri:

[1] Gurhanyň «Haj» süresiniň 25-nji aýaty.
[2] Rukbe — Mekge bilen Taýyfyň arasyndaky bir jülge.

— Walla, men haýsy şäherde ýaşajagymy bilemok? — diýipdir.

Oňa:

— Horasan — diýipdirler.

Ol:

— Ol ýerde mezhepler köp we pikirleri nädogry — diýipdir.

Soň oňa:

— Şam — diýlipdir.

Ol:

— Hemmeler meşhur bolmak isleýär, şöhratparaz — diýipdir.

Oňa:

— Yrak — diýipdirler.

Ol:

— Ol ýer zalymlaryň ýurdy — diýipdir.

Onda oňa:

— Mekge — diýipdirler.

Ol:

— Ol ýer zehiniňi we bedeniňi ýitirýär, ýagny köp ybadat etmeli bolýar — diýipdir.

* * *

Hadysda şeýle diýlipdir: «Asmana galdyrylmazdan ozal Käbäni köpräk togap ediň! Ol iki gezek ýykyldy, emma üçünji gezek asmana galdyrylar».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Allatagala: «Men eger dünýäni ýykmak islesem, öňürti öz

öýümden başlaryn, ilki ony ýykaryn. Soň onuň yzy bilen dünýäni ýykaryn» diýipdir».

* * *

Käbäniň aýratynlyklary şulardyr: «Eger keýik bir möjekden gaçyp, onuň içine girse, möjek oňa zat degmez; hiç bir kepderi eger ýaraly bolmasa, Käbäniň üstüne gaçmaz; eger asmandan ýagan ýagyş Käbäniň Yrak tarapyndan gelse, onda şol ýyl Yrakda toprak hasylly bolýar, şeýle-de beýleki taraplar hem şunuň ýaly bolýar, emma eger Käbäniň hemme tarapyndan gelse, onda hemme ýurtda bereketli hasyl bolýar; şeýle hem şeýtana zyňylýan daşlaryň sany uzak zamanlar hajylaryň bu daşlary zyňmaklaryna garamazdan, şol bir ýagdaýda dur; eger bu ýer aýatyň inen ýer bolmasa-dy, onda bu ýer dag ýaly bolardy; Şeýle hem Käbäniň her bir ýolbaşçysy diňe azat kişilerden bolupdyr; Mekgedäki salyh kişiler Käbäniň içine diňe oňa tagzym üçin girýärler».

* * *

Nemiri Sakafy[1] şeýle diýipdir:

Mekgede gyşyny geçirse Zeýnep,
Geçirýär Taýyfda özüniň tomsun.
Hormat goý olara, Zeýnep halyna,
Diýýän bolsaň eger «Ykbalym oňsun».

---

[1] Muhammet ibn Abdylla ibn Nemir ibn Hurşe Sakafy Nemiri – emewiler döwründe ýaşap geçen şahyr. Taýyfda dünýä inipdir we önüp-ösüpdir. Hajjajyň aýal dogany Zeýnep barada köp şygyr aýdar eken.

* * *

Yslam dini gelende Hekim ibn Hazm Daryn-nedwäni Mugawyýa 100 000 dirheme satýar. Şonda Abdylla ibn Zubeýr oňa:

— Sen kuraýşylaryň abraýyny satdyňmy? — diýipdir.

Onda ol:

— Onuň abraýy gitdi. Eý, doganymyň ogly, men oňa derek jenneti satyn aldym. Sen şaýat bol, men onuň puluny Alla ýoluna berýärin — diýipdir.

* * *

Ýer üstünde ýaşaýan ýagşyzada-salyhlaryň barlygy bilen beýikdir. Allatagala Beýtil-mukaddesi pygamberleriň mekany bolanlygy üçin beýik edipdir, Medinäni Resulallanyň hijret etmegi we onuň sahabalary bilen beýik edipdir.

* * *

Biziň eşidişimize görä, Isa alaýhyssalam asmandan ýere inensoň, Medinä göçer we tä Allatagaladan emr gelýänçä ol ýerde ýaşar.

* * *

Abu Hureýranyň rowaýat etmegine görä, Muhammet alaýhyssalam bir hadysda şeýle diýipdir: «Isa alaýhyssalam asmandan ýere inende, ol enşalla bu ymmatyň içinde ýaşar. Soň şu Medine şäherinde wepat bolar we Omaryň guburynyň ýanynda ýerlener. Abubekr Syddyk bilen Omara buşluk bolsun, olaryň ikisi kyýamat güni iki pygamberiň arasynda direlerler».

* * *

Äşe Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Ähli şäherler gylyç bilen eýelendi. Diňe Medine şäheri «Lä ilähe illalla Muhammedun Rasululla»[1] sözi bilen eýelendi».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Iman ýylanyň öz hinine çekilişi ýaly Medinä çekiler».

* * *

Muhammet ibn Kaýs ibn Muhrame[2] şeýle diýipdir: «Kim iki mübärek şäheriň (Mekge-Medine) birinde wepat bolsa, Allatagala ony kyýamatda imanly direlder».

* * *

Sagýa alaýhyssalam[3] şeýle diýipdir: «Sabyr et, eý, Ewru-şelem[4]. Sebäbi saňa eşege münüji, ýagny Isa ibn Merýem geler, soň saňa gatyra münüji geler, ýagny Muhammet alaýhyssalam. Ol ýeri Beýtil-mukaddesdir».

* * *

Agşa Kaýs şeýle diýipdir:

---

[1] Manysy «Alladan başga Hudaý ýokdur, Muhammet onuň ilçisidir» diýmekdir.
[2] Muhammet ibn Kaýs ibn Muhrame ibn Abdylmuttalyp ibn Abdymennaf – sahaba. Çaga wagty Muhammet alaýhyssalamy görüpdir. Şonuň üçin ony sahaba hasaplapdyrlar. Emma Ibn Sagt ony tabygyn neslinden hasaplapdyr.
[3] Sagýa (Şagýa) ibn Emsyýa - Beni Ysraýyl pygamberleriniň biri. Musa alaýhyssalamdan soňra Isa alaýhyssalam bilen Muhammet alaýhyssalamy buşlamak üçin iberilipdir. Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Ol Beni Ysraýyl pygamberleriniň iň soňkusydyr. Beni Ysraýyllylar oňa Şagýa diýýärler».
[4] Ewru-şelem — Kudus, Ierusalim şäheri.

Aýlandy mal üçin uzak - alysy,
Ewru-Şelem, Ammany hem Humusy.

Oňa Palestina hem diýdiler. Bu ýer magşar ýeri, goralýan ýer we jennet şäheridir.

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) bir gezek Resulalladan:

— Haýsy ýer haýyrly we haýsy ýer erbet? — diýip sorapdyr:

Ol:

— Bilemok — diýipdir. Soň ol bu sowal bilen Jebraýyl alaýhyssalama ýüzlenipdir.

Jebraýyl alaýhyssalam:

— Bilemok — diýipdir.

Ol Jebraýyla:

— Sen muny Rebbiňden sora — diýipdir.

Ol hem sorapdyr, Allatagala-da:

— Ýeriň haýyrlysy metjitdir. Ýeriň erbedi bolsa bazardyr — diýipdir.

* * *

Abu Hureýra şeýle diýipdir: «Kim halal maldan bir metjit gurdursa, Allatagala oňa jennetde bir öý gurar».

* * *

Äşe Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Allatagalanyň iň gowy görýän ýeri şäheriň metjitleridir. Iň halamaýan ýeri bolsa şäherleriň bazarlarydyr».

* * *

Kim metjitde bolup, namaz okamasa, akylsyzlyk etdigi bolar.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Hemme zadyň zibilhanasy bardyr. Diňe metjitleriň zibilhanalary ýokdur. Walla ýokdur».

* * *

Mugaz ibn Jebel[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat diýipdir: «Kim metjitde bir çyra asyp goýsa, tä bu çyra döwülýänçä, 70 000 perişde oňa dileg-doga eder. Kim metjide bir düşek ýazsa, tä bu düşek ýyrtylýança, 70 000 perişde oňa doga-dileg eder».

* * *

Mälik ibn Dinar şeýle diýipdir: «Mynapyklar (ikiýüzlüler) metjitde, göýä kapasdaky serçeler ýalydyr».

---

[1] Mugaz ibn Jebel ibn Amr ibn Ews Ensary Abu Abdyrahman - uly sahabalaryň biri. Muhammet alaýhyssalamyň döwründe Gurhany jemlän alty sahabanyň biri. Hijretden 20 ýyl öňürti Medinede dünýä inipdir we ýaşlygynda musulman bolupdyr. Ýedi sany ensarylar bilen birlikde ikinji Akaba hadysasyna gatnaşypdyr. Muhammet alaýhyssalam ony Japar ibn Abu Talyp bilen dogan okaşdyrypdyr. Bedr, Uhut, Hendek we Muhammet alaýhyssalamyň gatnaşan beýleki ähli söweşlerine gatnaşypdyr. Tebuk söweşinden soňra Muhammet alaýhyssalam ony Ýemene kazy we dini öwrediji mürşit edip iberipdir. Tä Muhammet alaýhyssalam wepat bolýança, Ýemende bolup, soň Medinä gaýdyp gelipdir. Soň Abu Ubeýde ibn Jerrah bilen Şama söweşe gidipdir. 18-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. 157 hadys rowaýat edipdir.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kim metjit bilen dost bolsa, Alla onuň bilen dost bolar».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Ahyrzamanda meniň ymmatymdan bir topar geler. Olar metjide gelip, halka bolup tegelenişip oturarlar we dünýä we dünýä söýgüsi barada gürrüň ederler. Olaryň ýanynda oturmaň. Alla üçin olara hajat ýokdur».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Allatagala: «Meniň ýerdäki öýlerim metjitlerdir. Oňa zyýarata gelýänler – onuň zynatlarydyr. Aperin, öz öýünde arassalanyp, soň meniň öýüme zyýarata gelýäne! Zyýarat edilýäniň haky – zyýaratçylara hödür-kerem etmekdir» diýipdir».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Eger siz elmydama metjide gatnamagy adat edinen adamyny görseňiz, onuň imanyna şaýat boluň!».

* * *

Sagyt ibn Museýýep şeýle diýipdir: «Kim metjitde otursa ol Rebbi bilen oturandyr. Onuň haýyrdan başga zat aýtmaga hukugy ýokdur».

* * *

Hadysda şeýle diýlipdir: «Metjitde gürlemek malyň oty iýişi ýaly ähli sogaplary iýýändir».

* * *

Nahgy[1] şeýle diýipdir: «Ýary gije garaňkyda metjide pyýada gitmek rehmetden we ýalkanmakdan nyşandyr».

* * *

Samarkantly bir adam Fuzaýldan sorapdyr:

— Seniň üçin haýsy ýerde ýaşamak gowy, Mekgedemi ýa-da Şamda?

Ol:

— Eger takwa bolup ýaşanyňdan soň, Şaşda[2] ýaşasaň hem hiç hili gorkunç zat ýok — diýip jogap beripdir.

* * *

Aly Ezdi[3] şeýle diýipdir: «Men bir gezek Ibn Apbasdan:

— Jyhat näme? — diýip soradym.

Onda ol:

— Ol saňa haýry ýeten zat dälmi? Jyhat — ynsanlara Gurhany, Resulallanyň sünnetlerini we fykh ylmyny öwrenmekleri üçin metjit-medrese gurmakdyr — diýdi».

* * *

Adyý ibn Abdyl Menat Basrada ýaşamak üçin özüne bir metjidi gurupdyr. Aýdylşyna görä, Hezreti Äşäniň düýesiniň damagy şu ýerde çalnypdyr. Şol ýerde hem metjit gurupdyrlar.

---

[1] Ybraýym ibn Ýezit ibn Kaýs Abu Ymran Nahgy - tabygyn neslinden bolan hadys rowaýatçysy. 46-njy hijri ýylynda dünýä inipdir. Onuň öz döreden mezhebi bolupdyr. 96-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Şaş – Daşkent şäheri.

[3] Aly ibn Abdylla Ezdi Abu Abdylla ibn Abul Welit Baryky - tabygyn neslinden bolan hadys rowaýatçysy. Ibn Omar, Ibn Apbas, Abu Hureýra, Ubeýt ibn Umeýr ýaly sahabalardan hadys rowaýat edipdir. Ondan Mujahyt ibn Jubeýr, Katada, Abdylla ibn Kesir, Kary ýalylar hadys rowaýat edipdirler. Mujahyt şeýle diýipdir: «Aly Ezdi remezan aýynda her gije Gurhany hatym ederdi».

Olardan bir adam şorta söz hökmünde olara niýetläp şeýle diýipdir:

Özün goňşudan artyk saýýan abraýly kowmuň,
Metjitlerinden başga buýsanara ýok zady.
Özlerinden ýokarda saýýar olar metjidi,
Bir gün metjit ýykylsa, hiç kime ýetmez dady.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Eý, Kufa, sen Ukaz bazarynda serlen, eýlenen deri ýaly çekilen we ezilen bolarsyň. Hadysalar seni aýaklarynyň aşagynda ezip, üstüňe müner. Saňa erbetlik arzuw eden zalymy Alla ony öz derdi bilen meşgul etsin we öldüriji ok bilen atsyn».

* * *

Jehm ibn Halef Mazyny Kufa şäherinden bolan Mufaddal Dabby[1] barada şeýle diýipdir:

Sen kufaly, Kufaly-da goramaýar dostuny,
Ýüzde nur ýok haýyr üçin – diýeýin rastymy.

* * *

Abu Ubeýdeden sorapdyrlar:

— Seniň üçin Basra gowumy ýa-da Kufa?

Ol:

—Kimdir biri maňa Basrany görkezse, onuň öwezine men oňa Kufany peşgeş bererdim — diýipdir.

[1] Mufaddal ibn Muhammet ibn Ýagla ibn Amyr Dabby — sahyr we edebiýatçy alym. 178-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) basralylara şeýle diýipdir: «Siziň ýeriňiz suwa ýakyn, asmandan daş, aklyňyz ýeňil, sabryňyz gowşak, siz okçularyň nyşany, iýijileriň iýmiti, hüjüm edýänlere bolsa gurbansyňyz».

* * *

Bir adam Sana şäherini taryplap şeýle diýipdir : «Ol ýeriň topragy diýseň gowy, ol ýere sejde eden kellesini ýerden galdyrmak islemeýär».

* * *

Ýemama şäherinden bir adam gelipdir. Ondan:

— Ol ýerdäki gören zatlaryň iň gowusy näme? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Meniň ol ýerden sag-salamat çykmagym — diýip jogap beripdir.

* * *

Yraklylara ahlaklarynyň päkligi we ruhlarynyň belentligi üçin «ýeriň perişdeleri» diýýärler.

* * *

Ýeriň perişdeleri – yraklylardyr, Jibalyň ýaşaýjylary bolsa ýeriň şeýtanlarydyr.

* * *

Abu Yshak Zujjaç[1] şeýle diýipdir: «Bagdat – dünýäniň paýtagtydyr, ondan galan ýerler bolsa çöldür».

* * *

Abul Ferej Babga şeýle diýipdir: «Bagdadyň howasy ähli howalaryň iň tämizidir. Onuň suwy ähli suwlaryň iň süýjüsidir. Onuň şemaly ähli şemallardan mylaýymdyr. Onuň nygmatlary ähli nygmatlaryň iň bereketlisidir».

* * *

Bagdat – şäherleriň arasynda gije-gündiziň deňleşýän yklymynyň merkezidir. Ol geçmiş zamanlarda birnäçe ýyllap Kesralaryň watany bolupdyr. Yslam döwletinde halypalaryň paýtagty bolupdyr.

* * *

Abu Fadyl ibn Amyt şeýle diýipdir: «Öňler bir adamyň ylmyny barlap görjek bolsalar, ony Bagdadyň aýratynlyklaryny bilip-bilmeýändigi bilen synag eder ekenler».

* * *

Sahyp ibn Abbat Bagdatdan gelende, ondan Bagdat barada sorapdyrlar. Ol: «Bagdat – şäherleriň arasynda, ynsanlaryň arasyndaky alym ýalydyr» diýipdir.

* * *

Diwanda şeýle diýilýär:

---

[1] Abu Yshak Zujjaj Ybraýym ibn Seri ibn Sehil — dilçi alym. 241-nji hijri ýylynda Bagdatda dünýä inipdir we 311-nji hijri ýylynda hem wepat bolupdyr.

Kim diýseň dünýäde iň abraýly —
Barysyndan belent mugallym ady.
Şäherler içinde iň haýyrlysy,
Başgasyna deňemersiň Bagdady.

* * *

Aýdypdyrlar: «Onuň şöhrat-şanynyň ýene bir geň tarapy hem – Bagdat halypalarynyň watanydyr we onda hiç halypa ölmeýär».

* * *

Ammara ibn Ukaýl[1] şeýle diýipdir:

Uzynlykda, giňlikde Bagdat ýaly ýer bolmaz,
Onuň kimin şäher ýok ol zeminiň behişdi.
Ol ýerde ömür sürýän halypalar ölmezler,
Isläni bolýan Rebden şeýle emir ýetişdi.

* * *

Halypa Mansur Bagdady 146-njy hijri ýylynda gurup bolandan soňra, münejjim Nowbagta ýyldyzlara seredip, şäheriň ykbalyna bakmagy isläpdir. Ol hem Müşteri ýyldyzyny Ýaý ýyldyzynda görýär. Ol ýyldyzlaryň bu şäheriň beýleki şäherlerden zyýat boljakdygyny habar berýändigini aýdypdyr, halypa Mansur hem bu habara begenip: «Bu Allatagalanyň pazlyndandyr. Allatagala ony öz islänine berer. Hakykatdan hem Allatagala belent pazylet eýesidir» aýatyny[2] okap, şeýle

---

[1] Ammara ibn Ukaýl – şahyr, Jeririň döwürdeşi.
[2] Gurhanyň «Hadyd» süresiniň 29-njy aýaty.

diýipdir: «Bu şäheriň başga bir aýratynlygy hem munda hiç haçan halypalaryň ölmezligidir».

* * *

Hurnak köşgüni Nugman ibn Ymraul Kaýs Ekber gurupdyr. Ol muny Kesranyň emri bilen Bähram Gur[1] üçin gurupdyr. Kesra Bähram Gury öz janpenasy edip belläp, oňa ony gurmagy emr edipdir. Tebipler bu ýere Yrakda howasy iň gowy ýer diýip aýdypdylar.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Iblis Yraga girdi we hajatyny bitirdi, soň Şama geldi, ony ol ýerden kowdular, soň Müsüre geldi, ol şol ýerde ýumurtgalady we jüýje çykardy».

* * *

Kim-de kim Mosulda bir ýyl ýaşasa, öz güýjünde artykmaçlyk görer. Kim Ahwazda bir ýyl ýaşasa, özi hem parasatly bolsa, özünde kemçilik bardygyny görer.

* * *

Ahwaz şäheri şekeri, dibagy[2] we ýüpegi bilen meşhurdyr. Tusteriň mahmal ýüpegi we Susuň ýüpegi diýlip aýdylýandyr, bularyň ikisi hem Ahwazdandyr.

---

[1] Bähram Gur – sasany döwletiniň 14-nji hökümdary.
[2] Dibag - bir ýüzi mahmal ýüpek.

* * *

Muhammet ibn Hüseýin Keşajem bagy-bossanlygy wasp edip şeýle diýipdir:

Tuster mahmal ýüpegin göz öňüne getir sen,
Susuň ýüpegi ýaly hem ýaýylyp ýatyrsyň.

* * *

Abu Nasr Utby[1] şeýle diýipdir:

Ulalyşan adamyň endam gijeme syry,
Sus ýüpek gurçugynyň oňa edýän täsiri.

* * *

Kesker — Dijläniň we Fyradyň kenarlaryndaky welaýatlaryň etraplarynyň biridir. Bu ýer semiz towuklary bilen meşhurdyr. Bu towuklaryň birini çekip görseň, onuň bir guzynyň ýa-da owlagyň agramy ýaly agramy bolupdyr.

* * *

Harun Reşit Musa Käzim ibn Japara[2] şeýle diýipdir:

— Eý, Abul Hasan, sen Fedek[3] şäherini al. Men ony saňa berýän — diýipdir. Ol mundan boýun towlapdyr. Harun Reşit hem oňa: «Sen ony al» diýip özelenip durupdyr.

Onda Musa:

---

[1] Muhammet ibn Abdylla Utby Ahbary — şahyr we edebiýatçy. 228-nji hijri ýylynda dünýä inipdir.

[2] Musa Käzim ibn Japar – şaýylaryň ynanjyna görä 12 ymamyň ýedinjisi. 128-nji hijri ýylynda Medinäniň golaýyndaky Ebwa diýen ýerde dünýä inipdir. 183-nji hijri ýylynda Basrada zyndanda wepat bolupdyr.

[3] Fedek - Hyjaz bilen Medinäniň arasynda bir oba.

— Bolýar, men ony alaýyn, ýöne serhetleri bilen — diýipdir.

Harun Reşit:

— Onuň serhetleri haýsy bolýar? — diýipdir.

Musa:

— Eý, emiril-möminin, eger men onuň serhetlerini aýtsam, sen olary inkär etmegin — diýipdir.

Harun Reşit:

— Seniň eždadyň hormaty üçin, men ony ýerine ýetirerin — diýipdir.

Musa:

— Birinji serhedi Aden şäheri — diýipdir. Harun Reşidiň ýüziniň reňki üýtgäp gidipdir we «bolýar» diýip jogap beripdir.

Musa:

— Ikinji serhedi Samarkant — diýipdir. Harun Reşidiň ýüzüniň reňki duw-ak bolupdyr we «bolýar» diýipdir.

Musa:

— Üçünji serhet Afrika — diýipdir. Harun Reşidiň ýüzi garalypdyr we «bolýar» diýipdir.

Musa:

— Dördünji Hazar deňziniň kenarlary we Ermeniýe — diýipdir.

Harun Reşit:

— Bize hiç zat galmady. Indi mejlisimiň içine aýlanyp ýöräýmesem — diýipdir.

Musa:

— Sen maňa eger men serhetleri sanasam, «ony inkär etmerin» diýipdiň ahyry — diýipdir.

Harun Reşidiň muňa gahary gelipdir we ony ölüme buýrupdyr. Ýöne Ýahýa ibn Halyt[1] ony bu pälinden gaýtarypdyr.

Musa eliniň aýasyna çybany görüp:

— Bu biziň ähli beýtimiziň[2] nyşany. Ol mende ýüze çykdy. Men basym dünýäden gaýdaryn. Meniň peýmanym doldy — diýipdir.

Ol şeýle diýip, Ýahýanyň ýanyndan gidipdir we birnäçe günden soň wepat bolupdyr.

* * *

Basra şäherine «arabyň hazynasy» we «kubbetul-yslam» diýipdirler. Munuň sebäbi hem arap taýpalarynyň ol ýere göçmegi we musulmanlaryň ol ýeri özlerine watan we merkez edinendikleri üçindir.

* * *

Haçanda Mansur Bagdady gurup bolansoň, ol ýer halypalyk merkezine öwrülipdir we dünýä malyny özünde jemläpdir. Ol ýeri «yslam şäheri» we «yslam gupbasy» diýlip atlandyrylypdyr.

* * *

Kesaýy[3] şeýle diýipdir: «Oňa ilki «kenzul-yslam»[4] (yslamyň hazynasy) diýildi, «kenz» bolsa «gupba» diýmegi

---

[1] Abul Fazl Ýahýa ibn Halyt ibn Barmak - Harun Reşidiň terbiýeçisi.
[2] Ähli beýt - Pygamber neberesi.
[3] Aly ibn Hemze ibn Abdylla Esedi Kufy Abul Hasan Kesaýy - Harun Reşidiň ogullary Emin bilen Mamunaýň terbiýeçisi. Kufanyň obalarynyň birinde dünýä inipdir. Soň Bagdada gelip şol ýerde ýaşapdyr. 189-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.
[4] Kenz — gupba, hazyna.

hem aňladýar. Soň adamlar ony üýtgedip «kubbetil-yslam» (yslamyň gupbasy) diýdiler».

* * *

Aly ibn Isa ibn Japar Haşymy[1] Basrada bir köşk gurupdyr. Ibn Mugzel oňa:

— Sen depesi asmana ýetip duran, arassa suwly, mylaýym howaly, diwarlary bezemen şeýle bir binany gurduň — diýipdir.

Onda ol:

— Seniň bina barada aýdýan sözleriň meniň binamdan hem diýseň ajaýyp — diýipdir.

* * *

Şäheri diňe suwly, ekerançylyga baý, tokaýlyk ýerde gurar ekenler.

* * *

Aýdylyşyna görä, Yspyhan Isgender Zülkarneýniň guran şäherleriniň biridir.

* * *

Şygyr:

Menden Reý hakda sorady biri,
Meniň oňa beren jogabym görüň.
Olaryň şäheriniň ogludyryn men,
Şonuň üçinem men şol şäherdirin.

Ýagny şol şähere beletdirin.

---

[1] Aly ibn Isa ibn Japar Haşymy — apbaslylar döwründe Basranyň emiri.

* * *

Käbirleri Hindistanyň şäherlerini wasp edip şeýle diýipdirler: «Onuň deňzi durşy bilen dür, daglary ýakut, daragtlary gurluşyk üçin tagta we ýapraklary bolsa atyrdyr».

* * *

Gur[1] şäheri Pars welaýatlarynyň birindedir. Ol ýer bägüli bilen meşhurdyr. Ýagny, Guruň bägüli, Gur bägüli diýilýändir, şeýle-de: «Kufanyň benefseji[2]», «Bagdadyň mensury[3]», «Kumuň zagpyrany», «Şirwanyň niluferi[4]», «Semiranyň turunjy», «Tabarystanyň limony» we «Gürgeniň nergizi» diýip hem aýdypdyrlar.

* * *

Abdylla ibn Süleýman[5] Nehawent şäheri barada şeýle diýipdir: «Onuň topragy zagpyran, asmany miwe, diwarlary bolsa bal».

* * *

Amr ibn Leýs[6] Nyşapur barada şeýle diýipdir: «Onuň daşy pöwrize, topragy ýorunja, otlary ribas[1]».

---

[1] Gur şäheri – Erdeşiriň Pars welaýatynda guran şäheri.
[2] Benefseç - benewşe.
[3] Mensur – güli ýakymly ysly bolan ot, lewkoý.
[4] Nilufer – liliýa güli.
[5] Abdylla ibn Süleýman ibn Eşgas Ezdi Sistany Abubekr ibn Abu Dawut - hadys alymy. Ömrüniň ahyrlarynda gözleri kör bolupdyr. 230-njy hijri ýylynda Sistanda dünýä inipdir we 316-njy hijri ýylynda Bagdatda wepat bolupdyr.
[6] Amr ibn Leýs Saffar – serkerde. 265-nji hijri ýylynda dogany Ýakup Leýsiň wepatyndan soňra Horasana, Yspyhana, Sistana, Sinde we Kermana halypa Mugtemit tarapyndan häkim bellenýär. Mugtemit 271-nji hijri ýylynda ony Bagdadyň şihneligine (polisiýanyň başlygyna) belläpdir. 279-njy hijri ýylynda Mugtemidiň wepatyndan soňra halypa Mugtezyt ony ýene Horasana häkim

* * *

Hajjaç Yspyhana iberen häkimine şeýle diýipdir: «Men seni daşlary sürme, siňekleri ary, otlary zagpyran bolan ýere iberýärin».

* * *

Ysmaýl ibn Ahmet Nyşapury örän gowy görüp:

— Örän gowy şäher, ýöne!... — diýipdir.

Oňa:

— Ýönäň näme? — diýip sowal beripdirler.

Ol:

— Onuň ýeriniň aşagyndaky suwlaryny ýüzüne çykarmaly. Üstündäki alymlaryny bolsa aşagyna salmaly — diýipdir.

* * *

Parslaryň aýtmaklaryna görä, Ybraýym alaýhyssalam Istehr[2] şäheriniň Enderan obasyndan bolupdyr. Şeýle atlandyrylmagynyň sebäbi, Ybraýym alaýhyssalam ol ýerde hiňňildikden oda oklanypdyr. Olaryň aýtmaklaryna görä, Ybraýym alaýhyssalamyň ol ýerde bir metjidi bar. Ol ýerde bir gaýa bar. Gaýada onuň dyzynyň, aýasynyň we barmaklarynyň yzy bar. Ynsanlar ol ýere zyýarat edýärler. Hatda uzak

belläpdir we 284-nji hijri ýylynda Reýi hem oňa beripdir. Soň ony Mawerannahra belläpdir. Ol bilen Ysmaýyl ibn Ahmet Samanynyň arasynda uly söweş ýüze çykyp, Samanynyň ýeňşi bilen gutarypdyr. Ibn Leýs bu söweşde ýesir düşüpdir we 287-nji hijri ýylynda Bagdada getirilip, tussag edilipdir. 289-nji hijri ýylynda hem zyndanda wepat bolupdyr.

[1] Ribas – turşuja gök ot.

[2] Istehr – Pars welaýatynda bir şäher. Yslamdan öň ol ýerde hökümdarlaryň hazynasy saklanypdyr.

ýurtlardan hem gelýärler. Ol ýerde aýt namazyny okaýarlar. Onuň bir parsah ýokarsynda uly depe bar. Uzynlygy bir parsah. Onuň çür depesinde daşy dolanan we gaty bolan bir zat bar, eger onuň daşyny aýyrsaň, ol ýerde elekden geçen ýaly ak kül bar. Şondan hem şypa tapýarlar. Olar Ybraýym alaýhyssalamyň Kusdandygyny inkär edýärler we onuň parsdan çykyp gidensoň Kusda ýaşandygyny aýdýarlar. Istehrda Süleýmanyň metjidi bar. Şeýle hem Şirazda-da bar.

* * *

Biderek gürrüňleriň birinde aýdylyşyna görä, tuslular Harun Reşidiň ýanyna baryp, Mekgäni öz şäherlerine geçirmeklerini haýyş edenmişler.

* * *

Hajjaç Gazban ibn Kabagsarydan[1]:

— Kermany taşlap gaýdanyňda ol ýer nähilidi? — diýip sorapdyr.

Ol hem:

— Suwy gözýaşdy, ýeri daglykdy, ogrusy köpdi, miwesi bogaldakdy, esgerleriň köpüsi açdy, galany harapdy — diýip jogap beripdir.

* * *

Çyn-Maçyn özüniň inçe sungaty we ajaýyp suratlary bilen meşhurdyr. Olaryň suratlary oýun edip durany, utanyp durany, begenip durany aýdyň görkezýär.

---

[1] Gazban ibn Kabagsary – emewiler döwrüniň emiri we häkimi.

* * *

Şeýle diýipdirler: «Dünýädäkileriň hemmesi kördür, diňe Babyl ilaty kör däldir, olar ýeke gözlüdir».

* * *

Tibet şäherini Tebg[1] gurupdyr we ony öz ady bilen atlandyrypdyr. Türk(men)ler onuň adyny üýtgedipdirler. Kim-de kim onuň gamyşlyklarynda otursa hiç hili sebäpsiz ony şatlyk gurşap alýarmyş. Ol tä şol ýerden çykýança, gülüp-ýylgyrmagy dowam edýärmiş.

* * *

Nehawendiň howasynyň şerti barada şeýle diýlipdir:

Zeminiň sowuk ýerine bardym,
Azap-ejir eken onuň sowugy.
Soňam başga - yssy bir ýeri gördüm,
Ot bolup ýakýardy onuň howuzy.
Şeýdip ikisini men birleşdirdim,
Ýaşaýşy ikä böldüm - gowudy.

* * *

Asudalyk – Mekgäniň aýrylmaz sypatlarynyň biridir. Hökümdarlaryň biri mekgelilere hat ýazyp, olaryň ýer salgydyny tölemegini isläpdir. Abdylmuttalyp[2] hem olara şeýle diýip jogap beripdir:

Seni iberen enesiniň byzryny[3] tutsun,
Toprak üçin salgyt ýok, bizden umydyn üzsün.

---

[1] Tebg - Ýemen hökümdary.
[2] Abdylmuttalyp - Muhammet alaýhyssalamyň atasy.
[3] Byzr – jyns agzasy.

* * *

Eýwan Bagdatdan bir günlük ýoldur. Ony eýran hökümdary Kesra Abruwiz 20 ýylyň içinde gurupdyr. Onuň uzynlygy 100 zirag[1], ini 50 zirag, ýokarsynda 100 sany bişen kerpiç we doňdurylan hek bar. Gümmeziň galyňlygy 5 kerpiç. Dälizleriň uzynlygy 15 zirag. Mansur Bagdat şäherini guranda, Eýwany ýykmak isläpdir we Halyt ibn Barmaky bilen maslahatlaşypdyr. Ol hem ony bu niýetinden dändirip: «Ol yslamyň nyşanydyr» diýipdir.

* * *

Huzaýfa we Selman ikisi dünýä wakalary barada gürrüňleşip oturan ekenler. Olaryň gürrüňleriniň iň geň tarapy hem şu rowaýat bolupdyr: «Bir çarwa arap çopan öz guzularyny bakar eken. Agşam düşende bolsa olary eýwana salyp, Kesra Abruwiziň oturan merwer tagtynyň ýanyna ýygnar eken».

* * *

Ruha – Harranyň welaýatlarynyň biridir. Ruhanyň buthanasy şol ýerdedir. Onuň dört sany merwerden diregi bar. Olaryň arasyna penjireler daňylan. Ol ýerde geň-ajaýyp bezegler, suratlar, tilsimler, şemler bar.

* * *

Damask metjidini emewiler döwletinden merwanylar[2] gurupdyrlar. Täze gelen her emewi halypasy onuň

[1] Zirag - uzynlyk ölçegi, takmynan 70 sm.
[2] Merwanylar — emewilerň halypasy Merwan ibn Hakemiň nesli.

owadanlygyny artdyrmak üçin ony giňeldipdir. Onuň diwarlary we petigi nagyşlar bilen bezelipdir. Onuň diregleri göwherler, altyn-kümüşler bilen çaýylypdyr. Damaskyň garry ýaşaýjylarynyň biri şeýle gürrüň beripdir: «Men özümi bilelim bäri bu ýerde bir namaz hem geçirmedim. Men her gezek onuň içine girenimde onuň öňküden hem has üýtgändigini görýärdim».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Jebraýyl alaýhyssalam Medine şäherine «fahyra»[1] diýdi.

Men ondan:

— Näme üçin «fahyra» diýdiň? — diýip soradym. Onda Jebraýyl alaýhyssalam:

— Sebäbi ol kyýamat gününde özüniň şehitleriniň köplügi bilen şäherleriň arasynda öwüner — diýdi.

Muhammet alaýhyssalam hem: «Eý, Alla Medinäni mübärek et. Onuň ýaşaýjylarynyň kalbyny takwa bilen arassala. Olary meniň ymmatyma rehimli et» diýipdir.

* * *

Medine halky üçin: «Kesekilere olardan has merhemetli hiç kim ýok» diýipdirler[2].

* * *

Hasan Basry bir gezek adamlaryň arasynda:

— Iki ganatyň edýän işi näme, kim bilýär? — diýip sorapdyr.

Adamlar ondan:

---

[1] Fahyra – buýsanç, guwanç diýmekligi aňladýar.

[2] Munuň sebäbi hem olaryň Muhammet alaýhyssalamy Mekgeden gelende gujak açyp kabul etmegidir.

— Iki ganat näme ? — diýip sorapdyrlar.

Onda Hasan Basry:

— Olar Samarkant we Horezmdir. Olar yslamyň iki ganatydyr. Ol ikisi yslamyň galalarydyr — diýipdir.

* * *

Bir akyldar berk gurlan galany görüp: «Bu ýer erkekleriň ýeri däl, aýallaryň ýeri» diýipdir.

* * *

Munzir ibn Mäussema şeýle diýipdir: «Araplaryň galalary – atlary we ýaraglarydyr».

* * *

Bir gezek Muhammet alaýhyssalam Hezret Ala şeýle diýipdir: «Eý, Abul Hasan Rustakda[1] ýaşama. Sebäbi ol ýer jähennemiň ýerlerinden bir ýerdir. Ol ýeriň çagalary azgyn, ýaşlary hilegär, garrylary nadan, olaryň möminleri bolsa eşegiň läşi ýalydyr» diýipdir.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kefur[2] şäheriniň ýaşaýjylary, gabrystanlygyň ýaşaýjylary ýalydyr».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Uly şäherlerde ýaşa, sebäbi ol ýer musulmanlaryň ýygnanyşýan ýeridir. Gaflatly, jepaly ýerlerden we Alla tagat

---

[1] Yrakda bir şäher.

[2] Müsürde bir şäher.

etmekde ortadan az bolmakdan habardar bol. Bazarlarda kän oturmaň. Sebäbi ol ýer şeýtanyň we pitneleriň ýeridir».

* * *

Injilde: «Diwarda ýekeje haram kerpijiň bolmagy, harabaçylykdan habar berýär» diýlip ýazylypdyr.

* * *

Abu Amr ibn Agla[1] şeýle diýipdir: «Ýemendäki Silhun şäherini 80-nji hijri ýylynda patyşalar gurdurypdyrlar. Berakeş we Mugyn şäherleri hem şol mahal gurlupdyr. Emma şu mahal Silhundan hiç hili nyşan galmandyr. Emma Berakeş we Mugyn şäherleri henizem bar».

* * *

Amr ibn Magdy Kerp[2] şeýle diýipdir:

Bizi Berakeşden we Mugyndan çagyrdylar,
Sen hem bizi diňle we biziň bilen ýola çyk.

* * *

Wehb ibn Munebbih şeýle diýipdir: «Men pygamberleriň kitaplarynda: «Kim garyplaryň zady bilen baý bolsa, onuň soňy

---

[1] Abu Amr Agla Zeban ibn Ammar Temimi Basry - dilçi we edebiýatçy alym. Ýedi karynyň biri. 70-nji hijri ýylynda Mekgede dünýä inipdyr we Basrada wepat bolupdyr. Abu Ubeýde ol barada: «Ol edebiýat, arap taryhy, dil, Gurhan, şygyr ýaly ylymlarda uly alymdy» diýipdir.
[2] Abu Söwri Amr ibn Magdy Kerp ibn Rabyga ibn Abdylla Zebidi – ýemenli şahsyýet. 9-nji hijri ýylynda Ýemenden Medinä 10 kişi bolup gelip, yslamy kabul edipdirler. Muhammet alaýhyssalam wepat bolanda, ol Ýemene gidip dinden dönüpdir. Soň ýene gelip musulman bolupdyr. Abubekr Syddyk ony Şama iberipdir we ol Ýermuk söweşine gatnaşypdyr. 27-nji hijri ýylynda Kadysyýe söweşinde wepat bolupdyr.

garyplyk bolar. Haýsy bir öý ejizler arkaly gurulsa, onuň soňy harabalyk bolar» diýlip ýazylandygyny gördüm».

* * *

Mälik ibn Dinar hakyny dirhem bilen töleýän bir adamyň ýanyna gurluşykçy bolup işe durupdyr. Işden soň ol adam Mälige iş hakyny beripdir. Mälik hem dirhemleri alyp, palçygyň içine garypdyr. Ýaňky adam hem geň galyp:

— Näme üçin dirhemleri palçyga garýarsyň — diýip sorapdyr.

Onda Mälik:

— Sen näme geň galýarsyň, seniň dirhemleriňi bu palçyk üçin harçlamagyň meniňkiden hem has geň ahyry. Sen olary bina üçin zaýalamadyňmy? — diýipdir.

* * *

Katada[1] şeýle diýipdir: «Kim malynyň zekatyny bermese, Allatagala oňa topragy musallat eder (ýagny, zekatyny bermeýän kişiniň puluny gurluşyk işlerine sarp etdirer)».

* * *

Seleme Ahmar[2] şeýle diýipdir: «Men bir gezek Harun Reşidiň köşgüne girdim we oňa şeýle diýdim:

Bu dünýäde seniň öýüň şeýle giň,

---

[1] Katada ibn Dagama ibn Katada ibn Eziz Abul Hattap Sudusy Basry - tefsir we hadys alymy. Ahmet ibn Hanbal ol barada: «Katada Basranyň iň uly alymydyr» diýipdir. 61-nji hijri ýylynda dünýä inip, 118-nji hijri ýylynda Wasytda wepat bolupdyr.

[2] Seleme ibn Salyh Ahmar - Wasyt şäheriniň kazysy. Lakamy Abu Yshak. Ibn Munkedirden hadys rowaýat edipdir. Ýöne ony ynamdar hasaplamaýarlar. Ibn Mugyn ol barada: «Ol hiç zatdyr» diýipdir. Nesaýy hem ony gowşak hasaplapdyr.

Ölseň - dar gabyrda bolaýmasa kyn.

Meniň bu sözlerimden soň Harun aglap başlady».

* * *

Hasan Basry bir köşgüň ýanyndan geçip barýarka:

— Bu köşk kimiňki? — diýip sorapdyr.

Oňa:

— Ewsiňki — diýip jogap beripdirler.

Onda ol:

— Men Ewse muhabbet bilen aýdýan, ahyretde munuň öwezi bir külçedir (ýagny bir külçe sadaka berene ahyretde bir bina salarlar) — diýipdir.

* * *

Nuh alaýhyssalam 1400 ýyllap kiçijik külbejikde ýaşapdyr. Hemmeler oňa:

— Eý, Allanyň ilçisi, sen hem özüňe ýaşar ýaly bir öý gurunsaň — diýipdirler. Emma ol:

— Men ertirki gün ölsem, ony terk etmeli bolaryn — diýipdir we tä dünýäden gaýdýança şol ýerde ýaşapdyr.

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Meniň haýynlara iki sany ynamdar zadym bar: «Suw we toprak». Eger haýsydyr bir häkim suw çekip we öý gurup başlasa, onda men onuň mal ýygnandygyny we ony harlap başlaýandygyny bilýärin».

* * *

Bir adam Hasan Basrynyň ýanyna gelip:

— Men täze bir öý gurdum. Seniň öýe gelip, Alladan ýagşy dileg-doga etmegiňi isleýärin — diýipdir.

Hasan Basry hem gelip, ol öýi synlapdyr, soň bolsa:

— Sen öz öýüňi harap edipsiň we beýlekiler üçin öý gurupsyň. Sen ýerde bolanlara (adamlara) aldanypsyň, asmanda bolandan (Allatagaladan) uzak düşüpsiň — diýipdir.

* * *

Hasan Basry bir gün mühelliplerиň[1] maşgalasyndan bolan biriniň öýüniň ýanyndan geçip barýarka: «Topragy asmana galdyryp, dini ýerde goýupdyr» diýipdir.

* * *

Şakyk Balhynyň[2] bir külbejigi bar eken. Ol onda aty bilen ýaşar eken. Ol her gezek gazawada gidende, ony ýykyp, gaýdyp gelende ýene täzeden gurar eken.

* * *

Asmagy Harun Reşide şeýle gürrüň beripdir: «Basraly bir ýigidiň gamyşdan külbesi bar eken. Dostlary her gün onuň ýanyna geler eken. Agşamara bolsa olar aýdym aýdyp şatlanyşar we bolsady eker ekenler. Her gezek hem olaryň biri:

— Men ertir müň kerpiç alýan.

Ýene biri:

— Men bürünç alýan.

Üçünjisi:

---

[1] Muhellipleriň maşgalasy – Basrada ýaşan Abu Safra Ezdi Muhellebiň neberesi.

[2] Şakyk ibn Ybraýym ibn Aly Ezdi Balhy - sopy. Horasandaky meşhur sopulardan we Horasanda ilkinji bolup sopuçylyk barada gürrüň gozgan adam. 194-nji hijri ýylynda Mawerannahrda Kulan söweşinde şehit bolupdyr.

— Men gurluşygyň nyrhyny töleýän — diýip, öz ýanlaryndan külbäni bir sagadyň içinde köşge öwrer ekenler. Emma ertir irden welin hiç zat görmez ekenler».

Şygyr:

Uzak gije dostlar üýşüp, şatlanarlar, gülerler,
Köşk gurarys ertir diýip, hyýal atyn münerler.
Gyşyn köýneksiz geçirse, üns bermese özüne,
Eýsem, aýt, şeýle kişiniň kim ynanar sözüne.

Harun Reşit hem gülüp: «Eý, Abu Sagyt. Men saňa bir köşk gurup bererin, ýöne ol köşk ýaňky ýigidiňki ýaly bolmaz» diýipdir we oňa iki müň dinar beripdir.

* * *

Hajjaç özüniň guran köşgüni Ysmaýyl ibn Uşgasa (ol samsygrak eken) görkezip:

— Meniň köşgümi nähili gördüň? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Ony ýykmak isleýäne-hä, gaty agyr düşjek ýagdaýda eken — diýip jogap beripdir.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Musulman adamyň iň erbet öýi dünýä gürrüňi agzalyp, ahyret unudylýan şagalaň öýüdir».

* * *

Muhammet ibn Wasyg şeýle diýipdir: «Men Mekgä geldim we Salym ibn Abdylla ibn Omardan[1] eşitdim: «Resulalla şeýle diýipdir: «Kim bazara girse we «Lä ilähe illallahu wahdehu lä şerike leh, lehul-mulku we lehul-hamdu, ýuhýi we ýumit we huwe haýýul lä ýemut, biýedihil-haýr we huwe alä kulli şeýin kadyr[2]« diýse, Allatagala oňa 1 000 000 sogap ýazar we ondan 1 000 000 günäsini bozar we ony 1 000 000 dereje ýokary galdyrar».

* * *

Muhammet ibn Wasyg soň şeýle gürrüň beripdir: «Men Horasana gelenimde Kuteýba ibn Müslime: «Men saňa sowgatly geldim» diýip, ýaňky hadysy gürrüň berdim. Ol hem derrew ulagyna münüp bazara bardy, ýaňky sözleri aýtdy we geldi».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Siz bazarlardan (ol ýerdäki işlerden) habardar boluň. Sebäbi şeýtan ol ýerde ýumurtgalap, jüýje çykardy».

* * *

Bir gezek Şagbydan:

— Iblis nirede jüýjeledi? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Bazarlarda — diýip jogap beripdir.

---

[1] Salym ibn Abdylla ibn Omar - Medineli 7 fykh alymynyň biri. 106-njy hijri ýylynda Medinede wepat bolupdyr.

[2] Manysy: «Alladan başga Hudaý ýokdur, ol birdir, onuň şärigi ýokdur, mülk onuňkydyr, öwgi oňadyr, ol direldýändir we öldürýändir, ol hiç ölmez, haýyr onuň elindedir, onuň hemme zada güýji ýetýändir».

Ýene-de ondan:

— Nädip? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Sebäbi bazarlarda hetdenaşalyk, kem çekmek, suw garmak, hyýanat, zadyny öwme, nähak ýere kemsitme, wadada durmazlyk, hukugy çeýnemek, batyl işlerde kömekleşmek ýaly ony begendirýän zatlar bar — diýip jogap beripdir.

* * *

Bir gezek bir adam gelip Muhammet alaýhyssalamdan kyýamatyň alamatlary barada sorapdyr. Onda ol ýaňky adama:

— Bazarlaryň ýakynlaşmagy (ýagny bazarlarda ýalançylygyň köpelmegi) — diýipdir.

Ýaňky adam ondan:

— Bazarlaryň ýakynlaşmagynyň manysy näme? — diýip sorapdyr.

Muhammet alaýhyssalam hem:

— Adamlaryň biri-birlerine dogruçyllygyň (terezide dogry çekmegiň) ýokdugyndan zeýrenip başlamaklary — diýip jogap beripdir.

* * *

Halk arasynda şeýleräk bir gürrüň hem aýdylýar: «Dünýäniň lezzeti aýdym-sazda, zynada we binada».

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Hammam jaýlarynyň iň gowusy musulman adamyň girýän hammamydyr. Sebäbi eger musulman bende oňa girende, ol Alladan özüne jenneti isleýär we özüni jähennemden goramagyny isleýär».

* * *

Hasan ibn Aly şeýle diýipdir: «Öňler hammamdan çykansoňlar onuň özlerinde galan täsiri barada gürrüň bermegi gowy görer ekenler».

* * *

Abul Musa Eşgary Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Hammama ilkinji bolup giren we oňa ýyladyjy enjam goýan Süleýman alaýhyssalamdyr. Ol onuň gyzgynlygyny görende: «Waý, waý, Allanyň azabyndan, waý, waý, peýdasy ýetmänkä öňürti waý, waý» diýipdir».

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Hammamlar nähili gowy ýerdir, kiri aýyrýar, jähennemi ýadyňa salýar».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Hammam nähili erbet ýer – uýat ýerler açylýar, utanç-haýa gidýär».

* * *

Çarwa arap ömründe ilkinji gezek hammama giripdir we göwnüne ýarapdyr. Ol dostuna bu barada şeýle gürrüň beripdir:

Jelagaýda bu hammamyň taýyna duşup görmändik,
Ot içinde munuň ýaly jennete düşüp görmändik.

* * *

Hasan şeýle diýipdir: «Bazarlar Allanyň ýerdäki saçaklarydyr. Kim olara gelse ýalňyşmaz».

* * *

Hajjaç zalym bir gezek bir adamdan:

— Sen näme bilýäň? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Guşuň diline düşünýän — diýipdir. Şol wagt iki sany guş garşylykly saýraşyp duran.

Hajjaç ýaňky adamdan:

— Olar näme diýýärler? — diýip sorapdyr.

Onda ol adam:

— Birinji guş ikinji guşuň gyzyna söz aýdýar. Ikinji guş hem ondan 4000 sany uly köşk isleýär we olary nireden tapjak diýip soraýar. Onda birinji guş: «Seniň ýalylar ýaşap ýörse, hökman bir çäresi tapylar» diýýär. Ikinji guş bolsa: «Ol nähili bolýar?» diýip soraýar. Onda birinji guş: «Sen haýyr işleri dep edýärsiň we diýarlary hem boşadýarsyň?» diýýär — diýipdir.

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Sen öz göbek ganyň daman ýeriňi guratma we öz milletiň bolan ýurduňy terk etme».

* * *

Watan — göbek ganymyň daman we milletimiň ýaşaýan ýurdudyr.

* * *

Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Eger ynsanlar özleriniň rysgallaryna kanagat etseler, özleriniň watanlaryna kanagat etdikleri bolar».

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Allatagala öz watanyny söýmek üçin ýurtlary döretdi».

* * *

Öňküler watan topragyny ysgap durar ýaly, ýola çykanlarynda ýanlaryna öz topraklaryndan toprak alar ekenler. Şeýle hem suw içenlerinde, suwuň içine seper ekenler.

* * *

Hindiler şeýle diýipdirler: «Seniň watanyňa hormat goýmagyň, ene-ataňa hormat goýmagyň bilen deňdir. Sebäbi seniň iýmitiň watan topragyndandyr. Eneň-ataň iýmiti hem watan topragyndandyr».

* * *

Pähim-paýhaslaryň birinde şeýle diýlipdir: «Eger raýatlarynyň watan söýgüsi bolmasa-dy, erbet ýurtlar harap bolardy».

Ibn Omar şeýle diýipdir: «Resulalla bazarda az gezýärdi we ol bazarda aýlanyp ýörkä şeýle diýipdir: «Eý, Allam, men senden bazaryň şerinden, bozgaklardan, her bir erbet söwdadan we her bir ýalan kasamdan pena isleýärin».

* * *

Bir adam şeýle diýipdir: «It üýrmeýän we horaz gygyrmaýan hiç bir oba ýokdur».

* * *

Başga biri bolsa: «Dokmaçy we mugallym bolmadyk hiç bir oba ýokdur» diýipdir.

* * *

Ýene biri bolsa: «Eger bularyň ikisi bir ýerde jemlense onda şäher bolýar» diýipdir.

* * *

Ibn Zubeýr şeýle diýipdir: «Ynsanlaryň kasamynyň iň kanagatlandyryjysy, watanlaryndan kasam etmekleridir».

* * *

Ibn Mesgut şeýle diýipdir: «Resulalla bir gezek şeýle diýdi:

— Men «Isra gijesinde» asmana çykarylanymda dördünji asmanda bezelen bir köşk gördüm. Onuň töwereginde nur şemleri we çyralary bardy. Men Jebraýyl perişdeden:

— Eý, Jebraýyl bu bezelen köşk näme? — diýip soradym.

Onda Jebraýyl:

— Eý, Muhammet, bu köşk Horasandaky Jeýhunyň töweregindäki seniň ymmatyň muzdudyr — diýip jogap berdi.

Men ondan:

— Eý, Jebraýyl Jeýhun näme bolýar? — diýip soradym.

Onda Jebraýyl:

— Horasanda bir derýa. Bu derýanyň töwereginde ýaşaýanlardan kim öz düşeginde ýatyp wepat bolsa kyýamat gününde guburyndan şehit bolup turar — diýip jogap berdi.

Men ýene-de:

— Eý, Jebraýyl bu olara näme üçin berilýär? — diýip soradym.

Onda Jebraýyl:

— Olaryň türk [mongol] atly bir duşmany bolar, olar itden hem beterdir. Kimiň kalbynda olardan gorky bolsa kyýamat gününde öz gabryndan şehitler bilen bile şehit bolup turar — diýip jogap berdi».

* * *

Abu Hureýra şeýle diýipdir: «Resulalla şeýle diýdi: «Kim Horezmde bir gije ýatan bolsa, şoňa buşluk bolsun. Kim Horezmde iki rekat namaz okasa oňa buşluk bolsun».

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Gündogarda Horezm diýen bir şäher bar. Ol Jeýhun diýen derýanyň kenarynda ýerleşýär. Onuň iki tarapynda melgunlar bar. Bu şäher perişdeler tarapyndan daşlary gurşalyp, perişdeler olary göýä öýlenýän ýigidiň gelniniň öýüne gidişi ýaly jennete alyp giderler. Allatagala olaryň mazarystanlygyndan 100 000 şehit direlder. Ol şehitleriň her biri Bedr söweşiniň şehidi[1] bilen deňdir».

* * *

Mekhul[2] şeýle diýipdir: «Horasanda Horezm diýen şäher bar. Olar kapyrlyklaryny dowam etdikleriçe musulmanlar olaryň elinde zulum we ezýet görerler. Emma olar musulman bolansoňlar musulmanlaryň ganatlaryndan bir ganat, galkanlaryndan bir galkan bolarlar».

---

[1] Bedr söweşi – ikinji hijri ýylynda musulmanlar bilen müşrikleriň arasynda bolup geçen söweş.

[2] Mekhul ibn Abu Müslim Şehrap ibn Şazel Abu Abdylla Hezeli - şamly fykh we hadys alymy. Asly pars bolup, Kabulda dünýä inipdyr. Hadys öwrenmek üçin Mekgä, Medinä gidipdir we başga ýerlere hem aýlanypdyr. Soň Damaskda ýerleşipdir. 112-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Ibn Omar horezmli bir adamdan öz ýurdy barada sorapdyr. Ol adam:

— Biziň ýurdumyzdan eger bir adam ýüzüni suw bilen ýuwsa, şol suw onuň ýüzünde buz bolýar — diýipdir.

Onda Ibn Omar oňa:

— Sen bu ýüzleri jennet bilen buşla — diýipdir.

* * *

Abdylla ibn Omar Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Size ajam ýurdunyň ýeňişi nesip eder. Ol ýerlerde hammam diýilýän öýlere duş gelersiňiz. Oňa hiç bir erkekler örtgüsiz girmesinler. Aýbaşly ýa-da hassa bolmasa beýleki aýallara ol ýerlere girmäge rugsat bermäň».

* * *

Hezreti Äşäniň ýanyna Şamly aýallardan bir topary gelipdir. Hezreti Äşe olardan:

— Siz nireden? — diýip sorapdyr.

Olar:

— Biz Şamdan bolarys — diýipdirler.

Hezreti Äşe:

— Siz aýallary hammama girýän sebitden bolmaly? — diýipdir.

Aýallar:

— Hawa — diýipdirler.

Hezreti Äşe hem olara garap:

— Men Resulallanyň «Eşigini öz öýünden başga bir ýerde çykaran aýal, ol Alla bilen öz arasyndaky perdäni ýyrtandyr» diýendigini eşitdim — diýipdir.

* * *

Anuşirwan Adyl şeýle diýipdir: — Şu bäş zat bolmadyk ýurtda ýaşama:

1. Tutanýerli soltan.
2. Adalatly kazy.
3. Mydamalyk bazar.
4. Alym tebip.
5. Akyp duran derýa.

* * *

Merwiň düýbüni Afrasyýap[1] tutupdyr. Keýhysrow[2] galan ýerlerini gurupdyr. Isgender hem şäheri doly tamamlapdyr.

* * *

Samarkandyň düýbüni Keýkowus ibn Kubat[3] tutupdyr. Syýawuş hem onuň galan gurluşygyny tamamlapdyr.

* * *

Nusaýy Piruz ibn Ýezdigert gurupdyr. Oňa «Piruzyň şäheri» hem diýer ekenler.

* * *

Jabyr ibn Abdylla Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim Alla we ahyret gününe ynanýan bolsa, üstünde şerap goýlan saçagyň başynda oturmasyn, kim

---

[1] Afrasyýap – gadymy türkmen hökümdary bolup, bu sözüň manysy bolsa «degirmeniň ganaty» diýmekdir.

[2] Keýhysrow – Pars hökümdarlarynyň üçünjisi. Onuň lakamy Humaýundyr (mübärek diýmek).

[3] Keýkowus – Pars hökümdarlarynyň ikinjisi. Onuň lakamy Nemrut, ýagny «ölmeýän» manysyndandyr. «Nemrut» sözi «ne» (ýokluk goşulmasy) we «murd» (ölüm) sözlerinden emele gelipdir.

Alla we ahyret gününe ynanýan bolsa hammama örtgüsiz girmesin, kim Alla we ahyret gününe ynanýan bolsa aýalyny hammama salmasyn».

* * *

Hammama uýat ýeriň açyk, aýratynam göbekden gasyga çenli açyk bolsa girmek gowy hasaplanmaýar.

* * *

Käbirleri şeýle diýipdirler: «Hammama girmek aýyp däldir. Ýöne uýat ýerleriň we kelläň örtülgi bolmalydyr. Hammama gireniňde çep aýagyň bilen girip, şu dogany okamak sünnetdir: «Bismillähi-r-rahmany-r-rahym. Men pis nejasatdan, erbet hapaçylykdan we kowulan şeýtandan Alla saňa sygynýaryn».

* * *

Agşam bilen ýassynyň arasynda we Gün batyp barýarka hammama girmek mekruhdyr. Şeýle hem erkege aýalyna hammamyň muzduny bermegi hem mekruhdyr, sebäbi ol bu ýagdaýda oňa mekruh işde şärik bolýar.

* * *

Ýer ýüzünde tupandan soň gurlan ilkinji obany Nuh alaýhyssalam gurupdyr. Onuň ýanynda gämiden düşenlerinde segsen kişi bar eken. Şonuň üçinem ol obanyň adyna Semänin[1] diýipdiler.

---

[1] Semänin – arapça segsen diýmek.

* * *

Basradaky «Häft hezar» (ýedi müň) atly öýler dub agajynyň sütünlerinden gurlupdyr. Ony Ýezdigert neberesiniň ýolbaşçysy Syýah gurupdyr. Ol Hezreti Omaryň döwründe Basrada ähli dogan-gardaşlary bilen yslamy kabul edipdir. Olar ýedi müň adam eken. Olar ony gurýarlar we işleýänlere ertir-agşam tagam beripdirler.

* * *

Jynlar Süleýmana çüýşeden şäher gurup beripdirler. Süleýman söweşe çykanda, ýel ony göterer eken. Onuň içinde ýanyndakylar we maşgalasy ýaşapdyr. Şäheriň ini müň zirag[1], uzynlygy bolsa on müň zirag eken.

* * *

Parsdaky uly binalaryň biri hem Şirbahardyr. Onuň sakçylary her gije 1 400 gapyny gulplar ekenler.

* * *

Balhdaky Nowbahary atly binany Halyt ibn Barmagyň atalary gurupdyr. Ony Käbe bilen deň tutupdyrlar. Balhyň halky ýüpekden lybas geýip, onuň daşyndan togap we haj eder eken. Ol örän uly bina eken. Daş-töweregi gülzarlyk bolup, 860 töweregi hyzmatkäri we işgäri bolupdyr. Ony dolandyrýana Mekgäniň häkimi manysynda «Bar Mekke» diýipdirler. «Bar Mekke» Abu Halyt ibn Barmak döwründe Hezreti Osmanyň öňünde yslamy kabul edipdir. Hezreti Osman (goý, Alla ondan razy bolsun!) oňa Abdylla diýip at goýupdyr .

[1] Zirag - uzynlyk ölçegi, takmynan 70 sm.

* * *

Enes ibn Mälik şeýle diýipdir: «Bir gün Muhammet alaýhyssalam ýalpyldap duran bir gümmez gördi. Onuň kimiňkidigini sorady. Oňa «Pylan ensaryňky» diýdiler. Ýaňky ensary bir gün Muhammet alaýhyssalamyň ýanyna gelip salam berdi, emma ol ensarydan ýüz öwürdi. Ensary bu ýagdaýy sahabalara aýtdy. Onda sahabalar: «Ol seniň gümmeziňi gördi» diýdiler.

Ol hem gidip gümmezini ýykyp ýer bilen ýegsan etdi. Soň hem baryp Muhammet alaýhyssalama habar berdi. Pygamber hem: «Her bir bina we ýykylan öý eýesine hiç zatdyr, hiç zatdyr, (ýagny kyýamatda oňa peýda getirmez)» diýipdir.

* * *

Halypa Mäti Bukar ibn Ribah Medeniden öýüni 4000 dinara sorapdyr. Onda ol: «Men emiril möminin bilen goňşuçylygymy hiç haçan hiç zada satmaryn diýipdir».

Halypa Mäti bu sözi üçin oňa 4000 dinar beripdir we öýüne hem degmändir.

* * *

Kim gurýan öýüniň boýuny 6 ziragdan ulaltsa, asmanda gygyryjy bir perişde: «Eý, pasyklaryň pasygy, nirä barýarsyň» diýip gygyrar.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Saňa öz şäheriňden mukaddes şäher ýokdur. Ýurtlaryň iň gowusy seniň doglan watanyňdyr».

* * *

Ispendiýar[1] Hazar şäherlerine gelip, ol ýerleri basyp alanda, ondan:

— Göwnüň näme isleýär? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Balh topragynyň ysyny we onuň jülgeleriniň suwuny içmegi — diýip jogap beripdir.

* * *

Sabyr Zul Ektaf[2] Ruma ýörişe gidipdir we ýesir düşüpdir. Şol ýerde hem keselläpdir. Rum patyşasynyň gyzy oňa aşyk bolupdyr we ondan:

— Göwnüň näme isleýär? — diýip sorapdyr.

Ol hem:

— Dijläniň suwundan içmegi we Istehryň topragyny ysgamagy — diýip jogap beripdir.

Ol gyz oňa birnäçe günden soňra suw we bir gysym gum getirip berip:

— Bu Dijläniň suwy, bu bolsa seniň watanyň topragy — diýipdir. Ol hem suwy içipdir we topragy ysgapdyr. Şol wagt hem keselinden açylypdyr.

* * *

Isgender wepat bolandan soňra jesedini watanyna bolan söýgüsi üçin Rum diýaryna alyp gitmeklerini sargapdyr.

---

[1] Ispendiýar ibn Kestasp ibn Bährasp - ilkinji pars hökümdarlarynyň biri, olar Balhda ýaşapdyrlar.

[2] Sabur Zul Ektaf – Hurmuzyň ogly Sabur II. Sasany döwletiniň 9-njy hökümdary.

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Akyldar Barmakylary gördüm, olar sapara çykanlarynda ýanlary bilen özlerine em bolsun diýip dogduk mekanyndan bir haltajyga salyp toprak alar ekenler».

* * *

Ýusup alaýhyssalam ölüminiň golaýlandygyny aňanda, öz jesedini atalarynyň guburlarynyň ýanyna alyp gitmeklerini wesýet edipdir. Emma Müsür halky hem öz pygamberlerini ýurdundan çykarmaga razy bolmandyr. Pygamberlik berlip, Pyrguny heläk edensoň, Musa alaýhyssalamyň hem ýogalansoň jesedini atalarynyň guburlarynyň ýanynda ýerläpdirler. Ýusup alaýhyssalamyň gubury Husamy atly obanyň ýanyndadygy aýdylýar.

* * *

Hadysda şeýle diýlipdir: «Bendäniň bagtlylygynyň alamaty onuň rysgalyny öz ýurdunda gazanmagydyr we öz ýurdunda oturmagydyr. Bendäniň betbagtlylygynyň alamaty onuň rysgalyny başga ýurtdan gazanmagy we sergezdan bolmagydyr».

* * *

Halyt ibn Welit bir gezek Resulallanyň ýanyna gelip, öz öýüniň darlygyndan zeýrenipdir. Muhammet alaýhyssalam hem oňa: «Hem öýüň asmana galdyrmak isleýärsiň, hem-de Alladan giňişlik isleýärsiň» diýipdir.

* * *

Muhammet alaýhyssalam mekgeli bir adama: «Men Käbäniň metjidini giňeltjek bolýaryn. Sen maňa onuň goňşuçylygyndaky jaýyňy satmaga we seniň onuň ýerine

jennetden bir öýüň bolmagyna razy bolarsyňmy?» diýipdir. Ol adam razy bolmandyr. Soň ýene gaýtalap sorapdyr. Ol ýene razy bolmandyr. Bu habar Hezreti Osmanyň gulagyna ýetipdir. Ol gidip, ýaňky adamdan onuň öýüni 10 000 dinara satyn alypdyr. Resulalla hem onuň deregine jennetde bir öýi oňa kepil geçipdir.

* * *

Bir gezek Japar ibn Abu Talyp kakasyna:

— Eý, kaka! Men, goňşularym hem meniňki ýaly nahar iýmeseler nahar iýmäge utanýaryn — diýipdir.

Abu Talyp hem ogluna garap:

— Men sende ataň Abdylmuttalybyň häsiýetlerini görýärin — diýipdir.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Şeýtan Yraga getirildi, ol hajatyny bitirdi. Soň Şama gitdi, ony ol ýerden kowdular. Soň Müsüre geldi. Ol ýerde ýumurtgalap, jüýjeledi we öz şeýtanlaryny ýaýratdy»[1].

* * *

Abdylla Rumy[2] bir gezek Ümmi Talagyň öýüne gelipdir. Onuň jaýynyň boýy şeýle bir pessejik eken. Ol:

— Näme üçin jaýyň boýy şeýle pes? — diýip sorapdyr.

Onda Ümmi Talak[3]:

---

[1] Bu rowaýat iki gezek gaýtalanýar.

[2] Abdylla Rumy – hadys rowaýatçysy. Osmandan, Ümmi Talakdan hadys rowaýat edipdir. Ondan hem Aly ibn Mesgada Bahyly rowaýat edipdir.

[3] Ümmi Talak - Pygamberiň döwründe ýaşan sahaba aýal.

— Sen Hezreti Omaryň näme ýazandygyny bileňokmy? Ol: «Jaýlaryňyzy beýgeltmäň, sebäbi ol siziň günäleriňiziň şerindendir» diýip ýazdy — diýipdir.

* * *

Bekr ibn Abdylla Muzeni şeýle gürrüň beripdir: «Bir ýehudy yslamy kabul edipdir. Onuň ady Ýusup eken. Ol kitaby köp okaýan eken. Ol bir gezek Merwan ibn Hakemiň jaýynyň duşundan geçip barýarka:

— Bu öýdäki Muhammet ymmatynyň waý halyna — diýipdir.

Ol muny üç gezek gaýtalapdyr. (Sebäbi onuň jaýy isrip edilip, kaşaň salnan eken).

* * *

Iki sany kişi köşgüň içinde jedelleşip oturan eken. Allatagala köşgüň diwarlarynyň kerpijinden birine dil beripdir we ol şeýle diýipdir: «Siziň ikiňiz bilip goýuň, men mundan müň ýyl ozal siziň ýaly bir ynsandym. Men wepat boldum we müň ýyllap ýerastynda çüýräp ýatdym. Soň üç ýüz ýyllap tohum boldum. Soň döwlüp, toprak boldum. Soň kerpiç ýasaldym we üç ýüz ýyldan bäri şu köşgüň diwarynda goýuldym. Siziň bu aýdanlarymy eşideniňizden soňra hem jedelleşip, biri-biriňiziň ýakasyndan tutuşyp oturmagyňyz utanç dälmi!»

* * *

Garyp ýigit bir baý gyza öýlenipdir. Oglanyň jaýy dar eken. Gyzyň öýüň darlygyndan içi gysyp ugrapdyr.

Oglan oňa:

— Gal ýokary, kelläň petige degýärmi? — diýipdir. Gyz ýokary turupdyr, kellesi jaýyň petigine degmändir.

Oglan ýene oňa:

— Sen öýüň depesiniň asmana degmeýändigini, eger kelläň oňa ýetmeýän bolsa hiç hili peýdasynyň ýokdugyny göz öňüne getir — diýipdir.

Soň ol gyza:

— Hany indi ýatyp gör, aýagyň diwara degýärmi? — diýipdir. Gyz ýatyp görse, aýaklary diwara ýetmändir.

Oglan hem oňa:

— Sen diwarlaryň Kap dagyndadygyny we saňa hiç hili peýdasynyň ýokdugyny göz öňüne getir — diýipdir.

Onda gyz oglana garap:

— Bolýar, ýeter, indi men razy boldum — diýipdir.

# ONUNJY BAP

## PERIŞDELER, YNSANLAR, JYNLAR, ŞEÝTANLAR, PYGAMBERLER, ARAP WE AJAM MILLETLERI WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Perişdeler Ymran ibn Hasyn[1] bilen salamlaşyp, onuň ýanyna gelip gider ekenler, emma bir gün olar ýitirim bolupdyrlar. Ol hem bu wakadan soň Resulallanyň ýanyna gelip:

— Ýa, Resulalla, meniň ýanyma birnäçe adam gelýärdi. Men olar ýaly owadan we ruhubelent ynsanlary hiç mahal görmändim. Soň olar ýanyma gelmegi kesdiler — diýipdir.

Onda Resulalla oňa:

— Seniň endamyň bir ýerine ýara düşende ony hiç kime bildirmän gizlediňmi? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Hawa — diýip jogap beripdir .

Resulalla ondan:

— Soň hem ol ýaraňy kimdir birine görkezdiňmi? — diýip sorapdyr.

---

[1] Ymran ibn Hasyn ibn Ubeýt Nejit Hazagy – sahaba. 8-nji hijri ýylynda yslamy kabul edipdir. Hezreti Omar ony Basra mugallym edip iberipdir. 52-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Hadys kitaplaryndan onuň adyndan 130 hadys rowaýat edilýär.

Ol:

— Hawa, şeýle hem boldy — diýipdir.

Resulalla hem oňa:

— Ol gelenler ynsan däl-de perişdediler. Eger sen ol ýaraňy gizlin saklan bolsaň, perişdeler tä ölýänçäň seniň ýanyňa gelerdiler — diýipdir..

Ýogsam bu ýarasy hem onuň Alla ýolundalygy üçin bolan eken.

* * *

Hasan Basry bilen Wehb ibn Munebbihden şeýle rowaýat aýdylypdyr: «Perişdeler Idris[1] alaýhyssalamyň döwründe ynsanlar bilen salamlaşyp gürleşer ekenler. Şol döwrüň adamlary muňa mynasyp ekenler. Emma Nuh alaýhyssalamyň zamanasy gelende bu ýagdaý kesilipdir.

* * *

Idris alaýhyssalam eden salyh amaly bilen asmana galdyrylypdyr. Onuň eden amaly ýerdäkileriň hemmesiniň amalyndan rüstem gelipdir. Perişdeleriň biri Rebbinden Idris

---

[1] Idris alaýhyssalam. Özüne inen 30 sahypany ders hökmünde okadandygy üçin oňa Idris diýipdirler. Ibn Kafyt "Taryhul-hukema" atly eserinde şeýle diýipdir: "Alymlaryň arasynda onuň doglan, önüp-ösen ýerleri barada we pygamberlikden öňürti kimden ylym okandygy barada köp garaýyşlar bar. Bir topar şeýle diýipdir: Ol Müsürde doguldy, oňa Hermes Heramise diýdiler, doglan ýeri Menefdir. Onuň ady ýunança Armis, arapça Behermesdir. Armis diýmek Utarut (Merkuriý) ýyldyzydyr. Başga bir topar bolsa şeýle diýipdir: «Onuň ady ýunança Tarmis, ybranyça Ahnuh, Allatagala onuň adyna özüniň beýik kitabynda Idris diýdi». Ýene bir topar hem şeýle diýipdir: «Idris Babylda doguldy, şol ýerde hem önüp-ösdi. Ol özüniň ylmyny ömrüniň başynda Şis ibn Adamdan (Şiş pygamber) aldy. Şis onuň kakasynyň atasynyň atasydyr». Onuň nesil şejeresi şeýledir: Idris ibn Ýard ibn Mihlaýyl ibn Kaýtawyn ibn Anuş ibn Şis. Idris ulalanda Allatagala oňa pygamberlik berdi.

bilen dostlaşmaga rugsat sorapdyr. Allatagala oňa rugsat beripdir.

Ýanyna gelende Idris ondan:

— Sen bilen ölüm perişdesiniň (Ezraýylyň) hem arasynda dostluk barmy? — diýip sorapdyr.

Ol hem:

— Hawa. Perişdeleriň arasyndan Ezraýyl meniň dostumdyr. Perişdeler hem Adam ogullary ýaly dostlaşýarlar — diýip jogap beripdir.

* * *

Sagyt ibn Museýýip şeýle diýipdir: «Perişdelerde (olara salam bolsun) erkeklik ýa-da urkaçylyk ýokdur. Olar örňemeýärler. Olar iýmezler, içmezler. Emma jynlar örňeýändir, olarda erkeklik we urkaçylyk bardyr, olar ölýärler. Şeýtanlarda hem erkeklik we urkaçylyk bardyr, olar hem örňeýändir. Olar ölmeýärler we Iblis ýaly dünýäde ýaşaýarlar. Iblis Abul jyndyr (şeýtanlaryň atasydyr)».

* * *

Aýdylyşyna görä, perişdeler nurdan, şeýtanlar bolsa otdan ýaradylypdyr.

* * *

Abu Zerden[1] rowaýat edilen bir hadysda şeýle diýlipdir: «Men siziň görmedigiňizi görüp, eşitmedigiňizi eşidýärin.

---

[1] Abu Zer Gyfary Jundup ibn Jenada ibn Sufýan ibn Ubeýt - gyfar ogullary taýpasyndan bolan sahaba. 4-5 ýaşlarynda musulman bolupdyr. Dogruçyllygyň nyşany hökmünde atalar sözüne öwrülipdir. Muhammet alaýhyssalamyň wepatyndan soňra Şamda Damaskda ýaşapdyr. Soň Hezreti Osman ony Medinäniň obalarynyň biri bolan Rubza iberipdir we şol ýerde hem 32-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Örän jomart bolupdyr, hatda ölen wagty onuň kepene

Asman naýynjar ses bilen gygyrdy. Çünki onuň muňa haky bardy, sebäbi, asmanda ýekeje garyş hem boş ýer ýokdur. Hemme ýerde perişdeler ýa kyýamda, ýa rukugda, ýa-da sejdede[1] durandyrlar».

* * *

Başga bir rowaýatda bolsa şeýle diýlipdir: «Asmanyň hiç bir ýerinde dört barmak sygyp biljek boş ýer ýokdur. Hemme ýerde Alla sejde üçin maňlaýyny goýan perişdeler bardyr. Alladan ant içýärin, eger meniň bilýänimi siz bilsediňiz az gülüp, köp aglardyňyz, ýollara, çöllere çykyp Alla ýalbarardyňyz».

Bu hadysy rowaýat eden Abu Zer hem: «Käşkä men çapylan bir agaç bolsadym» diýipdir.

* * *

Ähli kitabyň aýtmaklaryna görä, Allatagala arşy göteriji perişdeleri ýaradypdyr. Olaryň aýaklary bolsa ýedinji gat ýerde duranmyş. Alla olary asman bilen ýeriň arasyndaky howa boşlugyna çykarypdyr. Soň olary howa bilen ýedinji asmanyň arasyna çykarypdyr. Soň olary munuň hem üstüne – hiç kimiň bilmedik, diňe Allanyň bilýän ýerine çykarypdyr.

* * *

Ähli kitabyň aýtmaklaryna görä, perişdeler dört görnüşli edilip, ýagny ynsan suratynda, öküz suratynda, ýolbars suratynda we bürgüt suratynda ýaradylypdyr. Olaryň ýüzleri hem ynsan, öküz, ýolbars we bürgüt ýüzleri ýalydyr.

---

ýeterlik zady hem bolmandyr. Buhary bilen Müslim ondan 281 hadys rowaýat edipdirler.

[1] Kyýam – namazda dik durmak, rukug – egilmek, sejde – maňlaýyňy ýere goýmak.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kyýamat güni bolanda Allatagala olara ýene dört sanysyny goşar we olar sekiz bolarlar. Ynsan suratynda bolan Adam ogullarynyň rysgaly üçin şepagat islär. Öküz suratynda bolan haýwanlaryň rysgaly üçin şepagat islär. Ýolbars suratynda bolan ýyrtyjy haýwanlaryň rysgaly üçin şepagat islär. Bürgüt suratynda bolan guşlaryň rysgaly üçin şepagat islär».

* * *

Abdyrahman ibn Sabyt[1] şeýle diýipdir: «Dünýäniň işlerini dört perişde ýöredýär: Jebraýyl, Mikaýyl, ölüm perişdesi (Ezraýyl) we Ysrapyl. Jebraýylyň işi ýellere we esgerlere höküm etmekdir. Mikaýylyň işi ösümliklere we ýagyşlara höküm etmekdir. Ezraýylyň işi janlary almakdyr. Ysrapyl bolsa olar näme buýursa şony edýär».

* * *

Enes ibn Mälik bir gün Resulalladan:

— Ýa, Resulalla, perişdelerden Allanyň kyýamat gününde ölmän galjagy haýsylardyr? — diýip sorapdyr.

Onda Resulalla:

— Jebraýyl, Mikaýyl we ölüm perişdesi — diýipdir.

* * *

Haçanda kyýamat gopanda Allatagala ölüm perişdesinden sorar:

---

[1] Abdyrahman ibn Abdylla ibn Abdyrahman ibn Sabyt ibn Abu Hamyt ibn Amr ibn Ubeýt ibn Huzafa - tabygyn neslinden bolan ynamdar hadys rowaýatçysy. 118-nji hijri ýylynda Mekgede wepat bolupdyr.

— Ýa, melekil-möwt (eý, ölüm perişdesi) kim galdy? (Allanyň özi bolsa kimiň galyp-galmadygyny has gowy bilýändir).

Onda Ezraýyl aýdar:

— Eý, yzzat we mertebe eýesi bolan Rebbim sen ähli kemçiliklerden päksiň, Jebraýyl, Mikaýyl we ölüm perişdesi galdy.

Allatagala oňa aýdar:

— Ýa, melekil-möwt, Mikaýylyň janyny al. Ol hem onuň janyny alar we ol hem Allatagalanyň ýaradan suratynda, göýä beýik dag ýaly bolar.

Allatagala soň aýdar:

— Eý, ölüm perişdesi indi kim galdy?

Ol aýdar:

— Eý, yzzat we mertebe eýesi bolan Rebbim, sen ähli kemçiliklerden päksiň, Jebraýyl bilen ölüm perişdesi galdy.

Allatagala aýdar:

— Eý, ölüm perişdesi, sen öz janyňy al. Ol hem öz janyny özi alar.

Diňe Jebraýyl galar. Onuň Allanyň ýanyndaky orny barada bolsa men size öň aýdyp beripdim.

Allatagala aýdar:

— Eý, Jebraýyl, biziň ikimizden birimiziň hökman ölmegimiz gerek. Onda Jebraýyl ganatlaryny titredip sejde eder we şeýle diýer:

— Rebbim, sen ähli kemçiliklerden päksiň we seniň hamd-u-senaň hem päkdir. Sen hiç wagt ölmeýän kaýymsyň, bakysyň. Jebraýyl panydyr, heläk bolujydyr, meýitdir.

Allatagala onuň janyny alar we ol Mikaýyl ýaly bolar. Allatagala onuň ýaradylyşyny Mikaýylyňkydan hem has belent eder. Göýä belent daglaryň, beýleki daglardan beýik bolşy ýaly.

* * *

Bu setirleri Hezreti Omara (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle hem Omar ibn Abdylezize hem degişli edýärler:

Erbet ýaşaýyşda käbir ynsanlar,
Gije – jeset, gündiz – gapyl sanylar.

Namysly-haýaly hem dindar bolan,
Gorky etsin gahar, Alladan olar.

Ynsan ogly, ýa-ha aýakda otyr,
Ýa aýakda oturana ybrat getir.

* * *

Abu Alyýe[1] şeýle diýipdir: «Kerubiýunlar – perişdeleriň iň ulularydyr. Olar Jebraýyl, Mikaýyl we Ysrapyldyr».

* * *

Jebraýyl perişdä «perişdeleriň tawusy» diýýärler.

* * *

Resulalla haçanda Jebraýyl perişde bilen gürrüňleşýärkä Jebraýylyň ýüzüniň reňki üýtgep, göýä zagpyran ýaly bolar eken. Bu hem onuň Alladan gorkýandygy üçin bolar eken.

---

[1] Abul Alyýe Ryýahy - tabygyn neslinden ynamdar hadys rowaýatçysy. Jahylyýet döwründe ýaşapdyr we Muhammet alaýhassalam ýogalandan 2 ýyl soňra yslamy kabul edipdir. Abubekriň ýanyna barypdyr, Omaryň yzynda namaz okapdyr. Soň Basrada ýaşapdyr. 90-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Abdylla ibn Mesgut bir sergezdan adamy görüp: «Bular meniň jyn gijesinde gören jynlaryma meňzeýär» diýipdir.

* * *

Men araplaryň arasynda jynlar barada geň-enaýy zatlary gördüm. Olaryň aýtmaklaryna görä jynlaryň içinde bir jyns bar, onuň suraty ynsanyň suratynyň ýarysy ýaly. Onuň ady Şaak. Ol ýolagçy ýalňyz gezip ýörkä duşýar, käwagt heläk hem edýärmiş. Olaryň aýtmaklaryna görä, Alkama ibn Safwan[1] onuň bilen sataşanmyş. Olaryň ikisi urşupmyşlar we ikisi hem ölenmiş. Şeýle hem Alkamany we Harb ibn Umeýýäni jyny öldüren hasaplaýarlar. Olaryň aýtmaklaryna görä, jynlar şeýle diýenmişler:

Näbelli ýerdedir mazary Harbyň,
Golaýynda ýokdur hiç kimsäň gubram.

* * *

Aýtmaklaryna görä bu şygryň jynlaryň şygrydygynyň delili ony hiç kim sakynmazdan üç gezek yzly-yzyna gaýtalap bilmeýärmiş. Emma ynsanlaryň düzen iň kiçi şygryny hem sakynmazdan 10 gezek gaýtalap bolýarmyş[2].

* * *

Sagt ibn Ybada ibn Duleým hem bir jyny öldürenmiş. Şondan soňra jynlaryň şeýle diýýändiklerini eşidipdirler:

---

[1] Alkama ibn Safwan ibn Umeýýe ibn Mihras Kenany - jahylyýet döwründe ýaşap geçen şahsyýet. Merwan ibn Hakemiň atasy.

[2] Bu setirleriň arapça aýdylyşy şeýledir: «We kabru harbin bimekänin kyfrin we leýse kurbe kabri harbin kabrun».

Öldürdi hazreçli[1] Sagt ibn Ybada birini bizden,
Bizem ok ýaý bilen urduk ýüregin tizden.

* * *

Hökümdar Amr ibn Ady Lahmyny[2] jyn uranmyş. Bu barada oňa: «Amryň ýaşy ulalmaýar» diýipdirler.

Emma iki ýyldan soň jynlar Juzeýme Abreşe[3] gidip, ony terk edenmişler.

* * *

Jynlar Ammara ibn Welit ibn Mugyrany[4] hem eýeläpdirler. Olar onuň ujydyna üfläpdirler we ol wagşy bolupdyr.

* * *

Abdylla ibn Faýydyň Muhammet pygamberden aýdan bir hadysynda şeýle diýilýär: «Muhammet alaýhyssalam bir gezek:

— Uzra taýpasyndan bir adamy jynlaryň eýeleändigi baradaky gürrüňleri toslama gürrüňdir — diýipdir.

Muny eşiden uzra taýpasyndan biri hem:

— Muny kim aýdan bolsa toslamadyr — diýipdir.

Onda pygamber:

---

[1] Hazreç — Medinede ýaşan arap taýpasy.

[2] Amr ibn Ady ibn Nasr ibn Rabyga Lahmy - jahylyýet döwründe Yrakda höküm süren lahm ogullary taýpasynyň ilkinji hökümdarlarynyň biri. Daýysy Juzeýme Ebreşiň ölüminden soň hökümdar bolupdyr. Hyratda ýaşap, şol ýerde hem wepat bolupdyr.

[3] Juzeýme ibn Mälik ibn Fehm ibn Ganem Tenuhy Kazagy Abreş - jahylyýet döwründe Yrakdaky Tenuhyýe döwletiniň hökümdary.

[4] Ammara ibn Welit ibn Mugyra — Halyt ibn Welidiň dogany. Yslamyň ganym duşmany. Kuraýşy Abu Talybyň üstüne iberip, Muhammet alaýhyssalamy pygamberlikden dönderjek bolup we ony öldürjek bolup ýörenleriň biri. Hebeşistana giden musulmanlary yzyna getirjek bolup, hökümdar Nejaşa Amr ibn As bilen Abu Rabygany iberipdir. Aýtmaklaryna görä, jynlar onuň ujydyna üfläpdirler we ol guduzlapdyr.

— Ýok, meniň aýdanym toslama däl, ýöne olaryň gürrüňleriniň toslamadygy hak — diýipdir.

* * *

Aýtmaklaryna görä, mergi keseli jynlardan gelýärmiş. Şonuň üçin mergä «jynyň naýzasy» diýipdirler.

* * *

Esedi taýpasyndan biri Harys Gassana[1] şeýle diýipdir:

Seniň ömrüň haky üçin aýdýan diňle meni,
«Leňňeç naýzasyndan»[2] gorkýandyr öýtmäň meni.

Meni gorkuzýan zat bar – «jynyň naýza-gürzüsi»,
Bilseň, sensiň olaryň birisi, eý, Harysy.

* * *

Eger araplar: «Jynlaryň üýşen ýeri» diýseler, onda olar hapaçylygyň köpelmegini we azgynlygyň köpelmegini göz öňünde tutar ekenler.

Şeýle hem käbir araplar kimdir birinden zulum-jepa görseler: «Pylany maňa jyn zulumy ýaly zulum etdi» ýa-da «Allanyň adyndan ant içýän, ol jyn zulmuny etdi» diýýärler.

* * *

Şahyrlara «jynlaryň itleri» diýipdirler.

* * *

Amr ibn Kulsum[1] şeýle diýipdir:

---

[1] Harys Gassany— Şam çölündäki jefne ogullary taýpasynyň meşhur emirleriniň biri.
[2] Hyzaryň iki ogly Amr we Umeýriň lakamlary.

Hyňranaýsa bize itleri jynyň,
Salarys biz oňa katad[2] çybygyn.

* * *

Olaryň pikirlerine görä, jynlar şygyr sözlerini şahyrlaryň agzyna salýarmyşlar. Ol agzyna salnana hem «jyndan şygyr öwrenen» diýipdirler.

* * *

Araplar şahyrlaryň köpüsine jynlaryň adyny dakypdyrlar. Mysal üçin Mashal, Jehnam, Amr, Şankanak jyn atlarydyr. Olar şahyr Agşa üçin Mashal, şahyr Amr ibn Kuty üçin Jehnam, şahyr Farazdak üçin Amr, şahyr Beşar üçin Şankanak lakamyny ulanypdyrlar.

* * *

Samsyklara we dälilere «Iblisiň goşuny» diýlipdir.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Iblis goşunynda hatarda durup,
Niçe haly başdan geçirdim görüp.

Şolardan birini beýan etsem men,
Hatda Iblis boldy goşun esgerem.

---

[1] Amr ibn Kulsum ibn Mälik ibn Ytap Abul Eswet - jahylyýet döwründe ýaşan "Muallakaty sebga" diýilýän ýedi ýazaryn biri.
[2] Tragakant agajy.

* * *

Hajjajyň döwründe Abdylla ibn Hylal atly bir jadygöý bar eken. Ol özüne Iblisiň görünýändigini we onuň syrlaryny bilýändigini aýdar eken. Oňa «Iblisiň dosty» diýip at goýupdyrlar.

Günlerde bir gün Hajjaç Ýahýa ibn Sagyt ibn Asa[1] garap:

— Iblisiň dosty Abdylla ibn Hylal maňa seniň Iblise meňzeýändigiňi aýtdy — diýipdir.

Onda Ýahýa ibn Sagyt oňa:

— Jynlaryň hojaýynynyň ynsanlaryň hojaýynyna meňzeş bolmagy emiriň nämesini geň galdyrýarka? — diýip jogap beripdir. Hajjaç onuň jogabynyň güýjüne haýran galypdyr.

* * *

Şygra «şeýtanyň jadysy» diýipdirler. Jerir şeýle diýipdir:

Ol jyn hereketin, jadysyn goýdy,
Sebäp meniň jynym bir jadygöýdi.

* * *

Abdylla ibn Zubeýre Abdylmälik ibn Merwanyň Amr ibn Sagyt Eşdeki[2] öldürendigininiň habary gelip ýetende, hutbada: «Bize Abu Zybbanyň Latymy Şeýtany öldürendigininiň habary gelip ýetdi» diýipdir we şu aýaty okapdyr «Ine, şeýdip gazanan günäleri sebäpli, zalymlaryň käbirini beýleki bir bölegiň yzyna dakarys»[3].

---

[1] Ýahýa ibn Sagyt ibn As — ynamdar hadys rowaýatçysy.
[2] Amr ibn Sagyt As ibn Sagyt ibn As ibn Umeýýe ibn Abdy Şems Emewi Kuraýşy - Mugawyýa ibn Ýezit döwründe Mekge we Medine häkimi. Eşdek diýlip tanalypdyr. 3-nji hijri ýylynda dünýä inipdir. 70-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.
[3] Gurhanyň «Engam» süresiniň 129-njy aýaty.

Abu Zybban (Siňekleriň atasy) Abdylmälik ibn Merwanyň, Latymy Şeýtan (şeýtan kakan) we Eşdek (agzy uly) Amr ibn Sagydyň lakamy.

* * *

Iblis nejdli[1] bir garrynyň suratyna girip kuraýşylara Muhammet alaýhyssalama garşy çykmaklaryny öwredipdir. Ol garrynyň ady Abu Murra eken, bu at bolsa Iblisiň lakamydyr (Abu Murra – ajylygyň atasy diýmekdir).

* * *

Omar ibn Abdyleziz şeýle diýipdir: «Bir adam Allatagaladan şeýtanyň ynsan kalbyndaky eýeleýän ornuny görkezmegini haýyş edipdir. Oňa uklap ýatan bir adamyň daşyndan içi görkezilipdir. Şeýtan oňa gurbaga görnüşde görünipdir. Onuň çybynyňky ýaly holtumy bar eken. Ol onuň çep gerdeninden ýüregine girip, ýüregine was-wasa berýär eken. Onuň kalby Allany zikr etjek bolanda oňa zeper ýetirer eken».

* * *

Aly ibn Hüseýin şeýle diýipdir: «Muhammet alaýhyssalam ygtykafda otyrdy. Onuň ýanyna Safiýe geldi. Onuň bilen gürrüňleşdi. Safiýe turup gitjek bolanda Resulalla hem onuň bilen turup ýöredi. Şol wagt ýanlaryndan ensarylardan iki sany adam geçip barýardy. Olar salamlaşdylar, soň bolsa geçip gitdiler. Muhammet alaýhyssalam olaryň ikisini hem ýanyna çagyryp:

— Bu aýal Safiýe binti Haýýdyr — diýdi.

Onda ikisi geňirgenip:

[1] Nejd – Saud Arabystanda ýer ady.

— Ýa, Resulalla, biz siz barada haýyrdan başga zady pikir etmeýäris — diýdiler.

Resulalla olara:

— Çünki şeýtan ynsan oglunyň ganynda gezýär. Men onuň sizde erbet pikir döretmeginden gorkdum — diýdi».

* * *

Abu Hureýradan rowaýat edilen bir hadysda şeýle diýlipdir: «Her bir adamyň gapysynda iki sany baýdak bardyr. Bir baýdak perişdäniň elinde, biri bolsa şeýtanyň elinde. Eger, kim öýünden Allatagalanyň tagaty üçin (halal eden işleri üçin) çyksa, perişde hem eli baýdakly onuň yzyna düşer we ol adam yzyna gaýdyp gelýänçä onuň yzynda bolar, eger ol adam Allatagalanyň halamaýan (haram) işleri üçin çyksa, şeýtan hem eli baýdakly onuň yzyna düşer we ol adam yzyna gaýdyp gelýänçä onuň yzynda bolar».

* * *

Bureýdeden rowaýat edilen bir hadysda şeýle diýlipdir: «Eger bir adam sadaka üçin nämedir bir zat berse, ondan ýetmiş şeýtan aýrylar».

* * *

Abu Jendel[1] Şamda arak içipdir. Abu Ubeýde ibn Jerrah ony tussag edipdir, soň bolsa bagyşlapdyr. Hezreti Omar Abu Ubeýde hat ýazyp:

— Men seniň din doganyňa garşy, şeýtana kömekçi bolýandygyň üçin saňa şübhelenýärin. Meniň şu hatym saňa baranda, bagyşlamagyňdan dän we onuň jezasyny ber — diýipdir.

---

[1] Abu Jendel ibn Suheýl - Şamda ýaşap geçen şahsyýet.

Abu Jendele bolsa hat ýazyp şeýle diýipdir:

— «Ha mim. Bu kitap hakyky ýeňiji, hemme zady doly bilýän, günäleri bagyşlaýan, tobany kabul eden, azaby çetin, rehim-şepagat eýesi Alla tarapyndan iberilendir»[1].

* * *

Bir adam Ibn Apbasyň ýanyna gelip:

— Men bütin bir gijäni ýalaňaç ýatyp geçirmegi öz-özüme söz berdim — diýipdir.

Ibn Apbas hem halka ýüzlenip:

— Eý, adamlar, serediň muňa. Şeýtan şu kişiniň uýat ýerlerini açdyryp, dostlary bilen üstünden gülmekçi bolýar — diýipdir.

Soňra bolsa ol adama:

— Git-de eşikleriňi geý, soň bolsa tä ertire çenli namaz oka — diýipdir.

* * *

Mekhul şeýle diýipdir: «Bir adam gizlin bir haýyrly amal eder. Şeýtan onuň ýanyna gelip, ol eden gizlin amalyny kimdir birine gürrüň bermegini islär. Ol amal gizlinlikden bozulyp, açyk edilen amal hökmünde ýazylar. Şeýtan soňra ony hemmelere gürrüň bermegini islär. Netijede, ol amal açyk amaldan bozulyp, ryýa amal hökmünde ýazylar».

* * *

Perişde gädigi – Amyt[2] şäheriniň golaýyndaky uly çölde bir oýdur. Ol ýerden hek daşy çykýar.

---

[1] Gurhanyň «Gafyr» süresiniň 1-3- aýatlary.

[2] Amyt — Diýarbekir şäheri.

* * *

Abu Ýahýa (diriligiň atasy) ölüm perişdesi Ezraýylyň lakamydyr. Araplar eger bir adamyň amanady dolup, ýogalsa oňa: «Pylana Abu Ýahýanyň naýzasy degdi» diýýärler.

* * *

Haýwanlardan iki aýakly bolup dogan, diňe ynsandyr.

* * *

Ibn Yshak[1] şeýle diýipdir: «Allatagala Adam Atany ýaratdy. Ruh üflemezinden öňürti, ony 40 ýyllap goýdy. Soň ol bişen toýun ýaly palçyga döndi we oňa ot degirmedi».

* * *

Ibn Apbasdan we beýlekilerden şeýle rowaýat edilipdir:

— Soň Alltagala Adamyň çep tarapyndaky gapyrgalardan bir gapyrga alypdyr. Şol wagt Adam uklap ýatan eken we tä How ene ýaradylýança Adam ukudan oýanmandyr. Adam ukudan oýanyp, ýanynda How enäni görende:

— Bu meniň hem etim, hem ganym, hem ýoldaşym — diýipdir we oňa ynanypdyr.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Aýal gapyrgadan ýaradylandyr. Eger ony gatyrak gyssasaň, döwersiň. Eger ony ugruna kowsaň, peýdalanarsyň, sebäbi ol egri süňkdir».

---

[1] Muhammet ibn Yshak ibn Ýesar Matlaby – taryhçy alym. Hadys, arap taryhy ýaly ylymlary okapdyr. Kadaryýe mezhebinden bolupdyr. 151-nji hijri ýylynda Bagdatda wepat bolupdyr. Onuň "Syratun-Nubuwwe" atly kitaby bar. Ibn Hyşam ondan rowaýat edipdir.

* * *

Mujahyt ibn Jebr şeýle diýipdir: «How ene Adam Atanyň çep tarapyndaky iň soňky gapyrgasyndan ýaradylypdyr».

* * *

Kesranyň döwründe bir adam köçäniň ugruna çykyp:

— Kim menden üç sözi müň dinara aljak? — diýip gygyrypdyr. Halk bolsa onuň üstünden gülüpdir. Bu habar Kesra baryp ýetipdir. Ol ýaňky adamy getirdipdir we puly hem getirip, onuň öwüdini aýtmagyny isläpdir.

Ýaňky adam:

— Birinjisi, ynsanlaryň hemmesinde haýyr ýokdur — diýipdir.

Kesra oňa:

— Bäh — diýipdir.

Soň ol adam:

— Ikinjisi, bu mümkin däldir — diýipdir.

Kesra ýene:

— Bäh! — diýipdir.

Ol adam:

— Üçünjisi, olary şoňa görä hem geýindir, ýagny şoňa görä höküm ýöret — diýipdir.

Kesra:

— Bäh! Sen bulary gazandyň, al! — diýip oňa müň dinary beripdir, emma ol mundan boýun towlapdyr.

Kesra ondan:

— Näme üçin almadyň? — diýip sorapdyr.

Ol hem:

— Men mal bilen hikmet satyn alýany görmegi söýýärin — diýip jogap beripdir.

* * *

Ibn Yshak şeýle diýipdir: «Adam Ata bilen How enäniň ýerdäki düşen ýeri Dasym atly dagdyr. Bu ýer Hindistanda bolup, Dehenç bilen Mendeliň arasynda ýerleşýändir. Olaryň arasy ýakyndyr. Aýtmaklaryna görä bu dagyň topragyndan Adam Ata ýaradylypdyr».

* * *

Heniz jennetde günä gazanman ýaşap ýörkäler, How ene Adam Atadan hamyla bolýar. Onuň göwresinde Kabyl bilen ekiz taýy bar eken. How ene bularyň ikisini göwresinde göterende, jennetiň päkligi üçin, aş saýlamandy, agyry-ynjy, kynçylyk çekmändi we gan hem görmändi. Olar günä gazanyp, ýere zyňylanlaryndan soň How ene Habyla we onuň ekiz taýyna hamyla galypdyr. Olary dogranda, aş saýlapdyr, agyry-ynjy, kynçylyk çekipdir we gan hem görüpdir.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Haýyr we şer hazynalarynyň açarlary ynsanlardyr».

* * *

Ynsanlaryň käbiri itler ýalydyr. Sen eger selukyly[1] bir adamyny görseň, ondan gorangyn.

* * *

Mukatyl[2] şeýle diýipdir: «Pygamberleriň dört sanysy diridir. Ikisi asmandadyr: Isa we Idris. Ikisi ýerdedir: Ylýas we

[1] Seluky – Ýemende bir ýer ady.

[2] Mukatyl ibn Süleýman ibn Beşir Ezdi Balhy Abul Hasan - tefsir alymy. Onuň asly Balhdan bolupdyr. Soň Basra gelipdir we 150-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

Hydyr. Ylýas gury ýerdedir. Hydyr deňizdedir[1]. Bularyň ikisi her gije biri-birinden habar almak üçin, Zülkarneýn harabaçylygynda duşuşýarlar. Olaryň ikisi her ýyl haj edýärler. Ýöne olary diňe Allatagalanyň islän bendesinden başga hiç kim görüp bilmeýär. Olar kerfes[2] bilen kömelek iýýärler».

* * *

Aýtmaklaryna görä, Allatagala araplara dört sany aýratynlyk beripdir:

1. Selle – olaryň täjidir.
2. Uzyn don — olaryň diwarydyr.
3. Gylyç – olaryň zyndanlarydyr.
4. Şygyr – olaryň diwanydyr.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Size degmeseler, siz hem hebeşilere degmäň. Sizi terk etseler (degmeseler), siz hem türkleri terk ediň (degmäň)».

* * *

Abu Hureýranyň pygamberden rowaýat eden hadysynda şeýle diýlipdir: «Siz aýakgaplary ýüňden bolan bir kowum bilen söweşýänçäňiz, kyýamat gopmaz. Siz ýüzleri galkanlar ýaly, gözleri kiçi, burunlary ýasy bolan bir kowum bilen söweşýänçäňiz, kyýamat gopmaz».

---

[1] Golýazmada şeýle diýilse-de, musulman düşünjesine görä Hydyr gury ýerde, Ylýas suwdadyr. Magtymguly atamyz hem şygrynda «Hydyr kimin çöllerde, Ylýas kimin köllerde» diýip aýdyp geçipdir.

[2] Kerfes - köki bilen ýapragy iýilýän ösümlik, seldereý.

* * *

Araplaryň kelp[1] ogullary taýpasy şeýle diýipdir: «Ynsanlaryň içinde bizden hem has beter it ýalylar bar. Ýöne olaryň atlary bize dakylypdyr».

* * *

Abu Müslim Huwlany şeýle diýipdir: «Öň ynsanlar ýaprak ýalydylar, tikenleri ýokdy. Siz bolsa indi ýapraksyz tiken bolduňyz».

* * *

Awzagy[2] şeýle diýipdir: «Eger jennet bilen jähennem iki sany öý bolsalar, olaryň birinde perişdeler, pygamberler, syddyklar, şehitler, salyhlar bar bolsa, beýlekisinde iblis, şeýtanlar, Pyrgun, Haman[3] we Karun[4] dagylar bar bolsa, sen olaryň haýsylary bilen bolmak islärdiň?».

* * *

Abu Süleýman şeýle diýipdir: «Jyn şeýtany ynsan şeýtanyndan has zyýansyzdyr. Sebäbi, ynsanyň şeýtany maňa ýapyşyp, meni günä işlere dartýar, jyn şeýtany bolsa Alladan pena islän wagtym, menden gaçyp gidýär».

---

[1] Kelp – it diýmek.

[2] Awzagy Abdyrahman ibn Amr ibn Ýuhmet Abu Amr- fykhda we takwaçylykda Şam diýarynyň ymamy. 88-nji hijri ýylynda Baalbekde dünýä inipdir we Bekagda önüp ösüpdir. Soň Beýrutda ýaşapdyr. Oňa kazylyk hödürläpdirler, emma ol mundanboýun towlapdyr. Şamda onuň uly abraýy bolupdyr. Onuň buýruklaryny, soltanyňkydan hem ýokary tutar ekenler. Onuň fykhda özüniň aýratyn mezhebi bolupdyr. Onuň fykha degişli "Sünen" atly kitaby bar. Şeýle hem onuň "Mesaýyl" atyl kitaby özüne berlen 70000 soragyň jogabyny içine alýar. 157-nji hijri ýylynda Beýrutda wepat bolupdyr.

[3] Haman — Pyrgaunyň weziri. Şu at bilen ol Gurhanda agzalýar.

[4] Karun — Musa pygamberiň kowumyndan bolan husyt baý. Allatagala oňa köp mal-mülk beripdir. Emma soň azýar. Gurhanda hem bu at bilen agzalýar.

* * *

Rahybdan:

— Seni bu ybadathanada beýgelden zat näme? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Iblisiň duzagyndan mekirlik bilen sypmagym — diýipdir.

* * *

Bir adam Abu Süleýmanyň[1] ýanyna gelip şeýtanyň waswasa salýandygyny gürrüň beripdir. Onda Abu Süleýman oňa: «Sen ony duýan wagtyň şatlan. Eger sen şatlansaň ol senden aýrylmak bilen bolar. Sebäbi, şeýtanyň iň ýigrenýän zady möminiň şatlygydyr. Eger sen gaýgy-gama batsaň, ol güýçlener» diýipdir.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Allatagala iki kowumy beýlekilerden saýlady. Araplardan kuraýşylary, ajamlardan parslary».

* * *

Aly ibn Hüseýine «iki saýlananyň ogly» diýipdirler. Sebäbi, onuň ejesi parslardan bolan Selafe Ýezdigerdiň gyzlaryndan bolupdyr.

---

[1] Abu Süleýman Abdyrahman ibn Ahmet ibn Atyýe Mezjehi Darany - meşhur sopy. Damaskyň golaýyndaky Dara obasyndan bolup, soň Bagdatda ýaşapdyr. Soň Şama gaýdyp gelip, 215-nji hijri ýylynda ol ýerde wepat bolupdyr.

* * *

Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Ýajuç we Mäjuç[1] halkynyň boýlary bir, iki, üç garyşdyr. Olar hem Adam ogullarydyr».

* * *

Sahabalar şeýle diýipdirler: «Şeýtanlar edil siňekleriň ýara üýşüşi ýaly ynsanlaryň kalbyna ýygnanyşýarlar. Eger olar kowulmasa, zeper ýetirerler».

* * *

Adam ata ýaradylanda, bürgüt balygyň ýanyna gelip: «Şu gün meni höwürtgämden çykarjak, seni hem deňizden çykarjak mahluk gördüm» diýipdir.

* * *

Abu Hureýradan rowaýat bolan hadysda şeýle diýlipdir: «Allatagala ýaradylanlary döredende dört synp ýaratdy. Olar: perişdeler, şeýtanlar, ynsanlar we jynlar. Soň bulary on bölege böldi. Olaryň dokuz sanysy perişdelerdir. Diňe bir bölegi şeýtanlar, jynlar we ynsanlardyr. Soň jynlary we ynsanlary on bölege böldi. Olardan dokuz bölegi jynlar we bir bölegi ynsanlardyr».

---

[1] Gurhanda atlary agzalýan millet.

# ON BIRINJI BAP

## ULUMSYLYK, TEKEPBIRLIK, GAZAP, GOŇŞUÇYLYK, ÝARDAM, KÖMEK BERMEK, GAÝRAT-TAGALLA WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Muhammet alaýhyssalam Mekgäni basyp alanda, Abu Sufýanyň kalbyny yslama ysnyşdyrmak we oňa özüniň keremini görkezmek üçin:

— Mekgelilerden kim Käbäniň içine girse, oňa aman berler we kim Abu Sufýanyň öýüne girse, oňa hem aman berler — diýipdir. Onda Abu Sufýan muňa haýran galyp:

— Meniň öýümemi, ýa, Resulalla, meniň öýümemi? — diýip, gaýtalap-gaýtalap sorapdyr.

Onda Resulalla oňa:

— Hawa, seniň öýüňe — diýip jogap beripdir.

* * *

Abul Muzaffar Nasyr ibn Nasyreddin Sarahsy eýelände şeýle diýipdir: «Kim Abu Sufýanyň öýüne girse, oňa aman berler». Abu Sufýan Sarahsyň kazysydyr. Ynsanlar muňa gaty şat bolupdyrlar.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Gahar-gazabyňy ýeňmek, Alla üçin batylyň iň erbedini öldürmekden has gowudyr».

* * *

Hezreti Aly şeýle diýipdir: «Hasrat çekýäne kömek etmek we gaýgy-gama batany aladadan dyndarmak uly günäleriň geçilmegine keffaratdyr»[1].

* * *

Kenana ibn Rabyg Abşemi[2] Resulallanyň gyzy Zeýnebi[3] Mekgeden Medinä gaçyryp goýberipdiär. Onuň öňünden Hibar ibn Eswet[4] çykypdyr. Kenana ony ýaý bilen atypdyr. Ol hem gaçyp gidipdir. Kenana şeýle diýipdir:

Hibaryň bolşuna galýaryn haýran,
Hem onuň kowmuny bir ejiz diýýän.

Yza aldyrjaklar beren sözümi,
Goramagy Muhammediň gyzyny.

---

[1] Keffarat – edilen günä işiň geçilmegi üçin berilmeli zat.

[2] Kenana ibn Rabyg ibn Abdyl Uzza ibn Abdy Şems ibn Abdy Mennaf - Muhammet alaýhyssalamyň gyzy Zeýnebiň ýanýoldaşy. Abul As ibn Rabygyň dogany.

[3] Zeýnep — Muhammet alaýhyssalamyň iň uly gyzy. Onuň ejesi Hatyja binti Huweýlitdir. Özüniň daýzasynyň ogly Abul As ibn Rabyga durmuşa çykypdyr we ondan Aly we Umama atly iki çagasy bolupdyr. Ýöne Aly kiçijikkä wepat bolupdyr. Umama atly gyzy Hezret Ala durmuşa çykypdyr. Zeýnep 8-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[4] Hibar ibn Eswet - Mekgede Muhammet alaýhyssalama ezýet berenleriň biri. Mekgäniň ýeňşi güni gaçyp gidipdir. Ýöne soň Medinä gelip musulman bolupdyr. 13-nji hijri ýylynda söweşleriň birinde şehit bolupdyr.

Elleri gylyçly bir gün gelseler,
Gorkuzmaz goh edip hiç wagt – bilseler.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Sen öz janyňy ähli pes işlerden gora, oňa hormat et. Eger ol seni öz arzuwlaryna düşürse, onda sen ony öz gaýratlaryň bilen öňki ýagdaýyna getirip bilersiň. Sen başga biriniň guly bolma. Allatagala seni erkin ýaradandyr».

* * *

Jahylyýet döwründe Apbas ibn Merdasyň[1] agasynyň[2] ogly Kaýs ibn Neşebe Selma Mekgä gelip, Abu Halef Jahma[3] düýesini satypdyr. Ol hem puluny wagtynda bermändir. Kaýs hem kuraýşylaryň mejlislerine aýlanyp şeýle diýipdir:

Käbä bolan hormatyňyz nirede,
Buýsanjaň şäheriň ili – ulusy.
Maňa öz hakymy tölemeýşiňiz,
Bilseňiz zulumyň iň bir ulusy.

Apbas ibn Merdas ony Apbas ibn Abdylmuttalybyň ýanyna kömek soramak üçin iberipdir. Ol hem onuň ýanyna barýar. Apbas ibn Abdylmuttalyp onuň hakyny alyp beripdir we şeýle diýipdir:

---

[1] Apbas ibn Merdas ibn Abu Amyr Sulemi - yslam we jahylyýet döwürlerini gören şahyr. Mekgäniň ýeňşinden öň yslamy kabul edipdir. 18-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.
[2] Kakasynyň dogany.
[3] Abu Halef ibn Wehb ibn Huzaka Jahmy - jahylyýet döwründäki Mekgelileriň ýolbaşçylarynyň biri. Muhammet alaýhyssalama we musulmanlara köp ezýet beripdir. Resulalla ony Uhut söweşinde öz eli bilen öldürdýär.

Bermejek boldular Kaýsyň hakyny,
Menem hukugyny goradym bilseň.
Diri mahalym-a goraryn özüm,
Haşymy taýpasy berk durar – ölsem.

* * *

Ibn Kaýs hem Ibn Apbasa yslam barada şeýle diýipdir:

Jahylyýet zamanynda kakam sizi halan eken,
Maksat-myradym bolduňyz, meniň dinde arzuw eden.
Hiç wagt sizden daş düşmedim, sizi söýmeli boldum men,
Siz bilen dogry-dürsdürin, muny duýmaly boldum men.
Ant içýärin, aýrylmaryn, size kasyda ýazaryn,
Näzikligi wasp ederin – keşbiňiz dünýä ýaýaryn.

* * *

Abdyleziz ibn Abu Dulefiň[1] bir gyrnagy bar eken. Ony gaty söýýär eken. Ol onuň kellesini kesip: «Oňa bolan söýgim üçin, ölerin öýdüp gorkdum we menden soňra başga birine aýallyk eder öýdüp gabandym» diýipdir.

* * *

Omar ibn Abdyleziz gyzyny durmuşa çykarypdyr. Ol aýaly Patma:

— Meniň saňa haýsy zadym hoş ýakan bolsa, gyzyňa şol zatlary öwret— diýipdir.

Onda aýaly:

— Sen ony gabanmaýarsyňmy? — diýipdir.

Onda Omar oňa şeýle diýipdir:

[1] Abdyleziz ibn Abu Dulef - onuň kakasy apbasy döwletinde serkerde bolupdyr.

— Gabanmak haram işlerde bolýandyr. Emma halal işlerde gabanmak ýokdur. Resulallanyň Aly bilen Patma aýdan sözleri ýatdan çykyşdy. Resulalla olara:

— Siz tä men siziň ýanyňyza barýançam howlukmaň — diýipdi.

* * *

Şygyr:

Diýýärler: «Olarda san hem az, hatda,
Namysjaňda perzent az bor, elbetde!».

* * *

Hajjaç Uýeýne ibn Hakem Halajynyň[1] şeýle diýýändigini eşidipdir:

Basra-ha boşap galdy, üstüne tozan büräp,
Bizem galdyk gyzlygyň nikabynda aljyrap.

Onuň gowy şygyrlary, yşky bentleri bar eken. Hajjaç ony Basradan Horasana ugradypdyr.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Aýalyň erkegi gabanmagy küpürdir. Erkegiň aýaly gabanmagy imandyr».

* * *

Binti Nugman ibn Beşir[2] adamsy Rawh ibn Zenbaga:

---

[1] Uýeýne ibn Hakem Halajy – şahyr. Merzubany özüniň «Şahyrlaryň sözlügi» atly eserinde ony şahyrlaryň hatarynda hasaplapdyr.
[2] Binti Nugman ibn Beşir - emewiler döwründe ýaşap geçen aýal şahyra.

— Sen gabanjaň — diýipdir.

Onda ol:

— Hakyky erkek adam sen ýalylary samsyklardan, akmaklardan hökman gabanmalydyr — diýipdir.

* * *

Muhammet ibn Ahmet ibn Suwar Taýy şeýle diýipdir:

Merwana – aýaly däldir gabanjy,
Oňa mertebesi gabanç – bir ünji.

* * *

Farazdak Zul Ehdam Kilabyny[1] ýaňsylap, goşgy ýazypdyr. Ol Şamyň ýerlerini ýer bilen ýegsan edipdir. Farazdak:

Habarymy ýolladym men yzyndan Zul Ehdamyň,
Onda ýeller uwlaýar hem-de köşkleri Şamyň.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kim musulman doganynyň namysyny gorasa, bu onuň üçin jähennem odundan perde bolar».

* * *

Abu Sufýan her wagt öýüniň ýanyna täze goňşy göçüp gelse, şeýle diýer eken: «Eý, pylany, sen meni we meniň öýümi goňşy edip saýlap aldyň. Sen eger jenaýat etseň, meniň hem jenaýat etdigim bolar. Eger biri saňa jenaýat etse, onda oňa hossarynyň çagasyna hüküm edişi ýaly hüküm ederin».

[1] Zul Ehdam Kilaby - dabby ogullary taýpasynyň ýolbaşçylarynyň biri. Farazdak elmydama ony tankytlap gezipdir.

Bu ýagdaý hem Muhammet alaýhyssalamyň Mekgäniň ýeňşi güni «Kim Abu Sufýanyň öýüne girse, oňa aman berler» diýip, aýdan abraýly sözleri üçindi.

* * *

Çöldäkilere bir ýyl gaty gurak gelipdir. Farazdak hem Welit ibn Abdylmäligi wasp edýän bir kasyda ýazypdyr:

Şerifanly[1] ilat maňlaýy şorlap,
Alla hem Welitden soraýar zarlap.

Soň bolsa halkyň ondan kömek isleýändigini beýan edip, şeýle diýipdir:

Diýýärler: «Haýyşy ýetir goldana,
Halkyň howandary beýik Soltana».

Sebäbi, sen onuň ýanyna barýaň,
Sogaply Soltan ol, bizi eý görýän.

Welit ondan:

— Näme hajatyň bar? — diýip sorapdyr.

Onda Farazdak:

— Bir düýe bugdaý, bir düýe ýag we bir düýe dirhem ber. Ol zatlar gutaranda ýene-de getirer ýaly ýanyma hem hyzmatkärleriňi ber. Men ony seniň adyňdan seniň gapyňdan Ýemama çenli çöldäkilere paýlajak — diýipdir.

Ol hem razy bolupdyr we Farazdak olary Ýemama çenli paýlapdyr.

---

[1] Şerifan – Arabystanda bir dagyň ady.

* * *

Halyt ibn Abdylla asly kuraýşy bolan Omar ibn Hubeýrany[1] tussag edip zyndana salypdyr. Ol hem zyndandan gaçyp, Şama Meslemäniň[2] ýanyna gelipdir. Bu ikisiniň arasy ýok eken. Munuň sebäbi hem Mesleme Yrak häkimliginden boşadylanda, ýerini Omar eýelän eken. Omar Meslemäniň ýanyna girip, bolan wakany gürrüň beripdir. Mesleme ondan:

— Sen Ibn Hubeýramy? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Hawa — diýipdir.

Başyna kyn waka düşen dessine,
Syryň aýan etgin, sen hak dostuňa.

Mesleme hem şol demde Hyşamyň ýanyna gidipdir. Hyşam ondan:

— Eý, Abu Sagyt seniň bizlik näme işiň bar? — diýip sorapdyr.

Onda Mesleme oňa:

— Eý, möminleriň emiri, eger kuraýşylardan biri bize kömek et diýip elini uzatsa, biz oňa elimizi uzadýarys dälmi? — diýipdir.

Hyşam:

— Hawa, uzadýarys — diýipdir.

---

[1] Omar ibn Hubeýra - emewiler döwründe ýaşap geçen serkerde. Omar ibn Abdyleziz ony Jezirä häkim belläpdir. Ýezit ibn Abdylmälik ony Yraga we Horasana häkim edip belläpdir. Soň Hyşam ibn Abdylmälik ony tussag edipdir. Ol hem tussaglykdan gaçyp, Emewi döwletiniň serkerdesi we emiri Mesleme ibn Abdylmälik ibn Merwan ibn Hakemiň ýanyna şepagat isläp barypdyr. Netijede Hyşam ony bagyşlapdyr. 110-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Mesleme ibn Abdylmälik ibn Merwan ibn Hakem - emewi döwletiniň serkerdesi we emiri. Köp ýerleri eýeläpdir. Dogany Süleýmanyň halypalyk döwründe Konstantinopola (Stambula) söweşe gelipdir we 96-njy hijri ýylynda ol ýerde bir metjit gurupdyr. 120-nji hijri ýylynda Şamda wepat bolupdyr.

Mesleme:

— Kim bize bu niýet bilen gelse, biz wepadarlygymyzy görkezýäris dälmi? — diýip sorapdyr.

Hyşam:

— Hawa, görkezýäris — diýipdir.

Mesleme:

— Onda Omar ibn Hubeýra gelip maňa sygyndy. Men hem ony Allanyň, möminleriň emiri Abdylmäligiň, seniň goramagyňy öz boýnuma aldym — diýipdir.

Onda Hyşam oňa:

— Sen kimi sylaglasaň, biz hem ony sylaglarys — diýipdir.

Onda Mesleme:

— Onuň mallaryny gaýtaryp berseňiz! — diýip haýyş edipdir.

Hyşam hem oňa 100 000 dirhem berilmegini buýruk beripdir. Mesleme hem ony alyp gaýdyp, onuň üstüne 50 000 dirhem goşup, Omara beripdir.

* * *

Ýezit ibn Mugawyýa Müslim ibn Akabany[1] Medinäni eýelemek üçin iberende, Aly ibn Hüseýin 400 mennaflyny[2] ýanyna alypdyr. Ol bularyň aglaşýan sesi bilen olary utandyryp, yza çekildirmek isläpdir. Olaryň arasynda bir aýal, özleriniň işleriniň gülala-güllükdigini aýdyp, şeýle diýipdir: «Men öz atalarymyň arasynda, beýle bolluk içinde ýaşamandym»[3].

---

[1] Müslim ibn Akaba ibn Ryýah Murry - emewi döwletinde serkerdeleriň biri.

[2] Haşymylaryň we emewileriň atasy bolan Abdymennafyň nesli.

[3] Aly ibn Hüseýin kuraýşy bolansoň bu ýerde mennaflylar olardan üstün diýiljek bolýar.

# ON IKINJI BAP

## DOGANLYK, MUHABBET, DOSTLUK, ALLA ÜÇIN SÖÝMEK WE HALAMAZLYK WE GOŇŞUÇYLYK HAKYNDA

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Köpräk dost tutunyň. Sebäbi siziň Rebbiňiz kerimdir, utanç-haýa eýesidir. Ol kyýamat gününde öz bendesine dostlarynyň arasynda azap bermäge utanar».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kim musulman doganyna dostluk nazary bilen seretse, kalbynda hem oňa hiç hili kine-öýke bolmasa, göz-açyp ýumasy salym içinde Allatagala onuň ähli günälerini bagyşlar».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Kimiň ýakyn dosty bar bolsa, oňa azap berilmez. Seret, Allatagala jähennem barada näme habar beripdir: «Biziň indi ne şepagatçymyz bar, ne-de ýakyn bir dostumyz»[1].

---

[1] Gurhanyň «Şugara» süresiniň 101-nji aýaty.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Dost, şu üç zatda, ýagny başyna kyn iş düşende, gybaty edilende we ölüm wagtynda dostuny goraýança hakyky dost hasaplanmaz».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Ynsanlaryň iň ejizi — dost tutunmakdan iň ejiz bolanydyr. Dostlaryň iň ejizi — dostlarynyň goldawyny ýitiren kişidir».

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: — Musulman doganyň kalbyndaky üç zat onuň saňa bolan dostlugyny subut edýär:

1. Saňa salam bermegi;
2. Oturşykda saňa ýer bermegi;
3. Iň gowy atlar bilen ýüzlenmegi.

* * *

Mümkin boldugyça dost sanyn köp et,
Olar kyn günüňde hemaýat, kömek.

Ýene azdyr – dostuň bolsa müň ynsan,
Emma köpdür saňa ýekeje duşman.

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Dostluk bilen kalplaryň söýgüsini gazanyň. Çünki kalp şaýatdyr, ol para kabul etmez».

* * *

Ibn Arafa şeýle diýipdir:

Dostluga tutunýan kalbyň päk şaýat ,
Sebäbi ol adyl, ýeke-täk şaýat.

* * *

Bir adam dostuny wasp edip, hat ýazyp: «Sen meniň bedenimiň sag tarapynyň agzalarysyň, meniň şübhesiz we dogry pikirlerimsiň» diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Dost — ýok wagty hem saňa dost bolýandyr».

* * *

Asmagy şeýle diýipdir: «Men bir gezek Halylyň ýanyna bardym. Ol kiçiräk düşegiň üstünde oturan eken. Soň Halyl meniň geçip ýanynda oturmagymy haýyş etdi.

Men oňa:

— Men seniň ýeriňi daraldan-a däldirin? — diýdim.

Onda ol:

— Goýsana, hakykatdan hem dünýä iki sany öýke-kinelä giň bolmaz. Emma iki sany ýürekdeş dosta welin, bir garyş ýer hem giň bolar — diýip jogap berdi».

* * *

Halyl şeýle diýipdir: «Dosty bolmadyk adam, sagy bolup, çepi bolmadyk beden ýalydyr».

* * *

Bir adam Ibn Mukaffaga:

— Meniň dostum maňa doganymdan hem has ýakyn — diýipdir.

Onda Ibn Mukaffag:

— Dogry aýdýarsyň. Dost ruhy taýdan ýakyn. Dogan bolsa diňe beden taýdan ýakyn — diýipdir.

* * *

Muhammet ibn Aly Bakyr bir gezek ýanyndakylardan:

— Siz gerek wagty dostuňyzyň eşiginden dinar, dirhem ýaly gerek zatlaryňyzy alýarsyňyzmy? — diýip sorapdyr.

Oňa:

— Ýok, almaýarys — diýip jogap beripdirler.

Onda ol:

— Onda siz dost däl ekeniňiz — diýipdir.

* * *

Kätip şeýle diýipdir:

Dostuň üç waspy bar, diňlegin bizi,
Olar saňa göýä Jöwza ýyldyzy.

Utarutdyr[1] görer her zady doly.
Dem alýan howasam seniňki ýaly.

* * *

Japar ibn Muhammet şeýle diýipdir: «Ýigrimi günlük dostluk — garyndaşlykdyr».

* * *

Bir adam Daýgam Abyda:

---

[1] Utarut ýyldyzy – Merkuriý ýyldyzy.

— Men seniň bilen duşuşyp durar ýaly ýakynragyňdan jaý satyn aljak — diýipdir.

Onda Daýgam oňa:

— Duşuşygyň azlygy zerarly kem bolan dostluk keseldir — diýipdir.

* * *

Bir adam dostuna hat ýazyp şeýle diýipdir: «Salamdan soň, eger meniň ynamdar dostlarym köp bolsa, sen olaryň ilkinjisisiň. Eger ynamdar dostlarym az bolsa, sen olaryň iň ynamdarysyň. Eger ýeke bolsa, onda ol sensiň».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kim dostuny gowy görýän bolsa, muny oňa bildirsin».

* * *

Ibn Mesgut şeýle diýipdir: «Ot tüssäniň nämesi bolýan bolsa, dost hem dosta şonuň ýalydyr».

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Sen alyp barýan işiňde dostuň kimdigini aýt, men saňa ol işiň netijesini aýdyp bereýin».

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Dostluk öňküleriň arasynda galdy, tereke mirasdüşerleriň».

* * *

Eger oduň içinde bolsa hem dostlugyňa wepaly bol.

* * *

Bir adam dostundan duşuşyga gijä galyp gelendigi üçin, ötünç sorapdyr. Onda ol adam: «Seniň wagt üçin bahanaň giňdir. Emma muhabbetim üçin bahanaň örän dardyr» diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Adamyň ruhy dünýäsi onuň nähili adamdygyndan habar berýändir».

* * *

Dostunyň jebir-jepasyny çekýän adama: «Pylany dostlugyň ajylygygyny ýuwdup-ýuwdup içýär we özüniň süýjüligi bilen suwlaýar» diýýärler.

* * *

Akyldardan sorapdyrlar:
— Dost näme?
Ol jogap beripdir:
— Ol sensiň, senden başga hiç kim däldir.

* * *

Mamun şeýle diýipdir: — Dostlar üç zat ýalydyr:
1. Aç üçin azyk;
2. Hassa üçin derman;
3. Beden üçin dem.

* * *

Mugtez Billäh şeýle diýipdir:

Dostuň haky bardyr aşmaga seniň,
Garyndaşlyk çägin ýar-u-ýakynyň.

* * *

Hurmuz şeýle diýipdir[1]: «Dostlugyň esasy şerti hem onuň senden mal-mülküni gysganmazlygydyr. Eger ol senden malyny gysgansa, onda onuň özünden zadyny gysgandygydyr».

* * *

Hakyky dost müňlere hem satylmaz.

* * *

Mutenebbi şeýle diýipdir:

Dostdur-u-ýaran bolup, ikimiz ýaradyldyk,
Çagalygy ýada sal, indi bolsa ulaldyk.

Hesret çekdirýän ýeri kalbymyzda – garrylyk,
Aýra düşürdi bizi, bir-birege zar galdyk[2].

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Men siziň içiňizde maňa iň söýgüli bolany we kyýamat gününde meniň ýanymda iň ýakyn oturjak bolany habar bermäýinmi? Olar ahlaklary gowy bolanlar, biri-birlerine goldaw berip, dost bolanlardyr».

---

[1] Hurmuz - sasanly döwletiniň 6-njy hýkümdary Hurmuz Ferzana.

[2] Mutenebbiniň bu setirleri Kafuryň Seýfeddöwläniň ýanyndan gideninde, oňa bagyşlap ýazan kasydasyndan alnandyr.

* * *

Geçen alymlar şeýle diýipdirler: «Dostuňdan ganyňy we malyňy gysganma, garyndaşyňdan sowgadyňy we zyýaratyňy kesme, duşmanyňdan adalatyňy we ynsabyňy aýyrma».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Keseki adam – hiç hili dosty bolmadyk kişidir».

* * *

Akyldardan sorapdyrlar:

— Ynsanlardan iň uzak sapara çykan kimdir?

Ol:

— Salyh dostuň gözlegi üçin ýolagçylyga çykan — diýip jogap beripdir.

* * *

Mälik ibn Dinaryň bir iti bar eken.

Ondan:

— Eý, Abu Ýahýa bu näme? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Bu erbet ýoldaşdan haýyrlydyr — diýip jogap beripdir.

* * *

Fuzaýl ibn Yýaz Sufýan Söwrä:

— Maňa ýanynda oturyp syr döküşer ýaly bir ýoldaş salgy ber — diýipdir.

Onda Sufýan Söwri:

— Onuň ýaly dost ýitendir, indi ony tapyp bilmersiň — diýip jogap beripdir.

* * *

Amr ibn Meýmun[1] şeýle diýipdir: «Biziň ýanymyza sahaba Mugaz ibn Jebel geldi. Men ony gowy görýärdim. Ony muhabbet bilen garşy aldym we tä Şamyň topraklary onuň üstüne gömülýänçä, onuň ýanyndan aýrylmadym».

* * *

«Diňe agyr günde däl-de,  
Parahatlyk döwründe hem.  
Bolmaň ikiýüzli» diýip  
Eýäm berdi nesihat:  
«Boluň — diýdi: – Dost-dogan»  
Diýdi: «Hemmäni söýüň!».

* * *

Lukman Hekim şeýle diýipdir: «Eý, oguljygym! Erbet dostdan daş dur. Ol göýä daşy owadan görünýän gylyç ýalydyr. Onuň ýetirýän zeperi erbetdir».

* * *

Şygyr:

Ýagşy ahlakly dost, göýä, ýagyş suwy bilen garylan hurma ýaly lezzetlidir.

Dostlugyň at-abraýy, dostuňa yhlas siňdirmek, onuň hak-hukuklaryny goramak ynsanyň ömrüni artdyrýandyr.

---

[1] Abu Abdylla Amr ibn Meýmun Ewdi Kufy - tabygyn neslinden bolan ynamdar hadys rowaýatçysy. Lakamy Abu Ýahýa. Jahylyýet döwründe ýaşan, ýöne Muhammet alaýhassalam bilen duşuşmadyk. Omardan, Ibn Mesgutdan, Mugaz ibn Jebelden, Abu Zerden we beýleki sahabalardan hadys rowaýat edipdir. 74-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Jawert Abdy[1] şeýle diýipdir: «Bahreýn hökümdary Resulallanyň ýanyna jezime taýpasyndan bir ilçi toparyny iberdi. Jezime taýpasynyň ýolbaşçysy yslamy kabul edipdir we şeýle diýipdir:

Arañyzda Ýasripde[2], bolmasa öý-jaýymam,
Siz bilen bilelikde ýaşamaga taýynam.

Tanaýan dost-duşmany, men muňa göz ýetirdim,
Öýke-kineli wagtym düýne sowgat getirdim.

* * *

Mugawyýa ibn Abdylla ibn Japar[3] özüniň dosty Ýezit ibn Mugawyýa[4] barada şeýle diýipdir:

Dostuň wepalysyn tanajak bolsaň,
Dostuň hormatlysy Ýezitdir bilseň.

* * *

Lukman Hekim şeýle diýipdir: — Üç zat, diňe üç zatda bilinýär:

1. Ýumşaklyk gazapda;

---

[1] Jawert Abdy Bişr ibn Amr ibn Hanaş ibn Mugalla - jahylyýet döwründäki Bahreýniň şasy. Jawert onuň lakamydyr. Yslamy görüpdir we Muhammet alaýhyssalamyň ýanyna öz kowmundan bir ilçi toparyny iberipdir. Onuň özi hristian bolupdyr, emma soňra yslamy kabul edipdir. Muhammet alaýhyssalam onuň musulman bolandygyna begenipdir we oňa hormat goýupdyr.

[2] Ýasrip — Medine şäheriniň öňki ady.

[3] Mugawyýa ibn Abdylla ibn Japar ibn Abu Talyp - medineli şahyr. 40-njy hijri ýylynda doglanda, kakasy Abu Abdylla Şamda emewi halypasy Mugawyýanyň ýanynda eken we onuň şanyna hem oňa Mugawyýa diýip at goýupdyr.

[4] Ýezit ibn Mugawyýa ibn Abu Sufýan - ikinji emewi halypasy.

2. Batyrgaýlyk gorkuda;
3. Dostluk mätäçlikde.

* * *

Basraly bir adam Basranyň kazysyna:

— Pylan dostuň saňa töhmet atýar — diýipdir.

Ol hem:

— Dostumyň dogruçyllygy kalbymyň onuň erbet häsiýetlerini kabul etmegine perde bolýar — diýipdir.

Bu habar halypa Mamuna baryp ýetende ol:

— Bu wepadarlygy aňladýar — diýipdir.

* * *

Dostuňy daş tutgun biwepalykdan,
Aja – süýji, süýjä – ajy diýmekden.

Ol dostlukly günleriniň günäsin,
Duşmanyna eden ýaly, sanasyn.

* * *

Zeberkan ibn Bedr (Amr ibn Ahtam Munkyrydan hem diýdiler) şeýle diýipdir:

Şeýle Amr bilen dostlugymyz biziň,
Hatda tilkiler-de ýetirdi gözün.

Dostlugymyz bagly bakylyk bilen,
Göýä, älem onuň haýrany bolan.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Dostuň bahylçylygy dostlugyň keselligindendir».

* * *

Bir adam şeýle diýipdir: «Eý, Allam, ynamdarlaryň belalaryny menden aýyr, eý, Allam, meni dostumdan gora!».

* * *

Halyt ibn Safwan Şebip ibn Şebibe barada şeýle diýipdir: «Bu adamyň gizlin dosty we açyk duşmany ýok».

* * *

Akyldardan sorapdyrlar:

— Nähili hazyna haýyrly?

Ol aýdypdyr:

— Elbetde, Allatagaladan gorkmakdan soňra, salyh dost. Meniň üçin iň haýyrly dost, meniň peýdam köp degýän dostumdyr.

* * *

Halyt ibn Safwandan sorapdyrlar:

— Saňa dostuň ýagşymy doganyň?

Ol hem:

— Dost bolan dogan ýagşydyr — diýipdir.

* * *

Eger dostuň seni aldasa, ony duşman hasapla.

* * *

Ruh ibn Zenbagdan[1] sorapdyrlar:

— Dostuň manysy näme?

Ol hem:

---

[1] Ruh ibn Zenbag - Palestinanyň emiri. 84-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

— Ol manysyny düşündirip bolmaýan şeýle bir ajaýyp sözdür — diýipdir.

* * *

Abraýly dost dostuň dostuny hem söýýän dostdur.

* * *

Tamakinçilik esasyna gurlan dostlugyň soňy umytsyzlykdyr.

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Zatlaryň täzesini saýla, dostlaryň könesini».

* * *

Ymraul Kaýs şeýle diýipdir:

Dostumdan razy, ol – «gözüm nury»,
Diýýän adam gelsin, ýanyma – bäri.

Atadan ant içýän, tutunmadym hiç
Adamdan dost-u-ýar şu çaka deňeç.

Sebäbi gelýärin bile-bile men,
Haýyn kimin edýän erbet gylygyn.

* * *

Kagp ibn Zuheýr şeýle diýipdir:

Bir wepaly dost duşar, öýde-öýde garaşma,
Kimdir biri sataşsa, ynan gaýta, garaşma.

* * *

Zuhrynyň ussady bolan Abdylla ibn Utbe ibn Mesgut[1] şeýle diýipdir:

Eger wepadar dost gözleýän bolsaň,
Azdyr, ýöne hökman duşjagyn bil sen.

* * *

Ynsanlar Kumeýt bilen Tarmahyň[2] hallary ýaly geň zat görmediler. Kumeýt adnan taýpasyndan, şaýylygyň galyýa mezhebinden bolup, kufalylaryň tarapdary bolupdyr. Tarmah kahtanyýe taýpasyndan, haryjylygyň safryýe mezhebinden[3] şamlylaryň tarapdary bolupdyr. Olaryň arasyndaky dostluk we ülpetlik henize çenli başga iki kişiniň arasynda bolmandyr. Olaryň arasynda öýke-kine, dawa-jenjel bolup görmändir.

Olardan:

— Sizi näme dostlaşdyrdy? — diýip sorapdyrlar.

Olar hem:

— Bu iki tarapdarlaryň biri-birlerine duşmançylygy — diýipdirler.

---

[1] Utbe ibn Mesgut Abu Abdylla — Medine müftüsi. Medinedäki 7 fakyhyň biri we tabygyn nesliniň meşhurlarynyň biri. Omar ibn Abdyleziziň terbiýeçisi. 98-nji hijri ýylynda Medinede wepat bolupdyr.

[2] Tarmah ibn Hekim ibn Hekem ibn Neser ibn Kaýs Taýy - Kufaly mugallym. Halyt ibn Abdylla Kusry bilen duşuşyp, ony özüniň şygyrlarynda wasp edipdir. Ol hem oňa sylag-hormat goýupdyr. Onuň boýy uzyn bolansoň oňa Tarmah diýipdirler. Lakamy Abu Nefer we Abu Dabyba bolupdyr. 125-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[3] Düşündiriş: Şaýylyk bilen haryjylyk biri-birine garşy bolan iki mezhepdir. Olaryň agzalary biri-birlerine duşman ýaly garapdyrlar. Araplaryň adnan taýpasy bilen kahtaniýe taýpasynyň arasynda hem dawa-jenjel bolupdyr.

* * *

Şeýle-de olar ýaly Seýit Hamyry[1] hem Binti Fejata[2] öýlenipdir we ömür boýy agzybir ýaşaşypdyrlar.

* * *

Halyt ibn Safwandan sorapdyrlar:

— Nähili dost gowy?

Ol hem:

— Kemçiligimi dolduryan, ýalňyşymy ötýän, ötünjimi kabul edýän dost — diýipdir.

* * *

Köp dost tutunmakdan saklan, sebäbi, olaryň içinde diňe ynamdar bolan dostuň saňa zyýan ýetirmez.

* * *

Şebip ibn Şebibe[3] şeýle diýipdir: «Dost bolan doganlar dünýäniň ähli gazanjyndan haýyrlydyr. Sebäbi olar parahatçylyk wagty zynatdyr, bela wagty ýanyňdadyr».

* * *

Bir adamyň gapysyny gije dosty kakypdyr. Ol adam hem turup baryp seretse, ol dostunyň elinde bir halta, bir gylyç, ýanynda hem gyrnagy bar eken. Ol gapyny açypdyr.

Dosty oňa:

---

[1] Seýit Hamyry – şaýy mezhebinden bolan şahyr.

[2] Binti Fejat – haryjy mezhebinden bolan aýal. Haryjylaryň ýolbaşçysy Katry ibn Fejatyň gyzy bolupdyr.

[3] Şebip ibn Şebibe Ibn Abdylla ibn Amr ibn Ahtam Temimi Mankyry Abu Muammar - Halyt ibn Safwanyň adamlarynyň biri. Halypalar bilen dostlaşypdyr, garyp-gasarlar bilen oturşar eken. 170-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

— Bu mal bilen bergileriňden, gylyç bilen duşmanlaryňdan, bu gyrnak bilen hem sallahlykdan dynarsyň — diýipdir.

* * *

Seýrafy[1] şeýle diýipdir:

«Bagdatda birnäçe dostum bar» diýip,
Öwünýän diňlesin bir diwan goýup.

Bolmasa bazarda söwdasy eger,
Satylarsyň, bahaň bir sagy[2] bolar.

* * *

Dostlar ot mysalydyr. Azy bähbitlidir, köpi heläk edijidir.

* * *

Halyt ibn Safwanyň ýanyndan iki sany dost geçip barýan eken. Olaryň biri agsaklap ýöreýär, beýlekisi bolsa onuň agsaklygyny bildirmejek bolup dyrjaşýar eken. Ol şeýle diýipdir:

— Bu agsaýan özüniň abraýy üçin agsaýar, ol hem özüniň ynamdardygy üçin ony goraýar.

---

[1] Abu Sagyt Hasan ibn Abdylla ibn Merzuban Seýrafy - edebiýatçy we dilçi alym. Onuň asly Seýrafly bolup, kakasy Begzat otparaz bolupdyr. 284-nji hijri ýylynda Seýrafda dünýä inip, şol ýerde hem ylym okapdyr, Ammanda we Bagdatda ýaşapdyr. Mugtezile mezhebinden bolup, diňe öz eli bilen gazanan zadyndan iýip içipdir. Hakyna kitap göçüripdir we şondan hem güzeranyny görüpdir. 368-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Sag — ölçeg birligi.

* * *

Ýusup ibn Subeýh Kätip[1] şeýle diýipdir: «Bir kişi ynamdar bolsa oňa: «Pylan kişi jübülere maslahat beriji» diýýärler».

* * *

Bir adam Muhammet ibn Wasyga:

— Men seni Alla üçin gowy görýärin — diýipdir.

Onda Muhammet ibn Wasyg:

— Eý, Allam! Eger sen meni halamaýan bolsaň, emma sen üçin meni gowy görýän adamdan saňa sygynýaryn — diýipdir.

* * *

Berra ibn Azyp[2] gürrüň beripdir: «Bir gezek Muhammet alaýhyssalam bizden:

— Imanyň iň berki haýsydyr? — diýip sorady.

Biz yslamyň şertleriniň hemmesini synap çykdyk. Ol biziň üstünden barmadygymyzy görensoň:

— Iň berk iman ynsanlary Alla üçin söýmek we Alla üçin halamazlykdyr — diýdi».

---

[1] Ýusup ibn Subeýh Kätip - yjyl ogullary taýpasynyň azat eden guly. Kufanyň töwereklerinde ýaşan kätip. Öňürti emewileriň, soňra bolsa Abdylla ibn Ala Saffahyň we Mansuryň kätibi bolupdyr. Soň Abu Japar Mansuryň diwanynda kätip bolup işläpdir. Onuň aýlygy 10 dirhem eken. Soň Mansur oňa ýene 10 dirhem goşupdyr.

[2] Berra ibn Azyp ibn Harys Hazrajy Abu Ymara – sahaba. Kiçi ýaşdaka yslamy kabul edipdir we Resulalla bilen 15 söweşe goşulypdyr. Birinjisi Hendek söweşidir. Hezreti Osman halypalyga geçende, 4-nji hijri ýylynda ony Reýe emir edip iberipdir. Kazwiniň günbataryndaky Abhary, soňra Kazwini eýeläpdir. Soň Zenjany eýeläpdir. Soňra Kufada ýaşapdyr we 71-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Buhary bilen Müslim ondan 305 hadys rowaýat edipdirler.

* * *

Agmeş[1] şeýle diýipdir: «Men bir kowum gördüm. Ol kowumyň adamlary biri-birlerini birki aýlap görmeseler-de, sataşan wagtlary diňe «Gurgunmuň?», «Nähili ýagdaýlaryň?» diýmek bilen çäklenýärler. Ýöne eger biri beýlekisinden malynyň ýarysyny sorasa hem berýär. Soň başga bir kowum gördüm. Eger olardan biri beýleki dostuny ýekeje gün hem görmese, onuň hal-ýagdaýyny, hatda öýündäki towuklaryna çenli sorap çykýarlar. Ýöne eger biri beýlekisiniň malyndan ýekeje däne sorasa hem bermeýärdiler».

* * *

Mujahyt şeýle diýipdir: «Eger bir adamyň wepadar dosty bar bolsady, onda onuň dostundan utanjy Allanyň öňünde günä iş etmegiňe böwet bolmaga ýeterlik bolardy».

* * *

Bir garyp adam Alla üçin bir baýy gowy görýär eken. Ýaňky garyp adam baýyň öýüne üç gezek zat dilenip barypdyr. Baý hiç zat bermändir. Emma garyp onda-da özüniň söýgüsini üýtgetmändir. Ol bu ýagdaýy baý adama duýduryp:

— Eý, dogan, men seni diňe Alla üçin gowy görýärin. Sen bilen meniň aramy dünýädäki hiç zat bozup bilmez — diýipdir.

Ýaňky baý adam hem oňa bu sözi üçin malynyň ýarysyny beripdir.

---

[1] Abu Muhammet Süleýman ibn Mehran Agmeş Esedi – ynamdar hadys rowaýatçysy. Onuň asly Tabarystandan bolupdyr. Hüseýiniň öldürilen güni dünýä inipdir, ýagny 61-nji hijri ýylynyň aşura gününde dünýä inipdir. Kufa şäherinde önüp-ösüpdir. Kary, hapyz we paraýyz alymy bolupdyr. 1300 töweregi hadys rowaýat edip, 148-nji hijri ýylynda Kufada wepat bolupdyr.

* * *

Ibn Mübärek[1] şeýle diýipdir: — Dostuň üç zada çydamalydyr:

1. Gahar zulma;
2. Hata zulma;
3. Çyn zulma.

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Eger bir adamyň ýüreginde musulman dogany üçin muhabbet bar bolsa, ony hem aýtmasa, oňa haýynlyk etdigi bolar».

* * *

Kim haýry ýetmeýän dostdan razy bolmasa, haýry ýetýän dostdan hem razy bolmaz.

* * *

Pähim-paýhas esasyna gurlan dostluk, gazanç esasyna gurlan dostlukdan uzaga çeker.

* * *

Abdylla ibn Omar barada gürrüň gozgalanda, Eşgap Tamag şeýle diýer eken: «Abdylla meni Alla üçin halamaýan eken».

---

[1] Abu Abdyrahman Abdylla ibn Mübärek Hanzaly Temimi Merwezi – ynamdar hadys rowaýatçysy. Onuň kakasy türkmen, ejesi bolsa horezmli bolup, 118-nji hijri ýylynda dünýä inipdir. Hadys alymlarynyň meşhurlarynyň biri. Fykh, edebiýat, dil we şygryýet ylymlaryny özünde jemläp, zahyt we takwa bolup, gije-gündiz ybadat edipdir. Jyhada, gazawata gatnaşypdyr. Kelam ylmyny dereksiz hasaplap, terk edipdir. 181-nji hijri ýylynda gazawatdan gaýdyp gelýärkä wepat bolupdyr. Onuň "Jyhat" atly kitaby bu ugurda ýazylan ilkinji kitapdyr.

* * *

Hajjaç Ibn Kyrryýeden[1] sorapdyr:

— Kerem näme?

Onda ol:

— Dostuň kynçylykda we agyr günde wepaly bolmagydyr — diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Ynsanlary iki zat heläk edýär: Aşa söýgi we aşa ýigrenç».

* * *

Sehl ibn Huneýf Ensary[2] Syffyn söweşinden[3] gaýdyp gelýärkä wepat bolupdyr. Hezreti Aly şeýle diýipdir: «Ol meniň iň gowy görýän dostumdy. Ol hem meni gowy görýärdi. Kim meni gowy görse, onuň başyna belalar iner, hatda eger bir dag hem meni gowy görse, başyna belalar geler».

---

[1] Ibn Kyrryýe Abu Süleýman Eýýup ibn Zeýt ibn Kaýs ibn Zirada Halyly – çarwa arap. Kyrryýe onuň ejesiniň adydyr. Sowatsyz, çarwa arap bolupdyr. Bir gün Aýnyttemre barýarka, ýolda Hajjaja sataşypdyr. Hajjaj onuň dilewarlygyna haýran galypdyr. 84-nji hijri ýylynda Hajjaj onuň kellesini aldyrypdyr.

[2] Abu Sagt Sehl ibn Huneýf ibn Wehb Ewsi Ensary – sahaba. Yslama ilkinji girenleriniň biri. Bedr, Uhut söweşlerine we beýleki söweşlere gatnaşypdyr. Hezreti Aly bilen dogan okaşypdyr. Hezreti Aly ony Jemel söweşinden soňra Basra häkim edip belläpdir. Soň Syffyn söweşine gatnaşypdyr. 38-nji hijri ýylynda Kufada wepat bolupdyr we Hezreti Alynyň özi onuň jynazasyny okapdyr. Hadys kitaplarynda onuň adyndan 40 hadys rowaýat edilýär.

[3] Syffyn söweşi – Hezret Aly bilen Mugawyýanyň arasynda bolan söweş.

* * *

Araplar şeýle diýipdirler: «Eger ynsanlaryň arasynda ýaraşyk diýen zat bolmasady, ynsanlar heläk bolardylar. Eger ynsanlaryň arasynda dostluk we ysnyşyk bolmasady olar wagşy bolardylar».

* * *

Bir adam Şehr ibn Huşybyň[1] ýanyna gelip:

— Men seni gowy görýän — diýipdir.

Onda ol:

— Sen näme üçin meni gowy görmeli däl. Men Allanyň kitabynda seniň doganyň, Allanyň dininde seniň alymyň, meniň zähmetim senden gaýrylara hem ýetýär — diýipdir.

* * *

Kim saňa kömek edýän bolsa we seniň hajatlaryňa tagalla-gaýrat edýän bolsa, seniň dostuňdyr.

* * *

Kim aýpsyz dost gözlese, dostsuz galar.

* * *

Her bir ýalňyşy üçin dostuna gaharlananyň, duşmany köpeler.

* * *

Şerik ibn Abdylla[1] şeýle diýipdir: «Ynsan dosty bilen adamdyr. Eger dosty altyn bolsa ol altyndyr».

---

[1] Şehr ibn Huşyp Eşgary - Esma binti Ýezit ibn Sekiniň azat eden guly. Fakyh, kary alym we hadysçy bolupdyr. Onuň ynamdar hadysçydygyna köp garaýyşlar bar. Asly Şamly bolup, Yrakda ýaşapdyr we hazyna işgärligine bellenipdir. 112-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Dost bilen syr paýlaşmak iç gysdyrmaýan durmuşdyr.

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Ynsanlaryň ejizleri dosty az bolanlardyr. Dostlaryň iň ejizleri bolsa, ýeňşiň dostlar bilendigine ynamyny ýitrenlerdir» diýipdir.

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Dostuňdan habardar bol, diňe ynamdar bolana ynan. Ynamdarlyk hem diňe Alladan gorkmak bilen bolýandyr» .

* * *

Biwepalyk etse ynamdar dostum,
Daralýar gözüme watan – rastym.

Niýetim özi dek bolmagym gerek,
Gözde – gahar odum, dözenok – ýürek.

* * *

Muhellep şeýle diýipdir: «Kesgir gylyç batyrgaýlygyň ölçegi däldir, ondan üstün dostluk bardyr».

* * *

Hindiler şeýle diýipdirler: — Kim şu üç zady gizlese özüne hyýanat etdigi bolar:

1. Soltandan nesihatyny;

---

[1] Şerik ibn Abdylla — hadys we fykh alymy. 95-nji hijri ýylynda Buharada dünýä inipdir. Apbasy halypasy Mansur ony Kufa kazy edip belläpdir. 177-nji hijri ýylynda şol ýerde hem wepat bolupdyr.

2. Tebipden keselini;
3. Dostundan gussasyny.

* * *

Dostuň halamaýan zadyny söýmek dostlukdan däldir.

* * *

Şagby şeýle diýipdir: «Ynsanlaryň iň hormatlysy dostluga howlugýan we duşmançylykdan daş durýan kişidir. Ol göýä kümüşden küýze ýalydyr, aňsat döwülmez we döwülse tiz bejeriler. Ynsanlaryň iň aýyplysy bolsa dostlukdan daş durup, duşmançylyga howlugýan kişidir. Ol göýä toýundan küýze ýalydyr. Ol tiz döwüler we bejerilmegine howlugylmaz».

* * *

Akyldarlaryň arasynda ýetişen akmak bilen dostlaşmak, nadanlaryň arasynda ýetişen akylly bilen dostlaşmakdan has oňatdyr.

* * *

Asmagy şeýle diýipdir: «Men bir çarwa arabyň dostuna şeýle diýýändigini eşitdim: «Eý, doganym, hakykatdan hem jepa etmek bilen dost duşman bolýar, mähirlilik bilen duşman dost bolýar. Men seni dostlaryň aýbyny açmakda dilli görýärin, olary öz duşmanlaryň sanyna goşup köpeldäýme».

* * *

Bir adamdan sorapdyrlar:
— Dünýäniň lezzeti näme?
Onda ol:
— Göçeniňden soň gonmak, soňra dostluk — diýipdir.

* * *

Halypa Mansur Yshak ibn Müslim Ukaýlydan sorapdyr:

— Sen meni gowy görýärsiňmi ýa-da Merwany?

Onda ol:

— Bu saňa bagly. Eger sen maňa onuň peşgeşinden köp yhsan etseň seni ondan gowy görerin — diýipdir.

* * *

Allatagala Musa alaýhyssalama şeýle diýipdir: «Eý, Musa, bilgin, seniň bagtlylygyňa şatlanmaýan her bir dost, seniň duşmanyňdyr».

* * *

Ybraýym alaýhyssalam her wagt özüniň goýberen ýalňyşy ýadyna düşende özünden gider eken we onuň çekýän jepasy bir menzilden eşidiler eken. Jebraýyl perişde oňa şeýle diýipdir:

— Eý, Halylulla![1] Halyl saňa salam iberdi we «Heý, dostuň dostdan gorkanyny gördüňmi?» diýdi — diýipdir.

Onda Ybraýym alaýhyssalam:

— Eý, gardaşym Jebraýyl! Ýadyma dostumyň öňünde eden ýalňyşlygym düşende dostlugy unudýaryn — diýipdir.

* * *

Ews ibn Harysa[2] şeýle diýipdir: «Seniň dostlaryňdan nygmata iň laýyk bolanlar saňa kyn wagtlaryňda dost bolanlardyr».

---

[1] Halylulla – «Allanyň dosty» diýmek.

[2] Ews ibn Harysa ibn Saglaba - ews taýpasyndan bolan şahsyýet.

* * *

Abu Temam şeýle diýipdir:

Elleriň giň wagty dostlar gaşyňda,
Agyr günde biri durmaz daşyňda.

* * *

Kaýs ibn Hatym[1] şeýle diýipdir:

Durmuşda kim bolsa dostlukda meňki,
Bakyda toprakda dost bolar süňki.

* * *

Enes şeýle diýipdir: «Muhammet alaýhyssalamyň ýanynda bir adam bar eken. Şol wagt bir adam geçip gidipdir. Onda ýaňky adam geçip barýan ol adamy görüp:

— Ýa, Resulalla men şu adamy gowy görýärin — diýipdir.

Muhammet alaýhyssalam ondan:

— Sen oňa muny bildirdiňmi? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Ýok, aýtmadym — diýip jogap beripdir.

Onda Muhammet alaýhyssalam:

— Ony oňa aýt — diýipdir.

Ol hem ýaňky adam bilen duşuşan we oňa:

— Men seni Alla üçin gowy görýärin — diýipdir.

Onda ol adam hem:

---

[1] Kaýs ibn Sabyt Hatym ibn Adyý Ewsi Abu Ýezit - jahylyýet döwrüniň şahyrlarynyň biri. Onuň hijretden öňürti Hazreç bilen Ews kabylasynyň söweşleri barada köp şygyrlary bar. Yslamy öwer eken, ýöne kabul etmändir we musulman bolmanka öldürilipdir. Onuň gowy şygyrlary bar.

— Özi üçin meni saňa söýdüren Alla seni söýsün — diýip, ýagşy dileg edipdir.

* * *

Abu Zer Muhammet alaýhyssalamdan sorapdyr:

— Eý, Allanyň Resuly! Eger ynsan kimdir birini söýse, ýöne onuňky ýaly amal edip bilmese, ol adamyň ýagdaýy nähili bolar?

Onda ol:

– Ynsan kimi gowy görýän, söýýän bolsa kyýamatda şonuň ýanynda bolar — diýipdir.

* * *

Abu Derdanyň rowaýat etmegine görä, Muhammet alaý-hyssalam şeýle diýipdir: «Sen eger bir zady söýseň, ol zat seni kör we ker eder (ýagny ondaky kemçiliklere göz ýumarsyň)».

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Eý, ynsanlar, biri-biriňizi ýigrenmäň, bahylçylyk etmäň, tersleşmäň. Eý, Allanyň bendeleri, dogan boluň.

Bir musulmanyň doganyna üç günden köp öýke-kine saklamagy halal däldir. Sataşanlarynda, bularyň haýsy birinji salam berse, şol haýyrlydyr».

* * *

Başga bir rowaýatda hem şeýle diýlipdir: «Üç gün geçensoň, oňa sataşyp salam bersin. Eger ol adam salamy alsa, ikisi hem sogapda ortakdyr. Eger salamy almasa, onda günä salam almadykda galar».

* * *

Ýene bir rowaýatda hem şeýle diýlipdir: «Kim üç günden köp öýkeläp ölse, jähenneme gider».

* * *

Abu Hyraş Sulemi şeýle diýipdir: «Resulalla şeýle diýdi: «Kim musulman doganyndan bir ýyl öýkeläp gezse, göýä onuň ganyny döken ýalydyr».

* * *

Abu Hureýradan rowaýat edilen bir hadysda Resulalla şeýle diýipdir: «Asmanyň gapylary her gün elli iki gezek açylar. Şol günde Allatagala özüne şirk goşmadyklaryň hemmesiniň günäsini geçer. Emma eger iki doganyň arasynda öýke-kine bar bolsa, olaryň günäsi geçilmez. Olara tä ýaraşýançalar «Bularyň ikisine serediň» diýler».

* * *

Resulalla aýallarynyň käbirinden kyrk günläp öýkeläp gezipdir.

* * *

Hezreti Omaryň ogly Abdylla ibn Omar özüniň iki ogly bilen tä ölýänçä öýkeleşip gezipdir.

* * *

Mugyra ibn Şugbä[1] :

— Seniň gapy goragçyň seniň dostlaryňdan öňürti öz dostlaryna içeri girmäge rugsat berýär — diýipdirler.

---

[1] Mugyra ibn Şugba - sahaba we yslam sekerdesi. 5-nji hijri ýylynda yslamy kabul edipdir. 50-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Muhammet alaýhyssalamdan 137 sany hadys rowaýat edipdir.

Onda ol:

— Eger ýarak it we topulýan düýe özleriniňkini bilýän bolsa, heý-de akylly ynsan bilmezmi? — diýipdir.

* * *

Kuraýşylardan biri şeýle diýipdir:

Eger dost tutunmak soralsa senden,
Tutunmagyn temim ogullaryndan.

Olarda ýoklugyn gördüm ynsabyň –
Pes ynsanda bolmajagyn yhlasyň.

* * *

Eger dostuň seniň agzyňa gum guýsa-da onuň bilen duşmançylygy taşla.

* * *

Ýahýa ibn Aly Münejjim[1] şeýle diýipdir:

Allaňa dostlugyň ýok bolsa eger,
Gaýrysyna dostluk baky däl meger.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Eger-de diýseler: «Aman dileseň,
Uly wakalardan halas bolar sen».

[1] Ýahýa ibn Aly Münejjim – mugtezile mezhebinden bolan şahyr we hadys rowaýatçysy. 278-nji hijri ýylynda Bagdatda dünýä inipdir we 300-nji hijri ýylynda hem şol ýerde wepat bolupdyr.

Çekinmezdim, etjegimi bilerdim,
Maňa ýakyn ülpetlerden dilärdim.

* * *

Mamun şeýle diýipdir: «Kim menden halypalygy alyp maňa berse, ol meniň dostumdyr».

* * *

«Diwanda» şeýle diýilýär: «Dostlugyň we doganlygyň bozulmagy erbet we ýowuz ýagdaýdyr. Size her hili dert we jebir-jepa degse-de siz yzzatly dostlarsyňyz. Alla üçin hak diniň tarapynda boluň. Alla üçin birleşenlerden boluň!»

* * *

Mugawyýa ibn Amr Ukaýly[1] şeýle diýipdir:

— Oglum, siziň atalaryňyz Mugawyýa ibn Amr ogullary, ýagşy we wepaly adamlardy.

Men size olara goňşy we myhman bolmagyňyzy maslahat berýärin. Size garyp-da, baý-da bolsaňyz, olara goňşy boluň.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kim kyýamat gününe we Alla ynanýan bolsa, goňşusyna ýagşylyk etsin».

* * *

Oturan öýüň ýanyndaky erbet goňşy öldüriji beladyr.

---

[1] Mugawyýa ibn Amr ibn Mugawyýa Ukaýly - şahyr. Oniň kakasy Mugawyýa ibn Abu Sufýanyň ýanynda gezer eken. 89-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Seniň ýaşaýan öýüň ýanyndaky erbet goňşyň ýagşylygyny gizläp, erbetliklerini ýaýratmagyň we oňa ynam bildirmegiň seniň belany öz üstüňe çekmegiňdir (bela üçin gaýrat etmegiňdir).

* * *

Dawut alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Eý, Allam, maňa pitne boljak maldan, hojaýyn boljak oguldan, garrylykdan ýaňa saçlaryna ak düşen aýaldan gora. Şeýle hem haýyrly işi görüp gizlemek üçin we şer işi eşidip, derrew ýaýratmak üçin gözleri bilen maňa seredýän we gulaklaryny maňa gabardýan goňşudan gora».

* * *

Ibn Mesgut Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Nebsim gudrat elinde bolan Alla kasam edýärin. Bir adam tä kalbyndan we dilinden salamatda bolýança we goňşusy onuň erbet zeperinden aman bolýança musulman hasap edilmez».

Ondan sorapdyrlar:

— Erbet zeperleri näme bolýar?

Ol:

— Uly zyýan ýetirmek we zulum etmek — diýipdir.

* * *

Nahgy[1] şeýle diýipdir: «Biziň döwrümizde baý goňşulardan gaça durardylar».

---

[1] Ybraýym ibn Ýezit ibn Kaýs Abu Ymran Nahgy - tabygyn neslinden bolup, ynamdar hadys rowaýatçysy. 46-njy hijri ýylynda dünýä inip, Kufada ýaşapdyr we 96-njy hijri ýylynda Hajjajdan gizlenip, wepat bolupdyr. Öz döreden mezhebiniň mujtehit ymamy bolupdyr.

* * *

Lukman Hekim şeýle diýipdir: «Eý, oguljygym! Men daş we demir göterdim. Emma erbet goňşy ýaly agyr zat götermedim».

* * *

Arzan jaý satyn almakdan habardar bol, mümkin, ony goňşusy erbet bolany üçin satýandyrlar.

* * *

Asmagy şeýle diýipdir: «Şamlylar rumlular bilen goňşuçylykda ýaşadylar, olardan iki häsiýet aldylar: namartlyk we bigaýratlyk. Basralylar hazarlylar bilen goňşuçylykda ýaşadylar, olardan iki häsiýet aldylar: zyna we biwepalyk».

* * *

Kim goňşusyna topulsa, öýüniň bereketi kesiler.

* * *

Abdylla ibn Abu Bukra öýüniň töweregindäkilere we öýüniň dört tarapyndan kyrk hojalyga sadaka berer eken. Olara çalmaga mal we lybas iberer eken, öýlenýänlere hem toý şaýyny tutup berer eken. Ol ýylyň beýleki wagtlarynda azat edenden başga her aýt baýramçylygynda ýüz guly azat eder eken.

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Goňşynyň goňşa ezýet bermezligi gowudyr. Emma iň gowusy goňşynyň ezýetine sabyr etmekdir».

* * *

Bir mätäç aýal Hasan Basrynyň ýanyna zat diläp gelipdir we oňa:

— Men seniň goňşyň — diýipdir.

Onda Hasan ondan:

— Biziň aramyz-da näçe öý bar — diýip sorapdyr.

Onda ol aýal:

— Ýedi öý — diýipdir.

Hasan pullaryny görüpdir, görse ýedi dirhem eken. Olaryň hemmesini oňa berip, ötünç sorap şeýle diýipdir:

— Biz seni bu ýere çenli getirip, ýadadyp heläk edýäris.

* * *

Kagp ibn Mame[1] eger gapdalyna kimdir biri goňşy bolup göçüp gelse, ony we maşgalasyny gerek zatlar bilen üpjün eder eken, ol bir zat sorap gelse oňa hemaýat eder eken. Eger onuň bir zadyna zeper ýetse, onuň ýerini doldurar eken, eger wepat bolsa, hoşlaşar eken.

Onuň ýanyna Abu Dawut Eýady göçüp gelipdir. Ol özüniň adaty boýunça oňa hem gerek zatlaryny beripdir. Şonuň üçinem araplar goňşysyny öwenlerinde: «Abu Dawudyň goňşusy ýaly» diýer ekenler.

* * *

Kaýs ibn Zuheýr şeýle diýipdir:

Togap edýän, togap edýän, sygynýan saňa –<br>
Abu Dawudyň goňşusy, ýaly goňşyma.

[1] Kagp ibn Mame ibn Amr ibn Saglaba Eýady - örän sahy we jomart şahsyýet.

* * *

Abdylla ibn Omar bir gezek goýun soýup, şeýle diýipdir: «Mundan ýahudy goňşymyza hem sowgat beriň! Sebäbi, men Resulallanyň: «Jebraýyl perişde maňa goňşy barada şeýle yzygiderli wesýet edýärdi welin, men goňşyny mirasdüşer eder diýip pikir etdim» diýendigini eşitdim.

* * *

Jabyr ibn Abdylla Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Goňşy üçe bölünýär. Bir goňşy bar, onuň bir haky bardyr, biriniň iki haky bar, biriniň üç haky bardyr. Bir haky bolan goňşy müşrik goňşudyr, onuň garyndaşlyk haky ýokdur, diňe goňşuçylyk haky bardyr. Iki haky bolan goňşy, musulman goňşudyr, onuň garyndaşlyk haky ýokdur, goňşuçylyk we musulmançylyk haky bardyr. Üç haky bolan goňşy musulman we garyndaş bolan goňşudyr. Onuň goňşuçylyk, musulmançylyk we garyndaşlyk haky bardyr».

* * *

Ynsana gelişýän zat, goňşusy musulman bolmasa-da, onuň goňşuçylyk hakyny göz öňünde tutmagydyr.

* * *

Abu Hureýra şeýle gürrüň beripdir: «Resulalla şeýle diýipdir: «Eý, Allam! Meni ýaşaýan öýümiň ýanyndaky erbet goňşudan gora. Sebäbi, goňşy erbet bolsa göçülýändir».

* * *

Goňşy bäş görnüşlidir:

1. Goňşulary bilen erbet gatnaşýan goňşy;
2. Goňşulary bilen gowy gatnaşýan goňşy;

3. Alaka ýaly ikiýüzli goňşy;

4. Dürli öwsüp duran jikjiki guşy ýaly goňşy;

5. Gözi saňa seredýän, kalby bolsa seni yzarlaýan sakyrtga ýaly goňşy.

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Günä iş edýänleri ýigrenip, Alla özüňizi söýdüriň. Olardan uzaklaşmak bilen Alla ýakynlaşyň. Olary ýazgaryp, Allanyň razyçylygyny gazanyň».

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Diňe iki sany mertebesi belent adam Alla üçin biri-birini söýerler».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) öýüniň töwereginde birnäçe adamlary görüpdir. Ol:

— Bular kim? — diýip sorapdyr.

Oňa:

— Bular seniň şaýylaryň (toparlaryň) — diýipdirler.

Onda ol:

— Ýok, men bularda şaýylarymyň alamatlaryny görmeýärin — diýipdir.

Ondan:

— Seniň şaýylaryň alamatlary nähili? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Olaryň açlykdan ýaňa garynlary boşdur, suwsuzlykdan ýaňa dodaklary gurydyr, aglamakdan ýaňa gözleri gapylandyr — diýipdir.

* * *

Kim Rebbiniň razyçylygyny almak isleýän bolsa öz nebsine garşy çyksyn, kim öz nebsine garşy çykmasa Rebbi ondan razy bolmaz.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kyýamat gününe çenli her bir mömininiň hökman ezýet berýän bir goňşusy boljakdyr».

* * *

Hezreti Aly şeýle diýipdir: «Eger men özümi ýigrendirjek bolup mömini şu gylyjym bilen ursam, ol meni ýigrenmez, eger meni gowy görkezmek üçin dünýädäki ähli zatlar mynapyga[1] söýdürilse, onda-da meni söýmez. Sebäbi, bu söz pygamberiň dilinden çykandyr. Ol maňa: «Mömin seni ýigrenip bilmez, mynapyk seni söýüp bilmez» diýdi».

* * *

Ahnefiň agasy (kakasynyň dogany) Sagsaga ibn Mugawyýa Sagdy[2] şeýle diýipdir:

Hezreti Ala uly hormat goýýaryn,
Syddyk bilen Farugy[3] hem söýýärin.

Osmana ýürekden söýgim – bir çeşme,
Her kes onuň suwun içmäge teşne.

---

[1] Mynapyk – iki ýüzli.
[2] Sagsaga ibn Mugawyýa Sagdy - sahaba. Hadys rowaýatçysy.
[3] Faruk – Hezreti Omaryň lakamy.

Olaryň hiç birinde göremok duşman,
Gaýta doganlykdan-dostlukdan nyşan.

* * *

Dagbel Hazagy[1] şeýle diýipdir:

Söýdüm atam – enemi hem ýedisin Nebiniň neberesinden,
Muhammet – pygamberler atasyny we dostuny onuň.
Iki ýagşy kişi, gyzyn – iki ogly bilen,
Sowgatlary üçin däl, haky üçin Allanyň.

(Dosty – Hezreti Aly, iki ýagşy kişi – Hemze we Apbas, gyzy – Patma, iki ogly – Hasan we Hüseýin).

* * *

Merwan ibn Muhammet Surujy (ol emewi taýpasyndan we şaýy mezhebinden bolupdyr) şeýle diýipdir:

Haşym ibn Abdy Mennaf taýpasy, men mydama siz bilen,
Ganatly hem uçýan Japar, Alla şirleri Alydyr Hemze.
Saýlanysyňyz Allanyň, men umeýýeli bolup dursamda,
Allanyň öňünde olaryň edýän işlerinden daşdadyryn men herne.

* * *

Mälik ibn Enes[1] şeýle diýipdir: «Kim Resulallanyň sahabalarynyň birine dil ýetirse, onuň jennetden nesibi ýokdur».

---

[1] Dagbel Hazagy - apbasylar döwründe ýaşap geçen şahyr.

* * *

Awwam ibn Huşyp şeýle diýipdir: «Men bu ymmatyň ilkinji döwürlerini görenleri gördüm. Olar şeýle diýipdirler: «Ynsanlar bilen olaryň kalplaryny yslama meýillendirmek üçin Resulallanyň sahabalarynyň mylaýymlygy ýaly gürleşiň. Olar bilen aralarynda ulumsylyk we pitne döretjek äheňde gürleşmäň».

* * *

Bir adam Abu Süleýmanyň ýanyna gelip:

— Pylany we pylany meniň kalbymda hiç ornaşyp bilenok — diýipdir.

Onda ol:

— Olar meniň hem kalbymda ýok. Mümkin, olar senden we menden ýok edilendir. Näme üçin biz salyh adamlary söýüp bilmeýäris?! Mümkin, bizde haýyr ýokdur — diýipdir.

* * *

Dostuň — saňa özüniň sözünden öňürti gözi bilen düşündirýän kişidir.

* * *

Eger bir adamy üç günläp ýolbars bilen bile daňyp goýsaň, onuň bilen dost bolar.

---

[1] Mälik ibn Enes ibn Mälik Esbahy Hamyry Abu Abdylla - Medinäniň we 4 mezhebiň biriniň ymamy. 93-nji hijri ýylynda Medinede dünýä inip, 178-nji hijri ýylynda hem wepat bolupdyr.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Seniň dostlaryň üçdür, duşmanlaryň hem üçdür. Dostlaryň: — dostuň, dostuň dosty we duşmanyň duşmany. Duşmanlaryň: — duşmanyň, duşmanyň dosty we dostuň duşmany».

* * *

Hezreti Aly şeýle diýipdir: «Eý, oguljygym, akmak bilen dostlaşmakdan gaça dur. Saňa peýda berjek bolup, zyýany ýeter. Gysganç bilen dost bolmakdan saklan. Oňa mätäç bolan wagtyň seniň kömegiňe ylgamaz. Erbet kişi bilen hem dost bolmakdan saklan. Ol seni az baha satar gider. Ýalançy bilen hem dost bolma. Sebäbi, ol salgyma meňzär, daşdakyny ýakyn görkezer, ýakyndakyny daş görkezer».

* * *

Hemaýatkär dosta mätäçlik çekmek, akar suwa mätäçlik ýalydyr.

* * *

Bir adam Ibn Zeýýada[1]:

— Men saňa goňşuçylygymy araçy edýärin we senden mähirlilik we näziklilik isleýärin — diýipdir.

Onda ol oňa:

— Goňşuçylyk iki diwaryň arasyna degişli zatdyr. Mähirlilik we näziklilik bolsa aýallara we çagalara gerekdir — diýipdir.

[1] Ibn Zeýýat lakamy bilen Apbasylaryň döwründe ýaşap meşhur bolan şahyr. 173-nji hijri ýylynda dünýä inipdir we 232-nji hijri ýylynda hem Bagdatda wepat bolupdyr.

* * *

Şagby şeýle diýipdir: «Biziň Hezret Aly ibn Abu Talyp bilen gatnaşygymyza näme bolýar! Eger ony söýsek öldürilýäris, ony ýigrensek heläk bolýarys».

* * *

Sopular şeýle diýipdirler: «Alla bilen dostlaşyň, eger muny başarmasaňyz, onuň dostlugynyň bereketi bilen Allanyň dostlugyna gowşar ýaly Allanyň dostlary bilen dostlaşyň».

* * *

Tawus şeýle diýipdir: «Resulallanyň sahabalary gözler ýalydyr. Gözleriň dermany bolsa oňa degmezlikdir».

* * *

Hezteti Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!) bilen Hezreti Omara Resulallanyň iki bezegçisi diýipdirler. Olar oňa aýt günlerinde ýa-da onuň ýanyna ilçi topary gelende Hezreti Abubekr Syddyk sag tarapynda, Hezreti Omar bolsa çep tarapynda oňa bezeg berer ekenler.

* * *

Aly ibn Hüseýinden sorapdyrlar:

— Hezreti Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!) bilen Hezreti Omaryň mertebesi Resulallanyň ýanynda nähilidi?

Onda ol:

— Olaryň ikisi hem onuň ýakyn dostudy — diýipdir.

* * *

Şerik ibn Abdylla halypa Mätiniň öýünde Hezreti Aly ibn Abu Talybyň aýratyn üstünlikleri barada hadys gürrüň beripdir. Kufaly bir adam oňa:

— Eý, Abu Abdylla! Sen bu gün bu hadyslaryň dürleri bilen gelipsiň — diýipdir.

Onda ol:

— Men nädip üstünlikleri Hezreti Omara meňzeýän adamyň üstünliklerini gürrüň bermäýin?! — diýipdir.

Onda Kufaly:

— Seniň haýyr getirmegiňe haýran galdym — diýipdir.

* * *

Abdylla ibn Idris şeýle diýipdir: «Hezreti Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!) yslamda ikiň ikinjisidir, gowakda ikiň ikinjisidir. Bedr gününde maslahatda ikiň ikinjisidir, guburda ikiň ikinjisidir, halypalykda ikiň ikinjisidir we jennetde ikiň ikinjisidir[1]».

* * *

Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Hezreti Omar meni saýlanda, kakam maňa şeýle diýdi: «Ol seni Resulallanyň sahabalaryndan bolanyň üçin saýlamady. Menden şu üç zady ýatda sakla: Ol sende ýalan ýokdugyna göz ýetirdi, onuň ýanynda hiç kimi aýyplama, hiç haçan onuň syryny açma».

* * *

Ykryma şeýle diýipdir: «Sahabalaryň her biri müň kişiden hem haýyrlydyr».

[1] Ikiň ikinjisi — Muhammet alaýhyssalamdan soň ikinji adamdyr diýmek.

* * *

Hatda «olar on müň kişiden hem haýyrlydyr» diýipdirler .

* * *

Sufýan Söwri şeýle diýipdir: «Hezreti Abubekr Syddyk bilen Omary agzap olaryň gürrüňini etmek iň aňsat amaldyr».

* * *

Bir adam Resulalla:

— Maňa Allanyň we ynsanlaryň meni söýjek zadyny öwret — diýidpir.

Onda ol:

— Allanyň seni söýjek zady dünýäde takwa bolmagyňdyr. Ynsanlaryň seni söýjek zady hem eliňde bolan zadyňy olara bermegiňdir — diýipdir.

* * *

Öýke-kineden soňra dostlaşanlarynda «Şam şemallaryny ýakymsyz görüp halamadylar, ýöne men ol şemallary ýakymly etdim» diýýärler.

* * *

Şygyr:

Wepaly dost waspyny, nädip edeýin beýan,
Gorar seniň daşyňy, gaýgyny dep ediban.

* * *

Meniň bolşum göýä bir köňül – aýna mysaly,
Ýüzleri öz bolşunda - görüp bilýärin doly.

Muny hemme kişä söýgi bilen garanlarynda aýdar ekenler.

* * *

Suheýl ibn Abu Salyh şeýle diýipdir:

— Men kakam bilen Minada[1] gezip ýördüm. Biziň ýanymyzdan Omar ibn Abdyleziz geçip gitdi. Ynsanlar ony öwüp, oňa doga etmäge başladylar. Men kakama:

— Görýärin weli, Allatagala Omary söýýär öýdýärin?! — diýdim.

Onda ol:

— Ol nähili? — diýip sorady.

Men:

— Ynsanlaryň ony söýýändiklerini görýärin — diýdim.

Onda ol:

— Sen kakaň hakyky ogly. Men Abu Hureýranyň Resulalladan şeýle rowaýat edendigini eşitdim. Ol şeýle diýipdir: «Eger Allatagala bir bendesini söýse aýdar: «Eý, Jebraýyl men pylan kişini söýýän, siz hem ony söýüň! Jebraýyl hem asmanda şeýle diýip gygyrar: «Allatagala pylan kişini söýýär, siz hem söýüň! Bu habar ýerdäkilere gelip ýeter, olar hem ony söýerler».

* * *

Omar ibn Abdyleziz kakasyndan sorapdyr:

[1] Mina — Mekgede bir dagyň ady.

— Eý, kaka, saňa näme bolýar? Sen haçan-da hutba okap başlanyňda, bir ýerde durmaýarsyň, heztet Alynyň adyny agzanyňda diliň peltekläp, reňkiň üýtgeýär we bedeniň titreýär.

Onda kakasy oňa:

— Eý, oguljygym! Sen muny görüpsiň-ow! Emma eger ol eşekler (haryjylar[1]) Alynyň kimdigini, biziň bilýän zatlarymyzy bilsediler, olar biziň yzymyza düşmezdiler — diýipdir.

* * *

Omar ibn Abdyleziz şeýle diýipdir: «Men Allanyň muhabbetine ters işler üçin maňa muhabbet edilmeginden Alla sygynýaryn».

* * *

Amr ibn As şeýle diýipdir: «Eger dostlar köpelse, duşmanlar hem köpeler».

* * *

Mutarraf dostlaryna şeýle diýipdir: «Eger men nebsimden razy bolsadym, sizi ýigrenerdim. Emma men ondan razy däl».

* * *

Eger erkin adamyň parzlary ýerine ýetirendigi görülmedik bolsa-da, dostunyň hajaty üçin ýörese ýer oňa giňeler (işi oňuna bolar).

---

[1] Haryjylar – Hezreti Ala garşy çykan topar.

## ON ÜÇÜNJI BAP

## EDEP, TÄLIM-TERBIÝE, MEDENIET, SYÝASAT, ZYNJYRA BAGLAMAK, TUSSAG ETMEK, JEZA BERMEK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Hezreti Äşe şeýle diýipdir: «Muhammet alaýhyssalam Allanyň ýolunda bolmasa, hiç haçan hyzmatkärini we beýlekileri urmazdy. Hiç haçan hem Allanyň goýan kanunlarynyň çägini dikeltmek üçin bolmasa öz tarapyny tutmazdy».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Maşgalaň görüp durar ýaly gamçyňy asyp goý».

* * *

Lukman Hekim: «Atasynyň ogluny urmagy, topraga dökün beren ýalydyr».

* * *

Bir gezek Ýezit hyzmatkärini urupdyr. Onu gören kakasy Mugawyýa oňa:

— Seniň kalbyň nädip saňa el galdyrmaga güýji ýetmeýän kişä seniň eliňi uzatmagyňa razy boldy? — diýip käýäpdir.

Ýezit şondan soňra hiç haçan hyzmatkärini urmandyr.

* * *

Hezreti Osman (goý, Alla ondan razy bolsun!) Ibn Hanbel Jahmyny[1] tussag edipdir we ony Haýbara iberip, Kumusda[2] zyndana salypdyr. Ol şeýle diýipdir:

Abu Hasanyň eýmenç duşmançylygyny, ynsanlara däl-de Alla şikaýat edýärin.

Haýbarda Kumusyň içi göýä, kenarlarynyň çägi bolmaýan dar gabyr ýaly.

* * *

Mugawyýa Merwana hat ýazyp, Abdyrahman ibn Hakeme we Abdyrahman ibn Hasana jeza bermegini buýrupdyr. Merwan hem dogany Ibn Hakeme kyrk gamçy, Ibn Hasana bolsa segsen gamçy urupdyr. Ibn Hasana:

— Sen onuň saňa bu eden işini Mugawyýa ýetirjek dälmi? — diýipdirler.

Onda ol:

---

[1] Abdyrahman ibn Hanbal Jahmy – şahyr. Ibn Kelbi şeýle diýipdir: «Onuň kakasy Ýemenlidir we Mekgä gelip ýerleşýär. Mekgede Kelde bilen Abdyrahman dünýä gelipdir». Halyt ibn Welit ony Ejnadin söweşiniň ýeňşini buşlamak üçin Abubekriň ýanyna iberipdir. Damaskyň ýeňşine gatnaşypdyr. Hezreti Osmany tankytlap bir şygyr ýazypdyr. Hezreti Osman hem ony tutup, Haýbarda tussag edipdir. Soň Hezret Alynyň araçylygy bilen Hezreti Osman ony goýberipdir. Jemel we Syffyn söweşlerine Hezreti Aly bilen gatnaşypdyr we 37-nji hijri ýylynda Syffynda hem öldürilipdir.

[2] Kumus — Haýbarda bir dagda ýerleşen berk gala.

— Näme üçin ýetireýin, ol meni azat erkegiň ýerinde goýdy, doganyny bolsa aýal gyrnagyň ornunda goýdy — diýipdir.

* * *

Fuzaýl ibn Ýýaz şeýle diýipdir: «Ýetim üçin niçeme urlan gamçylar, ýetimiň damagyndan geçiren süýji halwalaryndan bähbitlidir».

* * *

Omar ibn Abdyleziz özüniň häkiminiň birine hat ýazyp şeýle diýipdir: «Eşidişime görä seniň öňüňde bir kowum Hezreti Abubekre we Omara paýyş sözler aýdypdyr. Kim eger olara garşy çyksa, ony beýleki tarapdarlaryna görkezip, olar ony görüp dymar ýaly, rehimsiz adamyň urşy ýaly gamçyla».

* * *

Lukman Hekim şeýle diýipdir: «Akyldaryň seni urup, saňa ezýet bermegi, nadanyň seni gowy sözler bilen aldamagyndan gowudyr».

* * *

Apbasly halypasy Musa Hady dostlarynyň ýanyna gaýgyly, reňki öçügsi halda gelipdir. Ondan munuň sebäbini sorapdyrlar. Onda ol:

— Dünýäni dost tutmak ýaly uly gaýgy-gam we gussa görmedim! Siz meniň aýalym Lubabanyň meniň ýanymdaky ornuny bilýärsiňiz ahyry. Ol meniň bilen elmydama näz edip gürleşýärdi, şu wagta çenli ol meni äsgermezçilik etmedi, onuň hem meniň ýanymda hiç kemçiligi ýok, men şu gün ony urdum — diýipdir.

Hemmeler dymypdyrlar. Ibn Dab oňa göwünlik berip:

— Eý, möminleriň emiri, sen erbet we günä iş etmediň. Sebäbi Resulallanyň sahabalary hem aýallaryny terbiýeleýärdiler. Mysal üçin Zubeýr ibn Awwam, ol Resulallanyň kömekçisi, daýzasynyň ogly, abraýly, ol özüniň aýaly Äşäniň aýal dogany Esma binti Abubekriň üstüne topulypdy. Ol aýal hem öz döwrüniň iň abraýly aýallarynyň biri. Ol bir zatda gaharlanyp ony ýenjipdi, hatda onuň elini döwdi. Bu ýagdaý onuň bilen aýrylyşmaga alyp geldi. Ýöne ol aýal ogluny kömege çagyrdy, Alla ogly Abdylla sebäpli oňa kömek berdi. Zubeýr aýalyna: «Ol eger men bilen aýrylyşjak bolsa menden talakdyr» diýdi. Sözünden dänmedi. Ýa-da mysal üçin Zubeýriň dogany Kagp ibn Mälik Ensary. Muhammet alaýhyssalam olaryň ikisini dogan edipdi. Ol hem aýalyna topuldy. Onuň aýaly ilkinji muhajyr aýallardandy. Ol ony ýençdi, hatda olaryň arasyny onuň ogullary çözdüler. Kagp şeýle diýipdi:

Ogullary bolmasa, ýenjerdim ony,
Kül-owram ederdim endam, janyny.

Hady muny eşidip begenip, köňli hoş bolupdyr we oňa on müň dirhem beripdir we üç don ýapypdyr.

* * *

Ahmet ibn Nasr şeýle gürrüň beripdir: «Men emir mahalym bir otparazy gamçylamaga geldim. Onda ol:

— Eý, pylany, ähli güýjüň bilen ur — diýdi.

Ol ahyretde kasasyny göz öňüne tutýardy. Men bu sözden soň ony goýberdim, soň bolsa emirlik işini terk etdim».

* * *

Hemze Adawy bir ogryny Mugawyýanyň ýanyna alyp gelipdir. Ol onuň elini kesmegi buýruk beripdir. Onda ol şeýle diýipdir:

Eý, möminler emiri, sygynýaryn saňa men,
Bagyşlagyn sen meni, elim ýetirdi zyýan.
Eger çepden aýrylsa, hoş bolarmy saga men –
Dünýäniň eşretinden haýyr ýoklugy aýan.

Mugawyýa hem onuň aýdan bu sözlerinden soň, ondan bu jezany aýrypdyr. Bu yslamda ýatyrylan ilkinji jezadyr.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) kufalylara ýüzlenip olary jyhada çagyrypdyr. Arbat Fezary oňa:

— Biz saňa jogap bermeris — diýipdir.

Hemedanly bir jemagat ony bu sözi üçin urup-urup öldüripdir. Hezreti Aly onuň hununy döwlet hazynasyndan töläpdir.

* * *

Allasa ibn Arky Temimi bu mesele barada şeýle diýipdir:

Baraz bazarynda Arbatyňky ýaly,
Ylahym, bolmasyn ajalym meniň.
Aýak bilen depýär Hemedanlylar,
Soly bilen urýar tutsaň sag elin.

* * *

Ýahýa ibn Halyda:

— Sen öz hyzmatkärleriňe edep bermeýärsiň? — diýipdirler.

Ol hem:

— Biz olara janlarymyzy ynanýarys. Eger biz olary gorkuzsak, nädip olara ynam bildireris — diýip jogap beripdir.

* * *

Abu Nuwwas şeýle diýipdir:

— Men bir gezek Natyfynyň gyrnagy Ynnanyň ýanyna bardym. Hojaýyny ony ýenjipdir we ol aglap oturan eken. Men şeýle diýdim:

Ynnan gözýaşlaryn dökýär gözünden,
Zülpi synla, dür dökülýär gör, ondan.

Ynnan hem öz eýesini göz öňünde tutup:

Käşgä meni ýenjen bolsady zalym,
Sag elniň gamçydan gorkýany mälim.

Onuň eýesi bolsa şeýle diýipdir: «Ony uran zalym ýa-da gaýry zalym bolsa-da, Allanyň hatyrasy üçin sen azat».

* * *

Halypa Mugtezyt şeýle diýipdir: «Men duşmanlarymy zyndandan diňe gabyra çykarýaryn».

* * *

Kazy Şureýh Zeýnep atly bir gyza öýlenenden bir ýyl geçensoň, gyzyň ejesi onuň ýanyna zyýarata gelipdir. Ol Şureýhe:

— Erkek adam biraz ýowuzrak bolmalydyr. Zeýnep aýal maşgaladyr, eger ony terbiýelejek bolsaň, ol gamçydyr — diýipdir.

Onda Şureýh gülüp, şeýle diýipdir:

Käbir erkek gördüm aýalyn urýan,
Wadamy bozdugym – ursam Zeýnebi.
Dostluk sowgat edýär ýara – söýgüli,
Günä etse – ötünç sorar, şeýle bi...

* * *

Muhammet ibn Subeýh ibn Semmak Wagyz şeýle diýipdir: «Eý, Adam ogly, sen zyndandasyň. Sen ozal ataň sulbunda (bilinde) tussag bolduň. Soň ol ýerden çykaryldyň we ene rehminde tussag bolup ýatdyň. Soň çykarylyp sallançaga salyndyň, ýene tussag bolduň. Soň ösüp kemala geldiň we kitaba ýapyşyp tussag bolduň. Soň ulaldyň, maşgalaň aladasyna tussag bolduň. Soň gabyrda tussag bolarsyň. Şonuň üçin, öleniňden soňra ýene-de tussagda bolmazyň ýaly, özüňe rahatlyk gözle».

* * *

Halyt ibn Abdylla Kusry Ýusup ibn Omara gamçy urup duran eken. Onuň ýanyndan Farazdak geçip barýan eken. Oňa öň gamçy urlup görüpdir. Ol dik duran ýerinden oňa seredip:

— Aýaklaryňy ýere berk bas, iki gapdalyňy dik tut, dişleriňi hem gaýym gys, şonda has ýeňil bolup, gapdalyňdan geçer — diýipdir.

Ol hem onuň aýdyşy ýaly edipdir we rahatlyk duýupdyr.

* * *

Harun Reşit Abul Atahyýany tussag edipdir we oňa bir beýt ýazyp iberipdir. Ol açyp görse, hatda «Saňa hiç hili zyýan ýok» diýlen eken. Ol hem oňa şeýle ýazypdyr:

Eý, Allanyň emini, zyndan erbet bir jaýdyr,
«Saňa zyýan ýok» sözi bu gün maňa duçardyr.

* * *

Kimdir bu elleri gamçyly gelýän,
Alla kitabyna muzduny alýan?!

* * *

Mugallym baýlaryň ogullaryny kölege-de, garyplaryň ogullaryny günde oturdar eken we olara: «Eý, jennet ähli, jähennem ähliniň üstüne tüýküriň» diýer eken.

* * *

Utbe ibn Abu Sufýan oglunyň terbiýeçisine şeýle diýipdir: «Seniň ogluma berjek ilkinji terbiýäň, seniň öz nebsiňi terbiýelemegiň bolsun. Sebäbi, olaryň gözleri seniň gözüňe daňylandyr. Sen nämäni gowy görseň, olar hem şony gowy görerler, sen nämäni ýigrenseň, olar hem şony

ýigrenerler. Sen olara hekimleriň durmuşyny, akyldarlaryň ahlagyny öwret, olary men bilen gorkuz, meniň arkam bilen edep ber, olara göýä dermany bilýän, ýöne dermana howlukmaýan tebip ýaly bol. Meniň ötünjime daýanma, men seniň ukyplygyňa ynam bildirýärin».

* * *

Abdylmälik ogluny bilim-tälim üçin Şagba berende şeýle diýipdir: «Olara Gurhany öwredişiň ýaly dogruçyllygy öwret. Olary pes bolmakdan daşda sakla, sebäbi, olarda gorky, edep we ylym ýokdur. Olary belentlikden daşda sakla, sebäbi olar ýeňilkelledir, duýgulary olar bilen gurşalandyr. Olary akyllary sagdyn we ýürekleri berk bolar ýaly et bilen iýmitle. Olara haýyrly işleri wasp eder we haýyr söýer bolar ýaly şygyr öwret».

* * *

Abu Burda ibn Niýar[1] şeýle diýipdir: «Men Resulallanyň: «Allanyň kanunlarynyň jezasyndan başga, hiç kime on gamçydan köp urmak halal däldir» diýendigini eşitdim.

* * *

Şemgal Taglaby[2] bir söz aýdanda, Abdylmälige ýaramandyr we ol bir demiri oňa zyňyp, ony ýaralap, ýere ýykypdyr. Şemgal bolsa şeýle diýipdir:

---

[1] Abu Burda ibn Niýar - sahaba. Bedr we beýleki söweşlere gatnaşypdyr. 41-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.
[2] Şemgal Taglaby. Merzubany «Şahyrlaryň sözlügi» atly eserinde ony şahyrlaryň biri hasaplapdyr.

Kim maňa demir zyňan bolsa, meniň oňa duşmançylygym ýetendir.

Men oňa ar edemok we ony inkär etmeýärin.

Emiril-mömininiň we onuň gahary, göýä döwür ýalydyr, döwrüň eden işinde bolsa aýyp ýokdur.

* * *

Amyr ibn Abdylla ibn Zubeýriň bir ogly bar eken. Ol oglunyň hereketlerinden närazy bolup, ony tussag edip goýupdyr we oňa:

— Seni tä Allanyň kitabyny ýat tutýançaň çykarjak däl — diýipdir.

Aradan birnäçe wagt geçensoň ogly hat ýazýar:

— Eý, kaka, men Allanyň kitabyny ýat tutdum, meni çykar.

Onda kakasy oňa:

— Saňa Allanyň kitabyny ýat tutan öýüňden başga, haýyrly öý ýokdur, sen şol ýerde ýaşa — diýipdir.

Ony ol ýerden diňe Amyryň jynazasyna çykarypdyrlar. Ol ýaş ýigit bolup girip, garry bolup çykypdyr.

* * *

Abdylhamyt ibn Abdylla ibn Abdylla ibn Omaryň ýüzünde bir çapyk bar eken. Ynsanlar ol çapygy gowy görýär ekenler. Aýallar ýüzlerinde Abdylhamydyň ýüzüniň çapygy ýaly edip hyna çyzar ekenler.

* * *

Ensarylardan bir adam arkasyna odun alyp gelipdir we şeýle diýipdir:

— Ýa, Resulalla, Rebblerine wepaly bolmadyk we olar üçin ant edilen: «Ýeriň we asmanyň Rebbine kasam bolsun, bu wada, siziň gepiňiz ýaly hakyky we çyndyr»[1] diýlen kişiler nirede?

Onda Resulalla:

— Sen olary näme etjek? — diýipdir.

Ol:

— Olary şu odunlarym bilen urjak — diýipdir.

* * *

Bir adam Omar ibn Abdyleziziň bir işinde şaýat bolurdyr. Onda Omar ondan:

— Seni kim tanaýar? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Hojaýynym Ybraýym ibn Muhammet ibn Talha ibn Ubeýdulla — diýipdir.

Omar ondan Ybraýym barada sorapdyr. Onda ol:

— Onda erbet häsiýetleriň ählisi bar. Ýöne ol siziň şu gamçyňyzy alyp (ýagny gamçylanyp) erbet häsiýetleri düzedýär — diýipdir.

[1] Gurhanyň «Zaryýat» süresiniň 23-nji aýaty.

# ON DÖRDÜNJI BAP

## BAGT, YKBAL, SAGADAT, BELA, BÄHBIT, ŞUMLUK, OŇUNA BOLMAZLYK, RYSGAL WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Sowban[1] şeýle diýipdir: «Resulalla şeýle diýdi: «Ynsan özüniň günä iş etmegi sebäpli rysgalyndan mahrum bolýar. Görmeýärsiňizmi näme Adam Ata jennetde aýşy-eşretde ýaşaýardy, ol ýerden özüniň eden günä işi sebäpli çykaryldy».

* * *

Musa alaýhyssalam mynajatynda şeýle diýpdir:

— Ýa, Reb, näme üçin akmaga (bol) rysgal berýärsiň, akyllyny bolsa mahrum edýärsiň?

Onda Allatagala oňa:

— Akylla rysgalda hilegäriň hiç hili hilesiniň ýokdugyny bildirmek üçin — diýipdir.

* * *

Hezreti Abubekr Syddygyň (goý, Alla ondan razy bolsun!) Abu Nafyg atly möwlasy[2] bagtly täjir eken. Ol eger

---

[1] Sowban ibn Bejdet - sahaba. Resulalla ony gul hökmünde satyn alypdyr, soň bolsa azat edipdir.

[2] Möwla – azat edilen hyzmatkär.

haýsydyr bir zat satyn alsa, ol zat şol gün arzanlaýar eken. Eger haýsydyr bir zat satsa, ol zat şol gün gymmatlar eken. Şonuň üçin işi oňuna bolan kişilere: «Onuň Abu Nafygyňky ýaly bagty bar» diýilýär.

* * *

Abu Zer Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Ynsanlaryň dünýäde iň bagtyýarlarynyň pes ogly pesler boljaklary ýakyndyr[1]».

* * *

Buzurgmehre diýipdirler:

— Gel, biziň bilen ýazgyt barada pikir alyş.

Onda ol:

— Men ýazgyt barada pikir alyşyp näme edeýin, men görünýän zatlaryň görünmeýän zatlary aňladýandygyny, akmagyň bol rysgally, alymyň bolsa mahrumdygyny görýärin we bu işleriň bendäniň öz meýline däldigini bilýärin — diýipdir.

* * *

Akyl-ukyp taýdan öňde bolan, rysgalda yzdadyr.

---

[1]Bu hadysda kyýamat ýakynlaşanda haramzadalaryň özleriniň asylly saýjakdyklary barada aýdylýar.

* * *

Pelsepeçi şeýle diýipdir: «Hetdenaşa akyllylyk baýlyga päsgeldir».

* * *

Eflatundan sorapdyrlar:

— Näme üçin hikmet bilen mal bir ýere jemlenmeýär?

Onda ol:

— Kämilligiň hormaty üçin — diýipdir.

* * *

Abdylla ibn Mübärek şeýle diýipdir: «Biziň dünýäde zahyt bolmaýandygymyzyň sebäbi, onuň pes adamlaryň eline düşmezligi üçindir. Ýogsam biz dünýäde zahyt bolardyk».

* * *

Buzurgmehr şeýle diýipdir: «Allatagala eger rysgal hile bilen alnyp bilinýän bolsady, onda akyllynyň ony gazanmagyň tärini we mekirligi öz peýdasyna ulanmagy has gowy biljekdigini bilsinler diýip, abraýy akyl bilen, rysgaly nadan bolsaň hem alyp bolýandygyny beýan etdi».

* * *

Isgenderiň ejesi oňa dileg-doga edende şeýle diýer eken: «Alla saňa akyllylara hyzmat etmek üçin bagt bersin, ýöne bagtlylara hyzmat etmek üçin akyl bermesin».

* * *

Abu Hyffan[1] şeýle diýipdir: «Merwan ibn Abul Jenup özüniň dürli şygyrlary bilen sylag alan kişidir. Mütewekkil oňa ýüz müň dinar berdi. Ony Ýemamada, Bahreýnde we Mekgede dürli ýokary wezipelere belledi. Özüniň dosty edip saýlady. Oňa hormat-sylag goýdy we halat ýapdy».

* * *

Ibn Taýfur[2] şeýle diýipdir:

Şygyr diýlen gylyçdyr, garşy durýar bir özi,
Kesip dogram-dogram edýär, ýokduram ýogsam ýüzi.

Eger-de şahyry serpaý bilen, sylaglasalardy,
Jomart-ha gedaý bolup, gedaý jomart bolardy.

* * *

Halypa Mugtemit Alalla ibn Mütewekkil şeýle diýen eken: «Gynançly şygyrlar altyn bilen ýazylsyn, aýdymçylar ony aýdym edip aýtsynlar».

---

[1] Abu Hyffan – Basraly şahyr. 257-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.
[2] Ahmet ibn Taýfur Abu Tahyr Horasany - şahyr. Asly Merweruzdan bolupdyr. 204-nji hijri ýylynda Mamunyň Horasandan Bagdada giren wagty dünýä inipdir.. "Taryhy Bagdat" atly kitabyň ýazary. 280-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. .

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Namysly gedaý günä edýän baýdan haýyrlydyr».

* * *

Pylany rysgalyny köpeltmekçi we ýazgydyny ýeňmekçi bolýar. Emma oňa diňe ýazgydynda näme bar bolsa şol nesip bolar.

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) sahabalardan sorapdyr:

— Ynsanlaryň içinde ýaşaýşynda iň köp höwes ediljek kimdir?

Onda Abu Derda:

—Topragyň aşagynda, hasabyň öňünde, jeza çekmeýän, sylag-sogaba laýyk bolan — diýipdir.

Onda Omar:

— Dilewarlar munuň üstüne ýekeje harp goşmak üçin tagalla edýärler — diýipdir (ýagny mundan aňyrda beriljek manyly jogap bolmaz).

* * *

Eger bir kişiniň işi oňuna bolsa oňa şeýle diýipdirler: «Pylany eger, tiken ekse, üzüm miwe berýär».

* * *

Bir kişiniň işi ugruna bolmasa oňa şeýle diýipdirler: «Pylany eger ölüp Fyratyň süýji suwuna ýetse suw guraýar, eger eline ýakut daşyny alsa elinde daş aýna öwrülýär».

* * *

Aristotel şeýle diýipdir: «Ýazgydyň hereketi ýuwaşdyr, oňa çäre gözleýäniň hereketi çaltdyr. Sebäbi ýazgyt basgançaga çykyp barýan ýalydyr. Çäre gözleýän bolsa ýokardan aşaga atylan ok ýalydyr».

* * *

Tuweýs Muhannes[1] şumlukda atalar sözüne öwrülip galypdyr. Ol Muhammet alaýhyssalamyň wepat bolan gijesi dünýä inipdir, Hezreti Abubekriň ýogalan gijesi süýtden kesilipdir. Hezreti Omaryň öldürilen güni muhannes bolupdyr, Hezreti Osmanyň öldürilen güni nikalaşypdyr. Hezreti Alynyň öldürilen gününiň gijesi ogly bolupdyr. Ol şeýle diýipdir: «Eý, medineliler! Men siziň araňyzda bar bolup durdugymça Dejjal çykmaz, men ölenimden soň siz salamatda bolarsyňyz».

* * *

Bagdatda bir paýhasly kätip bar eken. Ýöne ol kime hat ýazyp berse, hökman ol adam heläkçilige uçraýar eken.

[1] Tuweýs Muhannes Isa ibn Abdylla Abu Abdylmulgym – mahzum taýpasynyň azat eden guly. Tuweýs onuň lakamydyr. 11-nji hijri ýylynda Medinede dünýä inipdir. Örän baý bolupdyr. Şeýle hem taryh we tire-taýpa bilimlerini bilipdir. 92-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Onuň ady betbagtçylykda nakyl bolup galypdyr.

Hemmeler ondan betbagtçylyk gelýär diýip gaça durupdyrlar. Bir gezek Nasr ibn Mansur ibn Bessam özüne ökde kätip gözläpdir we ýaňky kätibi tapypdyr. Oňa:

— Biz ondan uly zyýana galdyk, soň aýtmady diýmäň, ol şumdur — diýipdirler.

Onda ol:

— Meniň oňa duşmançylygym ýok we ol betbagtçylyk däldir — diýip, ony özüne kätip belläpdir.

Aradan birnäçe gün geçensoň Nasr öýken çişme keseli bilen keselläpdir we ölüpdir. Ibn Äşe[1] bu barada şeýle diýipdir:

Onuň soňky pidasy, oňa şan boldy,
Ol Nasr ibn Mansur ibn Bessam boldy.

Gylyç urup nijelere köp salym,
Berdi oňa öýken çişme keselin.

* * *

Abdylmälik ibn Merwan bir haryjynyň kellesiniň kesilmegini emr edipdir. Onda ol haryjy:

— Eý, möminleriň emiri, seniň bu jezaň saňa peýdasy ýok — diýipdir.

Onda Abdylmälik:

— Ol nähili? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Men her gezek saňa seretmäge we saňa ýakynlaşmaga çyksam, ýanymdakynyň hemmesi dargaýarlar, öldürilýärler we asylýarlar. Meniň başgalar bilen seniň garşyňa bolmagym,

---

[1] Ibn Äşe – basraly edebiýarçy we hadys alymy.

seniň üçin ýanyňdaky bolanlardan ýüz müň esse bähbitlidir — diýipdir.

Ol hem gülüp, ony goýberipdir.

* * *

Eger bagt gelse towuk gazygyň üstünde ýumurtgalar, emma eger ol ýüz öwürse soky öz-özünden ikä bölüner.

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Başyna düşen hadysalaryň onuň bu hadysalardan netije çykarmagyna kömekçi bolan we ol hadysalaryň kömegine laýyk bolan adam iň bagtly adamdyr».

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Allatagala akyllynyň rysgalyň akyldan däldigini bilmegi üçin, akyllyny mätäç, nadany rysgally etdi».

# ON BÄŞINJI BAP

## ÝAGDAÝLARYŇ ÜÝTGEMEGI, DÖWLETLERIŇ YNKYLABY, PITNELER, SÖWEŞLER, WEZIPEDEN BOŞADYLMAK, OLARYŇ ERBET NETIJELERI WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Abdylla ibn Omar Muhammet alaýhyssalamdan şeýle rowaýat edipdir: «Nebsim gudrat elinde bolan Alladan ant içýärin. Siziň üstüňize ýalançy hökümdarlar, bozgak wezirler, haýyn ýolbaşçylar, zalym alymlar, pasyk karylar gelýänçä kyýamat gopmaz. Olaryň ýüzi ruhbanlaryň (monahlaryň) ýüzi ýalydyr, olaryň kalplary läşden hem erbet yslydyr, arzuwlary köpdür. Allatagala olara garaňky pitnäni görkezer. Olar onuň içinde ýahudylaryň batyşlary ýaly batyp galarlar. Nebsim gudrat elimde bolan Alladan ant içýärin, yslam bogun-bogun söküler, hatda «lä ilähe illalla» diýjek musulman tapylmaz».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Eger Allatagala bir millete gazaplansa, şol milletde nyrhlar galar, söwda gazançly bolmaz, miweler ýetişmez, derýalaryň suwy köp bolmaz, ýagyş ýagmaz, şer köpeler».

* * *

Wezir Abdylla ibn Süleýmanyň mejlisinde pitnäniň başlangyjy barada mesele ýüze çykdy, käbirleri pitnäniň başlangyjy «Hezreti Osmanyň öldürilmegi»[1], käbiri bolsa «Hüseýiniň öldürilmegi»[2] diýipdirler.

* * *

Şagby şeýle diýipdir: «Tä ylym nadanlyga, nadanlyk hem ylyma öwrülýänçä kyýamat gopmaz».

* * *

Mugawyýa şeýle diýipdir: «Biziň zamanymyz belli, öten zaman näbelli. Näbellidigi belli bolan geljek zaman heniz gelmedi».

* * *

Enes şeýle diýipdir: «Hiç bir gün, gije, aý, ýyl ýokdur, onuň öň ýanyndaky bolan gün, gije, aý, ýyl ondan haýyrlydyr. Men muny siziň pygamberiňizden eşitdim».

* * *

Ýunus ibn Meýsere şeýle diýipdir:

Aglaýaryn geçen güni ýada salan halatym men,
Rebbim, bu gün öňki geçen günlem üçin agladym men.

---

[1] Osmanyň öldürilmegi bilen Hezret Alynyň we Mugawyýanyň arasynda duşmançylyk başlanýar.
[2] Hüseýiniň öldürilmegi bilen emewilere garşy pygamber neberesiniň duşmançylygy başlanýar.

* * *

Abdylla ibn Hanyk Antaky şeýle diýipdir: «Ýeriň ýüzünde heder edilmeýän hiç zat galmady, olaryň birinjisi hem men».

* * *

Zyýan çekeniň biri ýüzüginiň gaşyna şeýle diýip ýazypdyr: «Sabyr et, döwür birnäçe döwletdir».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Ynsanlar bir zada gowy diýseler, döwür onuň üçin erbet gün gizläp goýandyr».

* * *

Ilkinji döwür jahylyýet sözlerinde şeýle diýlipdir: «Her ýaşaýjy gider. Her köp azalar».

* * *

Beşşar ibn Burt[1] şeýle diýipdir: «Men şeýle döwürde ýaşadym we şeýle kowumlary gördüm, dünýä olar sebäpli aýak üstünde durdy. Men şu wagt şeýle döwürde ýaşaýaryn welin akylly-paýhasly akyldar, ýiti jenaýatkär, namysly derwüş, abraýly sahy, ynamdar hyzmatkär, jandan dost we çörege mynasyp kişi görmedim».

* * *

Mugawyýa Zyýada hat ýazyp:

— Harys ibn Jabyry wezipeden boşat. Syffyn pitnesi ýadyma düşende meniň köňlümde öýke döreýär — diýipdir.

---

[1] Abu Mugaz Beşşar ibn Burt - emewiler we apbaslylar döwründe ýaşap geçen Toharystanly şahyr.

Zyýat oňa:

— Eý, möminleriň emiri, gynanmaň! Ol şeýle bir beýgeldi welin, hiç amal ony beýgeltmez, wezipeden boşatmak hem ony peseltmez — diýip jogap beripdir.

* * *

Başga bir rowaýatda bolsa Mugawyýa oňa şeýle diýip ýazypdyr:

— Hindistanyň aýlagy üçin mynasyp adam saýla.

Onda Zyýat:

— Meniň göz öňünde tutýan iki kişim bar: Ahnef ibn Kaýs we Sinan ibn Seleme — diýip jogap ýollapdyr.

Mugawyýa oňa:

— Biz Ahnef ibn Kaýsy haýsy eden işi üçin sylaglaly, möminleriň enesini kyn ýagdaýda taşlap gideni üçinmi ýa-da Syffyn gününde bize garşy alyp baran işleri üçinmi? Sinany belle — diýip hat ýazypdyr.

Zyýat oňa:

— Ahnefiň abraýy halymlykda we ýolbaşçylykda şeýle derejada beýgeldi welin, ony ne häkimlik ne-de wezipeden boşatmak peselder — diýip, jogap hatyny ýazypdyr.

* * *

Mutarraf şeýle diýipdir: «Siz hökümdarlaryň bolelinlikde ýaşaýandyklaryna we olaryň ýumşaklygyna seretmäň. Siz olaryň ýerlerini çalt çalyşýandyklaryna we erbet netijelerine serediň, ondan ybrat-görelde alyň».

* * *

Temim taýpasyndan bir garry hökümdarlar barada: «Olaryň üýtgäp durmagy nähili çalt bolup geçýär. Eýesine jähennemi gazandyrjak gysga ömür eýesi üçin betbagtçylykdyr» diýipdir.

* * *

Bir adam harap bolan bir köşgüň ýanyndan geçip barýarka: «Ony gurduran gitdi, yzda harabaçylyk galdy» diýipdir.

* * *

Amyr ibn Ysmaýyl Merwan ibn Muhammedi öldürenden soň, onuň öýüne girip, onuň düşeginde oturypdyr. Şol wagt Abdet binti Merwan gelip oňa: «Eý, Amyr, wagt Merwany düşeginden inderdi we eger akyl ýetirseň saňa hem onuň başyna gelenleriň geljekdigini duýdurmak üçin ol ýerde oturtdy» diýipdir.

* * *

Mälik ibn Dinar[1] şeýle diýipdir:

— Men bir köşgüň ýanyndan geçdim. Onuň içinde gyrnaklar dep kakyp şeýle diýýärdiler:

Eý, mukaddes ojak, saňa gam-gussa girmez,
Sende ýaşaýanlardan hem hiç zaman – döwür irmez.

Birnäçe wagtdan soň, şol ýerden geçdim. Köşk ýykylypdyr we haraba bolupdyr. Ol ýerde bir garry aýal şeýle diýýärdi: «Saňa gaýgy girdi, seniň ýaşaýjylaryň üstünden zaman geçdi».

---

[1] Mälik ibn Dinar Samy Najy Abu Ýahýa Basry Zahyt – ynamdar hadys rowaýatçysy. Kakasy Sijistandan bolupdyr. Ibn Hybban hadysda ony ynamdar hasaplaýar. 130-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Abdylmälik ibn Umeýr[1] şeýle diýipdir: «Men Hüseýiniň kellesini Ibn Zyýadyň elinde Kufa köşgünde gördüm. Soň Ibn Zyýadyň kellesini Muhtaryň elinde, Muhtaryň kellesini Musgabyň elinde, onuň kellesini hem Abdylmäligiň elinde gördüm».

* * *

Sufýan Söwri şeýle diýipdir: «Men Abdylmälik ibn Ubeýrden:

— Birinji kelle bilen soňky kelläniň arasynda näçe ýyl bardy? — diýip soradym.

Ol:

— On iki ýyl — diýdi.

* * *

Asmagy şeýle diýipdir: «Eşidişime görä Abdylmälik ibn Merwan we Muhammet ibn Jubeýr ibn Mutam ikisi Mugawyýanyň[2] guburynyň ýanyndan geçip barýarka, onuň üstünde ýanyp duran ot görüpdirler».

* * *

Erbetligi gowulyga çalyş. Aýallygy erkeklige çalşyr.

* * *

Bir adam şeýle diýipdir: «Men Ybraýym ibn Mätini şu öýde, ýagny halypalyk köşgünde bäş gatlakda gördüm. Öňürti ony Harun Reşidiň we Mamunyň döwürlerinde olaryň dosty mahaly gördüm. Soň halypa wagty gördüm, soň ony köpçüligiň

---

[1]Abdylmälik ibn Umeýr ibn Suweýt ibn Harysa Kuraýşy - ynamdar hadys rowaýatçysy. 136-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Emewi halypasy Mugawyýa ibn Abu Sufýan.

arasynda gördüm, soň puşman edenleriň arasynda gördüm, soň ony Mugtasymyň döwründe haşym taýpasynyň şyhlarynyň arasynda gördüm. Onuň halypa bellenilenine heniz ýekeje gije hem geçmänkä, ol Mamun tarapyndan agdaryldy. Emma ol onda-da ondan öýke-kine etmedi we onuň eden işine razy boldy».

* * *

Eger haýyr gelýän ýere geleňsizlik edilse, ol ýerden şer geler.

* * *

Razy Billäh şeýle diýipdir:

Ynsanyň kimligi tanalar, duýlar,
Kämahallar üýtgäp durka ýagdaýlar.

* * *

Dynçlygyň synagy gussanyň elinde, salamatlygyň başy zyýançylygyň ganaty astyndadyr.

* * *

Hezreti Tawus bir gezek Mekgä gelende dostunyňkyda düşläpdir. Bir gün dosty oňa:

— Eý, Abu Abdyrahman, biziň işimiz şeýle şowuna bolýar welin, eger gul satyn alsak hem ondan peýda gazanýarys, hatda ýumurtgalarymyz öýüň petiginden ýere gaçsa hem döwülmeýär — diýip dillenipdir.

Mundan soňra Tawus onuňka myhmançylyga gelmegini kesipdir.

Günlerde bir gün ýaňky adam onuň ýanyna gelip:

— Biziň işimiz hiç şowuna bolanok — diýipdir.

Bu wakadan soňra ol ýene onuňka myhmançylyga gelipdir we ol Tawusdan onuň näme üçin gelmändigini sorapdyr. Onda Tawus:

— Men Allanyň sizden ýüz öwrendigini gördüm we menem ýüz öwürdim, soň Allanyň size ýönelendigini görüp, menem size ýöneldim — diýipdir.

* * *

Dünýäniň geň-taň wakalarynyň biri hem Abu Aly Ibn Maklanyň[1] öňürti eliniň, soňra diliniň kesilmegidir.

Soň ol özüni jezalandyrana, ýagny Razy Billähe[2] hat ýazyp, özüni wezirlige bellemegi we berlen jezanyň sebäbi hökmünde alnan emläklerini yzyna berilmegini haýyş edýär. Şeýle hem özüniň mürzelige güýjüniň bardygyny beýan edip, oňa hile etmäge synanyşýar.

Onuň başdan geçiren beýleki wakalary hem, ol üç gezek wezirlige bellenýär we üç halypanyň weziri bolýar, ýagny Muktediriň[3], Kahyryň[4] we Razynyň weziri bolup işleýär. Ol ömründe üç gezek sapara çykýar, ikisi Şiraza, biri hem Mosula. Ol üç gezek depin edilýär. Ol ilki Darus-Soltanda ýerlenýär. Soň hossarlary ony özlerine bermegi soraýarlar we ony gazyp alýarlar we ogly Abul Hüseýn ony öz öýünde ýerleýär. Soň

---

[1] Muhammet ibn Aly – apbasly wezir. Ibn Makla onuň lakamydyr. 328-nji ýylda wepat bolupdyr.

[2] Abul Apbas Muhammet ibn Muktedir Billäh Japar ibn Mugtazyt Billäh Ahmet Razy Billäh - apbasly halypasy. 322-nji hijri ýylynda halypa bolupdyr we 329-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[3] Muktedir Billäh Japar ibn Mugtezit Billäh Ahmet ibn Talha - apbasly halypasy. 282-nji hijri ýylynda dünýä inipdir. 295-nji hijri ýylynda halypa bolupdyr we 320-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[4] Kahyr Billäh Muhammet ibn Ahmet Mugtezyt ibn Talha Muwaffak Apbasy Abu Mansur - apbasly halypasy. 287-nji hijri ýylynda dünýä inipdir. 320-322-nji hijri ýylynlar arasynda halypa bolupdyr we 339-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

ony Dinaryýa atly jähti[1] gazyp çykarýar we Ümmi Hanyp köşgündäki öýünde ýerleýär.

* * *

Harun Reşit Fadyl ibn Ýahýany wezirlikden boşadyp, onuň ýerine onuň dogany Japar ibn Ýahýany belleýär. Ýahýa ogly Fadyla hat ýazyp şeýle diýipdir:

— Möminleriň emiri ýüzügi seniň çep eliňden sag eliňe geçirmegi makul gördi öýdýärin.

Onda Fadyl oňa şeýle jogap ýazyp:

— Möminleriň emiriniň permany başymyzyň üstüne. Menden giden nygmat, doganyma bardy — diýipdir.

* * *

Ahmet ibn Hasyp[2] işden boşadylypdyr. Buga Türki[3] ol barada:

— Nygmat ony azdyrdy, rehimsizligi ony tutdy — diýipdir.

Hasan ibn Muhammet bolsa:

— Oňa meňzemeýän kim onuň ýanyna girse, çykanda oňa meňzäp çykýardy — diýipdir.

Ybraýym ibn Hamdun[4] ol barada:

— Onuň döwründe biabraýçylyk köpeldi, onuň biabraý bolmagy bilen mürüwwet güneşi dogdy — diýipdir.

---

[1] Jäht – şa öýünden çykan aýal emirler.

[2] Ahmet ibn Hasyp — apbasly halypalary Wasygyň we Mütewekkiliň kätibi. Soň 247-nji hijri ýylynda Mustegynyň kätibi bolupdyr. Mustegyn bir iş üçin oňa gaharlanypdyr we onuň emlägini döwletiň haýryna geçirip, özüni hem sürgün edipdir

[3] Buga Türki - haýsy Bugadygy näbelli. Sebäbi üç sany Buga bardyr. Uly Buga, Kiçi Buga we Buga Şeraby. Bularyň üçüsi hem Ahmet ibn Hasyp işden boşadylanda bardy.

[4] Hamdun ibn Ysmaýyl – apbaslylaryň döwründe ýaşap geçen kätip.

* * *

Mätiniň weziri Ýakup ibn Dawut[1] abraýly we geçirimli kişi bolupdyr. Ol emri magruf we nehýi münker[2] eder eken, şeýle hem ol haýyr-sahawatly kişi bolupdyr. Ol bir alawyny (şaýyny) ölümden halas edendigi üçin halypa Mäti ony zyndana salypdyr. Ýakup ol ýerde on bäş ýyl, ýagny Mätiniň, Hadynyň we Harun Reşidiň halypalyk döwürlerinde tussaglykda, tä Allatagala ony öz rehmeti bilen Harun Reşidiň kalbyna çykarmak pikirini salýança ol ýerde ýatypdyr. Muňa hem şu ýagdaý sebäp bolupdyr:

Bir gezek Harun Reşit gyzjagazyny boýnuna alyp, göterip ýören eken. Harun Reşit şol wagt Ýakubyň özüni çaga wagty boýnuna alyp göterendigini ýadyna salýar we ony boşadýar. Soň oňa wezirlik ýüzügini berýär. Emma ol ony kabul etmeýär. Ýakup ondan Mekgede ýaşamak üçin rugsat soraýar. Harun Reşit oňa rugsat berýär. Ýakup (Alla rehmet etsin) Mekgede wepat bolýar.

* * *

Sahyp ibn Abbat bir arçynyň möhürinde şeýle ýazylandygyny görüpdir: «Eger sen bize gerek bolsaň, biz seni ulanarys, eger gerek däl bolsaň, ulanmarys».

* * *

Abubekr Horezmi bir adamyň wezipeden boşadylandygy barada: «Meni ýaşlygymda mal bilen synag eden we ululygymda kämillik sagdynlygyny beren Alla öwgi bolsun» diýipdir.

---

[1] Ýakup ibn Dawut ibn Amr Süleýman – apbasly halypasy Mätiniň weziri. Bir alawyny ölümden halas edendigi üçin Mäti ony tussag edipdir. Soň 175-nji hijri ýylynda Reşit ony zyndandan çykaryp, ähli mal-mülküni yzyna gaýtaryp beripdir. 187-nji hijri ýylynda Mekgede wepat bolupdyr.

[2] Ýagşylygy emir edip, erbetlikden gaýtarmak.

* * *

Ar däldir mert adama baýlygynyň gitmegi,
Emma ardyr ol adama mertebäniň ýitmegi.

* * *

Mal-mülk bir nesipdir, bir köpelýär, bir azalýar, bir görseň gider, soň ýene gaýdyp geler.

* * *

Abdylla ibn Japaryň gyzy gelnalyjy bilen Hajjajyň ýanyna getirilende, Hajjaj onuň gözýaşlarynyň iki ýaňagyndan boýur-boýur akýandygyny görüpdir we ondan:

— Enem-atam gurban bolsun, näme üçin aglaýarsyň? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Abraýyň kemsidilendigi üçin we kemsidilmegiň abraý hasaplanýandygy üçin aglaýaryn — diýipdir.

* * *

Ubeýt ibn Şeriýe[1] iki ýüz ýigrimi ýaşapdyr. Mugawyýa ondan bu asyrlarda näme görendigini sorapdyr. Onda ol:

— Men: «Ynsanlyk gitdi» diýen adamlary gördüm — diýip jogap beripdir.

---

[1] Ubeýt ibn Şeriýe Jerhemi - jahylyýet döwründe ýaşan akyldarlaryň biri. Resulyllany görüpdir we 220 ýaşap, 67-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

## TÜRKMEN PARASADYNYŇ MIWELI DARAGTY

*«Allatagalanyň hemaýaty düşen beýik alym» diýen hormatly lakama eýe bolan, «Horezmiň guwanjy» diýen ady göteren Zamahşary diňe Türkmenistanyň däl-de, eýsem, merkezi Aziýanyň, Eýranyň, arap medeniýetiniň taryhynda hem hormatly orna eýedir. Ol yslam hukugynyň, pelsepe, dil, teswirleme, pelekiýat (astronomiýa) ylmynyň, edebiýat, syýasat we beýleki ylymlaryň üstünde işlän meşhur alymdyr. Bulardan başga-da, ol kasydalary, kytgalary, şahyrana hatlary öz içine alýan birnäçe diwanyny döreden ajaýyp şahyrdyr. Alym arap dilinde döreden goşgularynda ata Watanyny, türkmen gözelliginiň mylaýymzadalygyny, uz owadanlygyny wasp edipdir».*

***Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞY***

Pähim-paýhaslar, pendi-nesihatlar, öwüt-ündewler, dana sözler adamzat nesliniň hemme zatdan öňürti mätäçlik çeken ruhy gymmatlyklarydyr. Olar öz-özünden döreýän zatlar däl. Bularyň her biri adamzadyň durmuş-tejribesinden syzylyp çykýar. Her bir milletiň köklerinde bolşy ýaly, ruhy gymmatlyklar beýik türkmen halkynyň köklerinde hem bar. Mähriban Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada: ***«Oguz han Türkmenden, Gorkut***

***atadan, Görogludan, Magtymguly atamyzdan bize türkmen ýoluny mukaddes tutmak wesýeti, türkmen milletiniň jebisligi, bitewiligi barada ençeme öwüt-ündewler galypdyr. Ol öwüt-ündewlere gulak assaň, milletiňe buýsanç, guwanç duýgusy kalbyňa dolýar***» diýip, dana ata-babalarymyzyň parasatyna ýokary derejede sarpa goýýar.

Türkmen halkynyň hiç bir milletiňkiden pes bolmadyk baý edebi mirasy bar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň: «***Türkmen halky hiç wagt körzehin halk bolmandyr. Türkmeniň islendik döwürde ylmyň ähli pudaklarynda dünýä boýunça tanalýan öz beýik ylymdar, bilimdar ynsanlary bolupdyr***» diýmegi hem munuň aýdyň subutnamasydyr. Beýik Serdarymyzyň nygtaýşy ýaly, taryhda heniz öwrenilmedik, indi öwrenilmeli dürli ugurlarda eserler ýazan ençeme beýik türkmen alymlary ýaşapdyrlar.

Şol alymlaryň biri hem heniz döredijiligi doly öwrenilmedik beýik türkmen akyldary Mahmyt Zamahşarydyr.

Tefsir[1], hadys[2], kelam[3], dil we edebiýat ylymlarynda «Allama»[4] diýlip ykrar edilen beýik türkmen alymy, edebiýatçysy we şahyry Mahmyt Zamahşary 1075-nji ýylyň Nowruz aýynyň 19-yna (467-nji hijri ýylynyň rejep aýynyň 27-sine) Köneürgenjiň (häzirki Görogly etrabynyň) Zamahşar (Yzmykşir) obasynda dünýä inýär. Onuň doly ady Abulkasym Jarullah Mahmyt ibn Omar ibn Muhammet ibn Omar ibn Ahmet Zamahşary Horezmidir. Gysgaça Zamahşary diýlip tanalýar.

---

[1] Tefsir ylmy – yslamyň keramatly kitaby bolan Gurhany düşündirýän ylym.

[2] Hadys ylmy – Muhammet alaýhyssalamyň sözleri bilen baglanyşykly ylym. Hadyslar Muhammet alaýhyssalamyň aýdan sözleridir.

[3] Kelam ylmy – Allanyň sypatlary, ýaradylyş we ahyret barada yslam düşünjelerine görä söz açýan ylym.

[4] Allama – beýik alym.

Zamahşary garyp, dindar, ylmyň we bilimiň muşdagy bolan maşgalada önüp-ösýär. Zamahşarynyň heniz ýaş mahaly üçekden ýa-da ulagdan ýykylyp agsak bolandygy aýdylýar, ýa-da beýleki bir ygtybarly maglumata görä, bir gezek sapar mahalynda gar ýagyp, aňzakda galmaly bolýar, şonda aýagy doňup, soň bir aýagyny dyzyndan kesmeli bolýar. Ýerine bolsa agaçdan aýak oturdýarlar. Ibn Hallikanyň[1] «Wefeýatu'l-agýan» atly taryh kitabynda ýazmagyna görä, Zamahşary çaga mahaly bir gün serçe tutup, aýagyna ýüp daňýar. Serçe hem onuň elinden sypyp, bir diwaryň deşigine girýär. Kiçijik Mahmyt hem guşy çykarmak üçin ýüpüň ujundan çekýär. Netijede, guşuň aýagy sogrulýar. Muny gören ejesi oglunyň garagollygy sebäpli, guşuň başyna düşen ýagdaýa gynanyp: «Onuň aýagyny edişiň ýaly, Alla hem seniň aýagyňy sogursyn-da» diýip gargyş edýär».

Zamahşary aýagy kesilip, agsak bolup galansoň, ol guşuň aýagynyň sogrulyşyny, ejesiniň gargyşyny gynanç bilen ýatlaýar hem munuň Allanyň ýazgydydygyna ynanýar.

Özüniň agsaklygynyň sebäbine käbir adamlaryň ters düşünip, onuň jenaýata we başga bir erbet sebäbe ýorulmazlygy üçin, agsak bolup galmagynyň sowuk almak bilen baglydygyna birnäçe şaýat tutunyp, bir güwänama ýazdyrýar. Baran ýurdunyň häkimine hem bu güwänamany görkezip, aýagynyň agsaklygynyň sebäbini ýazdyryp, aşagyna gol çekdiripdir. Zamahşarynyň öz agsaklygyny bildirmezlik üçin, ýere süýrenip duran uzyn don geýendigi barada-da rowaýat aýdylýar.

Zamahşarynyň «Diwan» atly ýygyndysynda ejesi we kakasy barada berýän gysga maglumatlaryndan olaryň dindar

---

[1] Ibn Hallikan Şemseddin Abulapbas Ahmet ibn Ybraýym ibn Abubekr ibn Hallikan (w. 1282-nji (hijri 681-nji) ýyl) «Wefeýatul-agýan» atly meşhur taryh kitabynyň ýazary.

bolandyklary mälim bolýar. Ol bu eserinde şeraby wasp edip ýazan kasydasynda: «Şygry şerabyň öwgüsi bilen başlandygym üçin, Allatagala meni bagyşlasyn! Ýogsam, men onuň tagamyny hem datmadym. Kakamam, maşgala agzalarymam ondan hatda datmadylaram. Bu meselede hemmeler meni biragyzdan goldarlar» diýýär.

Taryhçy Ibn Esiriň[1] aýtmagyna görä, zalym[2] adam bolan wezir Mueýýidilmülk ibn Hasan (w. 1102-nji (hijri 495-nji) ýyl) Zamahşarynyň kakasy Omar ibn Ahmedi (w. 1101-nji (hijri 495-nji) ýyl) syýasy bir ýagdaý sebäpli zyndana salýar. Zamahşary kakasynyň günäsiniň geçilmegini towakga edip ýazan kasydasynda kakasynyň heniz ýaş mahaly tussag edilip, yzynda idege mätäç, hossarsyz çagalarynyň galandygy sebäpli, bagyşlanmagynyň sogap iş boljakdygyny örän ynandyryjy sözler bilen beýan edipdir. Ýöne kakasynyň tussaglykdan boşaman ýogalandygy «Diwandaky» käbir şygyrlaryndan belli bolýar.

Zamahşarynyň kakasy Omar ibn Ahmet ogluna başlangyç bilimleri özi öwredýär. Soň ony Zamahşardaky beýleki alymlaryň ýanyna okamaga iberýär. Ýöne bir aýagy agsak oglunyň gün-güzeranyny diňe oturyp işläp boljak bir hünär arkaly dolandyryp biljekdigi barada oýlanyp, ony bir tikinçiniň ýanyna şägirt hökmünde bermekçi bolýar. Soňra oglunyň okamak üçin edýän ýalbarmalaryna çydaman, ony Horezme getirip, bir medresä okuwa berýär. Zamahşarynyň başlangyçda haýsy alymlardan nähili sapaklar alandygy barada çeşmelerde doly maglumat berilmeýär. Zamahşarynyň ylmy şahsyýetiniň kämilleşmeginde ilkinji we täsirli mugallymy, şol döwrüň dil,

---

[1] Ibn Esir Abulhasan Yzzeddin Aly bin Abulkerem Muhammet Jezeri (w. 1233-nji (hijri 630-njy) ýyl). «El-Kämil fi't-taryh», «Mosul Atabegleri» we «Usdul-gabe» atly kitaplaryň ýazary. Onuň taryh kitaby 1230-njy (628-nji) ýyla çenli bolan wakalary öz içine alýar.

[2] Ibn Esir, «El-Kämil fi't-taryh», X, 105 s.

nahuw[1] we tebipçilik ylmynda sanaýmaly alymlaryň biri we Horezmde ýaşan mahallary mugtezile[2] mezhebini ýaýradan, «feridu'l-asr» (asryň ýeke-tägi) lakamly Abu Mudar Mahmyt ibn Jerir Dabbydyr (w. 1113-nji (hijri 507-nji) ýyl). Zamahşary bu alymdan dil we edebiýat ylymlaryny öwrenip, mugtezile mezhebiniň esaslaryny diňläp, kabul edýär. Zamahşarynyň aýratyn ukybyny we ýiti zehinini duýup, oňa has üns beren Dabby bu adatdan daşary talybyna her dürli maddy we ruhy kömegi berýär. Soň Zamahşary ýaşlykdan ylmyň ojagy bolan Buhara şäherine gidýär. Ol ýerde gözýetimini giňeldýän düýpli ylymlary öwrenýär.

Zamahşarynyň ýaşlyk döwri Seljuk türkmenleriniň soltany Mälik Şanyň (w. 1092-nji (hijri 485-nji) ýyl) we onuň weziri Nyzamylmülküň[3] döwrüne gabat gelýär. Bu iki döwlet ýolbaşçysynyň bilelikde alyp baran syýasaty netijesinde ýurduň ähli ýerlerinde ençeme medreseler açylýar, ylmy işlere höweslendirmeler döredilýär, alymlar bilen içgin gyzyklanylýar we olara hemaýat edilýär. Şol ýyllarda Zamahşarynyň adynyň yslam ylymlarynda, aýratyn hem şygyr we edebiýat meýdanynda orta çykyp, adygyp, tanalyp başlandygy onuň Nyzamylmülke bagyşlap ýazan bir kasydasyndan mälim bolýar. Zamahşary bu kasydasynda ýokary wezipeleriň mynasyp bolmadyk adamlara berilmegini zulum hökmünde häsiýetlendirip, döwründen nägile bolýar, özi bilen Nyzamylmülküň arasyny baglaýan zadyň ylymdygyny

---

[1] Nahuw – arap diliniň kada-kanuny, sintaksis.

[2] Mugtezile – VIII asyrda dörän ynanç-ygtykat mezhebi. Mugtezile mezhebiniň «El-usulu'l-hamse» atly bäş sany esasy ýörelgesi bolupdyr. 1.Towhyt (Allanyň birligi). 2. Adl (adalat). 3. Wagd (sylag) we wagyt (azap). 4.El-menzile beýnel-menzileteýn (aralyk ýagdaý). 5. Emru bil-magruf we nehýu anil-munker (ýagşy işleri emr edip, ýaman işlerden gaýtarmak).

[3] Nyzamylmülk – Hasan ibn Aly ibn Yshak Tusy (1018-1092 / (408-495). Seljuk soltanlary Alp Arslan bilen Mälik şanyň weziri. Onuň «Syýasatnama» atly eseri bar.

nygtaýar, öz ylmyny, şahsy ukyplylygyny we aýratynlygyny öwýär, özüni laýyk bir wezipä bellemegini isleýär. Hatda özi ýaly bir alymy hernäçe gözlese-de, Nyzamylmülküň hiç haçan tapyp bilmejekdigini nygtaýar. Ýöne Nyzamylmülk Zamahşara onuň garaşýan wezipesini bermeýär, tamasyny kanagatlandyrmaýar.

«Allanyň ülkesinden gündogarda we günbatarda özi üçin iň söýgüli ýer» diýip wasp eden ata ýurdunda hiç hili wezipe eýeläp bilmedik Zamahşary önüp-ösen topragynda ýaşamagy mundan beýläk özüne peslik bilip, Horezmi terk etmek kararyna gelýär. Bu niýet bilen öňürti Horasana gidýär, ol ýerde birnäçe döwlet işgärleri bilen duşuşýar. Olardan Mujyreddöwle Abulfath Aly ibn Hüseýin Erdisana bir kasyda ýazyp, ony wasp edýär. Oňa nahuw mowzugyndaky «Şerhu ebýaty Sibeweýh» bilen «El-unmuzeç» atly eserlerini bagyşlaýar. Mujyreddöwle hem Zamahşara bir at bilen müň dinar berýär. Horasandan soň Yspyhana geçen Zamahşary bu ýerde adalatlylygy, ýagşy ahlagy, edermenligi bilen batynylary[1] ýeňip, olaryň zyýanly işlerini dep edendigi üçin, Mälik şanyň ogly Muhammedi wasp edýär.

Zamahşarynyň ylym durmuşynda Bagdatdaky meşhur Nyzamyýe medresesi we bu ýerdäki alymlar möhüm orny eýeleýär. Ol ylmy meýdanlarda diýseň abraýly şöhrata eýe bolýar. Her gezek haj zyýaratyna barýarka we hajdan gaýdyp gelýärkä, Bagdada birnäçe gezek gelýär. Bu ýerdäki alymlar bilen duşuşýar, olaryň derslerini diňleýär, ylmy söhbetlere gatnaşýar.

Zamahşary Aly ibn Muzaffar Nyşapurydan we Abu Nasr Yspyhanydan edebiýat ylymlaryny;

---

[1] Batynylar – şaýy mezhebiniň bir ugry. Olar Gurhanda «gizlin» manylaryň bardygyny öňe sürüpdirler. Taryhçy we hadys alymy Ibn Jöwzi batynylar barada: «Yslam bilen üstüni örten, şaýylyga meýilli, ýöne ynançlary we hal-hereketleri bilen yslama bütinleý ters düşen mezhep» diýipdir.

Abulhattap ibn Abulbattardan, Abu Sagyt Sakkanydan we şyhyl-yslam Abu Mansur ibn Nasr Harysydan hadys ylymlaryny;

Hanapy[1] fakyhlaryndan[2] bolan kazyl-kuzat[3] Abu Abdylla Muhammet ibn Aly Damaganydan hadys we fykh ylymlaryny;

Abu Sagadat Hibetulla ibn Aly Şerip Ibn Şejeriden nahuw we edebiýat ylymlaryny;

Mekgede ýaşan mahaly Aly ibn Abdylla ibn Talha Ýaburydan «Sibeweýhin kitabyny» öwrenýär;

Heniz ýaşlygynda edebiýatçy, şahyr we alym hökmünde uly abraý gazanan Zamahşarynyň Horezmde, Horasanda, Yrakda we Hyjazda dil hem tefsir ugurlary boýunça beren dersleri uly gyzyklanma bilen diňlenilipdir.

Zamahşarynyň ýetişdiren birnäçe talyplarynyň arasyndan iň meşhurlary şulardyr:

Zamahşarda (Yzmykşirde) Abu Amr Amir ibn Hasan Sammar;

Tabarystanda Abulmehasyn Ysmaýyl ibn Abdylla Tewili;

Abywertde (Kakada) Abulmehasyn Abdyrahym ibn Abdylla Bezzar;

Samarkantda Abu Sagt Ahmet ibn Mahmyt Şaşy;

Horezmde Abu Tahyr Saman ibn Abdylmälik Fakyh, Muwaffak ibn Ahmet Mekki Horezmi, Aly ibn Muhammet Amarany Horezmi, Abulfazl Muhammet ibn Abulkasym ibn Baýjuk Bakkal Horezmi;

Balhda Abu Ýusup Ýakup ibn Aly ibn Muhammet ibn Japar Balhy;

Mekgede Aly ibn Isa ibn Hamza ibn Wehhas.

---

[1] Hanapy – sünni dört mezhebiň biri. Bu mezhep Abu Hanypa tarapyndan esaslandyrylýar. Abu Hanypanyň Abu Ýusup, Ymam Muhammet, Ymam Zufer ýaly meşhur talyplary bolupdyr.

[2] Fakyh – yslam hukugy (fykh) alymy.

[3] Kazyl-kuzat – kazylar kazysy.

Zamahşary 1118-nji (hijri 512-nji) ýylda, ýagny 45 ýaşlarynda erbet bir kesele duçar bolup, güýç-kuwwatdan, ysgyn-mydardan gaçýar. Ol bu hassalykdan sagalansoň, özüne indi hiç haçan soltanlara we döwlet işgärlerine medhiýe[1] ýazmazlyga, olardan wezipe we haýyr-yhsan hantama bolmazlyga söz berýär.

Soň dünýewi soltanlary wagtlaýyn taşlap, soltanlaryň soltany bolan Allatagala ýönelip, oňa goňşy bolmak üçin Mekgä gidýär. Mekgäniň emiri Abulhasan Aly ibn Hamza ibn Wehhas Zamahşaryny güler ýüz bilen garşylaýar. Olar özaralaryndaky ylmy we şahsy dostluklaryny, garşylykly şygyrlar bilen güýçlendirýärler. Zamahşary Mekgede ýaşan mahallary arap ýarymadasynyň hemme ýerine aýlanyp çykýar, dürli taýpalaryň dili, edebiýaty, ýaşaýşy, urp-adatlary bilen bagly gymmatly maglumatlary ýygnaýar. Zamahşary özüniň «Esäsu'l-beläga» atly eserinde arap topragyndaky ähli gümmezlere girendigini we olary görendigini ýazýar. Onuň dil ylmy boýunça düşünjesi şeýle bir kämil we güýçli derejä ýetýär welin, ol bir gün Mekgedäki Abu Kubeýs dagyna çykýar-da, araplara ýüzlenip: «Eý, araplar! Geliň, ata-babalaryňyzyň dilini menden öwreniň!» diýip, özüniň kämilligini duýdurmakdan saklanyp bilmändir.

Mekgede iki ýyllap ýaşan Zamahşary watanyny arzuwlap, ýurduna gaýdyp gelýär. Ýöne mukaddes ýerlerden jyda düşmek hem oňa agyr düşýär. Soňra ýurduna gaýdyp gelensoň, ýene-de Mekgä sapara gitmek üçin ýola çykýar. Ýolda Şama baryp, Şamyň häkimi Täjülmülk Böri ibn Togtegin (w. 1132-nji (hijri 526-njy) ýyl) bilen duşuşýar. Batynylara we haçly ýörişlere garşy söweşip, yslamyň çäklerini goraýandygy üçin, oňa minnetdarlyk bildirýär. Zamahşarynyň Şamda biraz ýaşandygy Böriniň ýerine geçen ogly Şemsilmülk Ysmaýyly

[1] Medhiýe – kimdir birini wasp edip, taryplap ýazylan kasyda.

(höküm süren ýyllary 1132-1135-nji (hijri 526-529-nji) ýý.) taryp etmeginden hem mälim bolýar.

Zamahşary Mekgä gaýdyp gelende, ygtykatda mugtezile mezhebinden bolan Ibn Wehhasdan ýene-de öňküsi ýaly hormat-sylag görýär. Zamahşary bu wepaly dostunyň haýyşy we islegi bilen meşhur tefsiri «Keşşafy» ýazmaga başlaýar. Zamahşary Mekgede ýaşap ýörkä, birnäçe gezek Käbäni togap edýär. Ol Käbäniň goňşuçylygynda ýaşandygy üçin, «Jarulla» (Allanyň goňşusy) lakamyny alýar. Bu ýerde hem ýene bir «Etwäku'z-zeheb» (Altyn halkalar) atly meşhur edebi eserini ýazýar. Bu kitaby Mekgede ýaşap ýörkä ýazandygy barada eseriň «Giriş» bölüminde şeýle diýýär:

«Bu makalalaryň Seniň mübärek we mukaddes ýerleriň bolan Käbede ýazylandygy we emele gelendigi üçin, Ylahy razylygyňa laýyk makalalar bolup, gorag-penaňda bolmagyny, muny okanyň, ýazanyň, öwredeniň we öwreneniň peýdalanmaklaryny çyn ýürekden arzuw we nyýaz edýärin.

Eý, Allam! Sen bütin haýyrlaryň eýesi we hormatlanýanysyň, goraýany we beýgeldýänisiň!

Seniň peseldeniňi beýgeltjegiň bolmaýşy ýaly, gazabyňa sezewar bolany hem halas edip biljek hiç hili güýç-kuwwat ýokdur».

Mekgede üç ýyl ýaşan Zamahşary ýene-de watanyny küýsäp, Horezme gaýdýar. Ýolda 1138-nji (hijri 533-nji) ýylda Bagdada barýar. «Fahrul-Horezm» (Horezmiň guwanjy) lakamly Mahmyt Zamahşary özüni görmek isleýän alym dostlary tarapyndan uly hormat bilen garşy alynýar. Aýratyn hem Hezreti Alynyň neslinden bolan beýik dil we edebiýat alymy Hibetulla Ibn Şejeri (w. 1148-nji (hijri 542-nji) ýyl) Zamahşarynyň üstünligine bagyşlap, bir şygyr ýazýar. Zamahşary Bagdatda bolan mahaly özünden peýdalanmak isleýänlere sapak berýär, özi hem ol ýerdäki alymlaryň derslerine gatnaşýar. Ol şol wagtlar 66 ýaşlylygyna

garamazdan, Bagdatdaky Nyzamyýe medresesinde mugallym bolan alym we edebiýatçy Abu Mansur Mewhup ibn Ahmet Jawalykynyň (w. 1145-nji (hijri 540-nji) ýyl) derslerine gatnap, ondan pata alýar. Soňra Bagdatdan gaýdyp Horezme gelýär we Amyderýanyň kenararyndaky Jürjanyýe (Köneürgenç) şäherinde ýaşaýar. Bu ýerde birnäçe ýyl ýaşansoň, 1144-nji ýylynyň Oguz aýynyň 14-ine (538-nji ýylyň zulhijje (gurban) aýynyň 9-yna, arafa gijesi[1] ýogalýar.

Ibn Hallikanyň aýtmagyna görä, Zamahşary ölüminden soňra mazarynyň daşynda şu setirleri ýazmagy sargyt edipdir:

«Eý, gije garaňkylygynda gara siňegiň ganatyny kämil gören, Allam!

Damarlarda aýlanýan jany gören, arynyň süňkünde ýiligi goýan eý, Rebbim!

Geçmişde käbir çendenaşalyga gidip, saňa günäkär bolan bu asy guluň günälerini bagyşla!..».

Hijri VIII asyryň başynda Horezme syýahat eden Ibn Battuta[2] Zamahşarynyň guburyny şäheriň daşynda, üstüne gümmez salnan ýagdaýda görendigini aýdýar.

Zamahşarynyň maşgala durmuşy baradaky sözlerinden onuň öýlenmändigi ýa-da öýlense-de, maşgala durmuşynyň gysga we bagtsyz bolandygy belli bolýar. Maşgala aladasynyň bolmazlygy onuň ähli ukybyny we wagtyny diňe ylmy işlere sarp etmegine mümkinçilik döredipdir.

[1] Arafa gijesi – gurban aýynyň 10-njy gijesi.

[2] Ibn Battuta Abu Abdylla Şemseddin (Bedreddin) Muhammet ibn Abdylla ibn Muhammet ibn Ybraýym Lewaty Tanjy (w.1368-69-njy (hijri 740-njy) ýyl). 1304-nji ýylyň Baýdak aýynyň 24-ine (hijri 703-nji ýylyň Rejep aýynyň 17-si) Marokkanyň Tanja şäherinde dünýä inýär. Ibn Battuta baradaky esasy çeşme onuň «Syýahatnama» atly öz eserinde ýazylandyr. Ibn Battuta köp ýerlere: Müsüre, Şama, Mekgä, Yraga, Eýrana, Horasana, Horezme syýahat edýär. Hatda Köneürgenje hem gelýär.

Zamahşary ylmyň dürli ugurlary boýunça eser ýazypdyr. Ol eserleriň köpüsi biziň döwrümize gelip ýetipdir. Olaryň golýazmalary dünýäniň dürli kitaphanalarynda saklanýar. Aşakda onuň 60-dan hem gowrak eseriniň ady, mazmuny, mowzugy, saklanýan ýeri barada maglumatlary getirýäris.

1. «El-Keşşäfu an hakaiky gawämizi't-tenzil we uýuni'l-ekawiýl fi wujuhi't-te'wil». (Düşündiriş esasynda inderileniň (Gurhanyň) maksatlarynyň hakykatlaryny we aýdylýanlaryň çeşmelerini düýpli açyp görkeziji).

Gysgaça «Keşşaf» ady bilen tanalýan Gurhanyň bu tefsiri kitabyny Zamahşary Mekgede soňky gezek ýaşanda, mugtezile mezhebinden bolan tarapdarlarynyň, şeýle hem dosty we talyby Mekgäniň emiri Ibn Wehhasyň haýyş etmegi bilen ýazmaga başlaýar we üç ýyl soňra, ýagny 1143-nji ýylda Köneürgençde ýazyp gutarýar.

Jarulla Zamahşarynyň «Keşşaf» atly tefsir kitaby mugtezile akymynyň akydalaryny we düşünjelerini hemmetaraplaýyn delilleri bilen beýan edýär. Kitabyň birinji aýratynlygy onuň belagat ylymlaryna esaslanmagy, ikinjisi bolsa mugtezile akymynyň garaýyşlaryna görä ýazylmagydyr. Alymlar Zamahşary we «Keşşaf» barada dürli pikirleri aýdyp geçipdirler. Olardan Ibn Hallikan «Keşşaf» barada «Ondan öň oňa taý geljek eser ýazylan däldir» diýip, eseriň belagat tarapynyň çeperçiligini taryp edýär. Ibn Kesir bolsa: «Zamahşary mugtezile akydasyny düşündirýär, bu ýagdaýy tefsirinde hem äşgär beýan edýär we ony elmydama göz öňünde tutýar» diýip, Zamahşarynyň mugtezilediginі, eseriniň hem mugtezile garaýyşlaryndan esas alan tefsirdigini beýan edýär. Ymam Suýuty hem öňki tefsir alymlaryny agzap geçýär we Zamahşary barada şeýle diýýär: «Soňra Gurhanyň çeperçilik tarapyny düşündirýän belagat ylymlary bilen iş salyşýan bir taýpa geldi. «Keşşaf eýesi» hem bu ýoluň

soltanydyr. Şonuň üçinem onuň eseri gündogaryň we günbataryň iň çetgyra ýurtlaryna çenli hem baryp ýetdi».

Zamahşarynyň özi bolsa bu tefsiri barada şygyr bilen şeýle diýýär:

Dünýäde tefsir köp, gerek barysy,
Barmyka içinde «Keşşaf» ýalysy.

Dogry ýol agtarsaň, oka, al many,
Nadanlyk – dert, «Keşşaf» onuň dermany.

2. «Esäsu'l-beläga» (Çeper sözleýişiň esaslary).

Bu möhüm eseri bilen Zamahşary diňe arapçanyň nusgawy söz hazynasynyň doly söz düzümini düzmek bilen çäklenmän, eýsem, goşan täzelikleri bilen täze dil ylmynyň düýbüni tutupdyr. Zamahşarydan öň arap diline degişli işleri ýerine ýetiren Halyl ibn Ahmet (w. 786-njy (hijri 170-nji) ýyl) «Kitäbu'l-aýn» atly eserinde sözleri agyzdan çykýan ýerlerine we kalp[1] ulgamyna görä, Ibn Dureýd Muhammet ibn Hasan (w. 933-nji (hijri 321-nji) ýyl) «El-jemhere fi'l-luga» atly eserinde sülüs[2] we kalp ulgamyna görä, Abu Nasr Ysmaýyl ibn Hammat Jöwheri (w. 1003-nji (hijri 393-nji) ýyl) «Täju'l-luga» atly eserinde sözleri bap we pasyl usulyna, ýagny üç harply kökleriň soňky we başky harplaryna görä düzüpdirler. Olaryň her haýsy hem öňkä garanyňda täzelik girizýärdiler. Zamahşary bolsa «Esäsu'l-beläga» atly eserinde bularyň hemmesinden hem has kämil bolan bir usul ulanýar, ýagny:

a) sözüň ikinji we üçünji harplaryny hem göz öňünde tutýan doly görnüşli elipbiý tertibinde düzgün-tertip esaslandyrýar;

---

[1] Üç harply sözleriň harplarynyň tertibini üýtgedip, başga sözler döretmek.
[2] Köki üç harply sözler.

b) örän çylşyrymly bolan «kalp» ulgamyny ýatyrýar;

ç) sözüň düýp manysy bilen çäklenmän, düşündirişler we mysallar bilen şol sözüň göçme manysyny görkezýär:

«Esasul-belaganyň» golýazma nusgalary Türkiýe Respublikasynyň Laleli kitaphanalarynda saklanýar.

3. «Etwäku'z-zehep fi'l-mewagyz we'l-hutab» (Wagyzlarda we hutbalarda altyn halkalar).

Muňa gysgaça «Etwäku'z-zeheb» diýilýär, şeýle-de bu kitabyň «En-nesäihu's-sygar» (Kiçi nesihatlar) diýen ady hem bar. Bu kitap öwüt, hikmet we gözel ahlak möwzuklarynda çeper we kyssa görnüşinde ýazylan 100 sany makaladan ybarat.

4. «Makamat» (Mertebeler).

Bu eseriň başga bir ady hem «En-nesaihu'l-kibar» (Uly nesihatlar). Zamahşary bu eserini 1118-nji (hijri 512-nji) ýylda duçar bolan erbet keselinden gowulaşansoň ýazýar. Kitapda elli sany makam bar. Her makamyň başy ýazaryň özüne «Eý, Abulkasym!» diýip ýüzlenýän nesihatlaryndan ybarat.

5. «Mukaddimetu'l-edeb fi'l-luga» (Arap diline giriş usuly).

Horezmşalar döwletini esaslandyran Muhammet ibn Anuşteginiň (w. 1127-nji (hijri 521-nji) ýyl) ogly Horezm şasy Atsyza (höküm süren ýyllary 1127-1156-nji ýyllar) sowgat edilen bu eser arapça öwrenmek isleýänler üçin taýýarlanan amaly bir sözlük görnüşinde bolup, atlar, işlikler, ownuk bölekler, ýöňkemeler, zamanlar bolmak bilen bäş bölümden ybaratdyr. Eseriň asyl metini arap dilindedir. Bar bolan nusgalaryň käbirinde türkmençe, parsça terjimeler bar. Ýazaryň öz nusgasynyň bize gelip ýetmändigi sebäpli, Zamahşarynyň özüniň arapça metininiň aşagyna terjimesini ýazyp ýazmandygy, eger ýazan bolsa-da, muny haýsy dil bilen ýazandygy barada käbir çaklamalar bar.

«Mukaddimetul-edebiň» bir nusgasy Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan milli golýazmalar institutynda 1300 belgili bukjada saklanýar.

Şeýle hem alymyň şol hazynada 2712 belgili bukjada «Kitabu'l-huruf» atly bir golýazma nusgasy bar. Ol Zamahşarynyň «Mukaddimetu'l-edep» atly eseriniň 3-nji bölümi bolmaly. Sebäbi ýazaryň adyna hem Abulkasym Hekim (akyldar) diýlipdir. Ol hem Abulkasym Zamahşary bolmagy mümkin.

Bulardan başga-da Zamahşarynyň «Mukaddimetul-edebiň» «Harplar» (ownuk bölekler) atly eseriniň 3-nji bölümi başga ýygyndylar bilen bilelikde Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan milli golýazmalar institutynda 2913, 3818, 3027 belgili bukjalarda saklanýar.

6. «Jewähiru'l-luga» (Söz göwherleri)

Çeşmelerde bu görnüşde geçýän we bize gelip ýetmändigi aýdylýan bu eseriň aslyýetinde «mukaddimetul-edep» kitabydygy, ýöne adynyň başgadygy hem aýdylýar.

Sebäbi Türkiýe Respublikasynyň Läle Ysmaýyl kitaphanasynda 674 belgili bukjada saklanýan nusgada «häzä kitabu «jewahiri'l-luga» el-musemmä bi mukaddimeti'l-edep»[1] diýlip ýazylan sözler bar.

7. «El-mustaksa fi'l-emsäl» (Nakyllary derňeýji).

Bu kitap 4461 sany gadymy nakyllary öz içinde jemleýär. Mustafa ibn Ybraýym Geliboluly bu eserden käbir nakyllary saýlap alyp, pars we türk dillerinde düşündiriş berip «Zubdetu'l-emsäl» ady bilen neşir edýär.

Bu meselede şol ýylda 6000 arap nakyllaryndan ybarat «Mejmegu'l-emsäl» atly eseriň ýazary Ahmet ibn Muhammet

[1] Terjimesi: «Bu «mukaddimetul-edep» diýlip atlandyrylan «jewaharu'l-luga» kitabydyr».

Meýdany (w. 1224-nji (hijri 518-nji) ýyl) bilen Zamahşarynyň arasynda bäsdeşlik bolandygy aýdylýar.

8. «Talebetu'l-ufät fi şerhi't-tasarrufät» («Tasarrufat» atly kitabyň düşündirişinde saglyk islemek).

Bu kitaba ýazylan şerhleriň bir nusgasy hem «Şerhu risaleti't-tasarrufät» ady bilen Türkmenistanyň Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan milli golýazmalar institutynda 2468 belgili bukjada saklanýar. Şerh ýazan bolsa Muhammet Ysmatylla ibn Mahmyt ibn Ynaýatylla Buharydyr. Geň tarapy hem bu nusganyň 92 b waragynda: «Kemä ýerwi innehu fi ähiri umrihi rajega min mezhebihi» (şeýle hem rowaýat etmeklerine görä, «Zamahşary ömrüniň soňunda öz mugtezile mezhebinden dönendir») diýlip ýazylan arapça bir bellik bar.

9. «Egjebu'l-ajab fi şerhi lämiýeti'l-arab» («Lamiýetul-arap» atly kitaba ajaýyp düşündiriş).

Bu kitap Şanfaranyň «Lämiýetu'l-arap» («Lam harpy bilen başalaýan arap şygyrlary» atly meşhur kasydasynyň düşündirişidir.

10. «Muhteseru'l-muwäfeka beýne ehli'l-beýti we's-sahabe» («Pygamber neberesi bilen sahabalaryň arasyndaky ýakynlyk» atly kitabyň gysgaltmasy).

Hadys mowzugynda bolan bu eserini Zamahşary Abu Sagyt Ysmaýyl ibn Aly Samman Razynyň (ýazylan wagty hijri 443-nji ýyl) şol bir at bilen atlandyrylan kitabyndan gysgaldylmadyr.

11. «El-mufassal fi'n-nahw» (Nahuwda baplara bölüji).

Zamahşarynyň 1119-1121-nji (hijri 513-515-nji) ýyllarda ýazan dört bölümden ybarat bolan bu möhüm eseri atlaryň, işlikleri, ownuk bölekleri we manydaş sözleri öz içine alýan. «Mufassal» kitaby mowzuklarynyň çeper we ussatlyk bilen beýan edilişi, aýdyň we akgynlylygy jähtden iň köp okalýan we nusgawy bir eserdir.

12. «El-unmuzej» (Nusgalar).

«Mufassaldan» gysgaldylan bu dil kadasyna degişli kitaby hem uly abraýa eýe bolupdyr we oňa käbir alymlar tarapyndan şerhler ýazylypdyr.

13. «El-muhajät we mutemmem mehammi erbäbi'l-hajät fi'l-ehaji we eglutata fi'n-nahw» (Nahuwyň käbir aýratynlyklaryny sorag-jogap görnüşinde beýan eden eser).

14. «El-fäik we nesimu'r-raik fi garibi'l-hadis» (Hadyslardaky düşünilmegi kyn bolan sözleri düşündiriji sap şemal).

Bu hadys metinlerindäki düşünilmegi kyn bolan sözleri düşündirýän, şeýle hem elipbiý tertibinden sözlük görnüşinde taýýarlanan eserdir.

15.«Nikatu'l-igrab fi garibi'l-igrab fi'l-kuran» (Gurhandaky arapça bolmadyk sözleriň düşümlerinde fleksiýa bellikleri)

Bu eseriň bir golýazma nusgasy Kairde «Darul kutup» kitaphanasynda «App 8» belgili bukjada saklanylýar.

16.«Kitabu'l-emkine we'l-jibäl we'l-miýäh» (Suwlar, daglar we ýerler hakynda kitap).

Taryhy we geografiki sözlük görnüşinde taýýarlanan.

17.«Newabigy'l-kelim» (Meşhurlaryň sözleri).

Gysga pähim-paýhaslardan we edebi parçalardan ybarat bolan eser.

18. «Şerhu muhteseru'l-kuduri». («Muhteserul-kudury» atly esere düşündiriş).

19.«El-mufrad we'l-muellef» (Birlik san we goşma sözlem).

20.«El-mufred we'l-murakkeb» (Birlik san we düzme sözlem).

21.«Kitäbu'l-esmä fi'l-luga» (Sözlükde atlaryň kitaby).

Bu kitap hem «Mukaddimetul-edebiň» atlar bilen baglanyşykly bir bölümi bolmagy mümkin.

22.«Kitabu'l-ejnäs» (Dürli ugurlar barada kitap).

23.«El-minhäj fi usuli'ddin» (Fykh usulynda maksatnama).

24. «Mugjemu'l-hudud» (Şerigat jezalarynyň meseleleriniň sözlügi).

25. «Ru'usu'l-mesäi'l fi'l-fikh» (Fykh ylmynyň esasy meseleleri).

26.«Zalletu'n-näşid» (Gözleýjiniň azaşmagy)

27.«Er-Raiz fi'l-faraýyz» (Miras ylmynda terbiýeleýji).

28. «Menäsiku'l-hajj» (Hajyň düzgün-tertibi).

29.«Mes'ele fi kelimeti'ş-şehäde» («Lä ilähe ilalla» sözüniň sintaksis derňewine degişli eser).

30.«Sahyhu'l-arabiýýe» (Arap diliniň dürs geplenilişi).

31.«Samimu'l-arabiýýe» (Arap diliniň dogry geplenilişi).

32.«El-emäli fi'n-nahw» (Nahuwda umyt).

33.«Mugjemu'l-arabi we'l-färisi» (Arapça-parsça sözlük).

34.«Rabigu'l-abrar» (Ýagşyzadalaryň bahary).

Taryhy, edebi we ylmy eserlerden saýlanan ýygyndy.

35.«Hasa'isu aşerati'l-kirami'l-berara» («Aşeraýi mubeşşire» (On sany buşlanan) diýlip tanalýan on sany sahabanyň terjimehalynyň beýany).

36.«Şeka'iku'n-Nugman fi menäkybi'l-imäm Ebu Hanife». (Ymam Agzam Abu Hanypanyň özboluşly häsiýetlerinli beýan edýän «Nygmanyň mertebesi» atly kitap).

37.«Şäfigy'l-ýýý min kelämi'ş-Şäfigy» (Ymam Şapygynyň derde şypa sözleri).

38.«Muteşäbihu esämi'r-ruwät» (Hadys rowaýatçylarynyň atlarynyň arasyndaky meňzeşlik).

39.«Nuzhetu'l-mu'tenis» (Dostlukly gezelenç).

Başga bir ady hem «Nuzhetu'l-mu'tenis we nuzhetu'l-muktebisdir». Ol çeper hekaýalary, şygyrlary, hadyslary we käbir edebi parçalary öz içine alýar.

40. «Ed-durru'd-däiru'l-muntehab fi kinäýät we istigarat we teşbihati'l-arab» (Arap edebiýatynyň aňlatma söz öwrümi, metafora we meňzetme usulynda saýlanyp alnan tegelek dür).

41.«Kasydetu fi suali'l-Gazzäli an julusillähi ale'l-arş we kusuri'l-magrifeti'l-beşeriýýe» (Allanyň arşda oturmagy meselesi we adamzadyň ony bilmeginiň bolup bilmejekdigi barada Ymam Gazalynyň soraglaryna kasyda)

42.«El-muntehab min zalleti'n-näşid» («Zalletu'n-naşid» atly eserden bölekler).

43.«Diwanu'z-Zemehşeri» (Zamahşarynyň diwany).

44.«Mersiýýe li Ebu Mudar» (Abu Mudara mersiýe).

45.«El-keşfu fi'l-kyra'et» (Okamagyň usulyýeti).

46.«Diwanu'l-hutab» (Hutbalar diwany).

47.«Diwanu'r-resä'il» (Risalalar diwany).

48.«Diwanu't-temessul» (Meňzetme diwany).

49.«Nesä'ihu'l-muluk» (Patyşalara nesihat).

50.«Risäletu'l-esrar» (Syrlar risalasy).

51.«Risäletu'l-mubkiýýe» (Agylar risalasy).

52.«Risäletu'n-näsyha» (Nesihat beriji risala).

53.«Sewä'iru'l-emsäl» (Nakyllaryň bilezigi).

54.«Şerhu ebýäti'l-Keşşäf» («Keşşafyň» beýtleriniň düşündirişi).

55.«Şerhu ebýäti kitäbi Sibeweýh» (Sibeweýhiň kitabynyň beýtlerine düşündiriş).

56.«Tesliýýätu'z-zarir» (Körlere güýmenje).

57.«Zyýädätu'n-nusus» (Metinleriň artdyrylyşy).

58.«El-kystas fi'l-aruz» (Aruz ölçeginde terezi).

59.«El-aklu'l-kulli» (Külli akyl, ýagny Jebraýyl perişde).

60.«Makalat» (Makalalar).

61.«Esäsu't-takdis» (Mukaddesligiň esaslary).

62.«Esraru'l-mewäzyg» (Mowzuklaryň syrlary).

63.«Fususu'n-nusus» (Metinleriň gaşlary).

64.«Kelimätu'l-ulemä» (Ulamalaryň sözleri).

Zamahşarynyň bulardan başga-da heniz ady doly öwrenilmedik birnäçe eserleri bardyr.

## «ÝAGŞYZADALARYŇ BAHARY» KITABY BARADA

Zamahşarynyň bu kitabynyň ýazylyş usuly özünden öň ýaşap geçen Ibn Kuteýba Dineweriniň «Uýunu'l-ahbar» (Habarlaryň gözleri) we Ibn Abdyrabbihiň «el-Ykdu'l-ferid» (Taýsyz monjuk) atly eserleriniň mowzugyna meňzeýär. Ýöne Zamahşary bu kitaplardan ýekeje maglumat hem almandyr. Zamahşary bu kitabyny meşhur tefsiri «Keşşafdan» soň ýazypdyr. Muny onuň özi kitabyň giriş bölüminde hem agzap geçip, şeýle diýýär:

«Men bu kitaby ýazmak bilen özümiň «El-keşşaf an hakaýyky't-tenzil» atly tefsirimi okanlaryň kelleleriniň dynç almaklaryny, pikirlenmek, onuň syrlaryny we ylmy hakykatlaryny çykarmak bilen ýadan kalplarynyň rahatlanmaklaryny, onuň çylşyrymly we syrly meselelerini anyklajak bolup tapdan düşen pikirleriniň nepeslerini dürsemeklerini üpjün edip, onuň ýetmeýän ýerlerini dolduryanlara gaýtalama bolmagyny, ondan asgyn gelenleriň özlerini dürsemekleri üçin bu kitaby gülälekli meýdan we miweli baglar bilen gözelleşdirip, bezäp, onuň şahalarynda oýnaşyp, gülleriniň ysyndan doýup, bişen miwelerinden hoşlanmaklary üçin, gözleriň onuň seýrek aýnalaryna seredip karar tapmaklary üçin, burunlaryň onuň ösen ýakymly ýelleriniň ysyny almagy üçin, agyzlaryň onuň bişen miweleriniň terligi bilen lezzet tapmagy üçin, gulaklaryň onuň ylham beren şaggyldyly suwlaryny diňlemegi üçin, bedenleri onuň kölegesinde salkynlamaga çagyrmak üçin, beden guşlarynyň täze şahalara gonup, guşlaryň saýraýyşlarynyň ýakymly bolmagyny niýet edindim. Bu bir dostlukly gezelenç we amatly pursatdyr. Kim bular bilen bile bolsa, ol hiç zada

mätäç bolmaz. Kim bular bilen dost bolsa, oňa özge dost gerek bolmaz».

Kitap şygyr bilen kyssa utgaşdyrylyp ýazylan togsan sekiz bapdan ybarat. Zamahşary kitabyň her bir babynda öňürti şol babyň mowzugy bilen baglanyşykly Muhammet alaýhyssalamyň, sahabalaryň[1], tabygynlaryň[2], abytlaryň, zahytlaryň, takwalaryň, akyldarlaryň, beýleki pygamberleriň sözlerini getirýär, soň bolsa mowzuk bilen baglanyşykly şygyrlardyr atalar sözlerini, nakyllary hödürleýär.

Kitap ýygyndylar toplumyndan ýygnalan we halkyň arasyndan toplanan pähim-paýhaslardan, dana sözlerden ybaratdyr. «Ýagşyzadalaryň baharynda» pygamberlerimiziň, beýik-beýik akyldarlaryň, danalaryň, pähimli alymlaryň parasatly öwüt-nesihatlary, pentleri hem olaryň durmuşlaryny, garaýyşlaryny öz içine alýan rowaýatlar, tymsallar arkaly watanperwerlik, ynsanperwerlik, jomartlyk, pespällik, mertlik, myhmanparazlyk, sadalyk ýaly biri-birlerinden çuň taglymlar ündelipdir. Şalar adalatlylyga, pespällige, begler adamkärçilige çagyrylypdyr.

Ol pentdir-nesihatlaryň, rowaýatlaryň, tymsallaryň ynsanlarda ýagşy gylyklary, ynsanperwerligi-watanperwerligi terbiýelemekde hyzmaty örän uludyr. Meselem, olaryň birinde pygamberimiz Muhammet alaýhyssalam ene ýere tagzym etmegi ündäpdir hem sebäbini düşündirýär. Ene ýer ynsana hyzmat edýär, ol hem düşek, hem ýapynja, hem eklenç çeşmesi. Rysgalyňy toprakdan gözle. Dünýä gelip ene topraga hyzmat etmedik, bir nahal ekmedik, il-gününe, halkyna hemaýat etmedik ýigit hakyky ýigit däldir.

Husytlyk, açgözlik, Taňrydan, adamkärçilikden daş düşüp nebsiňi şagladyp mal üstüne mal ýygnamak, jaý üstüne jaý

---

[1] Sahaba - Muhammet pygamberi gören nesil.

[2] Tabygyn – sahabalary gören nesil.

salmak ýaly häsiýetler paş edilipdir. Meselem, ýene pygamberimiz bilen baglanyşykly bir rowaýatda ynsanlara aýaklarynyň astyndaky ýer ýaly ýumşak bolmak, jomartlykda akar suw ýaly bolmak pent edilýär. Akar suw garyba-da, baýa-da deň. Ondan ynsanam, haýwanam hatda topragam islän wagty teşneligini gandyryp bilýär. Akar suw biminnet. Bu ajaýyp kitapda göreje nur berýän gudratyň biri akar suw hasap edilýär. Olaryň ikinjisi akar suwdan ganan gök çemenzarlyk, kalba, göreje nur berýän üçünji zady beýik akyldar Hasan Basry mähirli, owadan ýüz hasap edýär.

Ýene Aý hem Gün ýaly rehimli-merhemetli bolmak pent edilýär. Sebäbi olar ýagşynyňam, ýamanyňam üstüne dogýar, deň şöhle saçýar, garaňkylygy ýagtaldýar.

«Ýagşyzadalaryň baharynda» ata Watana, ene topraga bolan söýginiň täsin nyşany bilen baglanyşykly şeýle hakykat beýan edilýär.

«Sabyr Zul Ektaf Ruma ýörişe gidipdir we ýesir düşüpdir. Şol ýerde hem näsaglapdyr. Rum patyşasynyň gyzy oňa aşyk bolupdyr. Gyz sussy pes hem mejalsyz Sabyr Zul Ektafdan:

— Göwnüň näme isleýär? — diýip sorapdyr. Ol hem:

— Dijläniň suwuny we Istehriň topragyny ysgamagy — diýip jogap beripdir.

Gyz birnäçe günden soň onuň islegini berjaý edipdir. Onuň watanyndan bir gysym toprak we suw getirdip, eltip beripdir.

Sabyr Zul Ektaf öz ýurdunyň topragyny ysgap, suwuny içip, hakykatdan hem sagalypdyr.

Eziz topragyň gudraty baradaky tymsallary, rowaýatlary «Ýagşyzadalaryň baharyndan» isledigiňçe getirip oturmaly. Ýöne olaryň hiç birem düşündirişe mätäç däl.

«Ýagşyzadalaryň baharynda» öň hem aýdyp geçişimiz ýaly, kitabyň ýazylyş usuly Ibn Kuteýba Dinaweri bilen Ibn Abdyrabbihiň kitaplarynyň ýazylyş usulyna meňzese-de,

Mahmyt Zamahşarynyň olaryň kitabyndan ýekeje setiri, ýekeje sözi almazlygy kitabyň ähmiýetini ýene-de bir gezek artdyrýar, oňa özboluşlylyk durkuny berýär. Kitapdaky maglumatlaryň, gürrüňlerdir rowaýatlaryň, pähimdir paýhaslaryň agramly bölegi Zamahşarynyň arap ýurtlaryna syýahat eden wagty halkyň arasyndan ýygnap alan maglumatlary, dost-ýarlaryndan eşiden gürrüňleridir. Zamahşary bu kitaby barada «Newabygy'l-kelim», «Diwan», «en-Nesaihu's-sygar» ýaly beýleki eserlerinde babyň meselesi bilen baglanyşykly maglumatlary ýatlap geçýär.

Kitapda türkmen edebiýaty hem dili, medeniýeti hem sungaty bilen baglanyşykly maglumatlar azda-kände duş gelýär. Aýratynam türkmeniň beýik alymlary Abdylla ibn Mübärek, Bişr Hafy (Eýmen Baba), Abubekr Horezmi, Abu Abdylla Merwezi, Ybraýym Edhem dagylaryň aýdan sözleri eseriň içinden eriş-argaç geçýär. Kitapda Nusaý, Merw, Abywert, Horezm (Köneürgenç), Merweruz (Tagtabazar), Tabarystan, Gürgen ýaly ata-babalarymyzyň ýaşan ýer-ýurt atlary hem geçýär.

Ibn Hallikan «Wefeýatu'l-agýan» atly eserinde kitabyň adyna «Rabygu'l-abrar we nususu'l-ahbar»[1], Ýakut Hamawy «Irşadu'l-erip» atly eserinde «Rabygu'l-abrar fi'l-edebi we'l-muhadarat»[2], Hajy Halyfa «Keşfu'z-zunun»[3] atly eserinde «Rabygu'l-abrar», Brokelman GAL atly eserinde «Rabygu'l-abrar»[4], emma GAL, Suppl. atly eserinde bolsa «Rabygu'l-abrar fiýmä ýesirru'l-hawatyr we'l-efkar»[5] diýip görkezýärler. Biz kitabyň adyny golýazma nusgasyna

---

[1] Ibn Hallikan «Wefeýatul-agýan» IV, 682 s.
[2] Ýakut Hamawy, «Irşadul-erip», VII, 151 s.
[3] Hajy Halyfa «Keşfuz-zunun» , I, 832 s.
[4] Brockelmann, C.; GAL, I, 289 s.
[5] Brockelmann, C.; GAL, Suppl., I, 512 s.

salgylanyp «Rabygu'l-abrar» (Ýagşyzadalaryň bahary) diýip goýmagy makul bildik.

Dürli döwürlerde alymlar bu kitaby gysgaldylan görnüşde ýazypdyrlar. «Rabygu'l-abrardan» saýlanyp alnanlar we gysgaltmalar:

1. Ýazaryň özüniň «El-muhtar min rabygy'l-abrar» (Rabygu'l-abrardan saýlanyp alynan bölekler ) atly gysgaltmasy.

2. Muhammet ibn Halyl Kabakybynyň ýazan gysgaltmasy (w. 1445-nji (hijri 849-njy) ýyl).

3. Muhammet ibn Kasym ibn Ýakubyň (1533-nji (hijri 940-nji) ýylda ýogalan) «Rawzu'l-ahýar» (Haýyrlylaryň bossany) atly kitaby.

4. Ýazary näbelli «Zehru'r-rabyg» (Baharyň ilkini gülleri) atly gysgaltma.

5. Ýazary näbelli «Enwäru'r-rabyg» (Baharyň nurlary) atly gysgaltma.

Kitabyň golýazma nusgalary bolsa şu kitaphanalarda saklanýar:

1. Bagdat şäheriniň «Mektebetu'l-ewkaf» kitaphanasynda 386, 387, 388, 389 belgili bukjalarda (4 jilt görnüşinde).

2. Şol ýerdäki, 7149 belgili bukjada, eseriň diňe 7-nji baby ýerleşipdir (başy «Mantyk we şygyr baby»).

3. Şol ýerdäki, 10071 belgili bukjada, eserden bir bölek (başy: «Ýigrimi üçünji bap»).

4. Leýden şäheriniň kitaphanasynda 0470 belgili bukjada 4 jilt görnüşinde).

5. Berlin şäheriniň kitaphanasynda 8531, 8532, 8533 belgili bukjalarda.

6. Stambul şäheriniň Aýasofiýa kitaphanasynda 3989, 2985 belgili bukjalarda.

7. Konýa şäheriniň Ýusup Aga kitaphanasynda 4900 belgili bukjada.

8. Stambul şäheriniň D. Ybraýym kitaphanasynda 948 belgili bukjada.

9. Leýpsig şäheriniň kitaphanasynda 0601 belgili bukjada.

10. Pariž şäheriniň kitaphanasynda 3499, 2500, 3985, 7642 belgili bukjalarda. Bularyň käbirleri bu kitabyň gysgaltmasydyr.

11. Londan şäheriniň Britaniýa muzeýiniň kitaphanasynda 1134/5 belgili bukjada.

12. Mançester şäheriniň kitaphanasynda 0424 belgili bukjada.

13. Stambulyň Fatyh kitaphanasynda 3893-A belgili bukjada.

14. Marokka şäheriniň kitaphanasynda 01337 belgili bukjada.

15. Kair şäheriniň kitaphanasynda 0157/3 belgili bukjada.

16. Maşat şäheriniň kitaphanasynda 03018 belgili bukjada.

17. Rampur şäheriniň kitaphanasynda 093/1 belgili bukjaday.

18. Buhara şäheriniň kitaphanasynda 07/416 belgili bukjada.

Bu nussgalaryň hemmesini gözden geçirmeklige mümkinçilik bolmansoň, haýsy nusganyň doly, haýsysynyň bolsa gysgaldylandygyny, olaryň aratapawutlary, meňzeşlikleri, göwrümleri, mazmunlary barada anyk bir zat aýtmak mümkin däl. Şonuň üçinem biz bu nusgany taýýarlanymyzda onuň Türkiýe Respublikasynyň Stambul şäheriniň Aýasofiýa kitaphanasynda saklanýan 2985 belgili bukjasyndan peýdalandyk. Bu golýazma XIII asyryň ahyrlarynda göçürilipdir. Bu golýazma örän galyň bolup, bölümlere bölünmändir.

Golýazmanyň birinji sahypasynda hem kitabyň ady «Rabygu'l-abrar Lijarulla el-Allama el-Humama» (Beýik Alym Allanyň goňşusynyň «Ýagşyzadalaryň bahary» atly kitaby), onuň aşagynda bolsa: «Bu golýazmanyň (depderiň) bahasy 15 dinar» diýlen ýazgy bar.

Bu terjimede esasy üns berilmeli zatlaryň biri hem kitabyň içindäki hadyslardyr. Sebäbi Zamahşarynyň bu kitabynda hadys diýip gelýän bölekleri, sözüň doly manysynda Muhammet alaýhyssalamyň aýdan sözleri bolman, halk arasynda ýaýran gürrüňlerdir. Şonuň üçinem bulary gönüden-göni hadys hökmünde däl-de, edebiýatyň bir bölegi hökmünde kabul etmelidir. Biz Muhammet alaýhyssalamyň ähli hadyslaryny öz içine alýan «Kutubi sitte»[1] atly ygtybarly hadys ýygyndysy kitabyny seljerenimizde, kitabyň içinde Muhammet alaýhyssalamyň adyndan getirilýän hadyslaryň hemmesini tapyp bilmedik. Şonuň üçinem bu meselä ünsli çemeleşmek gerekdigini okyjylara ýatladýarys.

Bu nusga türkmen diline terjime edilende, mümkin boldugyça onda agzalýan şahs, ýer-ýurt atlary düşündiriş bilen üpjün edildi. Gerek ýerlerinde hem käbir sözlere, adalgalara düşündirişler berildi. Çykgytlardaky görkezilýän seneler hijri senesi bilen görkezildi.

**Rahman ILMÄMMEDOW**,<br>
*Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras»*<br>
*merkeziniň uly ylmy işgäri.*

[1] Kütübi sitte – hadys metinlerini özünde jemleýän «Alty kitap». Muňa meşhur hadys alymlary Buharynyň «Jamigu's-Sahyh», Müslimiň «Jamigu's-Sahyh», Abu Dawudyň «Sünen», Tirmiziniň «Sünen», Nesaýynyň «Sünen» we Ibn Mäjäniň «Sünen» atly ygtybarly hadys kitaplary girýär.

## MAZMUNY

Giriş ........................................................................................8
**Birinji bar.** Wagt, dünýä we ahyret hakynda ..........................15
**Ikinji bap.** Arş, kürs, ýyldyzlar we asman hakynda................74
**Üçünji bap.** Bulut, ýagyş, ýyldyrym we şuňa meňzeşler hakynda..................................................................................92
**Dördünji bap.** Howa, ýel, şemal, yssy, sowuk, kölege we şuňa meňzeşler hakynda .................................................... 100
**Bäşinji bap.** Ot, onuň görnüşleri, jähennem odunyň eýmençligi, ýagtylyk we şuňa meňzeşler hakynda................ 107
**Altynjy bap.** Ýerler, daglar, daşlar, gymmatbaha daşlar, çöller we ýer titreme hakynda ........................................................ 119
**Ýedinji bap.** Suwlar, deňizler, jülgeler, derýalar, çeşmeler, gämiler we şuňa meňzeşler hakynda .................................... 129
**Sekizinji bap.** Agaçlar, ösümlikler, miweler, bossanlar, gülüstanlyklar, jennet we şuňa meňzeşler hakynda .............. 140
**Dokuzynjy bap.** Şäherler, diýarlar, binalar, ymaratlar, harabaçylyklar we watany söýmek hakynda ......................... 165
**Onunjy bap.** Perişdeler, ynsanlar, jynlar, şeýtanlar, pygamberler, arap we ajam milletleri we şuňa meňzeşler hakynda ................................................................................ 213

**On birinji bap.** Ulumsylyk, tekepbirlik, gazap, goňşuçylyk, ýardam, kömek bermek, gaýrat-tagalla we şuňa meňzeşler hakynda....................................................................235

**On ikinji bap.** Doganlyk, muhabbet, dostluk, Alla üçin söýmek we halamazlyk we goňşuçylyk hakynda...................244

**On üçünji bap.** Edep, tälim-terbiýe, medeniet, syýasat, zynjyra baglamak, tussag etmek, jeza bermek we şuňa meňzeşler hakynda....................................................................287

**On dördünji bap.** Bagt, ykbal, sagadat, bela, bähbit, şumluk, oňuna bolmazlyk, rysgal we şuňa meňzeşler hakynda...........298

**On bäşinji bap.** Ýagdaýlaryň üýtgemegi, döwletleriň ynkylaby, pitneler, söweşler, wezipeden boşadylmak, olaryň erbet netijeleri we şuňa meňzeşler hakynda..........................306

R. Ilmämmedow, Türkmen parasadynyň miweli daragty......317

**Abulkasym Mahmyt ibn Omar**
**Jarulla Zamahşary**

## Ýagşyzadalaryň bahary

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahaby bezän D. Mämejikow**
**Korrektor Z. Abdyllaýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 14.06.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 21,5.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №1703.
A-14553

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.